**A. Aşyrow**

# ORTA MEKDEPLERDE AÝDYM-SAZ DERSINI OKATMAGYŇ USULYÝETI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2018

UOK 378:78
A 78

**Aşyrow A.**
A 78 **Orta mekdeplerde aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýeti.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. –A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.

«Orta mekdeplerde aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýeti» okuw kitaby Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň aýdym-saz mugallymlary, talyplary üçin taýýarlanyldy. Okuw kitabynda umumy orta bilim berýän mekdeplerde aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýet ugurlary, onuň nazaryýet meseleleri giňişleýin açylyp görkezilýär. Okuw kitabynda aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýet esaslary okuw maksatnamasynyň talaplaryna laýyklykda teswirlendi.

TDKP № 67, 2018 KBK 85.2 ýa 73

© A. Aşyrow, 2018



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Türkmenistan döwleti özüniň Garaşsyzlygyna eýe bolan ilkinji gününden başlap, bedew bady bilen belent sepgitlere tarap batly gadam basdy. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe döwlet ösüşiniň ähli ugurlary bilen birlikde, ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamy, medeniýeti, sungaty hem ajaýyp ösüşleri başdan geçirýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow döwlet başyna geçen ilkinji gününden ýurdumyzyň ylym-bilim işgärlerini geljegimiz bolan ýaş nesillere dünýä ülňülerine laýyk bilim-terbiýe bermeklige çagyrdy. Hormatly Prezidentimiz özüniň ylym-bilim, medeniýet we sungat işgärleri bilen geçirýän her bir duşuşyklarynda Türkmenistanda ylym-bilim ulgamyny, medeniýetiň hem-de sungatyň mundan beýläk hem ösdürilmeginiň alyp barýan syýasatymyzyň özenidigini belläp geçýär.

Şol sebäpli hem hormatly Prezidentimiz Türkmenistanda ylym--bilim we medeniýet ulgamyny kämilleşdirmek, türkmen halkynyň milli medeniýetini we sungatyny ösdürmek barada birnäçe kararlara gol çekdi. Bu kararlar ylym-bilim ulgamynda, medeniýet hem--de sungat işgärleriniň döredijiliginde düýpli özgertmeler getirýän çözgütlerdir. Bu barada hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow «Ile döwlet geler bolsa...» atly kitabynda özüniň hem ýaşlygyndan saz sungaty bilen meşgullanandygyny, onuň asla okuwdan ünsüni sowmandygyny, gaýtam, sazyň täze bilimleri ele almaga itergi berendigini, şahsyýet hökmünde kämilleşmäge ýardam edendigini, özünde durmuşa bolan işjeň garaýşy, islendik işe döredijilikli çemeleşmegi terbiýeländigini guwanç bilen nygtap geçýär.

Hormatly Prezidentimiziň bu maslahatyna eýerip, ýurdumyzyň edara-kärhanalarynda, ýörite orta we ýokary okuw mekdeplerinde, umumy orta bilim berýän mekdeplerinde, mekdebe çenli ça-

galar edaralarynda aýdym-saz, tans toparlary döredildi. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe döredilen aýdym-saz, tans toparlary ýurdumyzda uludan bellenilýän dürli baýramçylyk dabaralarynda biziň ajaýyp zamanamyzy, türkmen halkynyň bagtly durmuşyny, hormatly Prezidentimiziň il-ýurt, döwlet ähmiýetli alyp barýan işlerini, onuň adyl syýasatyny wasp edip, dürli mazmunly aýdym-sazlary, tanslary ýerine ýetirýärler. Bu bolsa biziň mähriban halkymyzyň ruhuna ruh goşýar, olaryň kalbyny joşdurýar, täze-täze üstünliklere badalga berýär.

Arkadag Prezidentimiziň türkmen medeniýetini we sungatyny ösdürmek üçin berýän taýsyz goldawy ähli döredijilik işgärleri bilen birlikde, kompozitorlardyr aýdymçy-sazandalaryň, tansçylaryň arman-ýadaman işlemeklerine höwes döretdi, olary täze döredijiliklere ruhlandyrdy. Çeper döredijiligiň ähli ugurlary bilen birlikde, saz sungatynda döredilen mazmun taýdan kämil saz eserleri özüniň terbiýe berijilik ähmiýetine hem eýedirler. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe saz eserleri adama diňe bir ruhy taýdan lezzet bermän, eýsem, ol saz çeperçilik serişdeleriniň üsti bilen çagalara ählitaraplaýyn terbiýe hem berýär. Şuňa laýyklykda, Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe türkmen kompozitorlary tarapyndan döredilýän dürli mazmunly saz eserleri biziň geljegimiz bolan ýaş nesillerimizi döwrebap adamlar edip ýetişdirmekde giňden peýdalanylmalydyr. Ýagny ösüp barýan ýaş nesillerimiziň ählitaraplaýyn sazlaşykly ösmeginde, olaryň aňyýetiniň ösüşinde, dünýägaraýşynyň giňelmeginde, watansöýüjilik, ynsanperwerlik duýgularynyň kämilleşmeginde aýdym-saz sungatynyň tutýan orny örän uludyr.

Şeýle çözgütlerden ugur alnyp taýýarlanan bu okuw kitaby ýokary bilimli aýdym-saz mugallymlaryny taýýarlamakda gerekli okuw çeşmesi bolup hyzmat eder. Ýokary mugallymçylyk mekdepleriniň hem-de aýdym-saz mugallymlaryny taýýarlaýan ýokary sazçylyk okuw mekdepleriniň talyplarynyň peýdalanmaklary üçin niýetlenen bu okuw kitaby geljekki aýdym-saz ugry boýunça ussat mugallymlary hünärmenleri taýýarlamagyň talaplaryna laýyklykda ýazylyp, umumy bilim berýän orta mekdeplerde aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýet aýratynlygy, mekdep okuwçylaryna saz terbiýesini bermegiň

ähmiýeti, saz sungatynyň gözellik terbiýesini bermekdäki orny barada düýpli düşünje bermekden ybaratdyr.

Häzirki zaman saz terbiýesi mekdep okuwçylarynyň saz sungatyna bolan isleglerini ýüze çykarmagy, olaryň saz işleriniň dürli görnüşlerine bolan gyzyklanmalaryny kämilleşdirmegi we saz-estetiki garaýyşlaryny kemala getirmegi öz öňünde baş wezipe edip goýýar.

Bu okuw kitabynyň usulyýet esaslary taýýarlananda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň sungat baradaky taglymatlaryndan ugur alyndy. Bu taglymatlarda adamzadyň jemgyýetdäki gazanan ruhy-çeperçilik gymmatlyklaryny we tejribelerini şöhlelendirmek arkaly ösüp gelýän ýaş nesle döwrebap terbiýe bermek göz öňünde tutulýar. Orta mekdeplerde aýdym-saz dersini okadýan her bir mugallymyň sazyň ýönekeý nazaryýetiniň esaslaryndan, wokal-hor serişdelerini amal etmegiň ugurlaryndan, aýdym-saz sapagyny okatmagyň usulyýetinden, saz edebiýatyndan we haýsy hem bolsa bir saz guralyny çalmakdan baş çykarmagy hökmandyr. Bu agzalan ugurlaryň her biri özleriniň bilim berijilik usuly aýratynlyklaryna eýe bolmak bilen, şol bir wagtyň özünde olar biri-birleri bilen berk baglanyşyklydyr hem-de okatmagyň ýeke-täk usulyna eýedir.

Orta mekdeplerde aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýeti ösüş pedagogikasynyň usulyýet aýratynlygy bilen berk baglanyşyklydyr. Aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýetine okuw dersi hökmünde häsiýetnama berlende, ilki bilen onuň esasy terbiýe berijilik ugurlaryny aýdyňlaşdyrmak maksadalaýyk hasap edilýär. Bu bolsa pedagogika ylmynda kesgitlenilişi ýaly, terbiýe bermek, okatmak, ösdürmek we olaryň arabaglanyşygy düşünjelerinden ugur alýar. Aýdym-saz dersiniň ösdürijilik, terbiýeleýjilik we bilim berijilik häsiýeti özüniň ýeke-täkligi hem-de özara baglanyşygy bilen köpçülikleýin saz terbiýesini bermegiň umumy maksadyna ýetmäge, ýagny saz sungatynyň çeperçilik serişdeleriniň üsti bilen hemmetaraplaýyn ösen şahsyýeti kemala getirmäge kömek edýär.

Aýdym-saz sapagy sungat sapagy bolmak bilen, ony guramagyň esasy şerti okuw sapaklaryna mugallymyň-da, okuwçylaryň-da döredijilikli çemeleşmeklerinden ybaratdyr. Aýdym-saz sapagynda mugallymyň esasy maksady sapakda alnyp barylýan saz işleriniň dür-

li ugurlaryna laýyklykda, okuwçylary özbaşdak pikirlenmäge, olarda işjeňligiň kemala gelmegine ugrukdyrmakdan ybaratdyr.

Umumy orta bilim berýän mekdeplerde aýdym-saz dersini okatmagyň nazaryýetiniň umumy esasy estetika ylmynyň çäginde düzülendir. Ösüp barýan ýaş nesle estetiki terbiýe bermek nazaryýetiniň esasynda dürli pedagogik usullaryň üsti bilen mekdep okuwçylarynyň aňynda biziň daşymyzy gurşap alan durmuşa bolan estetiki garaýşy ýüze çykarmakdan, ony ösdürmekden ybaratdyr. Bu bolsa öz gezeginde okuwçylaryň ählitaraplaýyn ösüşiniň ýüze çykmagyna, onuň kämilleşmegine bellibir derejede kömek edýär. Aýdym-saz sapagyny häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda okatmagyň esasy ýörelgesi sapagy okuwçylaryň durmuş hem-de saz tejribeleriniň özara baglanyşygynyň hasabyna amala aşyrmakdyr. Hut şu ýörelgeden ugur alyp, okuwçylaryň sapakda öwrenilýän saz eserleriniň mazmunyna dogry düşünmeklerini, şol esasda bolsa olaryň saz eserleriniň manysyna doly akyl ýetirmeklerini gazanmak meselesi ýüze çykýar. Bu bolsa aýdym-saz dersini okatmagyň mazmunyna laýyklykda, saz terbiýesini bermegiň terbiýeçilik esasy bolmak bilen, sapakda okuwçylaryň saz eseriniň mazmuny baradaky garaýyşlaryny kemala getirmegi hem-de ony ösdürmegi göz öňünde tutýar.

Şeýlelikde, orta mekdeplerde beýleki dersler bilen birlikde aýdym-saz dersini okatmagyň öňünde durýan esasy wezipe hem döredijiligiň saz görnüşiniň üsti bilen Watanymyzyň geljegi bolan ýaş nesli maksada okgunly, ählitaraplaýyn ösen şahsyýet edip terbiýelemekden ybaratdyr.

# I BAP. SAZ–ESTETIKI TERBIÝE. SAZ ESASLARY

## §1. Saz sungaty – gözellik terbiýesiniň serişdesi

Häzirki zaman jemgyýetçilik terbiýesi şahsyýetiň sazlaşykly ösüşini ýüze çykarmakda onuň ahlak arassalygyny, ruhy taýdan ösen, beden taýdan sagdyn bolmagyny özünde jemlemek bilen, olary ähli-taraplaýyn ösdürmekligi öz öňünde baş wezipe edip goýýar. Biziň bilşimiz ýaly, terbiýeçilik ugurlarynyň ählisi ösen jemgyýetde her bir adamyň arassa ahlak kämilligini, olaryň gözellige bolan ajaýyp garaýyşlaryny, islegini we gyzyklanmasyny ýüze çykarmagyň terbiýeçilik ähmiýetini öňe sürýär.

Hormatly Prezidentimiz ylym-bilim ulgamynyň işgärleri bilen geçirýän her bir duşuşygynda mekdebe çenli çagalar edaralarynda we umumy orta bilim berýän mekdeplerde ösüp gelýän ýaş nesle ene süýdi ýaly halal, arassa bilim-terbiýäniň berilmelidigini ýörite nygtap geçýär. Şeýlelikde, hormatly Prezidentimiziň ylmy taýdan esaslandyrýan döwlet gurluşynda ýurdumyzda ýaşaýan we zähmet çekýän her bir şahsyýetiň ýokary medeniýeti, kämil aň-gözellik düşünjesi bolmalydyr, şonda ylymly-bilimli ösen jemgyýet emele gelýär.

Gözellik terbiýesi Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ösüp gelýän ýaş nesle berilýän esasy terbiýeçilik ugurlarynyň biri bolmak bilen, ol mekdep okuwçylarynyň ýokary intellektual medeniýetini, umumy adamkärçilik kadalarynyň barha ösýän talaplaryna laýyk sazlaşýan aň-ahlak gözelligini kemala getirmäge kömek edýär. Arkadag Prezidentimiz «Ile döwlet geler bolsa...» atly kitabynda her bir adamyň sungat bilen aragatnaşykda bolmagynyň onuň ruhy dünýäsini baýlaşdyrjakdygyny, şeýle-de oňat işlemäge we döretmäge kömek etjekdigini, sungatyň hiç bir zat bilen deňeşdirip bolmajak estetiki şatlygy paýlajakdygyny ýörite nygtap geçýär.

Gözellik terbiýesi ahlak terbiýesi bilen berk baglanyşykly bolup, olar bilelikde durmuşda biziň daş-töweregimizdäki görýän hem-de duýýan ajaýyp zatlarymyza bolan söýgini, şeýle hem durmuşda duş gelýän her bir ýaramaz zatlara bolan ýigrenji ýüze çykarýar. Gözellik terbiýesi durmuşda owadan, ajaýyp zatlary tapmaga hem-de olary döretmäge, durmuşda bolýan erbetliklere garşy göreşmäge itergi berýär. Bu inçe hem-de çylşyrymly işleri üstünlikli çözmegi orta mekdeplerde okuwçylara estetiki taýdan terbiýe bermegiň üsti bilen amala aşyrmak mümkindir.

Orta mekdeplerde okuwçylara estetiki taýdan terbiýe bermek sungat eserlerine daýanyp amala aşyrylsa, maksadalaýyk bolar. Sebäbi haýsylygyna garamazdan, her bir sungat eseri ynsan kalbyny heýjana getirýän, ony jadylaýan üýtgeşik bir güýje eýedir. Adamzat döräli bäri durmuş bilen bagly ençeme soraglara jogap gözleýär. Şolaryň biri hem estetika ýa-da gözellik diýen düşünjedir. Bu sözi ilkinji gezek 1714–1762-nji ýyllar aralygynda ýaşap geçen belli nemes alymy, akyldar, filosof Aleksanr Gotlib Baum Garten ylmy dolanyşyga girizýär. Bu alym estetika, has dogrusy, gözellige ýa-da daşymyzy gurşap alan durmuş hakykatyna akyl-paýhas bilen däl-de, eýsem, duýgy arkaly akyl ýetirip bolýandygyny düşündirýär. Şondan bäri hem estetika diýen düşünje özbaşdak ylym hökmünde ýaýrap, baýlaşyp gelýär. Belli alymyň belleýşi ýaly, adam daşky dünýäni duýgulaýyn synlap, ondan gözellik alamatlaryny tapyp, begenende ýa-da gynananda diňe bir içki duýgulaýyn meýlini kanagatlandyryp oňman, eýsem, ol şol duýga bellibir derejede akyl ýetirýär. Onuň adam duýgularyna inçeden tolgundyryjy täsir edýän ajaýyp sypatlaryny öwrenýär, bilýär. Eýsem duýgy näme? **Duýgy** ynsanyň örän inçe, näzik şahyrana duýgusy bilen bagly ýüze çykýan, içki hasrat, begenç, şatlyk, gaýgy ýaly sözleri aňladýan estetiki adalgadyr.

Sungat duýgy terbiýesiniň mekdebi diýlip atlandyrylsa has-da ýerlikli bolardy. Sebäbi her bir sungat eseri biziň daşymyzy gurşap alan ajaýyp dünýäni keşpli görüp we ony duýup bilmek ukybyny kemala getirýär. Sungat biziň görşümizi ösdürýär, gözelligiň reňk bezeglerini we olaryň görnüşlerini duýup bilmegimize ýol açýar, saz sesleriniň sazlaşykly ýaňlanyşyny eşidip bilmegimize şert döredýär. Her bir sungat eseri çuň mazmunly durmuş hadysalary bilen bagly

ençeme maglumatlary özünde jemlemek bilen, ol durmuş hakykaty, gözelligi baradaky bilimimiziň üstüni ýetirýär. Şeýlelikde, sungat adamyň gözellige bolan estetiki duýgusyny, ony kabul edijiligini, oňa baha berijiligini we onuň sungat eserlerine bolan ukybyny, gyzyklanmasyny kemala getirýär.

Sungat estetiki terbiýäni bermegiň iň bir gerekli wajyp ugrudyr. Sungat şahsyýete iň güýçli täsir ediji terbiýeçilik serişdesidir. Sungatyň terbiýeçilik başlangyjy çeper döredijiligiň önüm berijiliginiň täsiriniň netijesinde ýüze çykmak bilen, onuň öňünde durýan esasy wezipe adamy terbiýelemekden ybaratdyr.

Umumy orta bilim berýän mekdeplerde we mekdebe çenli çagalar edaralarynda biziň geljegimiz bolan ýaş nesle sungat eserleriniň üsti bilen estetiki terbiýe berlende onuň terbiýe berijilik serişdeleriniň ähmiýeti ahlak terbiýesi bilen baglanyşyga eýe bolmalydyr.

Sungat eserlerini adamyň özüne estetiki taýdan dogry kabul edip bilmekligi adamda ýüze çykýan dürli emosional duýgularyň esasyna baglydyr. Ýagny her bir ynsanyň özboluşly duýgy organlary şu pursatda kabul ediş serişdesi bolup hyzmat edýär. Biziň duýgy organlarymyz daşymyzy gurşap alan dünýädäki ähli hadysalary özüne kabul etmek arkaly olary özüçe işlemek bilen, şahsyýetiň sungat eserlerine bolan gyzyklanmasyny, islegini we dürli garaýyşlaryny ýüze çykarýar.

Sungatyň öz öňünde goýýan esasy maksady her bir adamyň biziň daşymyzy gurşap alan dünýä bolan ahlak-emosional gatnaşyklarynyň esasynda olary ählitaraplaýyn ösen kämil şahsyýetler edip terbiýelemekden ybaratdyr.

Biziň alyp barýan her bir terbiýeçilik işlerimizde sungat eserleri örän gerekli, wajyp terbiýeçilik serişdeleri bolup hyzmat edýär. Sungat eserleri durmuşdaky bar bolan sosial hakykaty ýüze çykarmak bilen, oňa syýasy taýdan ählitaraplaýyn baha berýär. Ol adamlary hakykatyň şol wagtdaky we geljekki faktlaryna hem-de hadysalaryna ugrukdyrýar. Bu bolsa sungatyň syýasy funksiýasynyň esasy ugurlaryny kesgitleýär.

Estetikanyň köp görnüşli terbiýeçilik serişdeleriniň arasynda sungat eserleri özüniň terbiýeçilik ähmiýeti boýunça esasy orny eýelemek bilen, ol aşakdaky ugurlar esasynda şertlendirilendir:

1. Sungat eserleri hakykaty estetiki taýdan aýdyňlaşdyryjy (açyp görkeziji, şekillendiriji) serişde bolup hyzmat edýär. Sungat eserleriniň her biri açyk ýa-da gizlin ýagdaýda hakykatyň haýsy hem bolsa bir tarapyny estetiki taýdan baha bermek arkaly mazmunlaşdyrmagy göz öňünde tutýar.

2. Sungat özüniň gurluşynda (tebigatynda, sferasynda) emosional häsiýete eýe bolmak bilen, şonuň esasynda hem adam duýgularyna inçelik bilen täsir edýär, ýagny sungat adam duýgularyna ählitaraplaýyn täsir etmek arkaly, olary oýarýar (begendirýär, gynandyrýar we ş. m.), emosional baha beriş reaksiýalaryny kesgitleýär.

3. Sungat medeniýetiň esasy ugry bolmak bilen, ol adamlarda köpçülikleýin janly gyzyklanmany ýüze çykarýar (döredýär).

Şeýlelikde, sungatyň ähli görnüşi (çeper söz, saz sungaty, şekillendiriş sungaty, teatr we kino sungatlary) mekdep okuwçylaryna hem örän güýçli täsir etmek bilen, olaryň gözel dünýä bolan estetiki kabul ediş endiklerini ösdürýär. Sungat eserleriniň arasynda saz sungaty özüniň adam duýgularyna güýçli täsir edijilik serişdelerine baýlygy, täsirliligi bilen tapawutlanýar. Saz sungaty sungatyň beýleki görnüşleri bilen birlikde, okuwçylaryň şahsy aýratynlyklaryny kemala getirmekde we olary kämilleşdirmekde hem bahasyna ýetip bolmajak örän gymmatly terbiýeçilik serişdesi hasap edilýär. Sungat eserleriniň ählisine mahsuslykda, saz sungaty hem özüniň täsin «diline» we çuň mazmunly saz «gepleşigine» eýe bolmak bilen, onuň esasy maksady her bir terbiýelenýän okuwçynyň dürli saz çeperçilik serişdeleriniň täsiri netijesinde olary ählitaraplaýyn ösdürmekden ybaratdyr.

## §2. Orta mekdeplerde saz arkaly estetiki terbiýe bermek

Umumy orta bilim berýän mekdeplerde ähli okuw dersleri bellibir maksady, mazmuny, okatmagyň dürli usullary we çagalaryň ýaş aýratynlyklary esasynda olaryň ýerine ýetirýän işleriniň guramaçylyk görnüşlerini hem-de didaktiki, terbiýeçilik işlerinde dolandyryş ugurlaryny doly özüne birleşdirýär. Ýokarda agzalan ugurlaryň hemmesi biri-biri bilen berk baglanyşykly bolmak bilen, ýeke-täk terbiýeçilik serişdesine eýedir. Şeýle baglanyşyk bolsa dialektikanyň umumy kadalaryna eýermek bilen, özüne bagly bolan hadysalary bilmeklige kö-

mek edýär we ýokarda agzalyp geçilen ugurlaryň haýsy hem bolsa biriniň üýtgemegi beýleki biriniň üýtgemegine täsir edýär.

Öňden belli bolan pedagogika ylmynyň dürli ugurlary mekdep okuwçylaryna saz-estetiki terbiýe bermäge toplumlaýyn çemeleşmegiň alamatlaryny ýüze çykarmaga kömek edýär. Ol alamatlar aşakdakylardan ybarat:

1. Saz terbiýesi çaganyň ahlak taýdan arassa keşbini ýüze çykarmaly we ony baýlaşdyrmaly, çaganyň akyl hem-de beden taýdan sagdyn bolmagyny we aňynyň ählitaraplaýyn ösüşini işjeňleşdirmeli.

2. Saz terbiýesi dürli saz serişdeleriniň üsti bilen çagada biziň daşymyzy gurşap alan durmuşa bolan estetiki gatnaşygy ýüze çykarmaly we ony terbiýelemeli, çaganyň durmuş bilen baglanyşygynyň ýüze çykmagyna kömek etmeli.

3. Aýdym-saz sapagyny okatmagyň mazmuny we usuly okuwçylara saz terbiýesini bermegiň we saz sowadyny öwretmegiň, olary ählitaraplaýyn ösdürmegiň ugurlary bilen üpjün etmeli.

4. Dürli görnüşli okuw sapaklarynyň (öňden däp bolup gelen okatmagyň dürli ugurlary, temalar esasynda okatmak, toplumlaýyn okatmak) utgaşdyrylyp geçilmegi okuwçylarda dürli pikirleriň, işjeňligiň, döredijilik ugurlarynyň ösüşini ýüze çykarmalydyr.

5. Mekdeplerde okatmagyň usulyýet toplumy indiwidual-differensial çemeleşmegiň hasabyna okuwçylara estetiki terbiýäni bermegiň düýbüni tutmaly, olaryň özbaşdak döredijilik işlerine bolan höwesini, saz işlerini ýerine ýetirmäge bolan ukyp-başarnyklaryny ösdürmeli, ilkinji estetiki duýgularyň ýüze çykmagyny kemala getirmelidir we ony kämilleşdirmelidir.

6. Aýdym-saz sapagynda, synpdan daşary geçirilýän saz işlerinde okuwçylaryň ýerine ýetirýän saz işleriniň (saz okuwlary, sazly oýunlar, baýramçylyk dabaralary, tomaşa jaýlarynda oýunlara tomaşa etmek we ş.m.) utgaşdyrylyp alnyp barylmagyna, okuwçylaryň çeperçilik taýdan umumy ösüşiniň kämilleşmegine hökmany ýardam etmelidir.

Umumy orta bilim berýän mekdeplerde saz işleriniň alnyp barlyşyna oýlanyşykly çemeleşmek, onuň terbiýeçilik ugurlaryny ýüze çykarmak estetiki terbiýäni bermegiň özboluşly gurluş baglanyşygyny ýüze çykarmagyň esasynda amala aşyrylýar.

Mekdep okuwçylaryna saz-estetiki terbiýe bermek bilim ulgamlarda bolşy ýaly, özüniň gurluşynda köpugurly we çylşyrymly görnüş hasap edilýär. Saz terbiýesi ugry boýunça mugallymyň alyp barýan işi, mugallymçylykda öňden özleşdirilen okatmagyň ähmiýetli iş usullary arkaly sapakda öwredýän temalaryny okuwçylaryň aňyna ýetirip bilşi bu agzalan ulgamyň esasyna girýär. Aýdym-saz sapagynda okuwçylar tarapyndan saz ýumuşlarynyň ýerine ýetirilýän pursadynda okuwçylaryň tabşyrylýan ýumuşlary doly manyly özlerine kabul edip, olary dogry ýerine ýetirmekleri, ýerine ýetirmegiň ugurlaryny dogry kesgitläp bilmekleri bilim ulgamynda (şol sanda saz terbiýesinde hem) çaga şahsyýetini kemala getirmegiň we ony terbiýelemegiň esasy ugry hasap edilýär. Bularyň ählisi öz gezeginde okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna görä, olaryň isleglериniň, gyzyklanmalarynyň hasabyna ýüze çykýar.

Umumy orta bilim berýän mekdeplerde okuwçylara saz terbiýesini bermegiň nazaryýetini ösdürmekde belli rus kompozitory akademik Dimitriý Borisowiç Kabalewskiý uly işleri amala aşyrdy. Onuň bilim ulgamyna ornaşdyran saz terbiýesi ugry boýunça okatmagyň täze usullary okuwçylary saz sungaty bilen tanyşdyrmak arkaly olaryň aňyny hem-de akyl ýetirijiligini ählitaraplaýyn ösdürmeklige gönükdirilendir. D. B. Kabalewskiniň işläp düzen orta mekdeplerde aýdym--saz dersini okatmagyň okuw maksatnama ulgamy birnäçe ýörelgelerden ugur alýar. Ýagny okuwçylaryň saz diňleýän pursadynda olara sazy diňe bir diňletmek bilen çäklenmän, eýsem şol pursatda okuwçylary diňlenilýän saz eseriniň mazmuny, onuň gurluş aýratynlygy, temasy, pikiri barada hem oýlanmaklyga ugrukdyrmalydyr.

D. B. Kabalewskiniň saz terbiýesini bermek ugry boýunça işläp düzen okuw maksatnamasynyň esasynda mekdebe çenli ýaşly çagalar we kiçi ýaşly mekdep okuwçylary aýdym aýtmagyň, saz diňlemegiň, tans etmegiň, dürli saz işlerini ýerine ýetirmegiň hem-de sazly oýunlary oýnamagyň üsti bilen dürli durmuş hadysalaryny janlandyrýarlar. Şu pursatda okuwçylar dürli saz eserleriniň mazmunyna göz ýetirip başlaýarlar. Şularyň üsti bilen bolsa jadyly saz sungaty okuwçylara öz serhedini açýar. Çagalar sazyň dünýäsine aralaşýarlar hem-de olar sazyň adam duýgusyna edýän täsirine, şatlygyny, gaýgysyny ýüze çykarmaga bolan güýjüne, onuň jadylaýjy dünýäsine aralaşyp

başlaýarlar. Saz ýaňlanýan mahalynda, onuň ýaňlanyş hereketiniň, saz sesleriniň sazlaşygynyň we ritm urgularynyň üýtgäp durmagy bilen baglylykda, ajaýyp sazyň emele gelýändigine okuwçylar göz ýetirýärler. Saz eseriniň mazmunyna laýyklykda, saz keşpleriniň ýüze çykmagy we olaryň aýratynlygy arkaly okuwçylaryň aňynda biziň daşymyzy gurşap alan durmuş hadysalary giňişleýin açylyp görkezilýär.

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň saz işleriniň biri-biri bilen özara gatnaşygy we baglanyşygy saz terbiýesi ulagmynda iň bir çylşyrymly ugurlaryň biridir. Belli alym D. B. Kabalewskiý özüniň ylmy işlerinde saz terbiýesiniň ähli terbiýeçilik ugurlarynyň biri-birleri bilen berk baglanyşykly bolmak bilen, olaryň ýeke-täk terbiýeçilik serişdesini özünde jemlemelidigini belläp geçýär.

Sapakda okuwçylara aýdym aýtmak öwredilýän wagtynda mugallym okuwçylaryň ünsüni aýdymyň häsiýetine, mazmunyna gönükdirmelidir. Bu ýerde aýdym (wokal) žanrynyň dürli ugurlary ýa-da tans hereketleri ýerine ýetirilende dürli häsiýetdäki heňler sapakda peýdalanylyp bilner. Şu pursatda mugallym heňleriň käbiriniň sozulyp ýaňlanyşyna, käbiriniň bolsa owazly ýaňlanyşyna, beýleki biriniň bolsa ýeňil, şadyýan ýaňlanyşyna okuwçylaryň ünsüni çekmelidir. Saz eserleriniň şeýle baglanyşygyny saz işleriniň ähli görnüşlerinde hem ulanmak mümkindir.

Aýdym-saz sapagynda aýdym aýtmagyň, saz gurallarynda saz çalmagyň ýönekeý ugurlary ýa-da tans hereketleri öwredilende, olaryň her biri aýdyň täsirli, şekillendiriş serişdeleriniň üsti bilen saz sungatynyň 3 sany ugry (aýdym, tans, ýöriş sazlary) arkaly okuwçylara düşünje berilýär.

Muňa garamazdan, saz işleri 3 kit diýlip atlandyrylýan saz görnüşlerini öz içine alýan hem bolsa, ýokarda agzalyp geçilen saz işleriniň her biri özüniň gurluşy, öwredilişi, terbiýeçilik ähmiýeti boýunça özbaşdakdyr. Okuw maksatnamasynda öwrenmek üçin hödürlenilýän aýdymlar wokal-hor eserleriniň esasyna bagly bolsa, okuwçylara saz sowadyny öwretmek ugry özüniň öňden işlenen usulyýetine baglylykda, sapakda öwredilýän her bir aýdymdyr sazlary notalar boýunça okap öwrenmeklige bagly bolup durýar.

Saz işleriniň ähli görnüşleri saz terbiýesini bermegiň umumy bir

prinsipine, bellibir temanyň gurluşyna, saz eserleri bilen tanyşmagyň kanunalaýyklygyna baglydyr. Bu barada belli alym, kompozitor D. B. Kabalewskiý öz işlerinde ýörite belläp geçýär.

Umumy orta bilim berýän mekdeplerde okuwçylara dürli ugurlar boýunça bilim bermeklige niýetlenip taýýarlanan okuw maksatnamasy mekdeplerde okuwçylar bilen terbiýeçilik işlerini alyp barmak üçin hökmany döwlet resminamasy bolup hyzmat edýär. Maksatnamada okuwçylar bilen saz terbiýesi ugry boýunça alnyp barylmaly işleriň mazmuny we görnüşleri giňden beýan edilýär. Maksatnama häzirki zaman ylmynyň esasynda çagany ählitaraplaýyn makasadalaýyk ösdürmegiň we terbiýe bermegiň esasy ugrukdyryjysy bolup hyzmat edýär. Maksatnamada mekdep okuwçylaryna saz terbiýesini bermeklige ýolbaşçylyk edilende, onuň esasy prinsiplerine laýyklykda, okuwçylara türkmen halkynyň milli däp-dessurlarynyň, türkmen halk saz sungatynyň dürli ugurlaryny öwretmegiň üsti bilen milli terbiýäniň düýbüni tutmak göz öňünde tutulýar. Saz serişdeleriniň üsti bilen okuwçylary ählitaraplaýyn sazlaşykly ösdürmegiň talaplaryna laýyklykda, okuw-terbiýeçilik maksatnamasynyň esasy ugurlary aşakdaky ýaly görnüşde iş ýüzüne geçirilýär:

1. Mekdep okuwçylary bilen saz-estetiki terbiýeçilik işlerini alyp barmak biziň daşymyzy gurşap alan durmuş, döwür bilen baglanyşdyrylmaly. Ýagny saz ýaňlananda sazyň täsir edijiligine bagly, okuwçylarda döreýän emosiýalaryň netijesine görä, olar dürli duýgulary başdan geçirýärler. Durmuşyň we tebigatyň şahyrana waspy dürli saz öwüşginleri we sazly oýunlar arkaly okuwçylara açylyp görkezilýär. Terbiýeçilik işlerinde ulanylýan her bir saz eseri özüniň ýaňlanyşy boýunça biziň daşymyzy gurşap alan durmuşy dürli taraplaýyn şekillendirmelidir. Bu bolsa öz gezeginde ony diňleýän okuwçylaryň saz işleriniň mazmunyna düşünmeklerine kömek etmelidir. Şeýlelikde, ol okuwçylaryň aň ýetirijiliginiň ählitaraplaýyn ösmekligine täsir edýär.

2. Saz eserleriniň özboluşly keşp aýratynlygynyň hasaby. Okuwçylar saz diňleýän pursady sazyň ýiti, aýdyň täsir ediş güýjüni duýýarlar, emma olar onuň nämedigini seljermeýärler. Okuwçylar saz ýaňlanyp başlandan ony haýran galmak we uly gyzyklanma bilen özlerine kabul edýärler. Şeýlelikde, okuwçylaryň saz sungatyna

bolan gyzyklanmasy we islegi, ýerine ýetirijilik işlerine bolan ukyp--başarnygy ýüze çykyp başlaýar.

3. Okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna görä, saz ýerine ýetirijilik ukyp-başarnyklarynyň ösüşini kesgitlemek. Aýdym-saz sapagy 1-nji, 2-nji, 3-nji 4-nji başlangyç synplarynda hem-de 5-nji synpda okadylýar. Bu synplarda mekdep okuwçylarynyň saza bolan isleg--gyzyklanmalarynyň düýbi tutulyp, olara saz sungaty barada ilkinji maglumatlar berlip başlanýar. Bu synplarda okuwçylaryň saza bolan başarjaňlyklaryny sapakda dürli saz ýumuşlaryny ýerine ýetirmek arkaly ösdürmegiň üsti bilen olaryň çylşyrymly saz ýumuşlaryny ýerine ýetirmäge bolan ukyp-başarnygy ýüze çykyp başlaýar.

4. Okuwçylara saz terbiýesini bermegiň hökmanylygy. Okuw--terbiýeçilik maksatnamasy okuwçynyň saza bolan taýýarlygyna we onuň tebigy ukyp-başarnygyna garamazdan, olaryň ählisiniň deň derejede aýdym-saz sapagyny geçmeklerine we saz bilimini ele almaklaryna niýetlenip düzülendir. Okuwçylaryň her biriniň özboluşly aýratynlyklarynyň bolşy ýaly, olaryň saza bolan ukyp-başarnygy, bilimleri ele alyşlary hem dürli-dürlüdir we özboluşly aýratynlyga eýedir. Okuwçylaryň her biri maksatnamada görkezilen saz işlerini doly özleşdirip, özleriniň ukyp-başarnyklaryny kämilleşdirmelidirler hem--de bu ugurdan bilimleri ele almalydyrlar.

Okuw maksatnamasy yzygider düzülip, onda okuw we terbiýeçilik işlerinde ýerine ýetirilmeli her bir saz işleriniň esasy maksady mekdep okuwçylaryny saz serişdeleriniň üsti bilen ählitaraplaýyn ösdürmeklige niýetlenendir.

Mekdeplerde alnyp barylýan okuw-terbiýeçilik işleriniň ählisini okuwçylaryň tejribe taýdan özleşdirmekleri göz öňünde tutulýar. Meselem, aýdym-saz sapagynda okuwçylar saz sowadyny ele alýarlar, bagşy-sazandalaryň, kompozitorlaryň ömri, döredijiligi hem-de olaryň döreden, ýerine ýetiren aýdym-saz eserleri barada giňişleýin düşünje alýarlar. Mundan başga-da okuwçylar sapakda dürli mazmunly saz eserlerini diňlemek arkaly saz gurallarynyň dürli görnüşleri, olaryň owazy bilen tanyşýarlar. Okuwçylar aýdym-saz sapagynda saz sungatynyň dürli görnüşleri barada düşünjeleri ele almalydyrlar hem--de olary tejribe taýdan özleşdirip bilmelidirler. Şeýle hem sapakdan

daşary geçirilýän saz işleri, dürli baýramçylyk çäreleri okuwçylaryň dürli çeperçilik serişdelerini ulanyp bilmeklerine ugrukdyrylyp, olaryň özbaşdak ýerine ýetirijilik ukyp-başarnyklarynyň ýüze çykmagyna itergi bermelidir. Şeýlelikde, okuw-terbiýeçilik işleriniň maksatnamasy özleşdiriljek okuw sapaklarynyň we terbiýeçilik saz işleriniň wagtyny, mazmunyny kesgitleýär. Bularyň ählisi bolsa öz gezeginde mekdep okuwçylaryna maksadalaýyk saz-estetiki terbiýe bermegiň düýbüni tutmaga kömek edýär.

## §3. Aýdym-saz sapagynda okuwçylaryň saz-estetiki garaýyşlaryny kemala getirmek

Mekdep okuwçylarynyň durmuş hakykatyna bolan saz-estetiki garaýyşlarynyň düýbüniň tutulmagy çaganyň biziň daşymyzy gurşap alan durmuşa bolan düşünjesiniň terbiýelenmegi we onuň kämilleşmegidir. Bu barada hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow «Ile döwlet geler bolsa...» atly kitabynda baryp XIII asyryň ikinji ýarymynda saz taglymatçylarynyň ilkinji gezek on iki sany mukamyň emele gelşiniň esaslaryny delillendirendiklerini, olaryň ylmy gazananlary soňraky döwürleriň şahyrlarynyň hem sazandalarynyň çeper-estetiki garaýyşlarynyň kämilleşmegine ýardam edendigini nygtap geçýär.

Saz çeperçilik serişdeleriniň üsti bilen okuwçylaryň estetiki garaýyşlarynyň ösdürilmegi saz eserleriniň dürli görnüşleri bilen okuwçynyň özara gatnaşygy netijesinde ýüze çykýan gözellige bolan duýgularyň kemala gelmegidir. Okuwçylarda saz-estetiki terbiýäniň kemala getirilmegi örän inçe, çylşyrymly, çözülmesi kyn mesele bolmak bilen, ony pedagogiki prosesde amala aşyrmak mugallymyň öňünde ençeme çözmegi talap edýän çylşyrymly meseleleri ýüze çykarýar. Bu ýagdaý pedagogiki prosesde mugallymyň ýolbaşçylygynda alnyp barylýan saz işleriniň aýratynlygyna baglylykda, okuwçylaryň saz-estetiki garaýyşlaryny ösdürmegiň esasy toplumlaryny kesgitlemek hökmanydyr.

**1-nji toplum:** Aýdym-saz sapagynda saz eserleri ýerine ýetirilende okuwçylar sazyň täsiri netijesinde dürli emosional duýgulary başdan geçirýärler. Ýagny sazyň täsiri netijesinde okuwçylarda dürli

hereketler peýda bolýar. Bu pursat bolsa saz eserindäki çeper keşpleriň ýüze çykmagy diýlip hasap edilýär. Sebäbi her bir saz eseri özüniň mazmunyna laýyklykda, dürli durmuş hadysalaryny özünde jemleýär. Pedagogikanyň talaplaryna laýyklykda, saz işlerine ýolbaşçylyk etmek özüniň häsiýetine görä okatmagyň özboluşly aýratyn usulyna eýedir. Aýdym-saz sapagynda mugallym diňe bir okatmagyň usulyny bilmek bilen çäklenmän, eýsem ol sungat ugrundan okatmagyň hem pedagogikasyny we usulyny düýpli bilmelidir. Ýagny mugallym ähli dersler boýunça sapak geçende ol «artist» bolmak bilen özüniň sözleridir hereketleri arkaly okuwçylary «jadylamalydyr». Mugallym aýdym-saz sapagynda hem her bir saz eseriniň mazmunyny okuwçylara düşündirende we saz eserini ýerine ýetirende estetiki çeper keşpleri ýüze çykarmalydyr. Mugallymyň sözleýşi we saz ýerine ýetirijiligi täsirli bolmak bilen, ol okuwçylara estetiki şatlygy berip bilmelidir. «Çeper keşp» sözüniň güýji saz eseriniň ýerine ýetirilýän wagtynda ýerine ýetirijiniň saz eserini täsirli ýerine ýetirmegi bilen kesgitlenilýär.

**2-nji toplum:** Aýdym-saz sapagynda mugallymyň gözegçilik etmeginde okuwçylar saz işleriniň dürli görnüşlerini, özleriniň ukyp-başarnyklaryna görä dürli saz synaglaryny işjeň özleşdirýärler. Meselem, okuwçylar saza goşup hereket etmegi, sazy dogry we doly manyly eşitmegiň esasynda öz hereketlerine dogry gözegçilik etmäge we öz hereketlerine buýrup bilmäge bolan başarnyklary ele alýarlar. Her bir beýleki okuw dersleri ýaly, aýdym-saz sapagy hem mugallymyň okatmagyň, terbiýe bermegiň we ösdürmegiň talaplaryna laýyklykda, bu ugra aýratyn üns bermelidigini talap edýär.

Mugallymyň aýdym-saz sapagynda peýdalanmagy üçin, sapak döwründe hereket etmegiň aşakdaky ugurlary göz öňünde tutulýar:

- Aýdym-saz sapagy özüniň okadylyş aýratynlygyna görä, dolulygyna emosional häsiýete eýe bolmalydyr (sapakda ýerine ýetirilýän saz eserleriniň täsiriniň netijesinde, okuwçylar şatlanmak, tolgunmak we gamgynlyk ýaly duýgulary başdan geçirmelidir).
- Aýdym-saz sapagynda çaganyň aň ýetirijiligine laýyklykda, saz eseriniň heň gurluşynyň ugurlaryny dogry kesgitlemegi öwretmek (saz eseri ýerine ýetirilýän wagty oňa okuwçynyň düşünip üns bilen diňlemegi, saz eserinde ýüze çykarylýan çeper keşpler barada oýlan-

magy we olary deňeşdirmegi, saz eseriniň umumy mazmunyna dogry baha berip bilmegi).

- Aýdym-saz sapagynda okuwçynyň saz eserini ýerine ýetirýän wagty (aýdym aýdanda, saz çalanda, saza laýyk hereket edende we ş. m.) ýerine ýetirijilik işlerine özüniň gözegçilik edip bilmegi.
- Aýdym-saz sapagynda okuwçynyň özbaşdak ýerine ýetirijilik ugurlaryny dogry kesgitläp bilmegi (aýdym aýdyp bilmegi, saz guralynda saz çalyp bilmegi, tans edip bilmegi, bilýän saz eserleri barada gürrüň berip bilmegi).
- Aýdym-saz sapagynda okuwçylaryň döredijilik-gözleg işleri (sazyň nazaryýeti, saz edebiýaty ugurlary boýunça mugallymyň berýän soraglaryna okuwçylaryň dogry jogap berip bilmekleri we ş. m.).

Mekdep okuwçylarynyň biziň daşymyzy gurşap alan dünýä bolan saz-estetiki garaýyşlaryny dürli saz serişdeleriniň üsti bilen terbiýelemekde pedagogika ylmyndaky usulyýet toplumy aýdym-saz sapagynda dolulygyna peýdalanylmalydyr. Sebäbi çagalarda saz-estetiki garaýşy dogry terbiýelemek özüniň gurluşy boýunça örän çylşyrymly ugur hasap edilýär. Bu ugurda peýdalanyljak pedagogiki usullar toplumy hem çagalaryň ýaş aýratynlyklaryna görä saýlanyp alynmalydyr. Saýlanyp alnan pedagogiki usullar mugallym tarapyndan seljerilip, okuwçylaryň saz kabul edip bilijilik mümkinçiliklerine bagly ýönekeýden çylşyrymly usullara geçmek arkaly alnyp barylmalydyr.

Aýdym-saz sapaklarynyň başynda, sapakda ýerine ýetirilýän saz işlerinde (aýdym aýtmakda, saz diňlemekde we ş. m.) mugallym dürli usullaryň üsti bilen saz eseriniň mazmunyny ýüze çykaryp, ony okuwçylaryň özlerine oňat kabul edip bilmeklerini gazanmaly, soňra bolsa sapakda saz işleriniň her biriniň döredijilikli ýerine ýetirilmegini mugallym okuwçylaryň özlerinden talap etmeli. Okuwçylarda saz-estetiki garaýşy terbiýelemek işlerinde sapagyň guralyşyna bagly, sapakda ýerine ýetirilýän saz işleriniň her biri işjeň häsiýete eýe bolmalydyr. Mugallymyň sapakda geçirýän her bir synag-tejribe işi okuwçylaryň saz-estetiki garaýyşlaryny terbiýelemekde peýdaly okuw-usullarynyň esaslaryny ýüze çykarýar. Ençeme ýyllaryň dowamynda geçirilen okuw-synag sapaklarynyň usulyýet däpleri mugallymlar tarapyndan oňat özleşdirilip, olar sapakda ýerlikli peýdala-

nylan ýagdaýynda, ol usullar okuwçylaryň saz-estetiki garaýyşlaryny terbiýelemekde özüniň oňat netijesini berýär.

Geçirilen synag-tejribe barlaglaryň we okuw synaglarynyň netijesine görä, orta mekdeplerde aýdym-saz sapagyny okatmagyň täze ugurlary ýüze çykarylyp, olar okuw prosesini has-da işjeňleşdirýär. Sapak geçmegiň ugurlary **temalaýyn sapaklar** we **toplumlaýyn sapaklar** diýlip atlandyrylýar.

**Temalaýyn sapaklar** temalaýyn görnüşde okuwlar alnyp barlanda, sapakda özleşdirilýän temalaryň terbiýeçilik mazmunyny ýüze çykarmak we olary okuwçylaryň aňyna ýetirmek okatmagyň birnäçe usullary we serişdeleri arkaly amala aşyrylýar. Meselem, okuwçylar sapakda kompozitor Durdy Nuryýewiň «Kiçijik balykçy» diýen sazyny diňleýärler. Soňra olara kompozitor Aman Agajykowyň «Azaşan köşejik» diýen sazy diňledilýär. Okuwçylar özleriniň diňlän iki sany saz eseriniň mazmunyny, diňlän saz eserleriniň häsiýetlerini deňeşdirýärler. Mugallymyň kömegi bilen okuwçylar diňlän sazlarynyň mazmunyndaky we häsiýetlerindäki aýratynlyklary ýüze çykarýarlar. Sapakda şeýle usullaryň ulanylmagynyň netijesinde, okuwçylaryň aňynda sazyň mazmuny we häsiýeti baradaky düşünjeler emele gelýär. Soňra okuwçylar sapakda özleriniň diňleýän ýa-da ýerine ýetirýän her bir saz eseriniň mazmunyna we häsiýet aýratynlyklaryna üns berip, olar barada oýlanyp başlaýarlar.

Temalaýyn saz sapaklarynda saz eserleriniň mazmuny we häsiýeti dürli epizodlaryň üsti bilen beýan edilip, suratlandyrylyp görkezilse, sapakda özleşdirilýän her bir tema okuwçylar üçin täsirli, düşnükli hem-de ýatda galyjy bolýar. Epizod diýlip, durmuşda gabat gelýän haýsy hem bolsa bir wakanyň kiçijik bir böleginiň suratlandyrylmagyna aýdylýar. Aýdym-saz sapagynda epizodlaryň peýdalanylmagy sapakda özleşdirilýän temanyň mazmunynyň haýsy hem bolsa bir wakanyň üsti bilen suratlandyrylyp düşündirilmegidir.

Temalaýyn sapaklar, esasan, saz eserlerindäki beýan edilýän çeper keşpleriň açylyp görkezilmeginiň netijesinde, okuwçylar haýsy hem bolsa bir saz eseriniň tema aýratynlygy bilen tanyşýarlar (liriki, gahrymançylyk, watansöýüjilik, tebigat baradaky döredilen saz eserleri we ş. m.). Mundan başga hem temalaýyn sapaklarda okuwçylar saz eserleriniň gurluşy, ritm aýratynlygy, saz bilen sözüň özara sazlaşygy barada düşünje alýarlar.

**Toplumlaýyn sapaklar** diýlip, sapagyň dowamynda çeperçilik işleriniň ähli görnüşiniň özara baglanyşdyrylyp geçilmegine aýdylýar. Saz sapagynda çeperçilik işleri diýlip, sapakda labyzly goşgy okalmagyna, sazlaryň dogry saýlanyp alynmagyna, şekillendiriş sungatynyň dürli görnüşleriniň sapakda peýdalanylmagyna, saz sapagynyň sahnalaşdyrylyp geçilmegine aýdylýar.

Toplumlaýyn sapaklaryň dowamynda okuwçylar saz sungatynda ýüze çykarylýan çeperçilik serişdeleriniň görnüşlerini aýdyňlaşdyrmaga mümkinçilik alýarlar. Ýokarda bellenilen ugurlaryň netijesinde okuwçylaryň saz baradaky öz garaýyşlaryny dogry kesgitläp bilmek ukyby ýüze çykýar we olarda saz eserlerini ýerine ýetirip bilmäge bolan gözleg-agtaryş usullary peýda bolýar. Okuwçylar biziň daşymyzy gurşap alan dünýäni estetiki garaýyşlar esasynda synlap başlaýarlar. Toplumlaýyn saz sapaklary her aýyň soňunda jemleýji sapak hökmünde geçirilýär. Pedagogiki synag-tejribe okuwlarynyň çykarýan netijesine görä, toplumlaýyn saz sapaklarynyň terbiýeçilik täsiri örän uly diýlip hasap edilýär.

Okuwçylaryň saz-estetiki garaýyşlaryny ösdürmegiň umumy derejesi olaryň öz isleglerine görä saz eserlerini saýlap alyp, özbaşdak öwrenmek ukyby bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr. Okuwçylaryň saz-estetiki garaýyşlarynyň ösüşini kesgitleýän esasy alamatlar sapakda özleşdirilen saz işleriniň täsiri netijesinde okuwçylaryň saz eserleriniň mazmunynda jemlenen çeper keşpler baradaky düşünjeleriniň ösüş derejesiniň hili bilen kesgitlenýär. Şeýlelikde, bularyň ählisi aýdym-saz sapagynda okuwçylaryň saz-çeperçilik işleriniň täsiri netijesinde olaryň saz-estetiki garaýyşlaryny ösdürmäge bolan ukyp-başarnyklaryny kemala getirmekden we ony ösdürmekden ybaratdyr.

**3-nji toplum:** Aýdym-saz sapagynda mekdep okuwçylarynyň saz-estetiki garaýyşlaryny olaryň ukyp-başarnyklaryna bagly sazlaşykly ösdürmek okuwçylaryň saz sungatyna bolan isleginiň, saz sungatynyň durmuşda tutýan orny, onuň gadyr-gymmaty baradaky düşünjesiniň ýüze çykmagy bilen kesgitlenýär.

Aýdym-saz sapagynda okuwçylaryň saz-estetiki garaýyşlaryny ösdürmegiň ýene-de bir görkezijisi her bir okuwçynyň sapakda diňleýän sazlarynyň tagamyny duýmaga bolan ukyp-başarnyklarynyň

we dürli saz-çeperçilik işlerini ýerine ýetirmäge bolan ilkinji ösüşleriniň ýüze çykmagy diýlip hasap edilýär. Aýdym-saz sapagynda alnyp barylýan saz işleriniň üsti bilen okuwçylaryň saz-estetiki garaýyşlarynyň düýbüniň tutulýan pursadynda olaryň saz sungatyna bolan isleg-gyzyklanmasy hem terbiýelenýär. Saz-estetiki terbiýäniň netijesinde çagalaryň aňynda jemgyýetçilik hadysalaryna, tebigata, daşymyzy gurşap alan durmuşa bolan estetiki garaýyş, gyzyklanma peýda bolýar. Şonuň netijesinde bolsa terbiýeçilik işleriniň köpugurly toplumy okuwçylaryň estetiki garaýyşlarynyň ösüşini ýüze çykarýar. Aýdym-saz sapagynda mugallym tarapyndan okuwçylaryň ýaş aýratynlyklary göz öňünde tutulyp, sapakda dürli pedagogiki usullar saýlanyp alynmalydyr. Okatmakda peýdalanylýan dürli pedagogiki usullar özüniň ösdürijilik häsiýetine eýe bolmak bilen bir hatarda her bir okuwçynyň saz-estetiki garaýyşlarynyň ösüşini hem üpjün etmelidir.

Aýdym-saz sapagynda her bir synpyň okuwçylarynyň saz-estetiki garaýyşlarynyň ösüş derejesi aýry-aýrylykda mugallym tarapyndan hasaba alynýar. Okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna görä ösüş derejesini hasaba almak okuw maksatnamasynyň talaplaryna laýyklykda amala aşyrylmalydyr. Okuw ýylynyň ahyrynda mugallym tarapyndan saz serişdeleriniň täsiri arkaly okuwçylara terbiýe bermegiň we olary okatmagyň netijeleri ýüze çykarylýar. Şu pursatda hem okuwçylarda saz işlerine bolan ukyp-başarnygyň görnüşleriniň netijesi kesgitlenilýär.

Mekdeplerde köpçülikleýin geçirilýän saz işleriniň hem okuwçylaryň saz-estetiki garaýyşlaryny kemala getirmekdäki we olary terbiýelemekdäki ähmiýeti örän uly diýlip hasap edilýär. Köpçülikleýin geçirilýän saz işlerinde okuwçylaryň ählisi bilelikde haýsy hem bolsa belli bir işi ýerine ýetirmek barada oýlanýarlar. Köpçülikleýin saz işleri ýerine ýetirilende, her bir saz işini ynamly ýerine ýetirýän okuwçylar topary gowşak, özüne ynamsyz garaýan okuwçylaryň hem bu işleri ynamly ýerine ýetirmäge bolan duýgularyny oýarýar we olaryň okuwa bolan höwesini artdyrýar. Şeýle hem köpçülik bolup ýerine ýetirilýän saz işlerinde okuwçylaryň ählisi bilelikde gözellik barada pikir edýärler. Ýagny okuwçylar saz eserleriniň mazmunyna laýyklykda, daşymyzy gurşap alan gözel durmuş barada bilelikde oýlanýarlar.

Aýdym-saz sapagynda mugallym tarapyndan okuwçylara tabşyrylýan saz ýumuşlaryny ýerine ýetirmek aýratyn häsiýete eýedir. Sapakda ýerine ýetirmek üçin tabşyrylýan saz ýumuşlaryny synpdaky okuwçylaryň her biri özleriniň zehin-ukyplarynyň mümkinçiliklerine görä dürli wagtlarda özleşdirýärler. Sebäbi okuwçylara tabşyrylýan saz ýumuşlary synpdaky bir çaga üçin düşnükli, ýeňil bolsa, beýleki bir çaga üçin ol ýumuş çylşyrymly, düşnüksiz bolup görünýär. Şonuň üçin okuwçylaryň saz ýumuşlaryny ýerine ýetirýän wagtlarynyň göwrümi hem dürli-dürlüdir. Şeýlelikde, saz ýumuşlaryny öz wagtynda özleşdirmäge ukypsyz, gowşak ýetişýän okuwçylar bilen mugallymyň özi aýratynlykda sapak geçmek arkaly, olaryň her biriniň sapakda tabşyrylýan saz ýumuşlaryny bellenilen wagtda özleşdirip bilmeklerini gazanmalydyr.

Ähli beýleki okuw dersleri bilen birlikde, aýdym-saz sapaklarynda okuw işlerini guramagyň dürli amatly, terbiýe berijilik ýollary agtarylýar we ýüze çykarylýar. Şeýle okuw işlerini guramaga aşakdaky okuw usullary girýär:

1. Differensial usulda okuw işini guramak.
2. Indiwidual usulda okuw işini guramak.

Geliň, bularyň her biri barada aýratyn durup geçeliň:

1. **Differensial usulda okuw işlerini alyp barmak** usulynda, esasan, uly bolmadyk okuwçylar topary bilen aýdym-saz okuwlaryny alyp barmak göz öňünde tutulýar.

**Differensial usulda** saz okuw işleri alnyp barlanda synpdaky okuwçylar özleriniň ukyp-başarnyklaryna görä uly bolmadyk 3 topara bölünýärler:

*1-nji topar* – aýdym-saz sapaklaryna oňat, üstünlikli ýetişýän, saz işlerine bolan ukyp-başarnyklary ösen okuwçylar topary;

*2-nji topar* – aýdym-saz sapaklaryna ortaça ýetişýän okuwçylar topary;

*3-nji topar* – aýdym-saz sapaklaryna gowşak ýetişýän okuwçylar topary.

Soňra ýokarda agzalan toparlardaky okuwçylaryň her biriniň saz işlerine bolan ukyp-başarnyklary göz öňünde tutulyp, olara ýerine ýetirmek üçin saz ýumuşlary tabşyrylýar. Sapagyň ahyrynda işiň ýerine ýetirilişi barlanylýar we her topardaky okuwçylaryň öz-

lerine tabşyrylan saz ýumuşlaryny ýerine ýetirişleriniň netijesi mugallym tarapyndan bahalandyrylýar. Topardaky ýerine ýetirilen saz işlerini barlamagyň netijesinde her topardaky okuwçylaryň özlerine tabşyrylan saz ýumuşlaryny ýerine ýetirenlerinde ýüze çykan ýeňillikler we kynçylyklar anyklanylýar. Soňra saz ýumuşlaryny üstünlikli we aralyk ýerine ýetirýän okuwçylar üçin aýry-aýrylykda ýerine ýetirmäge niýetlenilen täze saz ýumuşlary saýlanyp alynýar. Saz ýumuşlaryny ýerine ýetirmekde kynçylyk çekýän okuwçylar bilen bolsa goşmaça sapak geçmek göz öňünde tutulyp, olar üçin hem ýörite ýumuşlar saýlanyp alynýar. Okuwçylar bilen differensial usulda sapak geçmek okuwçylaryň saz sungatyna bolan islegini, höwesini ýüze çykarmakda, olaryň saz-estetiki garaýyşlaryny terbiýelemekde iň bir peýdaly okuw usullarynyň biri hasap edilýär.

**Indiwidual usulda** okuwçylar bilen işlemek hem aýdym-saz sapagynda iň bir peýdaly okuw usullarynyň biridir. Bu usulda okuwçylar bilen saz okuwlary geçilende her bir okuwçynyň saz işlerine bolan ukyp-başarnygy, saz işlerini özleşdirişleriniň netijeleri aýdyň ýüze çykýar. Indiwidual usulda aýdym-saz sapagy geçilýän pursady her bir okuwçynyň saz synaglary arkaly saz ýumuşlaryny ýerine ýetirişleriniň netijesi, saz ýumuşlaryny ýerine ýetirmekde okuwçylaryň kynçylyk çekýän taraplary we haýsy saz synaglarynyň täsiri netijesinde olaryň saz işlerine bolan ukyp-başarnyklarynyň ösüşini ýokarlandyrmagyň esasy ugurlary ýüze çykarylýar. Aýdym-saz sapagynda indiwidual usulda okuw işini guramak mekdep okuwçylaryna saz-estetiki terbiýe bermegiň esasy ugurlarynyň biri hasap edilýär.

Şeýlelikde, umumy orta bilim berýän mekdeplerde okuwçylara saz-estetiki terbiýe bermek we olaryň estetiki garaýyşlaryny pedagogiki usullaryň üsti bilen ählitaraplaýyn ösdürmek aýdym-saz sapagynyň öňünde durýan esasy meseleleriň biridir.

## § 4. Aýdym-saz sapagy sungat sapagydyr

Umumy orta bilim berýän mekdeplerde saz terbiýesini bermegiň meselelerini bu okuw dersiniň mazmuny we onuň görnüşi kesgitleýär. Mekdeplerde aýdym-saz sapagyny okatmak asyrlaryň dowamynda özüniň birnäçe ösüş döwrüne eýe bolmak bilen, dürli görnüşlerde al-

nyp baryldy. Häzirki zaman pedagogika ylmynda okuw sapaklarynyň okadylyş düzgüniniň bellibir bellenilen görnüşe eýe bolmaly däldigi bellenilýär. Ýagny her bir okuw dersi özüniň hünär aýratynlygyna we maksadyna laýyklykda, birnäçe terbiýeçilik meselelerini çözmelidigi barada ýörite durlup geçilýär. Aýdym-saz sapagy hem beýleki okuw dersleri ýaly mekdeplerde hökmany okuw dersi hökmünde okuw maksatnamasyna girizilendir. Sebäbi käbir halatlarda şeýle düşünje peýda bolýar, ýagny aýdym-saz sapagyna «güýmenje» hökmünde garalýar, mekdeplerde saz terbiýesiniň terbiýeçilik ähmiýetine doly baha berilmän, oňa kembaha seredilýär.

Mekdeplerde okadylýan aýdym-saz sapagy sungat sapagy bolmak bilen, ol özüniň özboluşly okadylyş usul aýratynlygyna eýedir. Şol bir wagtyň özünde ol beýleki okuw sapaklary bilen bellibir meňzeşlige eýedir. Ol meňzeşlikler aşakdakylardan ybarat:

*1-nji meňzeşlik.* Okuw maksatnamasyna girýän ähli okuw dersleri umumy bir maksady özüne birleşdirýär – ählitaraplaýyn sazlaşykly ösen şahsyýeti kemala getirmekden ybaratdyr. Bu wezipäni her bir okuw dersi özünde jemlenen dürli terbiýeçilik serişdeleriniň üsti bilen amala aşyrýar. Umumy orta bilim berýän mekdeplerde aýdym-saz sapagy okuw dersi bolup, ol dürli saz serişdeleriniň üsti bilen sazlaşykly ösen şahsyýeti kemala getirmeklige ýardam etmegi özüne maksat edinýär.

*2-nji meňzeşlik.* Okuw dersleriniň okadylyş aýratynlygy pedagogika-psihologiýa ylmynyň kanunalaýyklygy esasynda guralmalydyr. Meselem, aýdym-saz sapagy geçilende okuwçylaryň ýaş aýratynlyklary göz öňünde tutulyp, olaryň ünsüniň, ýadynyň, göz öňüne getirmesiniň özboluşlylygy mugallym tarapyndan hasaba alynmalydyr. Aýdym-saz sapagy hem beýleki okuw dersleri ýaly okuwçylaryň umumy ösüşiniň kanunalaýyklygyna bagly guralýar (sapakda okuwçylaryň oýlanyşynyň, gyzyklanmasynyň häsiýetine we ş.m. görä).

*3-nji meňzeşlik.* Orta mekdeplerde okuw derslerini okatmagyň ähli ugurlary didaktiki ýörelgeleriň esasynda guralýar (didaktiki ýörelgeler: terbiýeçilik okuwy, yzygiderlilik, düşnüklilik, görkezme esbaplar we başgalar).

*4-nji meňzeşlik.* Beýleki okuw derslerinde bolşy ýaly, aýdym-saz sapagy hem synpdaky bellibir ýaşdaky okuwçylaryň topar düzümini özüne birleşdirýär. Sapakda okuwçylaryň täze temany özleşdirmek, geçilenleri ýatda saklamak, olary gaýtalamak, öwrenilýän materiallary barlamak we sapagyň dowamlylygy her bir okuw dersleri bilen birlikde, aýdym-saz sapagy üçin hem hökmanydyr.

*5-nji meňzeşlik.* Sapakda alnyp barylýan saz işleriniň görnüşleriniň dürli-dürlüdigine garamazdan (meselem, aýdym aýtmak, saz diňlemek, saz gurallarynda saz çalmak we ş.m.), sapagyň bitewüligi we onuň maksadalaýyklylygy hökmandyr. Sapakda dürli saz işleriniň özara baglanyşygy we onuň mazmuny şol sapagyň belli bir maksadyny we ugruny kesgitleýär.

*6-njy meňzeşlik.* Okatmagyň ähli usullary bellibir umumylyga eýedir (görkezip okatmak, gürrüň geçirmek usullary, haýsy hem bolsa bir ýumşy ýerine ýetirmeklige niýetlenen problemalaýyn ýagdaýlary döretmek we ş. m.).

Aýdym-saz sapagy hem beýleki okuw sapaklary ýaly okatmagyň özboluşly ugruny, sapagyň mazmunyny we okatmagyň görnüş aýratynlygyny ýüze çykarýar.

*1-nji aýratynlyk* – aýdym-saz sapagynyň sungat sapagy bolmagydyr. Öňden belläp geçişimiz ýaly, saz sungaty dürli saz çeperçilik serişdeleriniň üsti bilen adamyň emosional duýgusyna täsir etmegiň aýratyn görnüşleriniň biridir. Aýdym-saz sapagy geçilýän wagtynda öwredilýän ugra akyl ýetirmek diňe bir pikirlenmegiň, oýlanmagyň üsti bilen däl-de, eýsem sazyň täsiriniň netijesinde okuwçylarda ýüze çykýan dürli duýgulara bagly amala aşyrylýar.

*2-nji aýratynlyk* – sazyň adamyň aňyna, kelle-beýnisiniň hereketlendiriji merkezine we beden taýdan umumy ösüşine toplumlaýyn täsiri. Bu pursatda okuwçylar dürli emosional duýgulary (begenmek, gynanmak, özüni duýşunyň beýgelmegi we ş. m.) başdan geçirmek bilen, öz hereketlerine jogap berip bilmän, ýagny olar öz duýgulary barada oýlanman (biziň duýgularymyz iň inçe, iň näzik duýgular bolmak bilen käbir sözlere, hereketlere çalt ýan berýär), eýsem sazyň edýän täsiri netijesinde hereket edýärler. Bu pursatda adamyň bede-

ninde fiziologik taýdan öwrülişik bolup geçýär (ýürek urşunyň üýtgemegi, gan aýlanyşynyň üýtgemegi we ş. m.).

*3-nji aýratynlyk* – saz-çeperçilik serişdeleriniň okuwçylara edýän täsiriniň netijesinde ýüze çykýan dürli emosiýalaryň we aň ýetirijilik ugrunyň ýeke-täk birligine eýe bolmagydyr. Saz-çeperçilik serişdeleriniň üsti bilen saz eserleriniň täsirli ýerine ýetirilmegi okuwçylaryň saz işleriniň dürli görnüşlerine bolan gatnaşygyny işjeň ýüze çykarýar.

*4-nji aýratynlyk* – sapagyň emosional häsiýete eýe bolmagy bilen birlikde, onuň ýeke-täk çeperçilik-tehniki birlige hem eýe bolmagydyr. Aýdym-saz sapagy sungat sapagy bolmak bilen, ol täsirli çeperçilik serişdelerine baýdyr. Aýdym-saz sapagynda çeperçilik serişdeleri saz diňlemek we ýerine ýetirijilik ugurlarynda jemlenmek bilen birlikde, sapakda ýerine ýetirilýän her bir saz gönükmelerinde hem bolmalydyr. Sapakda haýsydyr bir aýdym ýa-da saz ýerine ýetirilende her bir ýaňlanýan sesler çeperçilik taýdan arassa, owadan bolmalydyr. Aýdym-saz sapagynda «çeperçilik» taýdan kämil eserleri okuwçylara öwretmekde üstünlige ýetmek üçin mugallymdan uly zähmet talap edilýär. Munuň üçin mugallyma saz eserleriniň çeperçilik we tehniki taýdan gurluşyny oňat öwrenmek hökmanydyr. Mugallym saz eserlerinde jemlenen «çeperçilik» serişdeleriniň üstünde hem yzygider işlemelidir. Sebäbi saz eserleriniň tehniki taýdan gurluşy, saz çeperçilik serişdeleriniň sazlaşygy saz eseriniň täsirli bolmagynyň we çeperçilik taýdan kämilliginiň özenini düzýär.

*5-nji aýratynlyk*– aýdym-saz sapagynyň köpçülikleýin görnüşe eýe bolmagy aýdym-saz sapagynyň artykmaçlygydyr. Ýagny aýdym-saz sapagynda okuwçylaryň ählisi bilelikde dürli saz işlerini ýerine ýetirýärler (saz diňleýärler, aýdym aýdýarlar, tans edýärler we ş. m.). Bu bolsa aýdym-saz sapagynyň beýleki derslerden tapawutly aýratynlygydyr. Muňa garamazdan, aýdym-saz sapagy özboluşlylyga eýe bolmak bilen, her bir beýleki okuw dersleri ýaly, okatmagyň umumy ulgamynyň çäginden çykmaýar.

Şeýlelikde, aýdym-saz sapagynyň beýleki dersler bilen özara baglanyşygy barada şeýle netije çykarýarys: aýdym-saz sapagy beýleki özüne ýakyn okuw dersleriniň okadylyş usulyny özüne göçürip,

ony gös-göni nusga edinmezden, özüniň özboluşly okadylyş usulyna eýe bolmalydyr.

Saz işleriniň alnyp barlyşy dürli pursatlarda şertli ýagdaýlara eýedir. Meselem:

1. Okuw maglumatlarynyň mazmunyna laýyklykda sapak geçmek.

2. Okuwçylaryň saz eseriniň mazmunyny kabul edýän pursadynda olaryň aň ýetirijiliginiň ösüş derejesi.

3. Okatmagyň täsirli usullary.

4. Sapak wagtynda tehniki serişdelerden dogry peýdalanmak.

5. Mugallymyň saz ugrundan hünär taýýarlygy.

Ýokarda agzalyp geçilen ugurlar hemme wagt birmeňzeş bolmaýar. Sebäbi biziň bilşimiz ýaly, meňzeş çaga hem, meňzeş synp hem, meňzeş mugallym hem bolmaýar. Şeýlelikde, edil beýleki okuw dersleri ýaly aýdym-saz sapagynyň okadylyşynyň gurluşyny elmydama bir görnüşde saklamak, ony bellibir galyba salmak asla mümkin däl. Belli alym, kompozitor D. B. Kabalewskiý özüniň «Umumy orta bilim berýän mekdepler üçin aýdym-saz sapagynyň okuw maksatnamasynyň esasy prinsipleri we usuly» atly makalasynda aýdym-saz sapagynyň adam duýgusyna ählitaraplaýýn täsir edýändigini, saz eserlerinde jemlenen saz çeperçilik serişdeleri arkaly ýeke-täk saz sungaty diýen düşünjä eýe bolmalydygyny belläp geçýär. Aýdym-saz sapagynyň guralyşy hökman döredijilikli çemeleşmä, özüniň saýlanyp alnan okadylyş usulyna we terbiýe berijilik serişdelerine eýe bolmalydyr. Şeýlelikde, orta mekdeplerde aýdym-saz sapagyny okatmak umumy didaktiki prinsiplere daýanmak arkaly özüniň emosional aňýetirijilik, çeperçilik we tehniki prinsipleriň birligine eýermelidir.

## §5. Mekdep okuwçylarynyň saz ukybynyň gurluşy we onuň ösüş derejesiniň hili

Orta mekdepde aýdym-saz sapagynda okuwçylar saz işleriniň dürli görnüşlerini ýerine ýetirýärler (aýdym aýdýarlar, saz diňleýärler, tans edýärler, nota sowadyny öwrenýärler we ş. m.). Sapakda özleşdirilen saz işleriniň her biriniň netijesinde çaganyň saz işlerini ýeri-

ne ýetirmäge bolan ukyp-başarnygy ýüze çykýar, çagada saz işlerini ýerine ýetirmäge bolan höwes döreýär. Saz işlerini ýerine ýetirmäge bolan ukyp, başarnyk, has dogrusy, zehinlilik jemgyýetçilik terbiýesinde iň bir çylşyrymly ugur bolmak bilen, ol adama mahsus bolan örän inçe, arassa, çylşyrymly duýgy alamatydyr.

Ençeme asyrlaryň dowamynda adamlar gepleşiklerde ýüze çykýan adam seslerini, guşlaryň, haýwanlaryň seslerini, deňziň güwwüldisini, ýagşyň, ýapraklaryň şybyrdysyny diňlemek, eşitmek arkaly olar dürli äheňleriň, sesleriň beýikligini we dowamlylygyny tapawutlandyrmagy öwrenýärler. Soňra adamlar äheňiň we sesleriň manylylygyny, tapawudyny we täsir edijiligini öwrenip, şonuň esasynda sesleriň özara sazlaşykly ýaňlanyşyny we olaryň biri-biri bilen özara baglanyşygyny ýüze çykarýarlar. Şeýlelikde, adamlarda heňlere, saza akyl ýetirmek duýgusy kemala gelýär we ol ýuwaş-ýuwaşdan ösüp, kämilleşip başlaýar. Biz şu pursatda ençeme wagtyň dowamynda alymlar tarapyndan öwrenilen we synagdan geçirilen saz terbiýesini bermäge degişli dürli usullaryň üstünde durup geçeliň. Ýokarda aýdylanlara baglylykda, adamlar uzak ýyllaryň dowamynda sazyň täsir edijilik güýjüni öwrenipdirler we sazyň terbiýeçilik ornuny kesgitläpdirler. Şolaryň netijesinde bolsa saz sungatyny çagalara terbiýe bermekde peýdalanmak, ulanmak üçin dürli pedagogiki usullary gözläp tapyp, ony özleriniň iş tejribelerine ornaşdyrypdyrlar. Eýsem, saz näme? Özüniň bellibir mazmunyna, pikirine eýe bolan heň bölegine, ýagny owaza *saz* diýilýär.

Häzirki zaman pedagogikasynyň talaplaryna laýyklykda, aýdym-saz sapagynda mugallym öňden özleşdirilen, synagdan geçirilen dürli usullary, tejribeleri sapakda giňden ýerlikli peýdalanmalydyr. Şol usullaryň üsti bilen mugallym sapakda okuwçylaryň saz işlerine bolan zehinini, ukybyny, başarnygyny ýüze çykarmaga çalyşmalydyr. Biziň şu günlerimizde umumy bilim berýän orta mekdeplerde aýdym-saz sapagynda okuwçylar iki topara bölünýärler. Olar saz işlerini ýerine ýetirmäge «ukyply» hem-de «ukypsyz» okuwçylardyr. Şu aýdylanlara estetiki nukdaýnazardan baha berenimizde käbir okuwçylar gözellik dünýäsiniň iň bir wajyp gerekli pudagy bolan saz sungatyna kembaha, höwessiz garaýarlar. Emma käbir alymlaryň pikirine görä, saz sungatyny söýmeýän, saz işlerini ýerine ýetirmäge ukypsyz

çaga ýokdur. Aýdym-saz sapagynda her bir okuwçynyň saza bolan ukybyny, başarnygyny ýüze çykarmak üçin mugallym sapakda en-çeme ýyllaryň dowamynda kämilleşip, biziň şu günlerimize gelip ýeten okatmagyň dürli pedagogiki usullaryny gözläp tapyp, olary sapakda ýerlikli peýdalanmagy başarmalydyr. Biz şu ýerde şeýle pursady ýadymyza salalyň. Orta mekdeplerde aýdym-saz sapagyny okatmagyň üsti bilen okuwçylara saz-estetiki terbiýäni bermegiň düýbi tutulýar. Bu bolsa okuwçylaryň aýdym-saz sapagynda dürli saz işlerini ýerine ýetirmek arkaly gözellik dünýäsine aralaşmagyna kö-mek edýär. Saz işlerini ýerine ýetirmäge (saz diňlemek, aýdym aýt-mak, saz çalmak, tans etmek we ş. m.) bolan tebigy üşük, zehinlilik – adama tebigy berlen ukyby saz ýerine ýetirijilik işlerinde peýdalanyp bilmek diýen örän inçe we çylşyrymly düşünjedir. Bu barada belli akademik B. W. Asafýew özüniň ençeme ýyllaryň dowamynda geçi-ren ylmy gözlegleriniň netijesinde käbir çagalaryň saz eşidiş ýadynyň ösen, saz işlerine bolan isleginiň, höwesiniň güýçli bolýandygyny, munuň tersine, käbir çagalarda saz işlerini ýerine ýetirmäge bolan ukyp-başarnygyň entek gowşakdygyny nygtaýar. Şeýle çagalaryň saz işlerini ýerine ýetirenlerinde saz-çeperçilik serişdelerini dogry eşidip, olary yzygider utgaşdyryp bilmäge bolan ukyp-başarnygynyň bellibir derejede kemterlik edýändigini alym öz ylmy işlerinde ýörite belläp geçýär.

Häzirki wagtda birnäçe dünýä belli psihologlar, pedagoglar, saz öwreniji alymlar bu ugur boýunça ençeme ylmy-barlag işlerini alyp barýarlar. Belli psiholog alymlar, tejribeli aýdym-saz mugal-lymlary özleriniň ylmy işlerinde her bir adamyň sazy kabul edip, ony dogry ýerine ýetirip bilmäge bolan ukybyna, zehinine degişli birnäçe wajyp pikirleri öňe sürýärler. Meselem, fortepýano çalma-gy öwretmek ugry boýunça belli saz mugallymy L. A. Barenbeým her bir adamyň sazyň ritmlerini we ses beýikliklerini dogry eşidip bilmäge bolan ukybynyň esasy alamatlary barada şeýle pikiri öňe sürýär: «Ses beýikliklerini eşitmek örän giňişleýin düşünjä eýe bol-mak bilen, ol birnäçe sazlaşykly saz sesleriniň özara baglanyşygyny dogry eşidip, dogry kabul edip bilmäge bolan ukyp-başarnykdyr. Heňleri dogry eşidip bilmek diýen düşünje diňleýän heňlerimizi

dogry kabul edip, ony dogry ýatlamaga bolan ukyplylyk bolmak bilen, soňra her bir diňlän heňlerimizi täzeden dogry gaýtalap bilmäge bolan zehinlilikdir» diýip, aýratyn belläp geçýär. Şeýle hem alym özüniň geçiren birnäçe ylmy derňewlerinde saz işlerine bolan ukybyň, zehiniň çagalarda örän ir ýüze çykýandygyny ýörite belläp geçýär. Emma saz sesleriniň özara sazlaşykly baglanyşygyny dogry eşidip, ony dogry kesgitläp bilmäge bolan ukyp käbir çagalarda giçräk ýüze çykýar. Bulardan başga hem käbir adamlarda absolýut (takyk) we otnositel (takyklyga ýakyn) eşidiş ukyby ösendir. Beýle adamlar seýrekdir. Adamlaryň saz eşidiş ukyplarynyň hataryna içki eşidiş ukyby hem girýär. Onuň düýp manysy haçanda adamyň saz diňleýän pursady onuň heň hereketleriniň hereket ediş ugruny we ritm urgularyny göz öňüne getirmek arkaly olary özüne dogry kabul edip bilmäge bolan ukybydyr. Ýa-da onuň giňişleýin manysy barada durup geçsek, adamyň saz eserini diňläp, ony içki duýgusy esasynda özüne kabul etmäge bolan ukybydyr. Şeýle hem belli psiholog alym W. M. Teplow özüniň köpýyllyk ylmy gözleglerinde adamyň saz ýerine ýetirijilik ukybyna giňişleýin häsiýetnama berdi. Ol özüniň ylmy derňewlerinde adam duýgusy bilen ýaňlanýan sazyň arasyndaky dinamiki arabaglanyşygy anyk mysallar arkaly giňişleýin açyp görkezdi. Belli alym ukybyň we duýgynyň birleşmeginde, ýaňlanýan saz eserini doly manyly eşitmäge, ony dolulygyna kabul edip we heňi dogry ýerine ýetirip bilmäge bolan ukybyň çagada örän ir emele gelýändigini özüniň ylmy gözlegleriniň netijesine bagly subut etdi.

Dürli alymlar özleriniň ylmy derňewlerinde saza bolan ukybyň, üşügiň, zehinliligiň ilkinji alamatlary diňlenilýän her bir saz eseriniň öz diňleýjisine edýän emosional täsiriniň netijesindäki ýüze çykýan duýgusy arkaly ýüze çykýandygy barada belläp geçýärler. W. M. Teplowyň pikirine görä, saza bolan ukyp-başarnygyň ilkinji alamatlary diňlenilýän saz eserindäki saz sesleriniň dürli beýikligini, dowamlylygyny duýup we ritm urgularyny dogry kesgitläp bilmekden ybaratdygy ençeme ylmy çeşmelerde bellenip geçilýär. W. M. Teplow sazy dogry kabul edip bilmäge, sesleri dogry eşidip, ony dogry ýerine ýetirip bilmäge bolan ukyby, zehinliligi, üşükliligi üç topara bölýär. Ol toparlaryň her biri özboluşly aýratynlyga eýe bolmak bilen, olar aşakdakylardan ybarat:

1. Sazyň ladyny (saz sesleriniň özara baglanyşygyny) duýmaga bolan ukyp, başarnyk, ýagny lad funksiýalaryny hem-de sazyň täsiri netijesinde emosional duýgyny başdan geçirmekdir.

2. Heňleriň hereket ediş ugry (ýokaryk, aşak) esasynda ony şekillendirip, sazy eşidip, göz öňüne getirmelerini öz islegine görä saz ýerine ýetiriş işlerinde peýdalanyp bilmäge bolan ukybydyr. Bu ýerde çaganyň ukybynyň, zehininiň ösüşiniň her bir elementi onuň saz ýadynyň we göz öňüne getirmeleriniň esasyna bagly bolup durýar.

3. Saz diňleýän pursadymyz dürli duýgulary çalt, işjeň başdan geçirmeklige bolan ukyp-başarnyk, ýagny saz ýaňlanýan pursadynda onuň ritmleriniň yzygiderliginiň aýdyňlygyny, açyklygyny duýmaga we olary täzeden ýerine ýetirip bilmäge bolan zehindir.

Şeýlelikde, saz sungatynyň emosional esasy biziň daşymyzy gurşap alan durmuşy öwrenmäge, oňa akyl ýetirmäge bolan ukyplylyk, zehinlilik we başarnykdyr. Häzirki zaman saz terbiýesiniň nazaryýeti saz işlerini ýerine ýetirmäge, sazy doly manyda kabul edip bilmäge we oňa dogry baha berip bilmäge, dürli beýiklikdäki saz seslerini dogry eşidip, olary dogry ýerine ýetirip bilmäge bolan ukyba, zehinlilige, başarnyga kesgitli bir görnüş hökmünde garaýar. Şeýle hem häzirki zaman saz terbiýesinde saz işleriniň ähli ugurlaryna bolan zehinliligi, ukyby, başarnygy biri-birlerinden bölüp aýyrman, eýsem olaryň arasyndaky baglanyşygyň esasynda ählisi birleşip, bilelikde saz işlerini amala aşyrýandygy bellenilýär. Zehinliligiň, ukybyň, başarnygyň haýsy hem bolsa biri saz çalmakda, sazy doly manyly kabul edip, saz seslerini dogry eşidip, duýup bilmekde esasy serişde bolup hyzmat etse, beýleki biri täze bir görnüşde dürli saz işlerini ýerine ýetirmekde gatnaşyjy serişde hökmünde ýüze çykýar. Meselem, aýdym-saz sapagynda saz diňleýän wagtymyz okuwçylara owazyň (sazyň) ses beýiklik hereketlerini (saz ýaňlanyp başlanda saz sesleriniň aşak-ýokaryk hereket ediş ugurlaryny) dogry kesgitläp, saz sesleriniň biri-birileri bilen goşulyşyp, sazlaşykly ýaňlanyşyny dogry eşitmegiň esasynda, çagada örän inçe, çylşyrymly ukyp-duýgy başarnygy, ýagny içki eşidiş ukyby, zehini ýüze çykýar we ol kämilleşýär. Bu bolsa okuwçynyň saz seslerini dogry eşidip bilmeginiň esasy bolan saz ýadynyň we göz öňüne getirmesiniň ösmegine itergi berýär.

Okuwçynyň sazy dogry ýerine ýetirip, saz seslerini dogry eşidip, duýup bilmäge bolan zehin, ukyp, üşük, duýgy başarnygynyň toplumy aýdym-saz sapagynda saz işleriniň işjeň alnyp barylmagynyň esasynda ýüze çykýar. Aýdym-saz sapagynda çaganyň saz sungatyna bolan gyzyklanmasy, islegi we ösen saz eşidiş ukyby onuň saz işlerine bolan zehin-başarnygyndan habar berýär. Bu bolsa çaganyň saz işlerini ýerine ýetirmekde ýüze çykýan üşük aňyýetiniň ösüşi bilen esaslandyrylýar. Biziň bilşimiz ýaly, çaga entek enesiniň garnyndaka olara dürli nusgawy saz eserlerini diňletmek maslahat berilýär. Sazyň täsiri netijesinde çagada rahatlyk, şadyýanlyk, dürli hereketler ýüze çykýar. Çaga dünýä inenden soňra, oňa diňledilýän täsirli hüwdüler çagajygy rahatlandyrýar we ony hüwdini diňlemäge mejbur edýär. Birnäçe alymlar özleriniň ylmy işlerinde çagalarda saz eşidiş ukybynyň örän ir ýüze çykýandygyny özleriniň gözleglerinde tassyk edýärler. Bu ugur boýunça birnäçe ylmy gözlegleri amala aşyran belli alymlar (M. N. Borisowa, I. N. Neçaýewa) «Çagada üç aýlyk döwründe saz guralynda oktawalaryň seslerini dogry tapawutlandyrmaga we sesleriň ýaňlanyşyny duýmaga bolan ukyp, zehin ýüze çykýar. Ýedi aýlyk çagalar bolsa ton we ýarym tonlary tapawutlandyryp bilýärler. Bu baglanyşyk çagalarda has-da çylşyrymly saz serişdelerini, ýagny saz sesleriniň dürli beýikliklerini, saz sesleriniň labzyny, saz sesleriniň dowamlylygyny tapawutlandyrmaga bolan ukybyň bardygyny tassyk edýär» diýip, özleriniň ylmy işlerinde belläp geçýärler. Çaganyň saz ladyny (saz sesleriniň özara sazlaşykly baglanyşygyny) we ritm urgularyny dogry kesgitläp bilmäge bolan duýgulary olaryň aňyýetiniň ýaş aýratynlygyna görä, dürli basgançaklar esasynda ösüp kemala gelýändigi aýratyn bellenilmelidir. Ýagny çagalaryň saz işlerini ýerine ýetirmäge, sazy doly manyly kabul etmäge bolan ukybyna we zehinine bagly olarda ýüze çykýan zehin-ukybyň, üşügiň esasy alamatlary aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Çagalaryň diňleýän saz eserlerine doly manyly akyl ýetirip, oňa düşünip bilmäge bolan ukyby (sazy ünsli diňlemek we saz eserlerinde çeper keşpleriň ösüşinde dürli duýgulary başdan geçirmek).

2. Differensiallyk ukyby - sazyň aýdyň, takyk, täsirli serişdelerini tapawutlandyryp bilmäge bolan ukyby.

3. Çagalaryň saz ýerine ýetirijilik ukyby - aýdym aýdanda sesleriň, äheňleriň arassalygyny duýup bilmek, saz guralynda saz çalnanda perdelerde saz seslerini dogry eşidip, olary sazlaşykly goşup çalyp bilmäge bolan ukyby.

4. Aýdym-sazly oýunlary, tanslary sahnalaşdyrmakda olary döredijilikli göz öňüne getirmäge bolan ukyby.

Çagalara saz eserleri näçe köp diňledilse, olarda *mažor* we *minor* ladlaryny tapawutlandyrmaga bolan zehin-başarnyk has-da güýçli ýüze çykýar. Şu ýerde çagalaryň mažor we minor ladlaryny tapawutlandyrmaga bolan ukybynyň iki sany esasy aýratynlygyny belläp geçmek hökmanydyr:

- çagalaryň saz eserleriniň lad beýiklik gatnaşygyny duýmaga, şekillendirmäge we göz öňüne getirip, olary tapawutlandyryp bilmäge bolan ukyby;

- çagalaryň saz eserleriniň mazmuna doly manyly we has çuňňur düşünmekligine, diňleýän saz eserleriniň ritm urgularyny göz öňüne getirmek arkaly olary tapawutlandyryp bilmäge bolan ukyby.

Şeýle hem bu ýerde çaganyň saza bolan zehinine, üşük-ukybyna umumy häsiýetnama berlende, çaganyň takyk ýerine ýetirýän bellibir saz işlerindäki (saz diňlemek, saz ýerine ýetirijilik we döredijilik işleri) ukyp-başarnygyna seredip geçmek hökmanydyr.

Şeýlelikde, okuwçylar aýdym-saz sapagynda hem-de özleriniň özbaşdak ýerine ýetirýän saz işlerinde, saz eserleriniň mazmunyna dogry düşünmek arkaly oňa duýgudaşlyk bildirýärler. Ençeme ylmy çeşmelerde bu pursat okuwçylarda dürli emosiýalaryň ýüze çykmagy, olarda saz eserleriniň manysyna dogry düşünip, ony duýmaga bolan ukyp-başarnygyň, zehiniň kemala gelmegi we onuň kämilleşmegi diýlip bellenilýär.

### Soraglar we ýumuşlar

1. Aýdym-saz sapagy sungatyň görnüşi bolmak bilen, onuň özboluşly häsiýet aýratynlygyny aýdyňlaşdyryň.

2. Orta mekdeplerde okuwçylara estetiki terbiýe bermekde we olary ählitaraplaýyn ösdürmekde aýdym-saz dersiniň ornuny kesgitläň.

3. Okuwçylaryň ahlak keşbini kemala getirmekde, olary beden we

aňyýet taýdan sazlaşykly ösdürmekde aýdym-saz dersiniň ähmiýetini düşün-diriň.

4. Okuwçylaryň saz sungatyna bolan ukyp-başarnyklaryny ýüze çykarmagyň esasy alamatlary nämeden ybarat?

5. Saz eserleriniň mazmuny bilen bagly okuwçylaryň pikirlenmek ukyplaryny, duýgy alamatlaryny ýüze çykarýan saz eserler toplumynyň görnüşlerini kesgitläň.

6. Okuwçylary saz-estetiki taýdan ählitaraplaýyn sazlaşykly ösdür-mekde aýdym-saz dersiniň nähili aýratynlyklary bar?

7. Kompozitorlar tarapyndan çagalar üçin döredilen aýdymlaryň gurluşyny, mazmunyny seljeriň.

8. Sapakda we sapakdan daşary alnyp barylýan saz işleriniň häsiýetine baglylykda olara umumy baha beriň.

# II BAP. AÝDYM-SAZ DERSINI OKATMAGYŇ USULYÝETI

## §1. Orta mekdeplerde aýdym-saz dersini okatmagyň maksady, ähmiýeti we wezipesi

Pedagogika ylmy ders bolmak bilen, onuň öňünde durýan esasy maksat saýlanyp alnan dürli pedagogiki usullaryň üsti bilen biziň geljegimiz bolan ýaş nesli ählitaraplaýyn ösen, ylymly-bilimli, jemgyýete peýdaly şahsyýetler edip kemala getirmekden we olary terbiýelemekden ybaratdyr. Şu maksat bilen orta mekdepleriň okuw maksatnamasyna girizilen aýdym-saz dersi dürli saz çeperçilik serişdeleriniň üsti bilen mekdep okuwçylaryny ählitaraplaýyn ösdürmegi we olary maksadaokgunly şahsyýetler edip ýetişdirmegi maksat edinýär. Aýdym-saz sapagynda şahsyýeti kemala getirmek we ony terbiýelemek diýen düşünje aýdym-saz sapagynda ýerine ýetirilýän saz işleriniň dürli görnüşleriniň täsiri netijesinde okuwçylaryň ählitaraplaýyn ösüşini işjeňleşdirmekdir. Şeýlelikde, orta mekdeplerde ýörite okuw dersi hökmünde okadylýan aýdym-saz sapagynyň esasy maksady häzirki zaman saz pedagogikasynyň talaplaryna laýyklykda, ählitaraplaýyn ösen şahsyýetiň ruhy medeniýetiniň bir bölegi bolan saz medeniýetini kemala getirmekden ybaratdyr.

Usulyýet pedagogika ylmynyň esasy ugry bolmak bilen, ol haýsy hem bolsa bir okuw dersiniň umumy okadylyş düzgünlerini öwrenýär we ony bize öwredýär.

Orta mekdeplerde aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýeti okatmagyň özbaşdak, aýratyn usulyna eýe bolmak bilen, dürli saz serişdeleriniň üsti bilen mekdep okuwçylaryna ählitaraplaýyn bilim we terbiýe bermegi öwrenýär hem-de ony öwredýär.

Aýdym-saz sapagynda mekdep okuwçylaryna saz terbiýesini bermek ösüp barýan ýaş nesle estetiki terbiýe bermegiň usulyýetini ulanmagyň esasynda amala aşyrylýar. Aýdym-saz sapagynda dürli saz serişdeleriniň üsti bilen biziň daşymyzy gurşap alan dünýämi-

ze bolan estetiki gatnaşygymyzy şöhlelendirmek, şol esasda bolsa okuwçylaryň daşky dünýä bolan estetiki duýgusyny kemala getirmek, oňa akyl ýetirmegi öwretmek saz terbiýesini bermegiň esasy borjudyr. Orta mekdeplerde aýdym-saz dersini okatmak okadylýan her bir beýleki okuw dersleri bilen birlikde, pedagogikanyň okuwçylaryň ýaş aýratynlyklary ugry bilen baglanyşdyrylyp geçilýär. Aýdym-saz sapagynda okuwçylara gözellik terbiýesini bermekde sapakda alnyp barylýan saz işleriniň dürli görnüşlerini saz döredijiliginiň ähli ugurlary bilen utgaşdyryp alyp barmak bu okuw dersiniň esasy ugry hasap edilýär. Orta mekdeplerde aýdym-saz dersini okatmagyň üsti bilen okuwçylaryň saz döredijilik işlerine bolan özbaşdak çemeleşmelerini, olaryň çeper döredijilik işleriniň dürli görnüşlerine bolan gyzyklanmalaryny, isleglerini kemala getirmek we ony ösdürmek göz öňünde tutulýar. Aýdym-saz sapagynda mugallymyň öňünde durýan esasy maksat okuwçylaryň saz işleriniň dürli ugurlaryna bolan ukybyny, başarnygyny ýüze çykarmakdan we ony ösdürmekden ybaratdyr. Munuň üçin mugallym ilki bilen sapakda her bir okuwçynyň saza bolan ukybyny, başarnygyny ýüze çykarmaga çalyşmalydyr. Soňra ol okuwçylaryň saz işlerine bolan ukyp-başarnyklaryny dürli pedagogiki usullaryň üsti bilen ösdürmegi göz öňünde tutmalydyr. Şulara laýyklykda, mugallym sapakda aşakdaky alamatlardan ugur almalydyr:

1. Okuwçylaryň aýdym-saz sapagynda öwrenýän saz eserleriniň häsiýetini duýup bilmeklerini, olaryň saz eserine bolan emosional gatnaşygyny ýüze çykarmaly hem-de olaryň saz eserlerinde beýan edilýän saz keşplerine düşünmäge bolan başarnyklaryny kemala getirmeli.

2. Okuwçylaryň sazy diňläp bilmek başarnygyny, ýagny okuwçylaryň diňleýän saz eserleriniň mazmunyny seljerip bilmeklerini, saz eserleriniň ýerine ýetirilişini dogry bahalandyryp bilmäge bolan ukyplaryny ösdürmeli.

3. Okuwçylaryň sapakda öwrenilýän saz eserlerine bolan döredijilik gatnaşygyny ösdürmeli (aýdym aýdyp bilmegi, tans etmegi, saz gurallarynda saz çalyp bilmegi we ş. m.), olaryň döredijilik başarnygyny ýüze çykarmaly.

Ýokarda bellenilen ugurlaryň ählisi mugallym tarapyndan dogry anyklansa, olar dogry ösdürilse, okuwçylaryň saza bolan emosional

gatnaşyklary hem ýüze çykýar. Ýuwaş-ýuwaşdan okuwçylaryň saz eşidiş ukyby kämilleşýär, olaryň saz işlerini ýerine ýetirmäge bolan döredijilikli göz öňüne getirmeleri kemala gelýär. Şularyň netijesinde okuwçylaryň saz işlerine bolan gyzyklanmasy, islegi ýüze çykýar we ol kämilleşip, ösüp başlaýar. Mundan başga hem sapakda öwrenilýän dürli mazmunly saz eserleri okuwçylaryň ahlak taýdan keşpleriniň kämilleşmegine hem örän oňat kömek edýär. Ýagny sapakda öwredilýän aýdym-saz eserleri okuwçylaryň duýgularyna ählitaraplaýyn täsir etmek arkaly olaryň ruhy dünýäsini gözelleşdirýär. Biziň bilşimiz ýaly, käbir ýagdaýlarda çagalara terbiýe berlende dürli usullar ulanylýar (söz bilen haýbat atmak ýa-da çäre görmek ýaly usullar). Bu bolsa köp halatlarda oňat netije bermeýär, tersine, ol çagalara ýaramaz täsir edýär. Şonuň üçin hem dürli terbiýeçilik işlerinde sungat eserleriniň, sport çäreleriniň, dürli aýdym-sazlaryň üsti bilen çagalara täsir etmek mümkindir. Has dogrusy, okuwçylara terbiýe bermegiň maksadyny dogry kesgitlemelidir. Köp halatlarda köpçülik bolup aýdym aýtmagyň, sazly oýunlary oýnamagyň hem çagalara terbiýe bermekdäki ähmiýeti örän uludyr. Meselem, köpçülik bolup ýerine ýetirilýän saz işleri okuwçylaryň ählisiniň bir zat barada, ýagny olaryň ählisi bilelikde bellibir aýdymy ýa-da tansy, dürli häsiýetdäki oýunlary dogry ýerine ýetirmek barada oýlanýarlar. Bu bolsa okuwçylarda biri-birlerini goldamak, biri-birlerine kömek etmek ýaly aýratyn düşünjeleriň ýüze çykmagyna we onuň kämilleşmegine kömek edýär. Şeýlelikde, aýdym-saz sapagy okuwçylaryň ahlak taýdan arassa, kämil adamlar bolup ýetişmeklerinde bahasyna ýetip bolmajak serişde bolup hyzmat edýär. Aýdym-saz sapagynda gezekleşdirilip geçilýän saz işleri (aýdym aýtmak, saz gurallarynda saz çalmak, tans etmek, saz diňlemek we ş. m.) okuwçylaryň umumy saz medeniýetiniň ösüp kemala gelmegine oňaýly täsir edýär.

Sapakda saz işleriniň dürli görnüşlerini ýerine ýetirmegi öwretmek okuwçylaryň saz sungatynyň dürli ugurlary barada düşünje almaklaryna kömek edýär. Sapakda ýerine ýetirilýän saz işleriniň dürli görnüşleri okuwçylaryň aňyýetini ösdürmegiň hem gerekli serişdesi hasap edilýär. Ýagny sapakda okuwçylaryň ýerine ýetirmekleri, diňlemekleri üçin dürli mazmunly saz eserleri hödürlenilýär. Bu bolsa okuwçylaryň sapakda öwrenilýän saz eseri barada oýlanmaklaryny,

üns bermeklerini, eseriň mazmuny baradaky pikirini jemläp bilmeklerini talap edýär. Sapakda bu meseläni çözmekde mugallymyň okuwçylara täsiri örän uly bolmalydyr. Ýagny mugallym saz eseri ýaňlanyp başlan wagtyndan onuň beýikligine, açar belgilerine, saz sesleriniň meňzeşliklerini deňeşdirip bilmeklerine, çeper döredijilik keşpleriniň tapawutlaryna okuwçylaryň ünsüni çekip, olary ýokarda bellenen ugurlar barada oýlanmaga ugrukdyrmalydyr. Şeýlelikde, okuwçylar ilkinji gezek mugallymyň kömegi bilen saz eseriniň umumy häsiýeti, onuň beýikligi, açar belgileri, aýdymlaryň edebi teksti we saz çeperçilik serişdeleri barada akylly-başly oýlanyp başlaýarlar. Bu bolsa okuwçylaryň aňyýetiniň ösüşiniň işjeňleşmegine kömek edýär.

Mugallym sapakda okuwçylaryň estetiki we akyl taýdan ösüşini işjeňleşdirmek üçin olarda bar bolan kemçiliklere garamazdan, okuwçylaryň ýerine ýetirýän döredijilik işlerini goldap, olara kömek bermelidir. Bu usul okuwçylaryň şol ugra bolan gyzyklanmalaryny işjeňleşdirýär. Şuňa baglylykda mugallym sapakda okuwçylaryň her birine döredijilik ýumuşlaryny tabşyrmalydyr we ol okuwçylaryň tabşyrylan ýumuşlary ýerine ýetirişlerine gözegçilik etmelidir. **Döredijilik ýumşy** täze aýdymyň heňini öwrenmek, sözlerini ýat tutmak, tans hereketlerini öwrenmek, sazy diňläp, onuň mazmunyna görä hekaýa düzmek, täze heňleri döretmeklige ugrukdyrmak ýaly ýumuşlary özüne birleşdirýär.

Sapakda ýerine ýetirilýän saz işleriniň dürli görnüşleri okuwçylary beden taýdan sagdyn ösdürmegiň esasy serişdesi hasap edilýär. Aýdym-saz diňlenýän mahalynda dürli beýiklikdäki saz sesleri, sazyň ritm urgulary adam bedenine güýçli täsir etmek arkaly, onuň gan aýlanyşyny üýtgedýär, ýürek urgularyna täsir edýär, dem alşyna baglylykda olarda dürli emosional reaksiýalary ýüze çykarýar (begendirýär, gynandyrýar, tolgundyrýar).

Ýokarda bellenilen alamatlar belli alym B. M. Behterow tarapyndan ylmy taýdan subut edildi. Şeýle hem alym P. N. Anohin çaganyň entek dünýä inmänkä, ýagny onuň enesiniň göwresindekä sazyň çaga edýän täsiri we onuň terbiýeçilik ähmiýeti barada birnäçe ylmy açyşlar etdi.

Eýsem, aýdym-saz sapagynda alnyp barylýan saz işleri okuwçylaryň beden taýdan sagdyn ösmegine nähili täsir edýär? Meselem,

okuwçylar aýdym aýdýan wagtlarynda olaryň ses apparatlary (damagy, sesleriň beýnide, ýaňakda, döşde ýaňlanyşy) ösýär. Olaryň damagyndaky ses sapajyklary berkeýär, gepleýşi işjeňleşýär, dem alşy çuňlaşýar. Sapakda okuwçylar aýdym aýtmagy öwrenýän wagtlary mugallym okuwçylaryň sesleriniň üstünde dogry işlän ýagdaýynda olaryň sesleri has-da kämilleşýär. Aýdym-saz sapagynda okuwçylara dürli häsiýetdäki tanslary ýerine ýetirmek öwredilýär. Olar sapakda saza goşup, dürli görnüşli tans hereketlerini ýerine ýetirýärler. Bu bolsa okuwçylaryň elleriniň, aýaklarynyň, bütin beden hereketleriniň ýeňil, owadan bolmagyna özüniň täsirini ýetirýär. Sapakda okuwçylar aýdym aýdanlarynda ýa-da tans hereketlerini ýerine ýetirenlerinde olaryň hereketleriniň owadan bolmagyna, sesleriniň ýaňlanyşyna mugallym tarapyndan gözegçilik edilmelidir. Bu işleriň ählisi okuwçylaryň beden taýdan sagdyn ösmegine oňaýly täsir edýär.

Biziň öňden belleýşimiz ýaly, mekdep okuwçylaryna **saz terbiýesini bermegiň esasy maksady** okuwçylara diňe bir aýdym aýtmagy, tans etmegi, saz gurallarynda saz çalmagy, saz diňlemegi öwretmek bolman, eýsem saz çeperçilik serişdeleriniň üsti bilen jemgyýete peýdaly şahsyýetleri terbiýelemekden ybaratdyr.

Şeýlelikde, **aýdym-saz sapagynyň terbiýeçilik ähmiýeti** saz işleriniň dürli görnüşleriniň üsti bilen okuwçylary ählitaraplaýyn sazlaşykly terbiýelemekden we ösdürmekden ybaratdyr (estetiki taýdan, moral-ahlak taýdan, akyl-başarnygy we fiziki taýdan).

Ýokarda bellenilen görnüşleriň netijesine görä, biz **saz terbiýesiniň wezipesini kesgitleýäris:**

1. Okuwçylarda saza bolan islegi we gyzyklanmany kemala getirmek, ony ösdürmek.

2. Dürli keşpli saz eserleriniň üsti bilen okuwçylara sazyň täsir edijiligini ýüze çykarmak we ony baýlaşdyrmak.

3. Okuwçylaryň saz sungaty baradaky ýönekeý düşünjelerini has-da giňeltmek arkaly olaryň saz diňlemek, aýdym aýtmak, tans etmek, saz gurallarynda saz çalmak ugurlary boýunça endiklerini kemala getirmek.

4. Okuwçylaryň emosional duýgularyny (saz eserlerine bolan emosional gatnaşygyny), ritm duýgularyny ösdürmek, seslerini we tans hereketlerini (aýdym aýtmakda we tans etmekde) kemala getirmek.

5. Aýdym-saz sapagynda okuwçylara saz sowadynyň ýönekeý ugurlaryny öwretmek, kompozitorlaryň, bagşy-sazandalaryň ömri we döredijiligi barada düşünje bermek.

6. Saz işleriniň dürli görnüşleriniň üsti bilen okuwçylaryň döredijilik işlerine bolan işjeňligini ýüze çykarmak we ony ösdürmek.

Ýokarda bellenilen kesgitleme mekdep okuwçylarynyň ähli synplaryna degişli bolmak bilen, ol okuwçylaryň ähliţaraplaýyn sazlaşykly ösüşini ýüze çykarýar. Bularyň ählisi aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýetiniň maksadyny, wezipesini we ähmiýetini aýdyňlaşdyrýar.

## §2.Orta mekdeplerde aýdym-saz dersini okatmagyň okuw maksatnamasy

Orta mekdeplerde aýdym-saz dersini okatmagyň okuw maksatnamasy ýörite mekdep okuwçylaryna maksadalaýyk saz terbiýesini bermäge we olary ähliţaraplaýyn ösdürmäge niýetlenip taýýarlanylýar. Orta mekdeplerde okuwçylaryň saz işleriniň dürli ugurlaryna bolan ukyp-başarnyklaryny ösdürmek, olaryň saz işlerine bolan isleglerini, gyzyklanmalaryny kemala getirmek aýdym-saz dersini okatmak üçin ýörite işlenip taýýarlanan okuw maksatnamasynyň esasynda alnyp barylýar.

Orta mekdeplerde okuwçylara saz terbiýesini bermek maksady bilen ençeme ýyllaryň dowamynda birnäçe alymlardyr tejribeli mekdep mugallymlary tarapyndan ýörite okuw maksatnamalary taýýarlanylýar. Orta mekdeplerde aýdym-saz dersini okatmak üçin ýörite okuw maksatnamasyny taýýarlamak göz öňünde tutulýar. XX asyryň birinji ýarymynda belli alym L. W. Grodzenskaýa bilen birnäçe tejribeli aýdym-saz mugallymlary bilelikde dürli ýyllaryň dowamynda ençeme synag-tejribe işlerini alyp barýarlar. Olar aýdym-saz dersini okatmagyň ýörite okuw maksatnamasyny taýýarlamakda aýdym-saz eserleriniň dürli görnüşlerini saýlap alýarlar hem-de ol saz eserlerini öz synag-tejribe işlerinde peýdalanmak arkaly saz eserleriniň terbiýeçilik ähmiýetini kesgitleýärler. Soňra bolsa alymlardyr tejiribeli aýdym-saz mugallymlary dürli mazmunly saz eserlerini saýlap alyp,

olary sapakda peýdalanmak maksady bilen, ýörite okuw maksatnamasyny işläp düzmegi göz öňünde tutýarlar. Ýöne, gynansak-da, bu çylşyrymly işi amala aşyrmak birbada alymlara başartmaýar.

Görnükli sazanda, pedagog, kompozitor we jemgyýetçilik işgäri D. B. Kabalewskiý häzirki zaman saz terbiýesini bermegiň ösüşine ägirt uly goşant goşýar. Geçen asyryň 1970-nji, 1980-nji ýyllary aralygynda belli alymyň ýolbaşçylygynda orta mekdeplerde aýdym--saz sapagyny okatmak üçin ýörite synag okuw maksatnamasy taýýarlanylýar. Onuň taýýarlan okuw maksatnamasyna dürli alymlardyr tejribeli aýdym-saz mugallymlary ýokary baha berýärler. D. B. Kabalewskiniň ýolbaşçylygynda taýýarlanan bu okuw maksatnamasy ençeme ýyllaryň dowamynda aýdym-saz dersini okatmakda gerekli okuw serişdesi bolup hyzmat edýär.

Türkmenistan döwleti özüniň Garaşsyzlygyna eýe bolandan soň, beýleki ugurlar bilen birlikde, ýurtda ylym-bilim ulgamyny kamilleşdirmegiň, ony döwrebaplaşdyrmagyň zerurlygy ýüze çykdy. Şu nukdaýnazardan, aýdym-saz dersini okatmak ugry boýunça iş alyp barýan alymlarymyzdyr tejribeli aýdym-saz mugallymlarymyz D. B. Kabalewskiniň ýolbaşçylygynda işlenip taýýarlanylan okuw maksatnamasyndan ugur alyp, Türkmenistan döwletiniň orta mekdeplerinde aýdym-saz dersini maksadalaýyk okatmak, ösüp gelýän ýaş nesle döwrebap bilim, terbiýe bermek maksady bilen, ýörite okuw maksatnamasyny taýýarladylar.

Türkmenistanyň orta mekdeplerinde maksadalaýyk saz terbiýesini bermek maksady bilen, «Orta mekdepleriň 1–5-nji synplary üçin aýdym-saz dersi boýunça okuw maksatnamasy» atly maksatnamany taýýarlamakda kompozitor K. Garowow, bu ugur boýunça ýörite hünärmenler G. Gurbanmyradow, O. Soltanowa, Ş. Meredekäýew dagylar uly tagalla etdiler. Orta mekdeplerde aýdym-saz dersini okatmak üçin olaryň taýýarlan okuw maksatnamasy Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanylyp, 2007-nji ýylda çapdan çykdy.

Okuw maksatnamasynda özleşdirmeklige niýetlenilip hödürlenýän dürli mazmunly temalar çärýekler boýunça bölünip, ol temalar okuwçylaryň ýaş aýratynlyklary we ýerine ýetirip bilijilik mümkin-

çilikleri göz öňünde tutulyp saýlanyp alnypdyr. Okuw maksatnamasynda aýdym-saz dersini okatmagyň aşakdaky talaplaryny berjaý etmek maksadalaýyk hasap edilýär:

1. Okuw maksatnamasynyň mazmuny döwür bilen ýakyn arabaglanyşykda bolmalydyr. Maksatnamada hödürlenilýän temalaryň ählisi, saz eserleriniň mazmuny, okuw sapagynyň gurluşy, okatmagyň usuly aýratynlyklary pedagogika ylmynyň häzirki zaman talaplaryna doly laýyk gelmelidir.

2. Okuwçylaryň saz işleriniň dürli görnüşlerine bolan islegi we gyzyklanmalary maksatnamanyň yzygiderliligine laýyklykda ýuwaş-ýuwaşdan ösdürilip, ol şahsyýeti kemala getirmäge gönükdirilmelidir.

3. Okuw maksatnamasynyň ähli materiallary saz işleriniň görnüşlerine laýyklykda bölünmek bilen, onda okuwçylaryň ýaş aýratynlyklary we olaryň ýerine ýetirip bilijilik ukyplary hem-de başarnyklary göz öňünde tutulmalydyr.

Ýokarda görkezilen ugurlaryň ählisi okuwçylara saz terbiýesini bermegiň esaslaryny we olaryň gözellige bolan islegini, gyzyklanmasyny ýüze çykarmalydyr. Okuw maksatnamasynda okuwçylaryň sapakda ýerine ýetirmekleri üçin hödürlenilýän saz işleriniň dürli ugurlaryny («Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar», «Diňlemek üçin saz eserleri», «Nota boýunça aýtmak», «Saza laýyk hereketler», «Saz guralynda çalmak» diýen ugurlary) özünde jemleýär.

2013-nji ýyldan başlap, Türkmenistan döwletinde onýyllyk orta mekdeplerde okuw ýylynyň möhleti 12 ýyla çenli uzaldyldy. Şol sebäpli hem Diýarymyzyň orta mekdeplerinde okadylýan ähli dersleriň okuw maksatnamalary täzeden işlenip taýýarlanyldy hem-de olaryň mazmuny kämilleşdirildi. Şeýlelikde, orta mekdeplerde okadylýan ähli okuw dersleri bilen birlikde, aýdym-saz dersini okatmagyň okuw maksatnamasy hem täzeden işlenip taýýarlanyldy.

Maksatnamany düzüjiler: kompozitor K. Garowow, O. Meläýewa, G. Gurbanmyradow, Ş. Meredekäýew. Okuw maksatnamasynda çärýekler boýunça öwrenmäge hödürlenýän temalar pedagogikanyň talaplaryna laýyklykda maksadalaýyk saýlanyp alnypdyr. Maksatnamanyň başynda orta mekdeplerde aýdym-saz dersini okatmagyň maksady, ähmiýeti we onuň wezipesi giňişleýin açylyp görkezilýär.

Okuw maksatnamasynyň başynda okuwçylaryň aýdym-saz dersi boýunça bilimlerini we başarnyklaryny bahalandyrmagyň ölçegleri görkezilýär. Bu bolsa aýdym-saz dersi boýunça täzeden işlenen okuw maksatnamasynyň esasy aýratynlygydyr. Şeýle hem okuw maksatnamasyna laýyklykda, ähli synplaryň her bir çärýeginiň soňunda özleşdirilen temalar boýunça umumylaşdyryjy sapak geçmek göz öňünde tutulýar. Her bir synpyň 4-nji çärýeginiň soňunda 1-nji, 2-nji, 3-nji, 4-nji çärýeklerde geçilen temalar boýunça jemleýji sapak geçmek hödürlenilýär. Mundan başga-da ähli synplaryň 4-nji çärýeginiň soňunda okuwçylaryň aýdym-saz dersi boýunça alan bilimlerine we başarnyklaryna bildirilýän talaplaryň sanawy okuw maksatnamasyna girizilipdir.

2013-nji ýylda çapdan çykan täze okuw maksatnamasynda sapakda alnyp barylmaly saz işleriniň «Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar», «Diňlemek üçin saz eserleri» diýen ugurlarynyň atlary hem-de mazmuny öňküligine galdyrylypdyr.

Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar – bu ugur mekdep okuwçylaryna maksadalaýyk saz terbiýesini bermegiň, olary dürli mazmunly aýdymlaryň üsti bilen terbiýelemegiň we ösdürmegiň esasy hasap edilýär. Okuw maksatnamasyna laýyklykda, okuwçylara sapakda aýdym aýtmagy öwretmek 1-nji synpyň 1-nji çärýeginden 5-nji synpyň 4-nji çärýegi aralygynda alnyp barylýar.

Diňlemek üçin saz eserleri orta mekdepleriň aýdym-saz sapagynda alnyp barylýan saz işleriniň esasy görnüşi bolmak bilen, ol okuwçylaryň eşidişini, ýadyny, kabul edijiligini, göz öňüne getirmesini hem-de aňyýetini ösdürmäge, saz sungatyna bolan islegini, gyzyklanmalaryny kemala getirmäge ýardam edýär. Bu ugur hem okuw maksatnamasyna laýyklykda, 1-nji synpyň 1-nji çärýeginden, 5-nji synpyň 4-nji çärýegi aralygynda alnyp barylyar.

Muňa garamazdan, saz işleriniň käbiriniň atlary üýtgedilip, olaryň mazmuny has-da kämilleşdirilipdir. Meselem, saz işleriniň «Nota boýunça aýtmak» diýen ugrunyň ady «Notalar bilen tanyşmak we nota boýunça aýtmak» diýlip üýtgedilipdir. Okuw maksatnamasyna laýyklykda, bu ugur 2-nji synpyň 3-nji çärýeginden 5-nji synpyň 4-nji çärýeginiň soňuna çenli alnyp barylýar. Öňki okuw maksatna-

masyndaky saz işleriniň «Saza laýyk hereketler» diýen ugrunyň ady täze okuw maksatnamasynda «Saza laýyk ritmiki hereketler» diýlip atlandyrylypdyr. Bu ugur hem täze okuw maksatnamasyna laýyklykda, 1-nji synpyň 1-nji çärýeginden, 4-nji synpyň 3-nji çärýeginiň ahyryna çenli sapakda özleşdirmäge hödürlenilýär. Öňki okuw maksatnamasyndaky saz işleriniň «Saz guralynda çalmak» diýen ugrunyň ady täze okuw maksatnamasynda 1-nji synpyň ähli çärýeklerinde «Saz gurallary bilen tanyşmak» diýlip atlandyrylýar. 2-nji synpyň 1-nji çärýeginden 4-nji synpyň 4-nji çärýeginiň ahyryna çenli geçilýär. Ol «Sesleriň görnüşleri we saz gurallary bilen tanyşmak» diýlip atlandyrylýar.

Şeýle hem aýdym-saz dersini okatmagyň okuw maksatnamasyna saz işleriniň täze ugurlary goşulypdyr. Meselem, 1-nji synpyň 2-nji çärýegine «Kompozitor barada düşünje bermek» diýlen täze ugur girizilipdir. Bu ugur boýunça okuwçylara kompozitorlaryň ömri we döredijiligi barada düşünje bermek göz öňünde tutulýar. 2-nji synpyň 1-nji çärýeginde saz işleriniň «Türkmen kompozitorlarynyň döredijiligi bilen tanyşmak» diýen saz işleriniň täze ugry okuw maksatnamasyna goşulypdyr. Bu synpyň 3-nji çärýegine saz işleriniň «Rus aýdymlary bilen tanyşmak», 4-nji çärýegine bolsa saz işleriniň «Daşary ýurt kompozitorlarynyň döredijiligi bilen tanyşmak» diýen ugurlary goşulypdyr.

5-nji synpyň 1-nji, 2-nji, 3-nji çärýekleriniň okuw maksatnamasyna saz işleriniň «Diňlemek we bilelikde ýerine ýetirmek» diýen ýene-de bir ugry goşulypdyr. Bu ugur boýunça okuwçylara köpçülik bolup aýdylýan aýdymlary diňlemegi we aýdymlary hor bolup bilelikde ýerine ýetirmegi öwretmek maksat edilýär.

Okuw maksatnamasynda hödürlenýän saz eserler toplumy okuwçylaryň aýdym-saz sapagynda öwrenmekleri üçin hödürlenýän saz eserler toplumyny özünde jemleýär. Olar özüniň saz gurluş aýratynlygyna laýyklykda, mazmun taýdan kämil saz eserleri bolmak bilen, pedagogikanyň talaplaryna doly gabat gelmelidir. Okuw meýilnamasyna girizilen saz eserler toplumy terbiýeçilik ähmiýetli birnäçe saz çeperçilik serişdelerini özünde jemleýär. Okuw maksatnamasynda öwrenmäge hödürlenýän saz eserleriniň her biri okuwçylaryň

biziň daşymyzy gurşap alan durmuşa bolan estetiki garaýyşlaryny kämilleşdirmegi, ösdürmegi göz öňünde tutýar.

Görşümiz ýaly, umumy orta bilim berýän mekdeplerde aýdym-saz dersini okatmak üçin 2007-nji ýylda çap edilen okuw maksatnamasyndan, 2013-nji ýylda işlenip taýýarlanan okuw maksatnamasy sapakda öwrenmäge hödürlenýän temalaryň yzygiderliligi, mazmuny, saz işleriniň görnüşleri, atlary boýunça düýpli tapawutlanýar. Bu aýratynlyklar bolsa okuwçylara saz terbiýesini bermekde möhüm meseleleri çözmegi özüne maksat edinýär.

Şeýlelikde, orta mekdeplerde aýdym-saz dersini okatmagyň okuw maksatnamasy mekdep okuwçylaryna saz terbiýesini bermegiň möhüm serişdesi bolup hyzmat etmelidir.

## §3. 1-nji synpda aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýeti

Orta mekdepleriň 1-nji synpynda aýdym-saz sapagynyň okadylyp başlanmagy mekdep okuwçylaryna saz terbiýesini bermegiň düýbüniň tutulmagy hasap edilýär. 1-nji synpda aýdym-saz sapagyny okatmak dürli saz serişdeleriniň üsti bilen ösüp gelýän ýaş nesle terbiýe bermegiň esasy hasap edilýär. Bu synpda okuwçylaryň saz sungatyna bolan söýgüsiniň, isleginiň, gyzyklanmasynyň düýbüni tutmak bilen birlikde, olaryň saz işleriniň dürli gönüşlerine bolan ukyp-başarnyklaryny ýüze çykarmak hem göz öňünde tutulýar.

1-nji synpda aýdym-saz dersini okatmagyň esasy maksady aşakdakylardan ybarat:

1. Sapakda okuwçylara saz sungaty baradaky ilkinji düşünjeleri bermek, olaryň saz ýerine ýetirijilik işlerine bolan islegini kemala getirmek.

2. Okuwçylaryň saz sungatynyň durmuş bilen arabaglanyşygy baradaky ýönekeý oýlanmalaryny, göz öňüne getirmelerini, duýgularyny ýüze çykarmak.

3. Sapakda okuwçylara kompozitorlaryň ömri we döredijiligi, saz eserleri, olaryň mazmuny baradaky ilkinji maglumatlary bermek.

4. Okuwçylaryň aýdym-saz sapagynda alan bilimlerine laýyklykda, olaryň saz sungaty baradaky düşünjelerini baýlaşdyrmak, saz ýerine ýetirijilik işlerine bolan ukyp-başarnyklaryny ösdürmek, saz döredijilik işlerine bolan döredijilikli göz öňüne getirmelerini ýüze çykarmak.

Ýokarda bellenip geçilen ugurlardan görnüşi ýaly, aýdym-saz sapagynyň maksady öwrenilýän saz işleriniň dürli görnüşleriniň üsti bilen 1-nji synp okuwçylarynyň biziň daşymyzy gurşap alan durmuşa bolan estetiki garaýyşlarynyň düýbüni tutmakdan ybaratdyr.

## § 4. 1-nji synp okuwçylarynyň ukyp-başarnyklarynyň ösüş derejesi

1-nji synp okuwçylarynyň ukyp-başarnyklarynyň ösüş derejesiniň hili aýdym-saz dersi boýunça alnyp barylýan dürli görnüşli saz işleri boýunça okuwçylaryň ýerine ýetirip bilijilik ukyp-başarnyklarynyň hili bilen kesgitlenilýär. Okuwçylaryň ukyp-başarnyklarynyň hili çagalaryň entek 1-nji synpa aýak basmanka, maşgalada ýa-da çagalar bagynda öwrenen saz işleriniň netijesine baglydyr. Okuwçylar 1-nji synpa gatnap başlamankalar maşgalada ýa-da çagalar bagynda saz işleriniň dürli görnüşlerini maksadalaýyk özleşdiren bolsalar, onda olar aýdym aýtmagyň, saz çalmagyň, saz diňlemegiň düzgünleri, nota sowady baradaky uly bolmadyk düşünjelere eýedirler. Emma muňa garamazdan, 1-nji synpda aýdym-saz dersi geçilende mugallym ilki bilen 1-nji synp okuwçylaryna mahsus häsiýetleri göz öňünde tutmalydyr. Olara mahsus häsiýetler aşakdakylardan ybarat:

1. 1-nji synp okuwçylarynyň bütin bedeni entek doly ösüp kemala gelmedikdir, gowşajykdyr. 1-nji synp okuwçylary sapakda birmeňzeş görnüşde, birmeňzeş häsiýetde ýerine ýetirilýän işlerde çalt ýadaýarlar. Sapakda mugallymyň birmeňzeş äheňde gürleýşi, okuw sapaklarynyň birmeňzeş, içgysgynç görnüşde geçilmegi okuwçylaryň şol sapaga bolan islegini, gyzyklanmasyny, höwesini gaçyrýar.

2. 1-nji synp okuwçylarynyň köpüsinde dersler boýunça tabşyrylýan ýumuşlary maksadalaýyk, oýlanyşykly, yzygider ýerine

ýetirmäge bolan ukyp-başarnyk kemterlik edýär. Emma muňa garamazdan, 1-nji synp okuwçylarynyň ýatkeşligi örän güýçlüdir.

3. 1-nji synp okuwçylarynyň erkiniň, üns berijiliginiň göwrümi uly däldir. Olarda ýatkeşligiň güýçlüdigi sebäpli, sapakda okatmagyň dürli usullaryny peýdalanmak we olary üýtgedip durmak hökmanydyr (tabşyrylýan ýumuşlaryň ýekelikde we köpçülik bolup ýerine ýetirilýän işleriň görnüşlerini üýtgedip durmak).

4. Sapakda öwrenilýän dürli mazmunly saz eserlerindäki keşpleriň berlişi takyk, aýdyň häsiýete eýe bolmalydyr. Sebäbi 1-nji synp okuwçylarynda açyk, aýdyň göz öňüne getirmeler güýçlüdir.

5. 1-nji synp okuwçylary, köplenç, oýnamaga ýykgyn edýärler. Şonuň üçin hem sapakda okuwçylara tabşyrylýan ýumuşlar oýunlar arkaly ýerine ýetirilende, olar tabşyrylýan ýumuşlary çalt özleşdirýärler. Dürli oýunlar arkaly okuw sapaklaryny geçmek okuwçylaryň göz öňüne getirmelerine, ýadynyň güýçlenmegine we döredijilik ukyplarynyň ösmegine kömek edýär.

Beýleki okuw derslerinde bolşy ýaly, 1-nji synpda aýdym-saz sapagyny okatmak, saz sungatynyň üsti bilen okuwçylara ählitaraplaýyn terbiýe bermek mugallymdan uly zähmeti talap edýär. Sebäbi 1-nji synp okuwçylarynyň saz ugry boýunça ösüşiniň derejesi biri-birine meňzeş bolmaýar. Ýöne muňa garamazdan, 1-nji synp okuwçylarynyň ählisiniň ýaş aýratynlyklaryna baglylykda, olarda umumy meňzeşlikler hem bardyr. Ol meňzeşlikler aşakdakylardan ybarat:

1. *Ýerine ýetirijilik ugry boýunça umumy meňzeşlikler*

1-nji synp okuwçylarynyň ýerine ýetirip bilijilik ukyp-başarnyklarynyň mümkinçiligi olaryň 1-nji synpa gelmezlerinden öňki geçen saz taýýarlygyna baglydyr. Meselem, 1-nji synp okuwçylarynyň sesleriniň göwrümi 2–3 ses aralygynda ýaňlanýan bolsa, käbir okuwçynyň sesiniň göwrümi 1 oktawanyň giňişliginde hem ýaňlanyp biler. Emma muňa garamazdan, olaryň sesleriniň gurluşy entek doly kämilleşmedikdir. Şonuň üçin hem 1-nji synp okuwçylary aýdym aýdanlarynda, olaryň ses sapajyklarynyň diňe bir gyrajygy hereketlenýär. Bu ýagdaý 1-nji synp okuwçylara mahsus häsiýetdir.

2. *Saz diňlemek ugry boýunça meňzeşlikler*

1-nji synp okuwçylaryna saz diňledilende, olaryň sazy kabul ediş mümkinçilikleri örän giňdir. Sapakda diňlenilýän her bir saz eseriniň mazmuny barada olara giňişleýin gürrüň berlip düşündirilen halatynda hem-de diňlenilýän saz eseriniň manysy bilen bagly görkezme esbaplar ulanylsa, onda okuwçylar diňlenilýän saz eseriniň mazmunyna oňat düşünip, ony özlerine giňişleýin kabul edip bilýärler. Muňa garamazdan, 1-nji synp okuwçylarynyň üns berijilik ukybynyň çäkliligi sebäpli, olara sapakda diňlediljek saz eserleriniň göwrümi uly bolmaly däldir. Sapakda okuwçylara diňledilýän saz eserleri mazmun taýdan çagalar üçin düşnükli, açyk, aýdyň keşplere eýe bolmak bilen, olar çagalaryň dünýäsine ýakyn dilde, geçilýän tema bilen bagly haýsy hem bolsa bir waka barada gürrüň bermelidir. Şeýlelikde, saz eserlerinde beýan edilýän çeper keşpler özüniň bellibir pikirine we mazmunyna eýe bolmalydyr.

3. *Döredijilik ugry boýunça meňzeşlikler*

Bu ugur boýunça ýörite geçirilen ylmy-barlaglaryň netijesine görä, 1-nji synp okuwçylary döredijilik işleriniň dürli ugurlaryny çalt we aňsat özleşdirmäge ukyplydyrlar. 1-nji synp okuwçylary döredijilik ugry boýunça özlerine tabşyrylýan dürli saz ýumuşlaryny, ýagny saz bilen baglanyşykly dürli keşpleri göz öňüne getirip ýerine ýetirmäge, saz gurallarynda dürli öwrümli ýönekeý saz urgularyny (ritmlerini) çalmaga, dürli mazmunly aýdymlary sahnalaşdyrmaga bolan ukyp-başarnyklarynyň çägi örän giňdir.

Okuw maksatnamasynda ähli synplaryň her bir çärýeginiň başynda çärýeklik temalar bilen bagly sapakda okuwçylara öwredilmeli saz işleriniň mazmuny aýdyň görkezilýär. Bu bolsa mugallyma çärýekler boýunça öwrenmäge hödürlenilýän saz işleriniň maksadyny aýdyňlaşdyrmaga kömek edýär.

## §5. 1-nji synpda aýdym-saz dersini okatmagyň okuw maksatnamasy

Orta mekdeplerde aýdym-saz dersini okadýan mugallymyň öňünde durýan esasy wezipe okuw maksatnamasynyň mazmunyny ählitaraplaýyn öwrenmekden ybaratdyr. Okuw maksatnamasyna

laýyklykda, orta mekdepleriň ähli synplarynda aýdym-saz sapagyny okatmaga jemi 34 sagat wagt berilýär. Aýdym-saz sapagy hepdede 1 sagat okadylýar. Şeýle hem 1-nji synpdan 5-nji synpa çenli aýdym-saz dersi boýunça okuw maksatnamasynda çärýekler boýunça özleşdirilmeli temalaryň atlary, özleşdirmäge berlen sagadyň sany doly görkezilýär.

Şuňa laýyklykda, okuw maksatnamasynyň yzygiderliligine görä, orta mekdepleriň 1-nji synplarynda çärýekler boýunça okuw sapaklaryny geçmek aşakdaky temalar esasynda meýilnamalaşdyrylýar:

1) 1-nji çärýegiň temasy «Aýdym-sazyň ähmiýeti» diýlip atlandyrylýar. Bu temany özleşdirmäge 7 sagat wagt berilýär.

2) 2-nji çärýegiň temasy «Aýdymlar we şadyýanlyk» diýlip atlandyrylýar. Bu temany özleşdirmäge 9 sagat wagt berilýär.

3) 3-nji çärýegiň temasy «Aýdymlarda tebigatyň waspy» diýlip atlandyrylýar. Bu temany özleşdirmäge 10 sagat wagt berilýär.

4) 4-nji çärýegiň temasy «Aýdymlarda duýgularyň beýan edilişi» diýlip atlandyrylýar. Bu temany özleşdirmäge 8 sagat wagt berilýär.

### *1-nji çärýek*

Bu çärýegiň okuw maksatnamasynyň giriş bölümi 1-nji synpyň okuwçylaryna aýdym aýtmagyň düzgünleri barada düşünje bermekden, aýdym aýdylýan wagty aýdymy howlukman, onuň sözlerini dogry, düşnükli we täsirli aýtmagy öwretmekden ybaratdyr. Şeýle hem bu synpyň okuw maksatnamasynda okuwçylara aýdym aýtmagyň düzgünleri öwredilende, olara öwredilýän aýdymlaryň mazmunyna laýyklykda, dürli heň öwüşginlerini bermegi, aýdymlaryň düzüliş häsiýeti boýunça ýeňil we sada äheňde aýtmak üçin döredilen aýdymlary öwretmek göz öňünde tutulýar.

1-nji çärýekde saz işleriniň «Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar» diýen ugruna laýyklykda, türkmen kompozitorlary W. Ahmedowyň «Guşjagaz», A. Agajykowyň «Horazjygym» diýen aýdymlary, daşary ýurt kompozitorlary I. Filippenkonyň «Şadyýan sazanda», T. Potapenkonyň «Sapak» diýen aýdymlary okuw maksatnamasynda sapakda öwrenmäge hödürlenýär. Şeýle hem saz işleriniň «Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar» diýen ugry boýunça okuwçylaryň eşidiş ukybyny ösdürmek, olaryň sesleriniň ýaňlanyşyny durlamak maksady bilen, kompozitorlar N. Muhadowyň «Mekdep», K. Garowowyň

«Kompýuter sowgady» diýen aýdymlary okuw maksatnamasyna girizilipdir.

Bu çärýekde saz işleriniň «Diňlemek üçin saz eserleri» diýen ugry boýunça okuwçylaryň eşidiş endiklerini ösdürmek we kämilleşdirmek maksady bilen, olaryň kabul ediş duýgularyna ýakyn aýdym-sazlary diňletmek göz öňünde tutulýar. Okuw maksatnamasyna laýyklykda, saz işleriniň «Diňlemek üçin saz eserleri» diýen ugry boýunça sapakda okuwçylara dürli haýwanjyklaryň seslerini diňletmek, olaryň üsti bilen bolsa okuwçylaryň pes (ýogyn) we beýik (inçe) saz sesleri baradaky düşünjelerini ösdürmek maksada laýyk hasap edilýär. Sapakda okuwçylaryň eşidiş ukyplaryny kämilleşdirmek, olaryň kabul edijilik duýgularyny ösdürmek maksady bilen, Türkmenistanyň Döwlet senasy, şeýle-de kompozitorlar W. Ahmedowyň «Owlaklar», A. Esadowyň «Myr-myr», I. Filippenkonyň «Jüýjeler», N. Halmämmedowyň «Hüwdi», A. Çaryýewiň «Garaşsyzlyk», A. Abdyllaýewiň «Mähriban ülkäm» diýen aýdymlary okuw maksatnamasyna girizilipdir.

1-nji çärýekde saz işleriniň «Saza laýyk ritmiki hereketler» diýen ugry boýunça sapakda okuwçylara saza laýyk ritmiki hereketleri ýerine ýetirmegi öwretmek maksady bilen, iki sany saz eseri okuw maksatnamasyna goşulypdyr: kompozitorlar D. Öwezow bilen A. G. Şapoşnikowyň «Aýna» operasyndan «Eý, daragym batlan» we kompozitor I. Filippenkonyň «Şadyýan sazanda» atly saz eserleri. Okuwçylar bu ugur boýunça ýokarda görkezilen saz eserleriniň sazyna goşup, iň bir ýönekeýje ritmiki hereketleri öwrenip başlaýarlar. Şeýle hem olar saz bilen sazlaşykly ylgamak, sazyň ritmine goşulyp duran ýeriňde bökmek ýaly hereketleri öwrenip başlaýarlar. Şeýlelikde, okuwçylarda saza laýyk hereketleri ýerine ýetirmek ugry boýunça sapakda ýerine ýetirilýän dürli hereketler, olarda saza laýyk hereketleri ýerine ýetirmegiň dürli ugurlary boýunça ilkinji ýönekeýje düşünjeler, göz öňüne getirmeler ýüze çykyp başlaýar.

1-nji synpyň 1-nji çärýeginiň saz işleriniň «Saz gurallary bilen tanyşmak» diýen ugry boýunça okuw maksatnamasyna laýyklykda, okuwçylary türkmen halk saz gurallarynyň görnüşleri, saz gurallarynyň sesleriniň ýaňlanyş aýratynlygy bilen tanyşdyrmak göz

öňünde tutulýar. Okuwçylaryň sapakda saza goşup el çarpmagy, agaç çemçelerde saza ritm bermegi öwrenmekleri üçin Durdy Nuryýewiň «Çapak-çapak elleri» diýen aýdymy okuw maksatnamasyna girizilipdir. Bu ugur boýunça okuwçylaryň sapakda halk saz gurallarynyň görnüşleri, olaryň sesleriniň ýaňlanyş aýratynlyklary baradaky düşünjeleri ýüze çykyp başlaýar.

1-nji çärýegiň soňunda geçilen tema bilen baglanyşykly umumylaşdyryjy sapak geçmek hem okuw maksatnamasynda göz öňünde tutulýar.

## *2-nji çärýek*

Bu çärýegiň dowamynda sapakda okuwçylara hüwdüleriň, sanawaçlaryň, çagalar üçin döredilen aýdymlaryň sözlerini dogry, arassa we täsirli aýtmagy öwretmek maksada laýyk hasap edilýär. Şu maksat bilen saz işleriniň «Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar» diýen ugruna laýyklykda, kompozitorlar W. Ahmedowyň «Sanawaç», «Kömelek», «Gel, gurjagym, ýanyma», D. Nuryýewiň «Çapak-çapak elleri», A. Esadowyň «Aýterek-günterek», K. Garowowyň «Aýazbaba», G. Ödenyýazowanyň «Täze ýyl», «Arçajyk» diýen aýdymlary okuw maksatnamasyna girizilipdir. Şeýlelikde, okuw maksatnamasyna laýyklykda, öwrenmäge hödürlenýän bu aýdymlary okuwçylara öwretmek bilen birlikde olara aýdymlaryň sözlerini ýoýman, dogry, düşnükli we täsirli aýtmagy öwretmek göz öňünde tutulýar.

Okuw maksatnamasyna laýyklykda, 2-nji çärýekde saz işleriniň «Diňlemek üçin saz eserler» diýen ugry boýunça kompozitorlar N. Halmämmedowyň «Uçuň, durnalar», W. Ahmedowyň «Gözel ülke», «Hüwdi», «Kömelek», A. Abdyllaýewiň «Akdyr ýollaryň, Watan», R. Rejebowyň «Parla, baýdagym», D. Hydyrowyň «Arkadag», «Täze ýyl arzuwlary», A. Esadowyň «Güýz gelýär», G. Ödenyýazowanyň «Garaşsyzdyr gözel ülke» diýen aýdymlaryny sapakda okuwçylara diňletmek maksat edinilýär. Okuwçylara bu aýdymlary diňlemegi öwretmegiň üsti bilen olara aýdym-saz eserleriniň emosional häsiýetini, saz eserleriniň mazmunyny biri-birinden tapawutlandyrmagy öwretmek göz öňünde tutulýar. Şeýle hem bu çärýekde okuwçylara aýdym diňlemegi öwretmegiň üsti bilen, olaryň watansöýüjilik, dost-

-doganlyk baradaky duýgularyny kemala getirmek maksada laýyk hasap edilýär.

2-nji çärýekde saz işleriniň «Saza laýyk ritmiki hereketler» diýen ugruna laýyklykda, «Küştdepdi», «Pyýala», «Bibijan» diýen halk sazlary okuw maksatnamasyna girizilipdir. Okuwçylara bu halk sazlarynyň heňleriniň ritmlerine dürli hereketleri sazlaşykly ýerine ýetirmegi öwretmegiň maksady – okuwçylara iki bolup we köpçülikleýin tans etmegiň usullaryny öwretmekden ybaratdyr. Mundan başga hem, okuw maksatnamasyna laýyklykda, tanslary ýerine ýetirmegi öwretmegiň üsti bilen okuwçylaryň aýaklaryny öňe-yza hereketlendirmegi, aýaklarynyň ökjesine galyp we barmaklarynyň ujunda tans etmegi öwretmek göz öňüne tutulýar.

1-nji synpyň 2-nji çärýeginde saz işleriniň «Saz gurallary bilen tanyşmak» diýen ugruna laýyklykda, kompozitor I. Filippenkonyň «Jüýjeler» diýen aýdymy okuw maksatnamasyna girizilipdir. Okuwçylara bu aýdymyň sazyna kakuwlar arkaly sazandarlyk etmegiň özboluşly usullaryny öwretmek göz öňünde tutulýar.

2-nji çärýegiň okuw maksatnamasynda saz işleriniň «Kompozitor barada düşünje» diýen ugruna laýyklykda, okuwçylara kompozitorlar, olaryň döredijiligi barada düşünje bermek maksada laýyk hasap edilýär.

Bu çärýegiň soňunda geçilen temalaryň esasynda umumylaşdyryjy sapak geçmek göz öňünde tutulýar.

### *3-nji çärýek*

Okuw maksatnamasyna laýyklykda, bu synpyň beýleki çärýeklerine mahsuslykda, 3-nji çärýegiň «Aýdymlarda tebigatyň waspy» diýen temasy hem saz işleriniň dört ugruna laýyklykda («Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar», «Diňlemek üçin saz eserleri», «Saza laýyk ritmiki hereketler», «Saz gurallary bilen tanyşmak») alyp barmak göz öňünde tutulýar. Bu çärýekde saz işleriniň «Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar» diýen ugruna laýyklykda, kompozitorlar A. Esadowyň «Gül mekanyň bahar - ýazy», «Kömelek hem gülälek», A. Abdyllaýewiň «Nowruz», «Mähribanym, eje jan», K. Garowowyň «Ejem jany gutlaýan», J. Gurbangylyjowanyň «Eje», G. Ödenyýazowanyň «Ýagyş» diýen aýdymlary okuw mak-

satnamasyna girizilipdir. Ýokarda agzalan aýdymlary okuwçylara öwretmegiň esasy maksady türkmen tebigatynyň gözel keşbiniň dürli öwüşginli saz sesleriniň üsti bilen saz eserlerinde beýan edilişini ösüp barýan ýaş nesle açyp görkezmekden ybaratdyr. Okuw maksatnamasyna laýyklykda, sapakda bu aýdymlaryň öwredilýän wagtynda okuwçylara nota sowady barada düşünje bermek maksady bilen, olary aýdymlaryň nota ýazgysy bilen tanyşdyrmak maksat edinilýär. Bu bolsa okuwçylaryň notalar baradaky düşünjeleriniň ýüze çykmagyna kömek edýär. 3-nji çärýekde okuwçylary türkmen folklor döredijiligi bilen tanyşdyrmak üçin türkmen halk döredijiliginiň görnüşleri bolan «Läleler», «Monjugatdylar», «Küştdepdiler» okuw maksatnamasyna girizilipdir.

Okuw maksatnamasyna laýyklykda, saz işleriniň «Diňlemek üçin saz eserleri» diýen ugry boýunça 3-nji çerýekde okuwçylara türkmen tebigatynyň gözelliklerini wasp edýän dürli mazmunly saz eserleri öwrenmäge hödürlenýär. Okuw maksatnamasyna laýyklykda, kompozitorlar W. Ahmedowyň «Kebelek», N. Muhadowyň «Säher ukusy», A. Esadowyň «Kömelek hem gülälek», «Baýdajyk», A. Abdyllaýewiň «Taýçanak», K. Garowowyň «Jan mekdebim» diýen aýdymlary sapakda okuwçylara öwretmek üçin hödürlenilýär. Okuwçylara sapakda saz diňlemegi öwretmegiň üsti bilen olara pes we beýik sesleri biri-birlerinden tapawutlandyrmagy öwretmek, aýdymyň sözlerini we äheňlerini dogry aýtmak boýunça olaryň ukyp-başarnyklaryny ösdürmek göz öňünde tutulýar.

Bu çärýekde saz işleriniň «Saza laýyk ritmiki hereketler» diýen ugruna laýyklykda, okuwçylara türkmen halk döredijiliginiň görnüşi bolan türkmen milli oýunlary barada düşünje bermek maksada laýyk hasap edilýär. Kompozitor A. Esadowyň «Aýterek - Günterek» atly türkmen milli oýny esasynda döreden saz eseri okuw maksatnamasyna girizilipdir. 3-nji çärýekde okuw maksatnamasyna laýyklykda, okuwçylar türkmen milli tans hereketleriniň käbir görnüşini öwrenýärler. Okuwçylara kompozitorlar W. Ahmedowyň «Kömelek», A. Esadowyň «Kömelek hem gülälek» diýen aýdymlaryny saza laýyk hereketleri sazyň ritmine goşup, sazlaşykly ýerine ýetirmegi öwretmek maksat edinilýär.

3-nji çärýekde saz işleriniň «Saz gurallary bilen tanyşmak» diýen ugruna laýyklykda, halk sanawaçlary okuw maksatnamasyna girizilipdir. Sapakda sanawaçlar aýdylanda olara kakuwlar arkaly sazandarlyk etmegi öwretmek göz öňünde tutulýar.

3-nji çärýegiň soňunda çärýek boýunça geçilenleriň ählisi boýunça umumylaşdyryjy sapak geçmek hödürlenilýär.

### *4-nji çärýek*

1-nji synpyň okuw maksatnamasyna laýyklykda, 4-nji çärýegiň temasy «Aýdymlarda duýgularyň beýan edilişi» diýlip atlandyrylýar. Bu temany özleşdirmek hem saz işleriniň 4 ugry boýunça amala aşyrylýar. 4-nji çärýekde saz işleriniň «Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar» diýen ugry boýunça sapakda özüniň häsiýeti boýunça mylaýym, şadyýan, mähirli, akgynly we ýeňil aýdymlary ýerine ýetirmegi öwretmek maksat edinilýär. Şeýle hem bu çärýekde okuwçylara aýdymlar ýerine ýetirilýän wagty olaryň ritmlerine dogry düşmegi öwretmek göz öňünde tutulýar. 4-nji çärýegiň okuw maksatnamasyna laýyklykda kompozitorlar W. Ahmedowyň «Ýöräliň», «Gözel ülke», K. Garowowyň «Jigimiň aýdymy», J. Gurbangylyjowanyň «Bagym bar» diýen aýdymlary girizilipdir.

Bu çärýekde saz işleriniň «Diňlemek üçin saz eserleri» diýen ugruna laýyklykda, kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynyň saz diňlemäge we saz eserlerini ýerine ýetirmäge bolan saz medeniýetini terbiýelemek göz öňünde tutulýar. Şu maksat bilen hem okuw maksatnamasyna girizilen dürli mazmunly aýdymlaryň ýerine ýetirilişini, ol aýdymlaryň häsiýetine bagly tans hereketleriniň dürli görnüşlerini sapakda okuwçylara öwretmek göz öňünde tutulýar. 4-nji çärýegiň okuw maksatnamasyna laýyklykda, kompozitorlar D. Nuryýewiň «Ýaz joşguny», «Ak pagta», «Güneşde», «Gül Watanyň säheri» Ç. Nurymowyň «Döwranyň aýdymy», A. Agajykowyň «Biziň nebitimiz», W. Ahmedowyň «Hüwdi», A. Esadowyň «Bakjamyz», K. Garowowyň «Güneşli Türkmenistan», «Hazar kenary» diýen aýdymlary sapakda diňlemäge hödürlenýär.

4-nji çärýekde saz işleriniň «Saza laýyk ritmiki hereketler» diýen ugruna laýyklykda, türkmen kompozitorlary tarapyndan döredilen marşäheňli saz eserleri sapakda öwrenilmäge hödürlenilýär. Şu maksat

bilen, kompozitorlar R. Rejebowyň, A. Abdyllaýewiň «Marş» atly saz eserleri, kompozitor K. Garowowyň «Her günki marş», kompozitor G. Ödenyýazowanyň «Watan esgeri», kompozitor D. B. Kabalewskiniň «Marş, Aýdym, Tans» atly saz eserleri bu çärýegiň okuw maksatnamasyna girizilipdir. Bu saz eserlerini okuwçylara öwretmegiň öňünde durýan esasy wezipesi kiçi ýaşly mekdep okuwçylaryna hereketleriň üsti bilen marş sazlarynyň dabaraly häsiýetini ýüze çykarmagy öwretmekden, şeýle-de bu barada düşünje bermekden ybaratdyr.

Okuw maksatnamasyna laýyklykda, 4-nji çärýegiň saz işleriniň «Saz gurallary bilen tanyşmak» diýen ugry boýunça okuwçylara kompozitorlar D. Öwezow bilen A. Şapoşnikowyň «Aýna» operasyndan «Eý daragym, batlan» diýen aýdymynyň sazyna dutarda we gopuzda kakuwlar arkaly sazandarlyk etmegi öwretmek maksat edinilýär.

1-nji synpyň okuw maksatnamasynyň ahyrynda geçilen temalar esasynda jemleýji sapak geçmek göz öňünde tutulýar.

Şeýlelikde, aýdym-saz dersi boýunça 1-nji synpyň okuw maksatnamasynyň yzygiderliligine laýyklykda, sapakda ýerine ýetirilýän saz işleriniň görnüşleri ähli çärýekler boýunça giňişleýin berilýär. Okuwçylaryň sapakda ýerine ýetirmekleri üçin hödürlenýän saz eserleriniň ählisi okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna we ýerine ýetirip bilijilik mümkinçiliklerine laýyklykda saýlanyp alnypdyr. Sapakda alnyp barylýan saz işleriniň dürli ugurlary boýunça öwrenmäge hödürlenýän saz eserleriniň mazmuny örän uly terbiýe berijilik ähmiýetini özünde jemleýär. Bu bolsa ösüp barýan ýaş nesle saz terbiýesini bermekde bahasyna ýetip bolmajak gymmatly serişde bolup hyzmat edýär.

## §6. 2-nji synpda aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýeti

2-nji synpda aýdym-saz dersini okatmagyň esasy aýratynlygy kiçi ýaşly mekdep okuwçylaryna maksadalaýyk saz terbiýesini bermekden hem-de dürli saz serişdeleriniň üsti bilen olary ählitaraplaýyn ösdürmekden ybaratdyr. Ikinji synpyň okuw maksatnamasyna laýyk-

lykda, sapakda özleşdirilýän dürli görnüşli saz işleriniň üsti bilen okuwçylaryň saz sungatyna bolan islegi, gyzyklanmasy kemala gelýär. Şuňa laýyklykda, 2-nji synp okuwçylarynyň ýaş aýratynlyklary göz öňünde tutulyp, sapakda olaryň öwrenmekleri üçin dürli mazmunly saz eserleri saýlanyp alynmalydyr. Sapakda özleşdirilýän aýdym-saz eserleriniň mazmuny hökmany suratda okuwçylaryň kabul edip bilijilik mümkinçilikleriniň talaplaryna laýyk gelmelidir. Mundan başga hem bu synpda okuwçylara dürli mazmunly saz eserlerini ýerine ýetirmegi öwretmegiň üsti bilen olar daşymyzy gurşap alan durmuşa bolan estetiki garaýyşlaryny ýüze çykarmak, ony ösdürmek barada oýlanmalydyr.

2-nji synpda okuwçylar dürli häsiýetli saz eserleriniň üç görnüşini, ýagny aýdymlary, tanslary we ýöriş sazlaryny ýerine ýetirmegi öwrenýärler, ol eserleriň mazmuny bilen tanyşýarlar, olaryň manysyna akyl ýetirýärler. Bulardan başga hem bu synpda okuwçylara opera, balet, simfoniýa ýaly uly göwrümli saz eserlerini diňlemegi öwretmegiň üsti bilen olar saz sungatynyň dürli görnüşleri baradaky düşünjelere eýe bolýarlar. Bu bolsa okuwçylaryň uly göwrümli saz eserleri baradaky pikirleriniň ösmegine itergi berýär. Şeýlelikde, okuwçylar uly hem-de kiçi göwrümli saz eserlerindäki beýan edilýän keşpleriň özara arabaglanyşygyna düşünmäge synanyşýarlar. Çeper döredijiligiň ähli ugurlaryna mahsuslykda, aýdym-saz eserlerinde hem haýsydyr bir waka barada gürrüň berilýändigine, durmuşda aýdym-sazyň adama näme üçin zerurdygyna akyl ýetirýärler. Kompozitorlaryň öz eserlerinde durmuş wakalaryny ýüze çykarmak üçin saz eserlerini döretmekde saz serişdelerinden nähili peýdalanýandyklaryna, olaryň saz eserlerini düzmekdäki tutýan ornuna göz ýetirýärler. Bu bolsa öz gezeginde okuwçylaryň kömpozitorlaryň döredijiligi barada düşünje almaklaryna kömek edýär.

## § 7. 2-nji synp okuwçylaryna mahsus umumy häsiýetler

2-nji synp okuwçylaryna mahsus häsiýetler köp halatlarda 1-nji synp okuwçylarynyň häsiýetleri bilen bellibir derejede meňzeşdir. Ýagny bu synpyň okuwçylaryna hem 1-nji synpyň okuwçylarynyň

häsiýetlerine mahsuslykda, sapakda özleşdirilýän materiallary dürli oýunlar arkaly kabul etmek, açyk, aýdyň ýagdaýda göz öňüne getirmäge bolan ukyp-başarnygyň, ýatkeşligiň güýçlüligi ýaly häsiýetler mahsusdyr. Aýdym-saz sapagy 1-nji synpda guramaçylykly, maksadalaýyk geçilen ýagdaýynda, ol okuwçylaryň geljekki synplarda ele aljak bilimleriniň düýbüni berk tutmaga esas bolup hyzmat edýär. Meselem, 1-nji synpda geçilen sapagyň netijesine baglylykda, 2-nji synp okuwçylarynyň käbirlerinde saz işleriniň dürli görnüşlerine bolan durnukly garaýyşlar ýüze çykyp başlaýar. Bu bolsa okuwçylaryň saz ugry boýunça ukyp-başarnyklarynyň ösmegine, kämilleşmegine ýardam edýär. Ýöne muňa garamazdan, 2-nji synpyň okuwçylary eýýäm tejribeli mekdep okuwçylary hasap edilýär. Sebäbi olar mekdebiň gün tertibi, okuw sapaklarynda bildirilýän talaplar, üns berijilikleriniň durnuklylaşmagy bilen birlikde, olar özleriniň uly bolmadyk pikirlenmek başarnyklaryna hem eýedirler. Olar durmuşda bolup geçýän hadysalara düşünmäge we ol wakalary seljermäge synanyşýarlar. Şeýle bolsa-da, bu synpyň okuwçylarynyň erki o diýen durnukly däldir.

2-nji synp okuwçylarynyň sapakda öwreniljek materiallara bolan islegleriniň, gyzyklanmalarynyň ösenligi sebäpli, olar sapakda özlerine tabşyrylýan çylşyrymly ýumuşlardan çalt baş alyp çykarmagy başarýarlar. Şol sebäpli 2-nji synp okuwçylarynyň ukyp-başarnygynyň ýüze çykmagyna baglylykda, olar 1-nji synp okuwçylaryndan bellibir derejede tapawutlanýarlar. Sebäbi beýleki okuw dersleri bilen birlikde, 1-nji synpda geçilýän aýdym-saz dersi hem sapakda ýerine ýetirilýän saz işleriniň üsti bilen okuwçylaryň gözýetimleriniň giňelmegine, olaryň aňyýetiniň ösmegine itergi berýär. Şol sebäpli hem 2-nji synp okuwçylarynyň döredijilik başarnyklarynyň ösüş derejesiniň hili 1-nji synp okuwçylarynyňky bilen deňeşdirilende bellibir derejede ösendir. 2-nji synp okuwçylarynyň saz işleriniň dürli ugurlary boýunça ukyp-başarnyklarynyň ösüş derejesi 1-nji synpda geçilen we öwrenilen saz işleriniň hiliniň netijesine bagly kesgitlenilýär. Sapakda okuwçylar saz işleriniň dürli görnüşlerini ýerine ýetirýärler, olar barada mugallym bilen bilelikde özara pikir alyşýarlar. Ýagny olar mugallym bilen bilelikde saz işleriniň dürli ugurlary boýunça ýoldaşlarynyň ýerine ýetirijiligine baha bermegi, dürli mazmunly saz gönükmelerini ýerine ýetirmegi, aýdym aýdýan mahallary

biri-birleriniň seslerini diňlemegi, saza goşup dürli hereketleri ýerine ýetirmegi, saz gurallarynda saz çalanlarynda heňlere dogry ritm bermegi öwrenýärler. Şuňa laýyklykda bolsa, olarda saz işleriniň dürli görnüşlerini ýerine ýetirmeklige bolan gyzyklanma, isleg hem ösüp kemala gelýär.

2-nji synp okuwçylarynyň saz işleriniň dürli ugurlary boýunça ösüş derejesiniň kämilleşmegi olaryň saz sungatyna bolan garaýyşlarynyň durnuklylaşmagyna itergi berýär. Sapakda tapawutlanýan aýratyn zehinli okuwçylaryň saz işlerine bolan ukyp-başarnyklarynyň geljekde has-da oňat ösmegi üçin mugallym olara ýörite ýumuşlar tabşyryp, ol okuwçylary şol ugra gönükdirmelidir. Bu bolsa okuwçylaryň ukyp-başarnyklarynyň has-da ösmegine, olaryň saz sungatynyň dürli ugurlaryna bolan gyzyklanmalarynyň ýüze çykmagyna kömek edýär. Şeýle hem mugallym hut şu ýerden başlap, sapakda terbiýeçilik işlerini maksadalaýyk alyp barmagy hem ýatdan çykarmaly däldir. Sapakda käbir zehinli okuwçylara mugallym tarapyndan aýratyn üns berlip başlansa, onda zehinli okuwçylaryň käbirlerinde «şöhratparazlyk» ýaly ýaramaz häsiýetler ýüze çykyp başlaýar. Ol okuwçylar özleriniň ukyp-başarnyklaryna ýokary baha berip, öz ýoldaşlaryny äsgermän, beýleki okuwçylardan özlerini ýokary tutup, öz deň-duşlaryndan daşlaşyp başlaýarlar. Mugallym okuwçylarda şeýle ýagdaýlary duýan halatynda, ol okuwçylaryň aňyny dogry ugra gönükdirmäge çalyşmalydyr. Munuň üçin mugallym zehinli okuwçylaryň ukyp-başarnyklaryny göz öňünde tutup, sapakda olara çylşyrymly ýumuşlary tabşyryp durmalydyr.

Şeýle hem mugallym sapakda saz işlerini oňat ýerine ýetirip bilmeýän, bu ugur boýunça ukyp-başarnygy gowşak okuwçylar bilen özbaşdak işleri alyp barmalydyr. Meselem, synpda haýsy hem bolsa bir okuwçy sapakda tabşyrylýan ýumuşlary ýerine ýetirip bilmän, kynçylyk çekýän bolsa, onda mugallym ol okuwçynyň ukyp-başarnygyny göz öňünde tutup, oňa ýönekeý, çylşyrymly bolmadyk saz ýumuşlaryny tabşyryp, sapaga gowşak ýetişýän okuwçylar bilen özbaşdak, aýratyn işleri alyp barmalydyr. Şeýlelikde, sapaga gowşak ýetişýän okuwçylar bilen sapakda we sapakdan daşary işleriň alnyp barylmagy olaryň ukyp-başarnygynyň bellibir derejede ösmegine, kämilleşmegine kömek edýär.

## §8. 2-nji synpda aýdym-saz dersini okatmagyň okuw maksatnamasy

2-nji synpda aýdym-saz dersini okatmagyň okuw maksatnamasy okuwçylara aýdym-saz sungaty sapagynda alnyp barylýan saz işleriniň dürli görnüşleriniň üsti bilen maksadalaýyk saz terbiýesini bermäge niýetlenip taýýarlanypdyr. Okuw maksatnamasynda çärýekler boýunça geçiljek temalar, ol temalary geçmegiň sagat sany, sapakda alnyp barylmaly saz işleriniň görnüşleri hem-de sapakda öwreniljek dürli mazmunly saz eserleriniň sanawy aýdyň görkezilipdir.

2-nji synpyň okuw maksatnamasynda çärýekler boýunça sapakda geçilmeli temalaryň atlary we olaryň sagat sany aşakdaky ýaly berilýär:

1) 1-nji çärýegiň temasy «Sazdaky üç sütün – aýdym, tans, ýöriş sazlary» diýlip atlandyrylýar. Bu temany özleşdirmäge 7 sagat wagt berilýär.

2) 2-nji çärýegiň temasy «Aýdym-saz näme hakda gürrüň berýär?» diýlip atlandyrylýar. Bu temany özleşdirmäge 9 sagat wagt berilýär.

3) 3-nji çärýegiň temasy «Aýdym, tans, ýöriş sazlary bizi nirä alyp barýar?» diýlip atlandyrylýar. Bu temany özleşdirmäge 10 sagat wagt berilýär.

4) 4-nji çärýegiň temasy «Saz dili näme?» diýlip atlandyrylýar. Bu temany özleşdirmäge 8 sagat wagt berilýär.

### *1-nji çärýek*

Okuw maksatnamasyna laýyklykda, 2-nji synpyň 1-nji çärýeginde «Sazdaky 3 sütün – aýdym, tans, ýöriş sazlary» diýen tema esasynda ýerine ýetirilmeli saz işleriniň görnüşleri, öwrenmek üçin hödürlenýän saz eserleriniň atlary hem-de olaryň yzygiderliligi aýdyň görkezilipdir. Şeýle hem ol başlangyç synplarda aýdym-saz dersini okatmagyň mazmunyny ýüze çykarýar. Aýdym-saz sapagynda okuwçylaryň saz sungatynyň dürli ugurlary bilen tanyşmaklary olaryň saz sungatyna täzeçe seretmeklerine, oňa akyl ýetirmeklerine, şol ugur boýunça bilimdir başarnyklary, endikleri düýpli ele almaklaryna kömek edýär. Bu çärýekde saz sungatynyň dürli

görnüşlerine (aýdym, tans, ýöriş sazlary) akyl ýetirmegiň düýbi tutulýar. Saz sungatynyň dürli görnüşlerine akyl ýetirmegiň esasy ýoly çärýegiň esasy temasynyň özleşdirilýän wagtynda okuwçylaryň içki duýgularyna bagly sazy eşitmäge we kabul etmäge bolan ukyp-başarnyk tejribesini toplamagyň düýbüni tutmakdan ybaratdyr.

1-nji çärýegiň başynda okuwçylara aýdym, tans, ýöriş sazlarynyň saz sungatyndaky tutýan orny, olaryň häsiýet aýratynlyklary we görnüşleri barada düşünje bermek maksat edinilýär. Şeýle hem okuw maksatnamasynda okuwçylara «saz gurallary üçin aýdymlar» hem-de «hüwdüleriň» her bir çaganyň ilkinji eşidýän aýdymydygy barada düşünje bermek göz öňünde tutulýar. Bu çärýekde mugallymyň öňünde durýan esasy wezipe okuwçylaryň dürli mazmunly aýdymlaryň, ýöriş we tans sazlarynyň manysy baradaky düşünjelerini kemala getirmekden, dürli häsiýetli sazlaryň durmuş bilen baglanyşygyna akyl ýetirmeklerini ösdürmekden ybaratdyr. Şeýle hem bu çärýegiň başynda okuwçylary türkmen halk saz gurallarynyň görnüşleri (dutar, gyjak, gopuz, dilli tüýdük, gargy tüýdük) bilen tanyşdyrmak göz öňünde tutulýar.

Şeýlelikde, okuw maksatnamasyna laýyklykda, 1-nji çärýegiň dowamynda okuwçylara ýerine ýetiriji barada düşünje bermek hem-de olara aýdym aýtmagyň esasy düzgünlerini öwretmek maksada laýyk hasap edilýär.

2-nji synpyň 1-nji çärýeginiň okuw maksatnamasyna laýyklykda, saz işleriniň «Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar» diýen ugry boýunça sapakda okuwçylara läleleriň, hüwdüleriň käbir görnüşleriniň aýdylyşyny öwretmek göz öňünde tutulýar. Okuw maksatnamasynda bu ugur boýunça sapakda okuwçylara kompozitor W. Ahmedowyň «Hüwdi», kompozitor D. Nuryýewiň «Öseliň, tiz öseliň», kompozitor O. Gurbannyýazowyň «Eý, mekdebim», K. Garowowyň «Watanymyzyň balasy», kompozitor Z. Jumagulyýewanyň «Towuk» diýen aýdymlaryny okuwçylara öwretmek maksat edinilýär.

Bu synpyň 1-nji çärýeginiň «Diňleýji. Diňlemek üçin saz eserleri» ugry boýunça sapakda okuwçylara Türkmenistanyň Döwlet senasyny diňlemegi öwretmek maksady bilen, Döwlet senamyz bilen birlikde halk hüwdüleriniň birnäçe görnüşi okuw maksatnamasyna

girizilipdir. Şeýle hem «Bibijan», «Küştdepdi», «Pyýala» diýen halk aýdymlary bilen birlikde kompozitor N. Halmämmedowyň «Heý-jan tansy», G. Babaýewiň «Şatlyk tansy» diýen eserlerini sapakda okuwçylara diňlemegi öwretmek maksady bilen, okuw maksatnamasyna goşulypdyr.

Aýdym-saz sapagynda okuwçylara saza laýyk hereket etmegi öwretmek maksady bilen, bu çärýegiň «Saza laýyk ritmiki hereketler» ugruna laýyklykda, «Küştdepdi» diýen halk tansynyň öňden belli bolan hereketlerini öwretmek maksady bilen, okuw maksatnamasyna girizilipdir. Şeýle hem bu çärýekde okuwçylara «Pyýala»,«Bibijan» diýen öňden belli bolan halk aýdymlarynyň sazyna dürli tans hereketlerini ýerine ýetirmegi öwretmek göz öňünde tutulýar. Bu ýerde mugallymyň öňünde durýan esasy wezipesi sapakda okuwçylara türkmen halk tans hereketleriniň ýönekeý görnüşleri, olary ýerine ýetirmegiň ugurlary barada düşünje bermekden ybaratdyr. Şeýle hem bu çärýegiň «Saza laýyk ritmiki hereketler» ugry boýunça okuwçylara kompozitor W. Ahmedowyň «Ýöräliň» diýen aýdymynyň sazyna aýak goşup ýöremegi öwretmek, olara ýöriş sazlarynyň görnüşleri barada düşünje bermek göz öňünde tutulýar. Çagalar bagyndan 1-nji synpa gelen okuwçylar saza laýyk hereket etmegiň dürli ugurlary barada bellibir düşünjelere eýedirler. Sebäbi mekdebe çenli çagalar edaralarynyň okuw maksatnamasyna laýyklykda, çagalar baglarynyň ähli toparlarynda bu ugur boýunça ýörite okuw sapaklary geçilýär. Şonuň üçin hem okuwçylar saza goşup hereket etmegiň dürli ugurlary boýunça saza goşup gimnastika hereketlerini ýerine ýetirmegi, öňden özlerine tanyş bolan saz eserleriniň mazmunyna laýyklykda dürli hereketleri ýerine ýetirmegi başarýarlar. Şeýle hem okuwçylaryň ählisi bilelikde saz bilen sazlaşykly düzülmekden hem-de tans hereketleriniň dürli görnüşlerini bilelikde goşulyşyp ýerine ýetirmekden baş çykarýarlar. Bu bolsa sapagyň maksadalaýyk, täsirli, oňaýly guralmagyna kömek edýär.

2-nji synpyň 1-nji çärýeginde saz işleriniň «Sesleriň görnüşleri we saz gurallary bilen tanyşmak» diýen ugruna laýyklykda, okuwçylara saz gurallarynyň dürli gönüşleri, olaryň ýaňlanyş aýratynlygy bilen tanyşdyrmak, saz gurallarynda saz çalmagyň ýönekeý usullaryny

öwretmek maksady bilen, birnäçe saz eserleri okuw maksatnamasyna girizilipdir. Olardan «Küştdepdi», «Pyýala» diýen halk sazlarynyň mazmunynyň häsiýet aýratynlygyna laýyk gelýän kakylyp çalynýan saz gurallarynda dürli kakuwlary ýerine ýetirmegi öwretmek göz öňünde tutulýar. Meselem, sapakda okuwçylara «Pyýala» diýen saz eseri öwredilende, mugallym birmeňzeş birnäçe käseleriň kakuwlar arkaly ýaňlanyşyny, olaryň ýaňlanyş aýratynlygyny, olaryň ses beýikliklerini kesgitläp, käseleri sapakda peýdalanyp biler.

Bu çärýegiň okuw maksatnamasyna laýyklykda, okuwçylara ilkinji türkmen kompozitorlary D. Öwezowyň, W. Muhadowyň, A. Kulyýewiň we türkmen kompozitorlary N. Halmämmedowyň, Ç. Nurymowyň, D. Nuryýewiň ömri we döredijiligi barada düşünje bermek maksat edinilýär.

1-nji çärýegiň soňunda bu çärýek boýunça geçilen temalar esasynda umumylaşdyryjy sapak geçmek hödürlenilýär.

## *2-nji çärýek*

2-nji synpyň okuw maksatnamasynyň 2-nji çärýeginde «Aýdym-saz näme hakda gürrüň berýär?» diýen tema boýunça sapak geçmek göz öňünde tutulýar. Bu çärýegiň esasy wezipesi okuwçylaryň aýdym-saz eserleriniň öz tebigaty boýunça täsirli çeper beýan edilýän inçe sungatdygy baradaky düşünjelerini kemala getirmekden ybaratdyr. Saz eserleriniň mazmunynda beýan edilýän wakalary ýüze çykarýan saz serişdeleri bilen şekillendirijiligiň biri-birleri bilen özara baglanyşygy baradaky mesele çärýegiň esasy temasy bolup durýar. Sapakda okuwçylar saz eserleriniň täsir edijilik we şekillendirijilik häsiýetleri barada umumy düşünje alýarlar hem-de olara akyl ýetirýärler. Okuw maksatnamasyna laýyklykda, bu çärýekde öwrenmäge hödürlenýän saz eserlerini sapakda özleşdirmegiň üsti bilen okuwçylar özlerine öňden tanyş bolan dürli saz serişdeleri baradaky düşünjelerini giňeldýärler. Bu bolsa okuwçylaryň saz sungatynyň görnüşleri (aýdym, tans, ýöriş sazlary) baradaky bilimleriniň çuňlaşmagyna itergi berýär.

Okuw maksatnamasynyň başynda bellenilişi ýaly, 2-nji çärýekde okuwçylara ynsanyň içki dünýäsiniň, duýgularynyň we keýpiniň aýdym-saz eserlerinde beýan edilişi, saz eserleriniň mazmunyna

laýyklykda olaryň ýerine ýetiriliş häsiýeti barada düşünje bermek göz öňünde tutulýar. Sapakda okuwçylara halk köpçüligi tarapyndan ýerine ýetirilýän aýdymlaryň mazmuny, ol aýdymlarda ynsan tebigatynyň, duýgularynyň, isleg-arzuwlarynyň çeper beýan edilişi barada düşünje bermek maksada laýyk hasap edilýär.

2-nji çärýegiň okuw maksatnamasyna laýyklykda, sapakda öwrenilýän aýdym-saz eserleriniň üsti bilen okuwçylaryň sazyň täsiri netijesinde adamyň içki duýgularyna bagly ýüze çykýan emosiýalar baradaky (begenmek, gynanmak ýaly tolgundyryjy häsiýetler we ş. m.) garaýyşlaryny kemala getirmek göz öňünde tutulýar.

Bu çärýegiň «Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar» diýen ugruna laýyklykda, belli türkmen kompozitorlary R. Rejebowyň «Bitaraplyk bakydyr», W. Ahmedowyň «Kömelek», «Ol nämekä, ol nämekä?», A. Çaryýewiň «Gülüp gelen täze ýyl», B. Hudaýnazarowyň «Towuk», A. Çaryýewiň «Garaşsyzlyk» J. Gurbangylyjowanyň «Çopan», K. Garowowyň «Täze ýyl geldi», K. Jumagulyýewiň «Gar ýagýar» diýen aýdymlary sapakda öwrenmäge hödürlenýär. Şeýle hem okuw maksatnamasyna laýyklykda, türkmen halk döredijiliginiň hüwdüler we läleler ýaly görnüşleri saýlanyp alnyp, sapakda olaryň dogry ýerine ýetiriliş usullaryny okuwçylara öwretmek göz öňünde tutulýar. Sapakda okuwçylaryň ýerine ýetirmegi öwrenmekleri üçin hödürlenýän aýdymlar özleriniň temasy, mazmuny boýunça özbaşdak häsiýete eýe bolmak bilen, olaryň her biri synpdaky okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna, olaryň ýerine ýetirip bilijilik ukyplaryna görä saýlanyp alnypdyr.

2-nji çärýegiň okuw maksatnamasyna laýyklykda, saz işleriniň «Diňlemek üçin saz eserleri» diýen ugry boýunça sapakda okuwçylara saz diňlemegi öwretmek maksady bilen, hödürlenýän saz eserleri mazmun taýdan dürli häsiýete eýedirler. Ol eserleriň ählisi ajaýyp türkmen tebigatyny, onuň haýwanat dünýäsini dürli saz öwüşginleriniň üsti bilen, sazyň dili arkaly giňişleýin açyp görkezýär. Bu ugur boýunça sapakda öwrenmäge niýetlenip, kompozitorlar D. Nuryýewiň «Ýaz joşguny», A. Agajykowyň «Azaşan köşejik», R. Allaýarowyň «Mekir hažžyk», D. Nuryýewiň «Mähirli jadygöý» baletinden «Säher» diýen saz eserleri okuw maksatnamasyna laýyklykda, sapakda okuwçylara diňletmäge hödürlenýär. Bu eserlerden

başga hem N. Halmämmedowyň türkmen tebigatyny suratlandyrýan saz eserlerinden bölekleri okuwçylara diňletmek okuw maksatnamasynda hödürlenýär.

Okuw maksatnamasyna laýyklykda, okuwçylara sapakda diňletmek maksady bilen, «Goňurbaş mukamy» diýen halk sazy, türkmen halk döredijiliginiň naýbaşy görnüşi bolan «Küştdepdi» hem saýlanyp alnypdyr. Okuwçylar sapakda halk sazlaryny diňlemegi öwrenmegiň üsti bilen milli saz sungatymyzyň özboluşly aýratynlygyna göz ýetirýärler.

2-nji synpyň 2-nji çärýeginde sapakda alnyp barylýan saz işleriniň «Saza laýyk ritmiki hereketler» diýen ugruna laýyklykda, okuwçylara sazyň ritmleri bilen sazlaşykly hereketleriň ýerine ýetiriilişi, saz bilen sazlaşykly sahnalaşdyrylan oýunlary oýnamagyň dürli ugurlaryny öwretmek göz öňünde tutulyar. Okuw maksatnamasynda hödürlenýän «Bitaraplyk bakydyr» diýen aýdymyň sazyna goşup, dürli hereketleri ýerine ýetirmegiň üsti bilen, okuwçylar sazyň häsiýetine, onuň mazmunyna göz ýetirip başlaýarlar. Soňra bolsa olaryň özleri saz bilen sazlaşykly täze hereketleri gözläp tapmaga synanyşýarlar. Sapakda ýerine ýetirilýän bu işler okuwçylaryň bedeniniň berkemegine hem-de olaryň hereketleriniň işjeňleşmegine ýardam edýär. Bu ugur boýunça J. Gurbangylyjowanyň «Çopan», A. Agajykowyň «Azaşan köşejik» diýen saz eserleri sapakda sahnalaşdyrmaklyga niýetlenilip, okuw maksatnamasyna girizilipdir. Sapakda dürli mazmunly aýdym-sazlary sahnalaşdyrmak, olary oýunlaryň üsti bilen ýerine ýetirmek okuwçylaryň durmuş hadysalaryna göz ýetirmeklerine, olara düşünmeklerine ýardam edýär.

Şeýle hem bu çärýekde, saz işleriniň «Sesleriň görnüşleri we saz gurallary bilen tanyşmak» diýen ugry boýunça okuw maksatnamasyna D. Nuryýewiň «Kiçijik balykçy» diýen saz eseri girizilipdir. Okuw maksatnamasyna laýyklykda, sapakda okuwçylara bu saz eserine agaç çemçelerde kakuwlar arkaly sazandarlyk etmegi öwretmek göz öňünde tutulýar. Sapakda okuwçylara dürli saz gurallarynda kakuwlar arkaly saz çalmagy öwretmegiň üsti bilen olaryň saz eşidiş endiklerini kemala getirmek hem-de ritm duýgularyny ösdürmek maksat edinilýär.

2-nji çärýegiň soňunda bu çärýek boýunça okuw maksatnamasyna laýyklykda, geçilen temalar esasynda umumylaşdyryjy sapak geçmek hödürlenilýär.

### *3-nji çärýek*

2-nji synpyň 3-nji çärýeginiň temasy «Aýdym, tans, ýöriş sazlary bizi nirä alyp barýar?» diýlip atlandyrylýar. Bu tema boýunça, esasan, operalardaky aýdymlar, baletlerdäki tanslar, simfoniýadaky ýöriş sazlary, olaryň saz sungatyndaky tutýan orny barada okuwçylara düşünje bermek göz öňünde tutulýar. Şeýle hem bu çärýekde okuwçylar ýöriş sazlarynda adam hereketleriniň şekillendirilişi, aýdymly ýöriş sazlary we tansly ýöriş sazlary barada hem düşünje alýarlar. Şeýlelikde, 3-nji çärýekde okuwçylaryň saz sungatynyň üç sany görnüşi bolan saz sungatynyň *opera*, *balet*, *simfoniýa* ýaly uly göwrümli görnüşleri, olaryň özara baglanyşygy baradaky umumy düşünjelerini kemala getirmekden ybaratdyr. Bu wezipäniň çözülmegi aşakdaky ugurlary amala aşyrmaga şert döredýär: ýagny okuwçylarda durmuş bilen sazyň özara baglanyşygy baradaky bütewi bir düşünjeleriň kemala gelmeginiň ýüze çykmagy okuwçylaryň dürli mazmunly saz eserlerinde durmuş hadysalarynyň ýüze çykýandygy barada düşünje almaklaryna şert döredýär. Mundan başga hem okuwçylar bu çärýekde uly we kiçi göwrümli saz eserleriniň özara sazlaşygyna düşünmäge, saz diliniň saz eserleriniň mazmunyny çeper beýan etmekdäki ähmiýetine göz ýetirmäge, özleriniň saz-eşidiş tejribelerini baýlaşdyrmaga mümkinçilik alýarlar.

Saz işleriniň «Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar» diýen ugry boýunça bu çärýekde kompozitorlar D. Nuryýewiň «Gurjagym», W. Ahmedowyň «Ýaz ýagşy», «Alma bişipdir», «Waharman», kompozitorlar D. Öwezow bilen A. Şapoşnikowyň «Aýna» operasyndan «Eý daragym, batlan», «Heý, jan», I. Filippenkonyň «Şadyýan sazanda», K. Garowowyň «Berkarar Türkmenistan», «Ejem jany gutlaýan», K. Jumagulyýewiň «Bulut» diýen aýdymlary öwrenmäge hödürlenýär. Okuw maksatnamasyna laýyklykda, okuwçylara çagalar üçin döredilen dürli mazmunly aýdymlary öwretmek bilen birlikde olara operalarda ýerine ýetirilýän aýdymlary öwretmek hem maksat

edinilýär. Bu bolsa okuwçylaryň opera sungaty, operalarda ýerine ýetirilýän aýdýmlar barada ýokary derejede düşünje almaklaryna kömek edýär.

3-nji çärýekde okuwçylara saz ýazuwynyň esasy bolan nota sowadyny öwretmek maksady bilen, saz işleriniň «Notalar bilen tanyşmak we nota boýunça aýtmak» ugry hem okuw maksatnamasyna girizilipdir. Bu ugruň okuw maksatnamasyna girizilmegi bilen sapakda okuwçylara nota boýunça aýdym aýtmagy öwretmek göz öňünde tutulýar. Okuwçylar bu ugur boýunça notalar, ses basgançaklary, saz ölçegleriniň görnüşleri barada düşünje alýarlar. Olar sapakda saz gönükmelerini aýtmagyň, iki ülüşli ölçege dirižýorlyk etmegiň usullaryny öwrenmegiň üsti bilen saz sowady baradaky bilimleri ele alýarlar. Okuw maksatnamasyna laýyklykda, «Ýaň oýny», «Ýedigen», «Apak-mapak» diýen halk sanawaçlaryny okuwçylara nota boýunça aýtmagy öwretmek göz öňünde tutulýar. Şeýle hem çärýekde okuwçylar «Ýaz ýagşy» diýen aýdymyň ilkinji sekiz taktynyň nota boýunça aýdylyşyny öwrenýärler. Şeýlelikde, okuw maksatnamasyna laýyklykda, okuwçylar sapakda saz sowady baradaky bilimleri hem öwrenip başlaýarlar.

«Diňlemek üçin saz eserleri» diýen ugry boýunça 3-nji çärýegiň okuw maksatnamasyna laýyklykda, D. Nuryýewiň «Şadyýan tebip» baletinden «Jüýjeleriň tansy», «Kiçijik balykçy» atly sazlary, D. Nuryýew tarapyndan täzeden işlenen «Sen-sen» diýen halk aýdymy, N. Halmämmedowyň «Türkmenistan» simfoniki poemasyndan «Dutar» diýen parçasy, A. Agajykowyň «Çopanyň aýdymy» atly eseri okuw maksatnamasyna goşulypdyr. Bulardan başga hem okuw maksatnamasyna laýyklykda, okuwçylara kompozitor Ç. Nurymowyň «Döwranyň başdan geçirenleri» kinofilmine ýazan «Döwranyň aýdymy» atly saz eserini, I. Haýdarowyň «Bagşynyň gürrüňi» diýen saz eserini sapakda diňletmek üçin hödürlenýär. Okuwçylara ýokardaky agzalan saz eserlerini diňlemegi öwretmegiň maksady olara balet sungaty, baletlerdäki tanslaryň mazmuny, halk aýdym-sazlary, olaryň kompozitorlar tarapyndan täzeden işlenilmeginiň aýratynlygy, kinofilmlerde çagalar üçin döredilen aýdym-sazlar barada düşünje bermekden ybaratdyr.

Saz işleriniň «Saza laýyk ritmiki hereketler» ugry boýunça 3-nji çärýegiň okuw maksatnamasyna girizilen «Eý daragym, batlan» diýen aýdymyň sazy maksadalaýyk saýlanyp alnypdyr. Sebäbi okuwçylar sapakda bu ugra laýyklykda, sazyň ritmleri bilen sazlaşykly dürli hereketleri ýerine ýetirmegi öwrenýärler. Okuwçylar «Eý daragym, batlan» diýen aýdymyň sazyna laýyk sazlaşykly hereketleri ýerine ýetirmegi öwrenmek bilen birlikde, olar türkmen halyçylyk sungaty, türkmen halylarynyň dokalyşynyň aýratynlyklary, dürli görnüşli haly gölleri barada düşünje alýarlar. Mundan başga hem okuwçylara dutar kakuwlaryna laýyklykda hereket etmegi öwretmek maksady bilen N. Halmämmedowyň «Türkmenistan» simfoniýasyndan «Dutar» diýen parça okuw maksatnamasyna goşulypdyr. Sapakda okuwçylar saz bilen sazlaşykly dürli hereketleri öwrenmegiň üsti bilen, dutar kakuwlarynyň sazlaşykly ýaňlanyşy, dutar kakuwlary arkaly ýaňlanýan milli saz öwüşginleriniň özboluşly owaz aýratynlygy, olaryň özüne çekiji heň öwrümleri bilen tanyşýarlar. Bu bolsa öz gezeginde okuwçylaryň aýdym-saz sapagynda milli saz sungatymyzyň dürli ugurlary , onuň opera, balet, simfoniýa ýaly uly göwrümli saz eserlerini döretmekdäki ähmiýeti barada düşünje almaklaryna kömek edýär.

3-nji çärýekde saz işleriniň «Sesleriň görnüşleri we saz gurallary bilen tanyşmak» diýen ugruna laýyklykda, birnäçe saz eserleri sapakda okuwçylara öwretmäge niýetlenip, okuw maksatnamasyna goşulypdyr. Sapakda okuwçylara «Eý daragym, batlan» diýen aýdymyň sazyna deprekde kakuw bermegi öwretmek maksadalaýyk hasap edilýär. Sapakda özleşdirilýän dürli ritm kakuwlary okuwçylaryň saz eserleriniň ritm urgularyny duýmaklyga bolan ukyp-başarnyklarynyň ýüze çykmagyna ýardam edýär. 3-nji çärýegiň okuw maksatnamasyna laýyklykda, okuwçylara türkmen aýdymlary bilen birlikde rus aýdymlary barada hem düşünje bermek göz öňünde tutulýar. Şol sebäpli hem N. Peskowyň «Guşlar aýdym aýdýar», M. Minkowyň «Agaç atlar», O. Ýudihinanyň «Älemgoşar» atly aýdymlary we «Дин-дон», «Калинка» diýen rus halk aýdymlary okuw maksatnamasyna girizilipdir.

3-nji çärýegiň soňunda okuw maksatnamasyna laýyklykda, geçilen temalar esasynda umumylaşdyryjy sapak geçmek hödürlenilýär.

### *4-nji çärýek*

Okuw maksatnamasyna laýyklykda 2-nji synpyň 4-nji çärýeginiň temasy «Saz dili näme?» diýlip atlandyrylýar. 4-nji çärýegiň okuw maksatnamasynyň başynda tema boýunça okuwçylaryň sapakda özleşdirilmeli saz işleri aýdyň beýan edilýär. Bu çärýekde okuwçylara saz eserleriniň dürli mazmunly häsiýetlerini, duýgularyny ýüze çykarmak, saz eserlerindäki aňladyjy serişdeleriň ähmiýeti barada düşünje bermek maksada laýyk hasap edilýär. Şeýle hem okuw maksatnamanyň başynda saz eserleriniň gurluşy we eseriň mazmuny bilen arabaglanyşygy, bir, iki, üç bölümli saz eserleri barada düşünje bermek göz öňünde tutulýar. Sapakda bu temany özleşdirmek maksady bilen, dürli mazmunly birnäçe saz eserleri okuw maksatnamasyna girizilipdir. Ol saz eserleri okuw maksatnamasyna laýyklykda, beýleki çärýeklerde bolşy ýaly, saz işleriniň dürli ugurlary boýunça özleşdirmäge niýetlenilýär.

Bu çärýegiň esasy wezipesi okuwçylaryň geçen çärýeklerde toplan saz-eşidiş düşünjelerini (saz diliniň serişdeleri we olaryň täsirlilik ähmiýeti baradaky alan düşünjelerini) saz sowady baradaky bilimlere öwürmekdir. Munuň özi bolsa okuwçylaryň sapakda öwrenýän saz eserleriniň gurluşyny, mazmunyny aňly-düşünjeli özleşdirmegi kemala getirmegiň ýene-de bir basgançagydyr. Bu bolsa öz gezeginde okuwçylaryň özlerine öňden belli bolan saz diliniň çeperçilik serişdeleriniň täsir edijilik ähmiýetine akyl ýetirmeklerine we olary doly özleşdirmeklerine kömek edýär.

Okuw maksatnamasyna laýyklykda, bu çärýegiň «Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar» diýen ugry boýunça dürli mazmunly aýdym-saz eserleri sapakda öwrenmäge hödürlenýär. Bu ugur boýunça okuwçylara belli türkmen kompozitorlary W. Ahmedowyň «Bakjada», «Kiçi bilen geçi», «Aýdyşyk», «Meniň pökgim», D. Nuryýewiň «Çapak-çapak elleri», B. Hudaýnazarowyň «Kebelek», «Merjen dänesi», J. Gurbangylyjowanyň «Hödür» diýen aýdymlarynyň aýdylyş ugurlaryny öwretmek göz öňünde tutulýar. Ýagny okuwçylar bu aýdymlaryň heňlerini we sözlerini, aýdym ýerine ýetirilýän mahaly nirelerde dem almalydygyny hem-de aýdym aýtmakdaky berjaý edilmeli düzgünleri öwrenýärler.

Saz işleriniň «Notalar bilen tanyşmak we nota boýunça aýtmak» ugry boýunça okuwçylara nota ýazgylary boýunça saz gönükmelerini aýtmaklygy öwretmek, säginme belgileri, üç ülüşli ölçegler barada düşünje bermek, üç ülüşli ölçeglere dirižýorlyk etmegi öwretmek maksat edilýär. Mundan başga hem bu ugur boýunça kompozitor W. Ahmedowyň «Kiçi bilen geçi» diýen aýdymynyň sekiz taktyny, aýdymyň nota ýazgysy esasynda aýtmaklygy öwretmek göz öňünde tutulýar. Bu bolsa okuwçylaryň saz eserlerinde köp duş gelýän säginme belgileri, üç ülüşli saz ölçegleri, saz ölçegleri arkaly dirižýorlyk etmegiň düzgünleri, nota boýunça aýdym aýtmak baradaky düşünjeleri ele almaklaryna kömek edýär.

4-nji çärýegiň «Diňlemek üçin saz eserleri» ugry boýunça sapakda okuwçylara N. Halmämmedowyň «Hüwdi» diýen saz eseri bilen birlikde, «At çapan» diýen halk sazyny diňletmek göz öňüne tutulýar. Sapakda okuwçylara bu saz eserlerini diňlemegi öwretmegiň üsti bilen olara saz diňlemegiň özboluşly düzgünleri, olary berjaý etmegiň ugurlary barada düşünje bermek göz öňünde tutulýar. Munuň üsti bilen bolsa okuwçylara saz diňlemegi öwretmek arkaly ählitaraplaýyn umumy ösüşini kämilleşdirmek maksat edinilýär.

4-nji çärýegiň okuw maksatnamasyna laýyklykda, saz işleriniň «Saza laýyk ritmiki hereketler» ugry boýunça sapakda okuwçylara W. Ahmedowyň «Kiçi bilen bilen geçi» aýdymyny sahnalaşdyrmak göz öňünde tutulýar. Sapakda okuwçylar aýdymyň mazmunyna laýyklykda, saza laýyk hereketler arkaly çeper keşpleri ýerine ýetirmegi öwrenýärler. Bu bolsa okuwçylaryň saza laýyk dürli hereketleri keşpler arkaly ýerine ýetirmäge bolan ukyp-başarnyklarynyň ýüze çykmagyny, olaryň döredijilik ukyplarynyň kämilleşmegini işjeňleşdirýär. Bu usul öz gezeginde sapakda öwrenilýän saz eserleriniň mazmunyna okuwçylaryň doly düşünmeklerine ýardam edýär.

Saz işleriniň «Sesleriň görnüşleri we saz gurallary bilen tanyşmak» ugry boýunça bu çärýekde okuwçylara belli kompozitorlar tarapyndan döredilen dürli mazmunly saz eserleriniň sazlaryna kakuwlar arkaly sazandarlyk etmegi öwretmek göz öňünde tutulýar. Okuw maksatnamasyna laýyklykda, bu çärýekde, esasan, D. Nuryýewiň «Çapak-çapak elleri» diýen aýdymynyň sazyna kakuwlar arkaly dürli saz gurallarynda sazandarlyk etmegi öwretmek göz öňüne tutulýar.

Sapakda okuwçylaryň saz eserlerine kakuwlar arkaly sazandarlyk etmegi öwrenmekleri sazyň ritm urgularyny göz öňüne getirmek arkaly olary dogry kesgitlemäge bolan ukyp-başarnyklaryny ýüze çykarýar. Bu bolsa öz gezeginde okuwçylaryň saz işleriniň dürli ugurlaryna bolan duýgularyny kämilleşdirýär.

4-nji çärýekde okuwçylary daşary ýurt kompozitorlarynyň döredijiligi bilen tanyşdyrmak maksady bilen, birnäçe saz eserleri okuw maksatnamasyna girizilipdir. 4-nji çärýegiň soňunda bu çärýek boýunça okuw maksatnamasyna laýyklykda geçilen temalar esasynda umumylaşdyryjy sapak geçmek hödürlenilýär. Okuw maksatnamasynyň soňunda 2-nji synpyň okuwçylarynyň aýdym-saz dersi boýunça alan bilimlerine we başarnyklaryna bildirilýän talaplaryň («okuwçy bilmeli», «okuwçy başarmaly» diýen at bilen) sanawy yzygider görkezilipdir. Görşümiz ýaly, 2-nji synpyň okuw maksatnamasyndaky özleşdirmäge hödürlenýän temalaryň ählisi okuwçylaryň aýdym-saz eserleriniň durmuş bilen arabaglanyşygyna düşünmeklerine kömek edýär.

Şeýlelikde, 2-nji synpda aýdym-saz dersini okatmagyň okuw maksatnamasynyň düzülişi, çärýekler boýunça özleşdirilmeli temalaryň yzygiderliligi, temalary özleşdirmek üçin berilýän wagt, sapakda alnyp barylmaly saz işleriniň görnüşleri okatmagyň we terbiýe bermegiň talaplaryna laýyk gelýär. Sapakda okuwçylaryň öwrenmeli saz eserleriniň mazmuny özüniň terbiýeçilik ähmiýetine eýedir.

## §9. 3-nji synpda aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýeti

Başlangyç synplarda saz terbiýesini bermek orta mekdepleriň okuw maksatnamasyna laýyklykda, 1-nji synpdan özleşdirilip başlanýar. 1-nji synpda geçilýän aýdym-saz sapagy başlangyç synplarda saz terbiýesini bermegiň **ilkinji basgançagy**, 2-nji synpda okuwçylara saz terbiýesini bermegiň **düýbüniň tutulmagy** diýlip atlandyrylýar. 3-nji synpda aýdym-saz sapagyny okatmak, 1-nji we 2-nji synplarda özleşdirilen temalaryň **berkidilýän döwri** diýlip atlandyrylýar.

Şeýlelikde, 3-nji synpda geçilýän aýdym-saz sapagy başlangyç synplarda saz terbiýesini bermegiň berkidilýän döwri diýlip atlandyrylmak bilen, bu döwür mugallymdan okuwçylar bilen bilelikde döredijilikli işlemegi talap edýär. Saz terbiýesini bermegiň berkidilýän döwründe mugallym sapakda ýerine ýetirilýän dürli görnüşli saz ýumuşlaryny okuwçylar bilen bilelikde oýlanyşykly alyp barmalydyr. 3-nji synpda her bir okuwçynyň saza bolan ukyby, başarnygy, islegi, gyzyklanmasy, olaryň saz derejesiniň ösüş hili mugallymyň gözegçiliginde bolmalydyr. Sapakda okuwçylara tabşyrylýan saz işleriniň dürli görnüşleri, ýerine ýetiriljek we diňleniljek saz eserleriniň mazmun taýdan kämilligi mugallym tarapyndan seljerilmelidir hem-de olar dogry saýlanyp alynmalydyr. Ýagny sapakda öwrenilýän her bir saz eseriniň özüniň terbiýeçilik ähmiýetine eýe bolmagy hökmanydyr.

3-nji synp okuwçylarynyň saz işlerine bolan ýerine ýetirijilik ukyp-başarnyklarynyň ösüş derejesiniň hili 1-nji, 2-nji synp okuwçylarynyňky bilen deňeşdirilende has ösendir. Sebäbi 3-nji synp okuwçylary 1-nji we 2-nji synplarda aýdym-saz sapaklarynda alan bilimlerine baglylykda saz işleriniň görnüşleri, ýagny «saz sesleriniň nota düşeklerinde ýerleşişi», «alterasiýa belgileri», «saz eserleriniň gurluşy», «saz açarlary» ýaly saz sowady boýunça düýpli düşünjelere eýedirler. 3-nji synpyň okuwçylary hakyky mekdep okuwçysy bolmak bilen, olar ählitaraplaýyn ösen şahsyýetlerdir. Sebäbi bu synpyň okuwçylary beden taýdan sagdyn, ösen dünýägaraýyşly, aň taýdan kämil mekdep okuwçylarydyr. Şonuň üçin hem 3-nji synpda okuwçylara tabşyrylýan saz işleriniň görnüşleri, ýerine ýetirilýän saz eserleriniň mazmuny, sapakda ýerine ýetirilmeli saz gönükmeleri özüniň mazmuny boýunça 1-nji, 2-nji synplaryňkydan bellibir derejede çylşyrymlaşmalydyr. Bularyň ählisi bolsa, öz gezeginde, okuwçylaryň ukyp-başarnyklaryny has-da kämilleşdirýär, aňyýet taýdan olaryň ösüşini işjeňleşdirýär. Sapakda alnyp barylýan saz işleriniň her bir görnüşi okuwçylaryň sazy kabul edijilik we saz seslerini dogry eşitmek ukyplaryny ösdürmäge niýetlenilýär. Bu bolsa olaryň öwrenilýän saz eserleriniň tembr öwüşginlerini aýdyňlaşdyrmaga bolan ukyplarynyň ýüze çykmagyna kömek edýär. Okuwçylaryň aýdym--saz sungaty bilen ysnyşmaklary olaryň aýdym-saz dersi boýunça alan bilimlerini ösdürmäge, ony berkitmäge, olary döredijilikli ulanmaga ýardam edýär.

## §10. 3-nji synpda aýdym-saz dersini okatmagyň okuw maksatnamasy

3-nji synpda aýdym-saz sapagyny okatmagyň okuw maksatnamasy jemi 34 sagada niýetlenip düzülipdir. Her bir beýleki synplara mahsuslykda bu synpda hem aýdym-saz sapagyny okatmaga hepdede 1 sagat wagt berilýär. 3-nji synpda aýdym-saz sapagyny okatmagyň temalary çärýekler boýunça aşakdakylardan ybaratdyr:

1-nji çärýegiň temasy «Saz äheňi» diýlip atlandyrylýar. Bu temany özleşdirmäge 7 sagat wagt berilýär.

2-nji çärýegiň temasy «Sazyň ösüşi» diýlip atlandyrylýar. Bu temany özleşdirmäge 9 sagat wagt berilýär.

3-nji çärýegiň temasy «Aýdym-saz eserleri Watanymyzyň gözelligini we tebigatyny wasp edýär» diýlip atlandyrylýar. Bu temany özleşdirmäge 10 sagat wagt berilýär.

4-nji çärýegiň temasy «Aýdym-saz eserleri Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletini we Türkmenistanyň Prezidentini wasp edýär» diýlip atlandyrylýar. Bu temany özleşdirmäge jemi 8 sagat wagt berilýär.

3-nji synpyň ähli çärýeklerinde öwrenmek üçin hödürlenýän temalar, alnyp barylmaly saz işleriniň dürli görnüşleri we dürli mazmunly saz eserleriniň atlary okuw maksatnamasynda aýdyň beýan edilýär. Çärýekler boýunça öwrenmäge hödürlenýän temalar özleriniň mazmuny, häsiýeti boýunça özboluşly aýratynlyga hem-de çylşyrymlylyga eýedirler. 3-nji synpyň okuw maksatnamasyna girizilen saz eserleriniň her biriniň mazmuny çagalar dünýäsine ýakyn bolmak bilen, ol eserler özüniň örän uly terbiýeçilik ähmiýetine eýedirler.

### *1-nji çärýek*

3-nji synpyň okuw maksatnamasynyň 1-nji çärýeginiň temasy «Saz äheňi» diýlip atlandyrylýar. Tema laýyklykda, okuwçylara adam gürrüňlerindäki äheňleriň aňladyjylyk serişdesi hökümünde ulanylyşy, saz eserleriniň mazmunyny ýüze çykarmakda äheňleriň peýdalanylyşy barada düşünje bermek göz öňünde tutulýar. Şeýle hem bu çärýekde saz eserlerinde duş gelýän dürli görnüşli dyngy

belgileriň saz eserleriniň mazmunyny ýüze çykarmakdaky äheň berijilik ähmiýeti, saz çeperçilik serişdeleriniň üsti bilen äheňleriň ýüze çykarylyşy barada okuwçylara düşünje berilýär. Ýagny bu çärýekde saz äheňleriniň saz eserleriniň mazmunyndaky dürli wakalary aňladyjy we şekillendiriji saz serişdeleri bolup hyzmat edýänligi barada düşünje bermek göz öňüne tutulýar.

3-nji synpyň okuw maksatnamasyna laýyklykda, sapakda alnyp barylýan saz işleriniň «Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar» diýen ugry boýunça türkmen kompozitorlarynyň döreden birnäçe aýdymlary sapakda öwrenilmäge hödürlenýär. Şu maksat bilen okuw maksatnamasyna kompozitorlar N. Muhadowyň «Çaga – dünýäň geljegi», «Gyzjagaz», W. Ahmedowyň «Owlaklar», «Anna», A. Abdyllaýewiň «Kitabym», «Akdyr ýollaryň, Watan», «Jüýje», «Gözle», B. Hudaýnazarowyň «Pyşbaganyň aýdymy», K. Garowowyň «Watanymyzy söýýärin», «Mähriban Diýar» diýen aýdymlary girizilipdir. Sapakda öwrenmäge hödürlenýän aýdymlaryň käbiriniň heňleri we olaryň mazmuny okuwçylar üçin öňden tanyşdyr. Sebäbi okuwçylar ol aýdymlary teleýaýlymlar arkaly çagalar üçin berilýän dürli çykyşlarda, aýdym-sazly bäsleşiklerde öz deň-duşlarynyň ýerine ýetirmeklerinde diňleýärler. Bu bolsa okuwçylaryň sapakda öwrenýän aýdymlarynyň sözlerini çalt ýat tutmaklaryna, heňleri tiz öwrenmeklerine kömek edýär. Mundan başga hem, sapakda okuwçylaryň aýdymy ýerine ýetirýän wagtlary onuň manysyna görä äheň berip aýtmaklaryna, öwrenýän aýdymlarynyň mazmunyna we häsiýetine çalt düşünmeklerine itergi berýär. Sapakda mugallym okuwçylara aýdym öwredende bu çärýegiň temasyna laýyklykda, her bir aýdymyň manysyna görä, äheňleriň nähili berilmelidigini düşündirýär. Bu ýerde mugallymyň özi her bir aýdymyň manysyna görä çeper keşbe girip, saz bilen sazlaşykly aýdymyň manysyny ýüze çykarmaga çalyşmalydyr. Şeýlelikde, bu usul okuwçylaryň sapakda öwrenýän aýdymlarynyň sözlerine saz bilen sazlaşykly äheň berip, aýdymlary janly keşpde ýerine ýetirmäge bolan islegini, gyzyklanmasyny ýüze çykarýar.

Okuw maksatnamasyna laýyklykda, saz işleriniň «Notalar bilen tanyşmak we nota boýunça aýtmak» diýen ugruna laýyklykda bu çärýekde okuwçylara B. Hudaýnazarowyň «Ogry pişik näme iýer?», «Leýlisaç», A. Abdyllaýewiň «Jüýje» diýen aýdymlarynyň

1-nji bentlerini notalar boýunça aýtmagy öwretmek maksada laýyk hasap edilýär. Bu usul okuwçylaryň nota boýunça aýdym aýtmagy öwrenmek boýunça öňki synplarda alan düşünjeleriniň has-da kämilleşmegine ýardam edýär. Biziň bilşimiz ýaly, okuwçylar 1-nji synpyň 3-nji çärýeginden başlap, nota boýunça aýdym aýtmagy öwrenip başlaýarlar. 2-nji synpyň 1-nji çärýeginden nota boýunça aýdym aýtmagy öwrenip başlamak ol ugur boýunça 1-nji synpda geçilenleri gaýtalamakdyr. Sebäbi sapagyň başynda okuwçylaryň notalar, nota düşekleri, saz açarlary, saz ölçegleri baradaky 1-nji, 2-nji synplarda alan düşünjelerini berkitmek maksady bilen, 3-nji synpda öňki geçilen temalar täzeden gysgaça gaýtalanýar. Bu usul öz gezeginde saz işleriniň «Nota boýunça aýtmak» diýen ugruna laýyklykda, okuwçylaryň 3-nji synpda aljak düşünjeleriniň işjeňleşmegine itergi berýär.

1-nji çärýekde saz işleriniň «Diňlemek üçin saz eserleri» diýen ugruna laýyklykda, N. Muhadowyň «Hekaýa», Ç. Nurymowyň «Ýöriş», A. Agajykowyň «Azaşan köşejik», D. Nuryýewiň «Alaja pökgüjik», «Mähirli jadygöý» diýen baletinden «Jüýjeleriň tansy» diýen saz eserlerini okuwçylara sapakda diňletmek maksady bilen okuw maksatnamasyna girizilipdir. Okuwçylar sapakda saz diňlemegi öwrenmegiň üsti bilen saz eserlerinde berilýän äheňleriň aňladyjylyk häsiýeti, saz eseriniň mazmuny we onuň äheňler arkaly ýüze çykarylyşy baradaky düşünjeleri ele alýarlar. Şeýlelikde, sapakda saz diňlemegi öwrenmegiň täsiri netijesinde okuwçylaryň saz äheňleri baradaky pikirleri ýüze çykýar.

Okuw maksatnamasynda saz işleriniň «Saza laýyk ritmiki hereketler» diýen ugruna laýyklykda, okuwçylara sapakda dürli mazmunly saz eserlerini sahnalaşdyrmagy we olary hereketler arkaly ýerine ýetirmegi öwretmek göz öňünde tutulýar. Okuwçylar aýdymlary sahnalaşdyrmagy we aýdymlarda berilýän dürli häsiýetli çeper keşpleri hereketler arkaly ýüze çykarmagy öwrenmegiň üsti bilen saz eserleriniň mazmunyna laýyklykda ýüze çykarylýan äheňleriň şekillendirijilik hem-de aňladyjylyk häsiýetlerine düşünip başlaýarlar. Olar sapakda W. Ahmedowyň «Owlaklar», «Anna», «Bagşy bolasym gelýär» diýen aýdymlarynyň ritmlerine goşup, saza laýyk hereket etmegi öwrenýärler. Aýdymlaryň käbiriniň heňleri okuwçylar üçin

öňden hem tanyşdyr, sebäbi olar agzalan aýdymlary şu çärýekde saz işleriniň dürli ugurlary boýunça sapakda özleşdirýärler. Bu bolsa öz gezeginde okuwçylaryň saza laýyk hereket etmegi çalt öwrenmeklerine bellibir derejede ýardam edýär.

Okuw maksatnamasyna laýyklykda, «Sesleriň görnüşleri we saz gurallary bilen tanyşmak» ugry boýunça okuwçylary saz gurallarynyň görnüşleri bilen tanyşdyrmak, her bir saz guralynyň sesiniň ýaňlanyş aýratynlygyny diňletmek, dürli mazmunly saz eserlerine kakuwlar arkaly sazandarlyk etmegi öwretmek göz öňünde tutulýar.

Sapakda saz eserlerine kakuwlar arkaly sazandarlyk etmegi öwretmegiň esasy maksady okuwçylara sapakda öwrenilýän saz eserleriniň ritm urgularynyň aýratynlygyna düşünmegi öwretmekden ybaratdyr. Bu bolsa okuwçylaryň saz eserleriniň mazmunyna laýyklykda ýerine ýetirilýän ritm urgularyny duýup bilmäge bolan düşünjelerini kämilleşdirýär. Munuň özi okuwçylaryň saz eserleriniň mazmunyna içgin aralaşmagyna mümkinçilik döredýär, saz eserleriniň mazmunyna laýyklykda ýüze çykarylýan çeper keşpleriň häsiýetini ritmler arkaly duýmagyna kömek edýär.

3-nji synpyň 1-nji çärýeginde saz işleriniň «Sesleriň görnüşleri we saz gurallary bilen tanyşmak» diýen ugry boýunça N. Muhadowyň «Gyzjagaz», W. Ahmedowyň «Owlaklar», A. Abdyllaýewiň «Jüýje» diýen aýdymlaryna kakylyp çalynýan saz gurallarynda kakuwlar arkaly sazandarlyk etmegi öwretmek göz öňünde tutulýar. Ýokarda hem belleýşimiz ýaly, okuwçylar dürli mazmunly saz eserleriniň heňine kakuwlar arkaly sazandarlyk etmegi öwrenmegiň üsti bilen olar aýdymlaryň heň öwrümleriniň gurluşyna, olaryň mazmun taýdan tapawudyna, iň esasysy bolsa, aýdymlaryň äheňine göz ýetirip başlaýarlar.

4-nji çärýegiň soňunda okuw maksatnamasyna laýyklykda, bu çärýek boýunça geçilen temalar esasynda umumylaşdyryjy sapak geçmek hödürlenilýär.

### *2-nji çärýek*

Okuw maksatnamasyna laýyklykda, 3-nji synpyň 2-nji çärýeginiň temasy «Sazyň ösüşi» diýlip atlandyrylýar. Temanyň esasy maksady okuwçylara aýdym-saz eserlerinde adam duýgulary, keýpi, onuň

hereketleri, dürli saz öwrümleri, saz aňladyjylyk serişdeleri, çeper keşpler barada düşünje bermegi özünde jemleýär. Ähli çeper eserlere mahsuslykda, saz eserleriniň temasy hem saz öwrümleri arkaly dürli saz ösüşini başdan geçirýär. Saz eserleriniň dowamynda beýan edilýän wakalaryň kompozitor, ýerine ýetiriji tarapyndan perdeleriň üsti bilen heň öwrümleri arkaly ösdürilýändigi barada okuwçylara düşünje bermek maksat edilýär. Temanyň öňünde durýan esasy wezipe okuwçylaryň saz sungatynyň tebigatyna akyl ýetirmeklerini gazanmakdan ybaratdyr. Okuwçylar sapakda saz eserlerinde beýan edilýän wakalaryň heň öwrümleri arkaly dürli ösüşlere eýe bolýandygy (gaýtalamak, gapma-garşylyk, deňeşdirme) bilen tanyşýarlar. Olar sapakda saz ösüşiniň iki görnüşini, ýagny hut kompozitor tarapyndan saz eseriniň özenine siňdirilen ösüşini we olaryň ýerine ýetiriji tarapyndan dürli saz öwüşginleri arkaly «ösdürilişini» tapawutlandyrmagy öwrenýärler.

2-nji çärýekde saz işleriniň «Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar» diýen ugruna laýyklykda, sapakda okuwçylara öwretmek üçin türkmen kompozitorlarynyň birnäçe aýdymlary okuw maksatnamasyna girizilipdir. Belli türkmen kompozitorlary R. Rejebowyň «Ýurdum baky Bitarap», D. Nuryýewiň «Ýaz ýagşy», N. Muhadowyň «Serhetde», «Şöhrat aýdymy», A. Abdyllaýewiň «Garly gün», B. Hudaýgulyýewiň «Oglanlar-a, oglanlar», Ç. Nurymowyň «Şadyýan aýdym», J. Gurbangylyjowanyň «Oýnalyň», «Gülnar», G. Ödenyýazowanyň «Ejemiň elleri» diýen aýdymlary bu çärýekde öwrenmäge hödürlenýär. Bu agzalan aýdymlaryň käbiri saz işleriniň beýleki ugurlarynda hem sapakda okuwçylara öwretmek maksady bilen okuw maksatnamasyna girizilipdir. Okuwçylar sapakda bu aýdymlary öwrenmek arkaly aýdym aýtmagyň çylşyrymly ugurlaryna düşünip başlaýarlar. Bu bolsa olaryň aýdym aýtmak sungatynyň dürli usullary barada düşünje almaklaryna kömek edýär.

Saz işleriniň «Notalar bilen tanyşmak we nota buýunça aýtmak» diýen ugruna laýyklykda, 2-nji çärýekde özleşdirilmeli esasy ugurlaryň biri bolmak bilen, ol okuwçylaryň notalary dogry okamagy öwrenmeklerine, oňa düşünmeklerine kömek edýär. Okuwçylar bu ugur boýunça okuw maksatnamasynda öwrenmäge hödürlenilýän aýdymlary nota ýazuwy esasynda dogry aýtmagyň tärlerini ele alýar-

lar. Şuňa laýyklykda, W. Ahmedowyň «Owlaklar», N. Muhadowyň «Serhetde» diýen aýdymlary bilen birlikde, «Ak teňňe» diýen sanawaç hem okuw maksatnamasyna girizilipdir. Bulardan başga okuw maksatnamasyna laýyklykda, sapakda okuwçylara «*do mažor*» ses hataryny aýtmagy öwretmek göz öňüne tutulýar. Okuwçylar sapakda «*do mažor*» ses hataryny öwrenmegiň üsti bilen notalaryň atlary, notalaryň nota düşeklerinde yzygider ýerleşişi, nota düşekleri barada düşünje alýarlar. Bu işleriň ählisi okuwçylaryň aýdym-saz sapagynda saz sowadynyň ýönekeýje ugurlary barada düşünje almaklaryna kömek edýär.

Bu çärýekde hem saz işiniň esasy ugurlarynyň biri bolan «Diňlemek üçin saz eserleri» diýen ugruna laýyklykda, belli türkmen kompozitorlarynyň birnäçe saz eserleri okuw maksatnamasyna girizilipdir. Ol saz eserleriniň heň öwrümleri çaga dünýäsine ýakynlygy bilen özüne çekijidir. Sapakda okuwçylara kompozitor D. Nuryýewiň «Joşgun», N. Halmämmedowyň «Hüwdi» diýen aýdymlary, «Goňurbaş mukamy» diýen türkmen halk aýdymy, W. Muhadowyň «Magtymgulynyň ýadygärligine» diýen 1-nji simfoniýasyndan bölekleri, A. Çaryýewiň «Aly baba we kyrk garakçy» diýen baletinden «Söýgi we merjen» diýen parçasy sapakda diňlemäge hödürlenilýär. Bu saz eserleri özleriniň gurluşy we mazmuny taýdan dürli görnüşe eýe bolmak bilen, olar okuwçylaryň aýdym, simfoniýa, balet sungaty we türkmen halk aýdymlary baradaky düşünjeleriniň has-da berkemegine itergi berýär. Şeýle hem okuwçylar bu saz eserlerini diňlemegi öwrenmegiň üsti bilen dürli görnüşli saz eserleriniň gurluş aýratynlyklary baradaky düşünjeleri ele alýarlar. Bularyň ählisi bolsa öz gezeginde okuwçylaryň saz eserlerini doly manyly diňläp, onuň mazmunyna dogry düşünip bilmek medeniýetiniň düýbüni tutmaga ýardam edýär.

2-nji çärýegiň «Saza laýyk ritmiki hereketler» ugry boýunça belli türkmen kompozitorlarynyň birnäçe saz eserleri okuw maksatnamasyna girizilipdir. Okuw maksatnamasyna laýyklykda, sapakda okuwçylara D. Nuryýewiň «Mähirli jadygöý» baletinden «Säher» diýen böleginiň, A .Çaryýewiň «Aly baba we kyrk garakçy» baletinden «Söýgi we merjen» diýen parçasynyň, şeýle hem kompozitor J. Gurbangylyjowanyň «Gülnar» diýen aýdymynyň sazyna goşup,

saza laýyk hereketleri öwretmek maksat edinilýär. Sapakda okuwçylar saza goşup, saza laýyk dürli hereketleri öwrenmegiň üsti bilen saz eserleriniň gurluş aýratynlygyna, saz eserlerindäki heň öwrümleriniň ösüş ugurlaryna göz ýetirýärler. Bu bolsa sapakda okuwçylaryň saz bilen sazlaşykly dürli hereketleri öwrenmek arkaly dürli mazmunly saz eserleriniň mazmunyna içgin aralaşmaklaryna itergi berýär.

3-nji synpyň 2-nji çärýeginde «Sesleriň görnüşleri we saz gurallarynda çalmak» diýen ugry boýunça okuwçylara dürli ses belentligi bolan saz gurallarynda kakuwlar arkaly sazandarlyk etmegi öwretmek maksat edilýär. Okuwçylaryň sapakda saz gurallarynda çalyp öwrenmekleri üçin türkmen kompozitorlarynyň birnäçe saz eserleri okuw maksatnamasyna goşulypdyr. Bu çärýekde okuwçylara D. Nuryýewiň «Ýaz gijesi», J. Gurbangylyjowanyň «Eje», N. Muhadowyň «Serhetde» diýen aýdymlarynyň sazlaryna, D. Nuryýewiň «Mähirli jadygöý» baletinden «Säher» diýen böleginiň sazyna kakuwlar arkaly sazandarlyk etmegi öwretmek göz öňünde tutulýar. Sapakda okuwçylar saz eserlerine kakuwlar arkaly sazandarlyk etmegiň üsti bilen, olar saz eserleriniň heň gurluşynyň ösüş aýratynlygy, heňlerde aňladylýan çeper keşpleriň häsiýet aýratynlyklary barada düşünje alýarlar. Okuwçylar dürli ses belentligi bolan saz gurallarynda saz eserlerine sazandarlyk etmegi öwrenmek bilen her bir saz eseriniň özboluşly kakuw aýratynlygynyň bardygyny, kakuwlaryň üsti bilen saz eserleriniň häsiýetiniň, mazmunynyň ýüze çykýandygyny öwrenýärler. Şeýlelikde, sapakda saz gurallarynda saz çalmagy öwrenmegiň üsti bilen okuwçylarda sazyň ösüşi, ýagny saz eserlerindäki saz pikiriniň ösüşi baradaky düşünjeler ýüze çykýar.

2-nji çärýegiň soňunda okuw maksatnamasyna laýyklykda, geçilen temalar esasynda umumylaşdyryjy sapak geçmek hödürlenilýär.

### *3-nji çärýek*

3-nji synpyň 3-nji çärýeginiň temasy «Aýdym-saz eserleri Watanymyzyň gözelligini we tebigatyny wasp edýär» diýlip atlandyrylýar. Sapakda okuwçylar saz işleriniň dürli ugurlary boýunça türkmen kompozitorlary tarapyndan döredilen eziz Watanymyzyň ajaýyp keşbini, ýurdumyzyň gözel tebigatyny wasp edýän birnäçe saz eserlerini öwrenýärler.

3-nji çärýekde saz işleriniň «Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar»

diýen ugry boýunça türkmen kompozitorlary tarapyndan döredilen birnäçe aýdymlar okuw maksatnamasyna girizilipdir. Kompozitorlar R. Rejebowyň «Parla, baýdagym, parla!», «Ýagsana, ýagyş», D. Nuryýewiň «Güneşde», N. Muhadowyň «Biz Watan esgeri», «Säher», B. Hudaýnazarowyň «Ak, derýam», «Leýlisaç», B. Hudaýgulyýewiň «Sonanyň hüwdüsi», J. Gurbangylyjowanyň «Gutly bolsun baýramyň», «Ýaşasyn, Nowruz ady» diýen aýdymlary sapakda öwrenmäge hödürlenýär. Öwrenmäge hödürlenýän aýdymlaryň ählisinde mähriban ata Watanymyzyň ajaýyp keşbi, gül-gülälekli türkmen tebigaty, ýaşyl Tugumyz sazyň dili bilen dürli röwüşde giňden wasp edilýär. Türkmenistan Watanymyzy, onuň ajaýyp durmuşyny, gözel tebigatyny, ýaşyl Tugumyzy wasp edýän aýdymdyr sazlary sapakda okuwçylara öwretmek ösüp barýan ýaş nesliň kalbynda özüniň ýaşaýan ýurduna, onuň ajaýyp Tuguna, gözel tebigatyna, öz ýurdunyň mähriban adamlaryna bolan çäksiz söýginiň döremegine kömek edýär.

Biz şu ýerde D. Nuryýewiň «Ýaz joşguny» diýen aýdymynyň sazynyň we sözleriniň üstünde durup geçeliň. Sapakda öwrenmäge hödürlenýän bu aýdymyň sazy özüniň ýaňlanyşy boýunça mylaýymdan örän ýakymlylygy, özüniň süýji labyzlylygy bilen çagalaryň ünsüni özüne çekýär. Sebäbi aýdymyň sazyndaky dürli heň öwrümleri arkaly beýan edilýän wakalaryň milli äheňlere baýlygy bilen çagalaryň ruhy dünýäsine örän ýakyndyr. Şeýle hem aýdymyň sözleri saz bilen goşulyşyp, sazlaşykly ýaňlananda, ses öwrümlerine äheň berlip, täsirli ýerine ýetirilende okuwçylarda saýrap duran owadan bilbiller, bagy-bossanlyklar baradaky pikirleri ýüze çykarýar. Şeýlelikde, okuwçylar sapagyň dowamynda türkmen tebigatynyň gözelligi, onuň haýwanat dünýäsi baradaky täsin duýgulary başdan geçirýärler.

3-nji çärýekde okuwçylar saz işleriniň «Notalar bilen tanyşmak we nota boýunça aýtmak» diýen ugruna laýyklykda, birnäçe aýdymlary nota ýazgylary esasynda okap aýtmagy öwrenýärler. Bu ugur boýunça okuwçylar sapakda özlerine öňden tanyş bolan «Säher», «Ak, derýam», «Men çynar ekdim» ýaly aýdymlaryň birinji bendiniň nota ýazgysyna seredip, olary okap aýtmagy özleşdirýärler. Şeýle hem okuwçylar sapakda notalaryň görnüşleri we olaryň dowamlylygy,

notalaryň nota düşeklerinde ýerleşişini kesgitlemegi öwrenýärler. Bulardan başga hem, olara sapakda aýdymlary notalara seredip, okap aýtmagy öwrenmegiň üsti bilen sazyň ýönekeý nazaryýeti boýunça saz açarlarynyň görnüşleri, saz ölçegleri barada hem düşünje berilýär. Okuwçylar nota boýunça aýdym aýtmagy öwrenýän pursatlarynda olar alterasiýa belgileriniň görnüşleri barada hem düşünje alýarlar. Ýagny okuwçylaryň nota boýunça aýdym aýtmagy öwrenýän pursatlarynda olara *diýez*, *bemol*, *bekar* belgileriniň saz ýazuwyndaky orny, olaryň saz seslerini beýgeldiji, peseldiji belgilerdigi barada hem düşünje bermek göz öňünde tutulýar. Sapakda okuwçylara alterasiýa belgileri barada düşünje bermek okuwçylaryň aýdym-saz sapagynda saz sowady boýunça bilimleriniň kämilleşmegini işjeňleşdirýär.

Bu çärýegiň «Diňlemek üçin saz eserleri» diýen ugruna laýyklykda, okuwçylaryň sapakda diňlemekleri üçin hem birnäçe aýdym-saz eserleri okuw maksatnamasyna girizilipdir. Bu çärýekde okuwçylar kompozitorlar N. Muhadowyň «Türkmen tebigaty», R.Allaýarowyň «Aşgabat», N. Halmämmedowyň «Türkmen sährasy» diýen aýdymlary bilen birlikde, D. Nuryýew tarapyndan täzeden işlenen «Nar agajy» diýen halk aýdymy hem-de «Ol daglaryň» diýen halk sazyny sapakda diňleýärler. Bu aýdym-sazlaryň ählisinde türkmen topragynyň gözel tebigaty, onuň gül-gunçaly ajaýyp sährasy, beýik daglary sazyň dilinde nepislik bilen wasp edilýär. Belli kompozitor R. Allaýarow tarapyndan döredilen «Aşgabat» diýen aýdymda bolsa gözel paýtagtymyzyň göreni haýran edýän ajaýyp keşbi dürli saz öwrümleriniň üsti bilen giňişleýin açylyp görkezilýär. Sapakda okuwçylara eziz Diýarymyz baradaky dürli mazmunly aýdym-sazlary diňletmek bilen olaryň kalbynda ata Watana, onuň gözel tebigatyna bolan ajaýyp duýgulary ýüze çykýar. Bu bolsa aýdym-saz sapagynyň öňünde durýan terbiýeçilik ähmiýetli esasy işleriň biridir.

3-nji çärýekde saz işleriniň «Saza laýyk ritmiki hereketler» diýen ugry boýunça okuwçylara kompozitor B. Hudaýnazarowyň «Leýlisaç» hem-de «Ak, derýam» diýen aýdymlarynyň mazmuny, häsiýeti bilen sazlaşykly hereketleri öwretmek göz öňünde tutulýar. Okuwçylaryň sapakda saz bilen sazlaşykly hereketleri ýerine ýetirmegi öwrenmekleri olaryň sapakda öwrenýän saz eserleriniň mazmun taýdan häsiýet aýratynlyklaryny duýmaga bolan ukyplaryny ýüze çykarýar.

Okuw maksatnamasyna laýyklykda bu çärýegiň «Sesleriň görnüşleri we saz gurallary bilen tanyşmak» diýen ugry boýunça okuwçylara «Ak, derýam» diýen aýdymyň sazyny belent sesli saz gurallarynda çalmagy öwretmek, şeýle hem «Säher», »Leýlisaç» diýen aýdymlara kakylyp çalynýan saz gurallarynda sazandarlyk etmegi öwretmek hödürlenýär. Okuwçylar sapakda saz gurallaryny çalmagy öwrenmegiň üsti bilen birnäçe saz gurallarynyň ýaňlanyş aýratynlygy, saz gurallarynyň görnüşleri bilen tanyşýarlar. Okuwçylary saz gurallarynyň görnüşleri, olaryň ýaňlanyş aýratynlygy bilen tanyşdyrmagyň, saz gurallarynda saz çalmagy öwretmegiň esasy maksady okuwçylarda öz halkynyň saz sungatyna bolan söýgüsini kemala getirmekden ybaratdyr.

### *4-nji çärýek*

3-nji synpyň 4-nji çärýeginiň temasyna laýyklykda, okuwçylar Türkmenistan döwletimiziň şanly Garaşsyzlygy, baky Bitaraplygy, hormatly Prezidentimiz barada döredilen birnäçe aýdym-sazlary öwrenýärler. Okuw maksatnamasynda öwrenmek üçin hödürlenýän aýdymlaryň ählisi türkmen kompozitorlary tarapyndan döredilen saz eserleri bolmak bilen, ol saz eserlerinde mähriban Watanymyzyň şanly Garaşsyzlygy, baky Bitaraplygy, hormatly Prezidentimiziň eziz Diýarymyzy gülläp ösdürmekde alyp barýan ägirt uly işleri wasp edilýär.

Bu çärýekde saz işleriniň «Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar» diýen ugruna laýyklykda, sapakda okuwçylara öwretmek üçin türkmen kompozitorlarynyň birnäçe aýdym-saz eserleri okuw maksatnamasyna girizilipdir. Kompozitorlar A. Çaryýewiň «Watan Garaşsyz bolsa», «Mähriban Türkmenistan», R. Rejebowyň «Türkmenistan», B. Hudaýnazarowyň «Jan Watan», «Türkmenistan», N. Muhadowyň «Garaşsyz döwran», «Gül mekanyň bahar-ýazy», D. Nuryýewiň «Men çynar ekdim», B. Hudaýnazarowyň «Jan Watan Türkmenistan», J. Gurbangylyjowanyň «Hasyl toýy» diýen aýdymlary okuw maksatnamasynda öwrenmäge hödürlenýär. Okuwçylar sapakda bu aýdymlary öwrenmek arkaly şanly Garaşsyzlyk, baky Bitaraplyk diýen sözleriň nähili mukaddesligine, olaryň ähmiýetine göz ýetirýärler. Şeýle hem

okuwçylar sapakda şanly Garaşsyzlyk, baky Bitaraplyk baradaky aýdymlary dürli hereketleriň üsti bilen ýerine ýetirmegiň esasy ugurlaryny öwrenýärler. Bu bolsa olarda Watanyň şanly Garaşsyzlygynyň, baky Bitaraplygynyň ähmiýetine bolan buýsanç duýgularynyň ýüze çykmagyna itergi berýär. Sapakda ata Watanymyzy wasp edip ýerine ýetirilýän her bir saz eseri okuwçylaryň Watan baradaky tämiz pikirlerini ýüze çykarýar.

4-nji çärýekde saz işleriniň «Notalar bilen tanyşmak we nota boýunça aýtmak» diýen ugry boýunça okuwçylara tema bilen baglanyşykly aýdymlardan bölekleri, aýdymlary nota ýazgysy esasynda okap aýtmagy öwretmek maksat edinilýär. Okuwçylara «Watan Garaşsyz bolsa» diýen aýdymyň birinji bendini nota boýunça aýtmagy öwretmek maksady bilen, «Garaşsyz döwran», «Hasyl toýy» diýen aýdymlardan bölekler bu çärýegiň okuw maksatnamasyna goşulypdyr. Sapakda aýdymlardan bölekleri nota boýunça okap aýtmagy öwretmegiň esasy maksady okuwçylaryň notalary tanamaga, saz sesleriniň ýaňlanyşyny dogry eşitmäge bolan ukyp-başarnyklaryny kemala getirmekden, olara notalaryň dowamlylygyny tanamagy, notalary dogry aýtmagy öwretmekden ybaratdyr. Bu bolsa okuwçylaryň maksadalaýyk saz sowadyny ele almaklaryna ýardam edýär.

4-nji çärýegiň «Diňlemek üçin saz eserleri» diýen ugry boýunça hem birnäçe saz eserleri okuw maksatnamasyna girizilipdir. Bu çärýekde okuwçylara ilki bilen «Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň Döwlet senasyny» diňlemegi öwretmek üçin mähriban Watanymyzyň Döwlet senasy okuw maksatnamasyna goşulypdyr. Şeýle hem bu çärýekde okuwçylar kompozitorlar R. Rejebowyň «Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanym», «Galkyn, türkmenim», W. Muhadowyň «Watannama» diýen eserlerini diňlemegi öwrenýärler. Okuwçylar bu saz eserlerini diňlemegi öwrenmek arkaly mähriban ata Watanymyz, onuň şan-şöhraty, merdana türkmen milleti baradaky täsin duýgulary başdan geçirýärler.

Bu çärýekde saz işleriniň «Saza laýyk ritmiki hereketler» diýen ugruna laýyklykda, belli kompozitorlar R. Rejebowyň «Türkmenistan», N. Muhadowyň «Garaşsyz döwran» diýen aýdymlary okuw maksatnamasyna girizilipdir. Okuwçylar sapakda «Türkmenistan» diýen aýdymyň sazyna goşup, ýöriş hereketlerini ýerine ýetirmegi

öwrenýärler. «Garaşsyz döwran» diýen aýdymyň sazyna dürli tans hereketlerini ýerine ýetirýärler. Sapakda saza goşup, ýöriş hereketlerini öwrenmegiň üsti bilen, okuwçylaryň durmuşda öz-özüne erk etmäge bolan endikleri kemala gelýär. Olaryň adaty durmuşda ädimleriňi dogumly, ynamly basmak ýaly ukyp-başarnyklary ýüze çykýar. Okuwçylaryň saza laýyk ýerine ýetirýän ritmiki hereketleri olaryň beden taýdan sagdyn ösüşini, göwresiniň owadan, syratly bolmagyny üpjün edýär. Şol bir wagtyň özünde saz bilen sazlaşykly ýerine ýetirilýän dürli hereketler okuwçylaryň sapakda öwrenýän saz eserleriniň ritm urgularyny dogry duýmaga bolan ukyp-başarnyklaryny kemala getirýär.

4-nji çärýekde saz işleriniň «Sesleriň görnüşleri we saz gurallary bilen tanyşmak» diýen ugruna laýyklykda, okuwçylar «Watan», «Arkadag», «Jan Watan, Türkmenistan» diýen aýdymlara kakuwlar arkaly sazandarlyk etmegi öwrenýärler. Okuwçylaryň sapakda aýdymlara kakuwlar arkaly sazandarlyk etmegi öwrenýän pursatlary her bir saz eseriniň özüne mahsus ritm urgularyny gözleýärler. Okuwçylaryň bu synanyşyklary olaryň saz eserlerini ýerine ýetirmäge bolan ukyplarynyň kämilleşmegine, saz duýgularynyň ösüp kemala gelmegine itergi berýär. 3-nji synpyň 4-nji çärýeginiň soňunda bütin çärýek boýunça geçilen temalaryň ählisi esasynda umumylaşdyryjy sapak geçmek hödürlenýär. Okuw maksatnamasynyň soňunda 3-nji synpyň okuwçylarynyň aýdym-saz dersi boýunça alan bilimlerine we başarnyklaryna bildirilýän talaplaryň («okuwçy bilmeli», «okuwçy başarmaly» diýen at bilen) sanawy yzygider görkezilipdir.

Ähli synplaryň okuw maksatnamasyna laýyklykda, çärýeklik temalar esasynda okuw sapaklaryny geçmek bütin okuw ýylynyň dowamynda okuwçylary pikirlenmäge, oýlanmaga hem-de olarda dürli hereketleriň işjeňligini kemala getirmäge gönükdürmekden ybaratdyr.

## §11. 4-nji synpda aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýeti

Biziň bilşimiz ýaly, her bir synpyň okuwçylary özleriniň ýaş aýratynlyklaryna baglylykda, olary okatmagyň özboluşly usuly aýratynlygyna eýedirler. Bu ýagdaý 4-nji synp okuwçylaryny

okatmagyň usulyýetine hem mahsusdyr. Ýagny bu synpyň okuwçylarynda saz işleriniň dürli görnüşlerine doly manyly akyl ýetirmäge we oňa düşünmäge bolan ukyp-başarnyk ýuwaş-ýuwaşdan ýüze çykyp başlaýar. Munuň şeýledigini okuwçylaryň sapakda ýerine ýetirýän saz işlerine gözegçilik edilende duýmak bolýar. Ýagny okuwçylar saz işlerini ýerine ýetirýän pursatlary olaryň ýerine ýetirýän işleriniň ählisi mugallym tarapyndan söz üsti bilen düşündirilýär. Bu bolsa okuwçylarda saz işleriniň her bir görnüşine doly manyly akyl ýetirmeklige bolan ukybyň we gyzyklanmanyň yzygider ýagdaýda artmagyna ýardam edýär. Ýöne muňa garamazdan, aýdym-saz sapagynda okuwçylara söz bilen düşündirmek usuly käbir halatlarda özüniň oňat netijesini hem bermeýär. Sebäbi mugallym sapakda köp geplemek bilen okuwçylary aýdym-saz sapagynyň esasy özeni bolan sazdan daşlaşýar. Şonuň üçin hem sapakda esasy ünsi saza bermelidir. Ýagny sapakda ýaňlanýan her bir saz eseri ony diňleýän okuwçylaryň ählisinde saz sungatyna bolan islegi, gyzyklanmany ýüze çykarmalydyr.

4-nji synp okuwçylaryna mahsus häsiýetleriň ýene-de biri okuwçylarda özbaşdak pikirlenmek ukybynyň göwrüminiň giňelmegidir. Okuwçylar sapakda mugallymyň tabşyrýan ýumuşlarynyň ählisini (saz diňlemek, saz çalmak, aýdym aýtmak, tans etmek we ş. m.) toplumlaýyn ýerine ýetirmäge bolan ukyp-başarnyk ýüze çykýar. Okuwçylar sapakda dürli mazmunly saz eserleriniň häsiýetini, manysyny, olaryň mazmun taýdan tapawudyny seljermegi öwrenýärler. Bu bolsa okuwçylaryň özbaşdak pikirlenmek ukyp-başarnyklarynyň ösüp kemala gelmegine kömek edýär. Sapakda okuwçylaryň saz eserleriniň mazmunyny seljermegi öwrenmekleriniň netijesinde olaryň saz eserleri baradaky şahsy garaýyşlary ýüze çykýar. Okuwçylary sapakda öwrenilýän saz eserleriniň mazmuny, olaryň häsiýeti barada oýlanmaga ugrukdyrmak olaryň öwrenilýän saz eseriniň mazmuny baradaky göz öňüne getirmeleriniň güýçlenmegine kömek edýär. Biziň bilşimiz ýaly, 1-nji synpda aýdym-saz sapagyny okatmagyň usulyýet aýratynlygy 2-nji, 3-nji, 4-nji synplarda aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýet aýratynlygynyň özeni hasap edilýär. Bu synplarda aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýetiniň esaslary biri-birine ýakyndyr hem-de olar örän meňzeşdir. Şeýlelikde, 4-nji synpda geçilýän aýdym-saz sapagy başlangyç synplarda saz terbiýesini bermegiň **jemleýji döwri**

diýlip atlandyrylýar. Sebäbi bu synpyň okuwçylary öwrenýän saz eserleriniň mazmunyny predmetler arkaly janlandyryp ugraýarlar. Okuwçylaryň özbaşdak pikirlenmek ukybynyň ösüşiniň netijesi bolsa öz gezeginde olaryň ählitaraplaýyn umumy ösüşiniň kämilleşmegine itergi berýär.

## §12. 4-nji synp okuwçylaryna mahsus häsiýetler

Orta mekdepleriň 4-nji synpynda aýdym-saz dersini okatmak mugallymdan örän uly zähmeti talap edýär. Ýagny 4-nji synpda aýdym-saz mugallymynyň öňünde çözülmesi kyn birnäçe möhüm meseleler ýüze çykýar. Biziň bilşimiz ýaly, 4-nji synpda okadylýan ähli dersler bilen birlikde, aýdym-saz dersini okatmak hem synp mugallymynyň özüne ynanylýar. Biziň ýokarda belläp geçişimiz ýaly, orta mekdepde okuwçylaryň aýdym-saza bolan ýerine ýetirijilik ukyp-başarnyklarynyň, olaryň saz sungatyna bolan gatnaşygynyň, isleginiň, gyzyklanmasynyň hil derejesi dürli-dürlüdir. Bu bolsa öz gezeginde aýdym-saz mugallymynyň öňünde birnäçe çözülmeli meseleleri ýüze çykarýar. Munuň sebäbi başlangyç synp mugallymlarynyň käbirleri aýdym-saz dersini ikinji derejeli sapak hasap edip, ol sapagy doly manyly okatmaga känbir üns hem bermeýär. Şularyň netijesinde bolsa, 4-nji synpda aýdym-saz dersini okadýan hünärmen mugallymyň öňünde okuwçylara saz terbiýesini bermegiň täze meseleleri peýda bolýar. Mundan başga hem 4-nji synp okuwçylarynyň tomusky dynç alyş döwründe olaryň ählitaraplaýyn ösüşlerinde düýpli özgertmeler ýüze çykýar (aňyýet we beden taýdan ösüşlerinde). Has dogrusy, bu döwürde başlangyç synp okuwçylary okatmagyň we terbiýe bermegiň başlangyç döwründen okatmagyň orta okuw döwrüne gadam basýarlar. Şeýlelikde, hut şu döwürden başlap, 4-nji synp okuwçylarynyň köpüsinde aýdym-saz sapagyna bolan kesgitli gatnaşyklar ýüze çykýar. Olarda aýdym-saz sungatyna bolan özboluşly isleg, gyzyklanma kemala gelýär. Ýöne muňa garamazdan, gynansak-da, käbir ýagdaýlarda başlangyç synplaryň käbirinde aýdym-saz dersi örän pes derejede okadylýar ýa-da düýbünden okadylmaýan halaty hem bolýar. Bu ýagdaýyň özi 4 - nji synp okuwçylarynyň aňynda aýdym-saz sapagyna bolan ýaramaz garaýyşlaryň ýüze çykmagyna itergi

berýär. Has dogrusy, okuwçylar aýdym-saz sapagyna «güýmenje», «biderek wagt ýitirme» hökmünde garaýarlar. Okuwçylaryň birnäçesinde ilkibaşda saz sungaty bilen düýpli meşgullanmaga bolan isleg, gyzyklanma ýüze çykýar. Emma okuwçylaryň köpüsi özlerindäki bu islegi, gyzyklanmany töweregindäkilerden gizlemäge çalyşýarlar. Ýagny olar özleriniň bu çynlakaý «isleglerine» deň-duşlarynyň düşünmezliklerinden çekinýärler. Şonuň üçin hem 4-nji synp okuwçylary bilen sapak geçip başlan halatyndan, mugallym aýdym-saz dersini okatmagyň ýokarda agzalyp geçilen aýratynlyklaryny göz öňünde tutmalydyr.

## §13. 4-nji synpda aýdym-saz dersini okatmagyň okuw maksatnamasy

4-nji synpyň okuw maksatnamasy başlangyç synplaryň okuw maksatnamalaryna laýyklykda, çärýekler boýunça özleşdiriljek dürli mazmunly temalary özüne birleşdirýär. 4-nji synpda hem aýdym--saz sapagyny okatmaga hepdede 1 sagat wagt berilýär. Şeýlelikde, bu dersi özleşdirmäge jemi 34 sagat wagt berlip, ol çärýeklik temalar esasynda alnyp barylýar. 4-nji synpda aýdym-saz dersini okatmagyň temalary aşakdakylardan ybarat :

1-nji çärýegiň temasy «Öz halkymyň aýdym-sazlary» diýlip atlandyrylýar. Bu temany özleşdirmäge jemi 7 sagat wagt berlipdir.

2-nji çärýegiň temasy «Häzirki zaman türkmen aýdymlary» diýlip atlandyrylýar. Bu temany özleşdirmäge jemi 9 sagat wagt berlipdir.

3-nji çärýegiň temasy «Dünýä halklarynyň aýdym-sazlarynyň arasynda geçip bolmajak araçäk ýokdur» diýlip atlandyrylýar. Bu temany özleşdirmäge jemi 10 sagat wagt berlipdir.

4-nji çärýegiň temasy «Kompozitor, ýerine ýetiriji, diňleýji» diýlip atlandyrylýar. Bu temany özleşdirmäge jemi 8 sagat wagt berlipdir.

Temalaryň atlaryndan görnüşi ýaly, sapakda çärýekler boýunça öwrenmäge hödürlenýän her bir tema özüniň mazmuny boýunça öňki çärýeklerde özleşdirilen temalaryň dowamydyr. 4-nji synpda aýdym-

-saz dersini okatmagyň okuw maksatnamasynyň başynda okuwçylara türkmen halkynyň halypa bagşy-sazandalarynyň ömri we döredijiligi, türkmen halkynyň bagşyçylyk ýollary we olaryň ýerine ýetiriliş usullary barada düşünje bermek göz öňünde tutulýar. Şeýle hem okuw maksatnamasyna laýyklykda, okuwçylary türkmen kompozitorlary we turkmen bagşy-sazandalary tarapyndan döredilen aýdym-saz eserlerinde türkmen halkynyň ýaşaýyş-durmuşynyň şöhlelendirilişi, türkmen halk saz gurallarynyň görnüşleri bilen tanyşdyrmak maksat edilýär. 4-nji synpda okuwçylar türkmen halk bagşy-sazandalary we türkmen kompozitorlary tarapyndan döredilen aýdymdyr sazlaryň biri-birlerine ýakynlygy, olaryň özboluşly aýratynlygy barada hem düşünje alýarlar.

### *1-nji çärýek*

4-nji synpyň 1-nji çärýeginiň temasy «Öz halkymyň aýdym--sazlary» diýlip atlandyrylýar. Temanyň esasy maksady mekdep okuwçylaryna türkmen milli saz sungatynyň özboluşly aýratynlygyna düşünmegi, onuň mazmunyna akyl ýetirmegi öwretmekden ybaratdyr.

Çärýegiň temasynyň mazmunyna baglylykda okuwçylara öwretmek esasynda türkmen halkynyň nesilden-nesle geçip, biziň şu günlerimize ýetip gelen aýdym-saz sungatynyň däpleri barada düşünje bermek göz öňünde tutulýar. Şeýle hem olaryň häzirki zaman kompozitorlarynyň saz eserleri baradaky düşünjelerini giňeltmek maksat edinilýär. Bulardan başga hem okuwçylara türkmen halk saz eserleri bilen beýleki halklaryň saz eserleriniň durmuş baradaky mazmunynyň ýakynlygyna akyl ýetirmegi öwretmek göz öňünde tutulýar.

4-nji synpyň 1-nji çärýeginde sapakda ýerine ýetirmäge hödürlenýän aýdymlar mazmun taýdan dürli häsiýetli saz eserleridir. Bu çärýekde okuwçylara kompozitorlar R. Rejebowyň «Watan», «Bagyň ukusy», «Ak mekdebim - ak ýolum», A. Çaryýewiň «Ene hüwdüsi», B. Hudaýnazarowyň «Günebakar», K. Garowowyň «Arkadag» diýen aýdymlaryny öwretmek göz öňünde tutulýar. Sapakda öwrenmäge hödürlenýän bu aýdymlar mazmun taýdan çagalaryň ruhy dünýäsine ýakyn terbiýeçilik ähmiýetli saz eserleridir. «Läle», «Hüwdi», «Monjugatdy», «Öleň» ýaly halk döredijiliginden bölekler, «Dag saýar»

diýen halk aýdymy okuw maksatnamasyna girizilmek bilen, okuwçylara ol saz eserlerini dogry äheňde ýerine ýetirmegi öwretmek maksada laýyk hasap edilýär.

Saz işleriniň «Notalar bilen tanyşmak we nota boýunça aýtmak» ugruna laýyklykda, 1-nji çärýekde okuwçylara D. Öwezowyň «Heý, jan», O. Gurbannýazowyň «Mekdebim» diýen aýdymlarynyň birinji bendini we halk döredijiliginiň «Läle» görnüşinden aýdymy nota ýazgysy esasynda aýtmagy öwretmek maksady bilen okuw maksatnamasyna goşulypdyr. Sapakda öwrenmäge niýetlenilen bu aýdymlaryň nota ýazgylary okuwçylar üçin öňden tanyşdyr. Sebäbi okuwçylar bu aýdymlary saz işleriniň «Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar» diýen ugruna laýyklykda hem sapakda öwrenýärler. Bu bolsa okuwçylaryň sapakda öwrenilýän aýdymlary çalt ýat tutmaklaryna kömek edýär. Beýleki okuw çärýeklerine mahsuslykda, 4-nji synpyň 1-nji çärýeginde hem okuwçylara diňlemegi öwretmek maksady bilen, okuw maksatnamasynda birnäçe saz eserleri sapakda diňlemäge hödürlenýär. Okuw maksatnamasyna laýyklykda, okuwçylar «Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň Döwlet senasyny», «Monjugatdy», «Küştdepdiden» gazallary, «Ýar-ýar» diýen halk döredijiliginiň görnüşlerinden parçalary diňlemegi öwrenýärler. Şeýle hem bu çärýekde kompozitorlar W. Ahmedowyň dutar we fortepýano üçin täzeden işlän «Balsaýat», N. Halmämmedowyň «Dutaryň owazy», B. Hudaýnazarowyň «Tokkato» diýen sazlary hem-de «Dag saýar» diýen halk aýdymy diňlemäge hödürlenýär. Okuwçylar sapakda kompozitorlar tarapyndan täzeden işlenen halk sazlary, kompozitorlar tarapyndan döredilen milli äheňli saz eserleri, olaryň döreýşi we ýerine ýetirilişi bilen tanyşmaga mümkinçilik alýarlar.

1-nji çärýegiň okuw maksatnamasynda mugallymyň saýlamagynda gyjak saz guralynda çalnan sazlardan birini sapakda okuwçylara diňletmek maksat edinilýär. Bu bolsa okuwçylaryň gyjak saz guraly, onuň ýaňlanyş aýratynlygy bilen tanyşmaklaryna mümkinçilik döredýär.

Okuw maksatnamasyna laýyklykda, saz işleriniň «Sesleriň görnüşleri we saz gurallary bilen tanyşmak» ugry boýunça bu çärýekde okuwçylar «Läle», «Küştdepdi» diýen heňleri dutarda çalyp öwrenýärler. Şeýle hem olar bu çärýekde «Heý, jan», «Eý daragym, batlan»,

«Çal, dutarym» diýen sazlara kakylyp çalynýan saz gurallarynda we dutaryň açyk kirişlerinde kakuwlar arkaly sazandarlyk etmegi öwrenmäge mümkinçilik alýarlar. Aýdym-saz sapagynda okuwçylara saz çalmagy öwretmek okuwçylaryň saz-estetiki garaýyşlaryny kemala getirmegiň esasy serişdesi hasap edilýär.

4-nji synpyň 1-nji çärýeginde saz işleriniň dürli ugurlaryna laýyklykda, okuwçylaryň sapakda özleşdirmekleri üçin halk döredijiliginden parçalar, halk aýdym-sazlary, türkmen kompozitorlarynyň çagalar üçin döreden dürli mazmunly aýdym-sazlary we olaryň döreden uly göwrümli saz eserleri okuw maksatnamasyna girizilipdir.

Çärýegiň soňunda bu çärýek boýunça okuw maksatnamasyna laýyklykda geçilen temalar esasynda umumylaşdyryjy sapak geçmek maksadalaýyk hasap edilýär.

## *2-nji çärýek*

4-nji synpyň 2-nji çärýeginiň temasy «Häzirki zaman türkmen aýdymlary» diýlip atlandyrylýar. Bu tema esasynda okuwçylara saz işleriniň dürli ugurlary boýunça dürli mazmunly saz eserlerini öwretmek göz öňünde tutulýar. Bu çärýegiň okuw maksatnamasyna, esasan, häzirki zaman türkmen kompozitorlarynyň döreden aýdymlary girizilipdir. Şeýle hem bu çärýekde okuwçylar kompozitorlaryň döreden aýdymlary bilen birlikde «Il biläni» diýen türkmen halk aýdymyny hem öwrenýärler.

2-nji çärýegiň «Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar» ugry boýunça okuw maksatnamasyna belli türkmen kompozitorlary N. Halmämmedowyň «Dutaryň owazy», R. Rejebowyň «Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan», «Garaşsyzlyk binasy», N. Muhadowyň «Tüýdükçi Myratly», D. Nuryýewiň «Tüýdük», A. Kulyýew tarapyndan täzeden işlenen «Kebelek», J. Gurbangylyjowanyň «Çal, dutarym», «Ýurdum meniň Bitarap», A. Abdyllaýewiň «Aşgabat», «Gerekdir», «Mähriban ülkäm», K. Garowowyň «Mähriban Diýar», K. Annanepesowyň «Täze ýyl aýdymy», G. Ödenyýazowanyň «Täze ýyl arzuwlary» diýen aýdymlary girizilipdir. Görşümiz ýaly, okuw maksatnamasynda sapakda özleşdirmek üçin hödürlenýän saz eserleriniň ählisi eziz Watanymyzyň şanly Garaşsyzlygyny, baky Bitaraplygyny, şadyýan çagalygy wasp edýän aýdymlardan ybaratdyr.

Bu çärýekde okuw maksatnamasynda saz işleriniň «Notalar bilen tanyşmak we nota boýunça aýtmak» ugry boýunça «Tüýdükçi Myratly», «Kebelek» diýen aýdymlary okuwçylaryň nota boýunça aýtmagy öwrenmekleri üçin hödürlenýär. Okuwçylara nota boýunça aýtmagy öwrenmek üçin hödürlenýän aýdymlar özleriniň saz gurluşy boýunça geçen çärýeklerde öwrenilen aýdymlardan belli bir derejede çylşyrymlaşýar. Munuň özi okuwçylaryň aýdymlary nota ýazgysy esasynda kämil aýdyp hem-de notalary dogry okap, oňa dogry düşünip bilmeklerine kömek edýär.

2-nji çärýegiň «Diňlemek üçin saz eserleri» ugruna laýyklykda, mugallymyň özüniň saýlamagynda sapakda okuwçylara türkmen halkynyň milli saz guraly bolan gopuzda çalnan sazlary hem-de halk saz gurallary toparynyň ýerine ýetirmeginde çalnan sazlary diňlemäge hödürlenýär. Şeýle hem bu çärýekde okuwçylara uly göwrümli saz eserlerini hem-de saz eserlerinden bölekleri diňletmek maksat edinilýär. Bu çärýegiň okuw maksatnamasyna laýyklykda sapakda kompozitorlar A. Agajykowyň «Mähriban obamyň şekilleri» diýen eserinden bölegi, G. Kulyýew bilen S. Mämiýewiň «Türkmen halk heňleriniň temasyna fantaziýa» diýen sazyny, mugallymyň saýlamagynda halk saz gurallary toparynyň çalan saz eserlerini we kompozitor B. Hudaýnazarowyň «Plektrli dutar üçin dessan» atly poemasy okuwçylara diňledilýär. Sapakda bu saz eserlerini diňlemegiň üsti bilen okuwçylar saz gurallarynda çalynýan halk heňleriniň kompozitorlar tarapyndan täzeden işlenilişi, halk saz gurallar topary, plektrli dutar barada düşünje alýarlar.

2-nji çärýegiň «Saza laýyk ritmiki hereketler» diýen ugry boýunça okuwçylara türkmen halk sazlary bolan «Küştdepdi» diýen aýdymly tansyň we «Bibijan» diýen halk heňiniň sazlaryna ýerine ýetirilýän hereketleri öwretmek göz öňüne tutulýar.

Bu çärýegiň «Sesleriň görnüşleri we saz gurallary bilen tanyşmak» ugry boýunça «Kebelek», «Gül ülkämiň bahar-ýazy», «Iki agaç», «Bibijan» atly saz eserleri okuw maksatnamasyna girizilipdir. Okuwçylar sapakda bu saz eserlerine kakuwlar arkaly sazandarlyk etmegi öwrenýärler. Sapakda saz eserlerine kakuwlar arkaly sazandarlyk etmegi öwrenmegiň üsti bilen olaryň saz eserleriniň ritm urgularynyň aýratynlyklary barada düşünjeleriniň berkemegine ýardam edýär.

Şeýlelikde, 2-nji çärýekde saz işleriniň dürli ugurlary boýunça öwrenmäge hödürlenilýän saz eserleriniň ählisi okuwçylaryň häzirki zaman türkmen aýdymlary barada düşünjeleriniň ösmegine kömek edýär. Bu çärýegiň temasyna laýyklykda, öwrenmäge hödürlenýän saz eserleriniň ählisi okuwçylaryň türkmen aýdym-sazlary baradaky düşünjeleriniň çuňlaşmagyna, saz eserleriniň özboluşly gurluş aýratynlygyna akyl ýetirmeklerine gönükdirilendir.

### *3-nji çärýek*

4-nji synpyň 3-nji çärýeginiň okuw maksatnamasynyň esasynda okuwçylar dünýä halklarynyň dürli mazmunly saz eserleri bilen tanyşdyrylýar. Okuw maksatnamasyna laýyklykda, bu çärýegiň temasy «Dünýä halklarynyň aýdym-sazlarynyň arasynda geçip bolmajak araçäk ýokdur» diýlip atlandyrylýar. Okuwçylar bu çärýekde dünýäniň dürli halklarynyň saz diliniň biri-birine ýakynlygy, aýdym-saz üçin geçip bolmajak hiç bir serhediň ýoklugy, aýdym-saza düşünmek üçin hiç hili terjimäniň hökman däldigi barada düşünje alýarlar. Şuňa laýyklykda, olar türkmen kompozitorlarynyň saz eserleri bilen birlikde dünýäniň beýleki ýurtlarynyň kompozitorlarynyň döreden saz eserleriniň özboluşly gurluş aýratynlygyna göz ýetirýärler. Okuw maksatnamasyna laýyklykda, okuwçylara bu çärýekde türkmen aýdym-sazlary bilen birlikde rus, azerbaýjan, özbek, ermeni, gazak halklarynyň aýdym-saz eserlerini öwretmek maksada laýyk hasap edilýär.

3-nji çärýegiň okuw maksatnamasyna laýyklykda, okuwçylar saz işleriniň «Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar» diýen ugry boýunça türkmen kompozitorlary N. Halmämmedowyň «Durnalar», R. Rejebowyň «Türkmen», «Türkmenistanym», A. Çaryýewiň «Parla, Watan baýdagy», A. Abdyllaýewiň «Mähribanym ejem jan», «Begler», «Geliň, nahal ekeliň», K. Garowowyň «Dost-doganlyk aýdymy», J. Gurbangylyjowanyň «Heý jan elek, jan elek», G. Ödenyýazowanyň «Eje, eje janymyz» diýen aýdymlary öwrenmäge hödürlenýär. Şeýle hem olar sapakda azerbaýjan kompozitory G. Guseýinliniň çagalar üçin döreden «Jüýjelerim» diýen meşhur aýdymyny aýtmagy öwrenýärler. Sapakda okuwçylaryň türkmen aýdymlary bilen birlikde «Jüýjelerim» diýen azerbaýjan aýdymyny öwrenmekleri türk-

men halkynyň saz sungaty bilen azerbaýjan halkynyň saz sungatynyň arasyndaky özara baglanyşygy, iki halkyň aýdym-sazlarynyň biri-birine ýakynlygy barada düşünje almaklaryna kömek edýär.

3-nji çärýegiň «Notalar bilen tanyşmak we nota boýunça aýtmak» diýen ugruna laýyklykda, sapakda «Jüýjelerim» diýen azerbaýjan aýdymynyň gaýtalamak bendini notalary boýunça okap aýtmagy öwretmek göz öňünde tutulýar. Bu usul okuwçylaryň notalary dogry okap, aýdyp bilmeklerini ösdürmek bilen birlikde, olaryň aýdymyň heňiniň türkmen aýdymlarynyň äheňine ýakynlygy baradaky düşünjeleriniň has-da berkemegine ýardam edýär.

3-nji çärýegiň «Diňlemek üçin saz eserleri» diýen ugry boýunça okuwçylara diňletmek üçin türkmen kompozitorlarynyň aýdymlary bilen birlikde, dünýä halklarynyň hem birnäçe saz eserleri okuw maksatnamasyna girizilipdir. Okuw maksatnamasyna laýyklykda, 3-nji çärýekde okuwçylar türkmen kompozitorlary N. Halmämmedowyň täzeden işlän «Nar agajy» diýen halk sazyny, «Hirosimanyň, Nagasakiniň çagalarynyň aýdyp ýetişmedik aýdymlary» atly saz eserler toplumyndan bir aýdymy, «Aýgytly ädim» kinofilmine ýazan «Hüwdüsini», Ç. Nurymowyň «Bakylyk» baletinden bölegi, B. Hudaýnazarowyň «Plektrli dutar üçin dessan» atly poemasyndan bölegi, kompozitorlar M. Rawiç bilen N. Muhadowyň «Täsin tebip» baletinden buluç tansyny, kompozitorlar Ýu. Meýtus bilen D. Öwezowyň «Leýli we Mejnun» operasyna giriş sazyny diňleýärler. Şeýle hem okuwçylara sapakda «Torgaý guşlar», «Il biläni» diýen türkmen halk aýdymlaryny diňletmegiň üsti bilen, olar aýdymlarda beýan edilýän wakalaryň mazmuny barada hem düşünje alýarlar. Okuwçylara sapakda türkmen aýdym-saz eserleri bilen birlikde dünýäniň beýleki halklarynyň hem birnäçe saz eserleri diňledilýär. Şu maksat bilen hem «Andijan polkasy» atly özbek sazyny, rus aýdymlaryndan birini, «Agsak gulan» atly gazak sazyny, kompozitor A. Haçaturýanyň «Gaýane» baletinden «Hüwdi» diýen sazyny, rus kompozitory M. Glinkanyň «Ruslan we Lýudmila» operasyndan «Pars hory» diýen eserleri okuw maksatnamasyna girizilipdir. Bu agzalan eserlerden başga hem bu ugur boýunça okuwçylara Ž. Gerşwiniň «Porgi we Bess» operasyndan «Hüwdi» diýen sazyny, «Bahar» diýen moldawan halk aýdymyny diňletmek okuw maksatnamasynda göz

öňüne tutulýar. Şeýlelikde, 3-nji çärýegiň okuw maksatnamasynyň «Diňlemek üçin saz eserleri» diýen ugry boýunça okuwçylary dünýä halklarynyň saz sungaty bilen tanyşdyrmagyň, olara düşünmegi öwretmegiň esasy bolup hyzmat edýär. Sebäbi okuwçylar hut şu ugur boýunça dünýäniň ençeme halklarynyň dürli mazmunly saz eserleri bilen içgin tanyşmaga mümkinçilik alýarlar.

3-nji çärýekde saz işleriniň «Saza laýyk ritmiki hereketler» diýen ugruna laýyklykda, okuwçylara saza laýyk ritmiki hereketleri ýerine ýetirmegiň dürli ugurlaryny öwretmek maksady bilen, halk döredijiliginiň esasy görnüşi bolan «Läle» kakmak, «Jigitler» tansy atly saz eserleri okuw maksatnamasyna goşulypdyr. Bu ugur boýunça okuwçylara türkmen gelin-gyzlaryna mahsus bolan «läle» kakuwlarynyň görnüşleri, ony ýerine ýetirmegiň aýratynlyklary öwredilýär. Şeýle hem okuwçylara sapakda türkmen ýigitleriniň uly höwes bilen ýerine ýetirýän «Jigitler» tansynyň ýerine ýetiriliş usullary, onuň özboluşly düzgünleri öwredilýär.

3-nji çärýekde saz işleriniň «Sesleriň görnüşleri we saz gurallary bilen tanyşmak» diýen ugry boýunça okuwçylara saz guralynda saz çalmagyň düzgünleri barada düşünje bermek göz öňünde tutulýar. Şu maksat bilen bolsa 2 sany saz eseri okuw maksatnamasyna girizilipdir. Okuw maksatnamasyna laýyklykda, okuwçylar sapakda «Läle» we «Bibijan» türkmen halk heňlerine kakuwlar arkaly sazandarlyk etmegi öwrenýärler.

Şeýlelikde, 3-nji çärýegiň temasynyň esasy wezipesi türkmen aýdym-saz sungatynyň beýleki halklaryň saz sungaty bilen meňzeşdigini, olaryň arasyndaky tapawudy okuwçylara düşündirmekden ybaratdyr. Sapakda bu temanyň mazmuny iki ugur boýunça açylyp görkezilýär. Temanyň mazmunyny ýüze çykarmagyň birinji ugry dünýäniň ähli halklarynyň saz medeniýetiniň biri-birine meňzeşdigini we olaryň arasyndaky tapawudy ýüze çykarmakdan, ikinji ugry bolsa dürli halklaryň aýdym-saz gatnaşyklaryny ýola goýmakda kompozitorlaryň tutýan ornuny açyp görkezmekden ybaratdyr.

### *4-nji çärýek*

4-nji synpyň dördünji çärýeginiň temasy «Kompozitor, ýerine ýetiriji, diňleýji» diýlip atlandyrylýar. Bu çärýegiň esasy wezipesi

orta mekdeplerde saz serişdeleriniň üsti bilen okuwçylara saz terbiýesini bermek, ösdürmek hem-de terbiýelemek döwrüniň jemlemesidir. Sapakda okuwçylar saz eserlerini diňlemek boýunça tejribe toplaýarlar, kompozitorlaryň döredijiligini öwrenýärler, sapakda öwrenilýän saz eserleriniň mazmuny bilen tanyşýarlar. Bu bolsa olary sazyň beýan edijilik diliniň aýratynlyklaryna akyl ýetirmäge ugrukdyrýar. Şeýle hem bu temanyň üsti bilen okuwçylar kompozitorlaryň döredijiliginde dilden-dile geçip biziň günlerimize gelip ýeten halk saz döredijiliginiň esasy orny eýeleýändigine akyl ýetirýärler. Bu bolsa olaryň kompozitorlaryň döredýän saz eserleriniň heňiniň halk döredijiligine ýakynlygy sebäpli, ol eserleriň halk köpçüligi üçin düşnüklidigi barada düşünje almaklaryna itergi berýär.

Okuwçylaryň ýerine ýetirijiler baradaky bilimlerini ýüze çykarmak maksady bilen, olara köpçülik bolup we ýekelikde aýdylýan aýdymlarda aýdymçylaryň sesleriniň görnüşleri, dürli görnüşli saz toparlaryndaky saz gurallarynyň sesleri barada düşünjelerini has-da kämilleşdirmek göz öňünde tutulýar. Okuwçylaryň ýerine ýetirijileriň döredijiligi baradaky düşünjelerini kämilleşdirmek, kompozitoryň, ýerine ýetirijiniň we diňleýjiniň arasyndaky baglanyşyga akyl ýetirmäge bolan düşünjelerini ösdürmek aýdym-saz sapagyny okatmagyň esasy talaplarynyň biridir. Şeýle hem okuwçylaryň saz diňlemek medeniýetini ösdürmek aýdym-saz sapagynda alnyp barylýan saz işleriniň esasy ugurlarynyň biridir. Bu ugur boýunça alnyp barylýan işleriň ählisi okuwçylaryň saz eserini üns berip diňlemäge, saz eseriniň mazmunyna düşünmäge, diňleýän saz eseriniň manysyna akyl ýetirmäge bolan ukyp-başarnyklaryny kemala getirmäge kömek edýär.

4-nji synpyň 4-nji çärýeginde bu temany özleşdirmek üçin dürli mazmunly birnäçe saz eserleri saz işleriniň dürli ugurlaryna laýyklykda, sapakda öwrenmäge hödürlenýär. Bu çärýekde öwrenmäge hödürlenýän aýdymlaryň ählisi geçen çärýeklerde öwrenilen aýdymlardan ybarat bolup, ol aýdymlar 4-nji çärýekde gaýtalamaga we geçilenleri berkitmäge niýetlenilýär. Okuw maksatnamasynda bu sapak «konserte taýýarlyk» diýlip atlandyrylýar.

Saz işleriniň «Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar» diýen ugruna laýyklykda, kompozitor R. Rejebowyň «Bagtyýar Watan», «Açyk ýollar, ajap ýollar», mukamçy kompozitorlar T. Suhangulyýewiň «Wata-

nym», Ç. Täçmämmedowyň «Bagtly geljege barýan», kompozitorlar N. Muhadowyň «Şöhrat aýdymy», N. Halmämmedowyň «Leňňeç», A. Abdyllaýewiň «Men jüýjäni gowy görýän», A. Esadowyň «Ak telpek», A. Çaryýewiň «Gyzjagaz bilen söhbet», B. Hudaýgulyýewiň «Bägül» diýen aýdymlary sapakda öwrenmäge hödürlenýär. Okuwçylar aýdymlary öwrenmegiň üsti bilen «kompozitor», «mukamçy kompozitor» diýen sözler bilen tanyşýarlar, olaryň döreden aýdymlaryny öwrenýärler, kompozitorlaryň, mukamçy kompozitorlaryň saz döredijiligi barada düşünje alýarlar. Bu bolsa okuwçylaryň «kompozitor» hem-de «mukamçy kompozitor» diýen sözleriň manysyna düşünmeklerine ýardam edýär.

4-nji çärýegiň «Notalar bilen tanyşmak we nota boýunça aýtmak» diýen ugruna laýyklykda, sapakda öwrenmäge hödürlenýän saz eserleriniň ählisi geçen çärýeklerde öwrenilen saz eserlerinden ybaratdyr. Okuw maksatnamasyna laýyklykda, sapakda öwreniljek saz eserleri mugallymyň göz öňünde tutmagynda saýlanyp alynmagy okuwçylaryň geçen çärýeklerde nota boýunça öwrenen aýdymlaryny täzeden gaýtalap öwrenmeklerine mümkinçilik döredýär. Bu bolsa okuwçylaryň nota boýunça aýdym aýtmak, notalar, saz ýazuwy baradaky düşünjeleriniň has-da kämilleşmegine itergi berýär, okuwçylaryň saz sowady baradaky düşünjelerini has-da çuňlaşdyrýar.

4-nji çärýegiň okuw maksatnamasyna laýyklykda, okuwçylara sapakda halypa-bagşy sazandalaryň döreden birnäçe aýdym-sazlary sapakda diňlemäge hödürlenýär. Okuwçylar bu çärýekde halypa-sazanda Ç. Täçmämmedowyň «Bahar» diýen sazyny, halypa-bagşy S. Jepbarowyň «Mugallyma gyz», ussat sazanda H. Akyýewiň «Öz halkymyň bagşysy men» diýen sazlaryny sapakda diňlemegi öwrenýärler. Okuwçylar sapakda meşhur bagşy-sazandalaryň ajaýyp saz eserlerini diňlemek bilen birlikde, olaryň ömri we döredijiligi barada hem düşünje alýarlar. Şeýle hem bu çärýekde okuwçylaryň isleglerine görä, mugallymyň saýlamagynda geçen çärýeklerde diňlenen saz eserlerini sapakda täzeden gaýtalap diňlemäge mümkinçilik alýarlar. Sapakda geçen çärýeklerde diňlenen saz eserlerini täzeden gaýtalap diňlemek okuwçylaryň saz eşidişiniň, ýadynyň, göz öňüne getirmesiniň we kabul edijiliginiň has-da berkemegine itergi berýär. Bu bolsa okuwçylaryň saz diňlemek medeniýetiniň ösmegine ýardam edýär.

4-nji çärýegiň okuw maksatnamasyna laýyklykda, saz işleriniň «Sesleriň görnüşleri we saz gurallary bilen tanyşmak» diýen ugry boýunça hem okuwçylaryň isleglerine görä, mugallymyň saýlamagynda geçen çärýeklerde öwrenen saz eserlerini gaýtalap çalmak göz öňünde tutulýar. Geçen çärýeklerde öwrenilen saz eserlerini bu çärýekde gaýtalap çalmak okuwçylaryň saz çalmaga bolan ukyp-başarnyklaryny has-da kämilleşdirýär, 4-nji çärýegiň okuw maksatnamasyna laýyklykda, saz işleriniň «Sesleriň görnüşleri we saz gurallary bilen tanyşmak» diýen ugry boýunça hem okuwçylaryň isleglerine görä, mugallymyň saýlamagynda geçen çärýeklerde öwrenen saz eserlerini gaýtalap çalmak göz öňünde tutulýar.

## §14. 5-nji synpda aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýeti

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň 5-nji synpynda aýdym-saz dersini okatmak özboluşly usuly aýratynlyga eýedir. 5-nji synp okuwçylary başlangyç synpyň okuwçylaryndan tapawutlylykda, olar okadylýan dersleriň mazmuny, dersler boýunça özleşdirilýän temalar barada umumy düşünjelere eýedirler. Olar aýdym-saz dersi boýunça özleşdirilýän saz işleriniň görnüşleriniň yzygiderliliginden, olary ýerine ýetirmegiň usullaryndan baş çykarýarlar. Sebäbi bu synpyň okuwçylary başlangyç synplarda bellibir derejede saz işleriniň dürli görnüşleri boýunça ençeme saz ýumuşlaryny ýerine ýetirdiler. Şonuň üçin hem 5-nji synpyň okuwçylary özlerine tabşyrylýan saz ýumuşlaryny ýeňillik bilen çalt özleşdirmäge ukyplydyrlar.

Emma muňa garamazdan, başlangyç synplardan tapawutlylykda 5-nji synplarda okuw dersleriniň ählisi ýörite hünärmenler tarapyndan okadylyp başlanýar. Şol sebäpli aýdym-saz dersini hem şol ugurdan hünärmene okatmak tabşyrylýar. Bu bolsa öz gezeginde aýdym-saz dersini okadýan mugallymyň we okuwçylaryň öňünde dürli kynçylyklaryň döremegine getirýär. Ol kynçylyklar, esasan, aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Ilki bilen mugallymyň üns bermeli ugry 5-nji synpyň okuwçylarynyň orta synp okuwçylar toparyna girýänligidir.

2. Başlangyç synplarda okadylýan okuw dersleriniň ählisini bir mugallym okadýar. Okuwçylaryň 5-nji synpa geçmegi bilen her bir okuw dersi dürli hünärmen mugallym tarapyndan okadylýar. Bu ýagdaý birbada okuwçylaryň özleşdirilýän dersleriň mazmunynyň içine aralaşmaklarynda dürli kynçylyklary ýüze çykarýar.

3. Başlangyç synp okuwçylaryndan tapawutlylykda 5-nji synpyň okuwçylarynyň beden gurluşynda dürli özgerişlikler bolup geçýär. Bu bolsa öz gezeginde aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýetine laýyklykda saz işlerini ýerine ýetirmekde birnäçe kynçylyklary döredýär.

4. 5-nji synpda aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýeti, başlangyç synplarda aýdym-saz dersiniň okadylyşynyň hiline bagly bolup durýar. Sebäbi başlangyç synplarda okuwçylar saz işleriniň dürli görnüşini okuw maksatnamasyna laýyklykda maksadalaýyk özleşdiren bolsalar, olar 5-nji synpda hem aýdym-saz dersini şol derejede özleşdirmäge ukyplydyrlar.

Ýokarda bellenip geçilen kynçylyklary ýeňip geçmek üçin mugallym ilki bilen 5-nji synpyň okuwçylarynyň saz işlerine bolan ukyp-derejesiniň hilini kesgitlemelidir. Şunuň bilen baglylykda bolsa okatmagyň özboluşly ýollaryny saýlap alyp, pedagogikanyň talaplaryna laýyklykda özüniň iş usulyna ornaşdyrmaga çalyşmalydyr. Bu bolsa öz gezeginde 5-nji synpda aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýetiniň esasy çeşmesi bolup hyzmat eder.

## §15. 5-nji synp okuwçylaryna mahsus häsiýetler

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň dürli synpynda okatmagyň dürli ugurlary, mugallymyň öňünde çözülmeli birnäçe kesgitli meseleleri ýüze çykarýar. Bu mesele ähli synplarda aýdym-saz dersini okatmagyň özboluşly usulyýet aýratynlygyna baglylykda, bu dersi okatmagyň umumy didaktiki ýörelgeleri boýunça hem birnäçe soraglary özünde jemleýär. Häzirki zaman pedagogika we psihologiýa ylmyna degişli dürli edebiýatlarda bellenilişine görä, orta mekdepleriň 5–6-njy synp okuwçylarynyň çagalyk döwri çagalaryň ýetginjeklik döwri diýlip hasap edilýär. Ýagny bu döwür okuwçylaryň çagalykdan ýetginjeklige geçýän döwrüdir. Şuňa laýyklykda 5-nji synpyň

okuwçylary ýaş taýdan bellibir derejede 6-njy synp okuwçylaryna ýakyndyr. 5-nji, 6-njy synp okuwçylarynda bolup geçýän bu öwrülişik okuwçylaryň ýaş taýdan ösüşinde iň bir kyn döwürdir. Munuň şeýledigi ençeme alymlar tarapyndan dürli ýyllaryň dowamynda alnyp barylýan ylmy-barlaglaryň hem-de ylmy-tejribe işleriniň netijesine baglylykda, ýörite bellenip geçilýär. Ylmy işlerde nygtalyşyna görä, 5-nji, 6-njy synp okuwçylary beden taýdan çalt ösüşi başdan geçirýärler. Bu bolsa olaryň ählitaraplaýyn ösüşinde dürli hili gapma-garşy wezipeleriň ýüze çykmagyna itergi berýär. Şol sebäpli hem 5-nji synpyň okuwçylary özleriniň ýaş aýratynlyklary taýdan 6-njy synp okuwçylaryna ýakyn hasap edilýär. Şonuň üçin 5-nji synplarda aýdym-saz dersini okadýan mugallym öz işine örän jogapkärli çemeleşmelidir. Sebäbi ol aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýetine baglylykda okuwçylaryň kalbyna aýdym-saz sungaty baradaky iň ajaýyp, owadan duýgulary ornaşdyrmalydyr.

5-nji synp okuwçylarynyň beden taýdan umumy ösüş derejesi (göwreleriniň, elleriniň, aýaklarynyň umumy ösüş derejesi) olaryň ýürek urgularynyň we gan aýlanyşygynyň ösüş derejesinden has-da ýokarydyr. Şonuň üçin hem bu ýaşdaky çagalar wagtly-wagtynda oňat naharlanmasalar, çalt ýadaýarlar. Olaryň keýpleri tiz-tizden üýtgäp durýar. Bu ýagdaý bolsa, her bir beýleki okuw dersleri bilen birlikde, aýdym-saz dersini hem maksadalaýyk özleşdirmäge ýaramaz täsir edýär. Şeýle hem bu ýaşdaky çagalaryň duýgularynyň ösmegi bilen, olar özlerine özbaşdak uly adam hökmünde seredip ugraýarlar. Şeýlelikde, olar özleriniň ata-eneleriniň, mugallymlarynyň hem özlerine şeýle garamaklaryny isleýärler. Şonuň üçin hem 5-nji synp okuwçylary özlerine uly adam hökmünde baha bermek bilen, olar durmuşda-da özbaşdak bolmaga ymtylýarlar. Haçanda olara öýde ýa-da mekdepde çaga hökmünde seredilse, bu ýagdaý olara ýaramaz täsir edýär. Ýagny bu ýaşdaky çagalaryň her biri özlerini şahsyýet hökmünde görkezmäge çalyşýarlar. Ýöne muňa garamazdan, 5-nji synpyň okuwçylary ýaş taýdan umumy orta bilim berýän mekdepleriň orta synp toparyna degişli hasap edilýär. Şol sebäpli hem 5-nji synpda okatmagyň usulyýetine, okatmak we bilim bermek nukdaýnazaryndan bölekleýin seredilýär. 5-nji synp okuwçylary özleriniň aňyýet we beden gurluşy taýdan aýratyn topara girmek bilen, Türkmenistanyň orta

mekdeplerinde, saz terbiýesini bermegiň **jemleýji synpy** hasap edilýär.

5-nji synp okuwçylarynyň aňyýet taýdan ösüş aýratynlygy mugallym tarapyndan mydama gözegçilikde bolmalydyr. Sebäbi bu ýaşdaky okuwçylarda ýüze çykýan dürli häsiýetler, olaryň öz aralaryndaky dawa-jenjelleriň, oňşuksyzlyklaryň ýüze çykmagyna sebäp bolup biler. Şonuň üçin hem okuwçylaryň arasynda döreýän her bir jedelli meseleleriň düýp sebäbi mugallym tarapyndan doly aýdyňlaşdyrylyp, ol mesele özüniň dogry çözgüdine eýe bolmalydyr.

5-nji synp okuwçylarynyň aňyýet we beden taýdan ösüş aýratynlygyna laýyklykda ýüze çykýan häsiýetler beýleki okuw dersleri bilen birlikde, aýdym-saz dersi okadylanda hem aýdyň ýüze çykýar. Bu häsiýetler, esasan, okuwçylara aýdym aýtmagy öwretmekde güýçli duýulýar. Okuwçylarda bolup geçýän bu häsiýetler, esasan, olaryň ýaş aýratynlyklaryna görä, sesleriniň üýtgemegi bilen ýüze çykýan häsiýetlerdir. Okuwçylaryň ýetginjeklik döwründe, olaryň beden taýdan ösüşine baglylykda damagynyň gurluşy hem dürli ugurlar boýunça ösýär. Ýagny okuwçylaryň damak gurluşy dikligine, gapdala, uzaboýuna ösýär. Okuwçylaryň damaklaryndaky bu ösüşiň netijesinde, olaryň bokurdaklarynda ýerleşýän ses turbajyklaryna sapylan ýumşajyk örtgi etjagazlar, ýumşajyk kentlewük süňkjagazlar bilen birlikde, olaryň diljagazlary hem özgerişe eýe bolýar. Şuňa baglylykda bolsa, bu ýaşdaky okuwçylaryň sesleri üýtgeýär( okuwçylaryň sesleri ýognaýar, inçelýär, beýgelýär, peselýär). Çagalaryň sesleriniň üýtgeýän döwründe oglanjyklaryň damaklarynda güýçli öwrülişik emele gelýär. Ýagny bu döwürde olaryň damaklary bir ýarym esse giňelýär, ses sapajyklary bolsa uzynlygyna ösýär. Ol bolsa oglanjyklaryň sesleriniň ýognamagyna getirýär. Şol sebäpli hem oglanlara täze şertlere uýgunlaşmak birbada agyr düşýär. Okuwçylar bu döwürde aýdym aýdanlarynda ýokarky beýik sesleri aýtmakda kynçylyk çekýärler. Şonuň üçin hem mugallym sapakda okuwçylara aýdym aýtmagyň dogry ýollaryny öwredende, olaryň damaklarynyň sagdynlygyna üns bermelidir. Damak (bokurdak), bu adam gepleşiginde, aýdym aýdylanda sesi emele getirýän esasy beden agzasydyr. Mekdep okuwçylarynyň sesleriniň üýtgeýän döwrüne çenli («mutasiýa» döwri - ýetginjekleriň sesleriniň üýtgeýän döwri)

oglanjyklaryň we gyzjagazlaryň sesleri biri-birleriniňkiden känbir tapawutlanmaýar. Olaryň sesleriniň ýaňlanyşy biri-birleriniňkä örän ýakyndyr. Bu döwürde gyzjagazlaryň damagynda hem öwrülişik pursatlary bolup geçýär. Ýöne gyzjagazlaryň damagynda bolup geçýän üýtgeşikler oglanlarda bolup geçýän üýtgeşikliklerden bellibir derejede tapawutlanýar. Sebäbi gyzlaryň damagynyň diňe 3-den 1 böleginde ösüş pursady bolup geçýär. Oglanlaryň sesleriniň üýtgemegi bilen olaryň sesleriniň ýognaýandygyny ýokarda belläp geçipdik. Muňa seretmezden, gyzlaryň sesleri üýtgemeýär. Okuwçylaryň sesleriniň üýtgeýän döwründe olara nahar iýmek , suw içmek hem agyr düşýär. Okuwçylar bu döwürde biri-birleri bilen gepleşenlerinde--de, gygyranlarynda-da olaryň damaklaryna agram düşýär. Bu bolsa olaryň damagynyň gyzarmagyna, çişmegine getirýär. Şeýle hem bu döwürde oglanlaryň damak agzalaryndan gan gelýän halatlaryna hem gabat gelinýär. Ýagny bu döwürde okuwçylar aýdym aýdanlarynda olaryň sesleri gyrylýar, ýokarky beýik we aşaky pes seslere gygyranlarynda kynçylyk çekýärler. Käbir halatlarda olaryň sesleriniň göwrümi daralýar. Bulardan başga hem olar bu döwürde gürlänlerinde ýa-da aýdym aýdanlarynda çalt ýadaýarlar we özlerini oňaýsyz duýýarlar. Okuwçylaryň damak gurluşyndaky bolup geçýän özgerişleriň ählisi bolsa öz gezeginde sapakda aýdym öwrenmekde birnäçe kynçylyklaryň ýüze çykmagyna sebäp bolýar.

Orta mekdeplerde aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýetine degişli okuw usuly gollanmalarda, dürli okuw usuly edebiýatlarda bellenilişine görä, 5-nji synpda aýdym-saz dersini okatmak - okatmagyň iň çylşyrymly döwri diýlip hasap edilýär. Şol sebäpli hem bu synpda aýdym-saz dersini okatmak mugallymdan ussatlygy talap edýär. Mugallym synpdaky her bir okuwçynyň geçiljek sapaga taýýarlygyny, onuň saglyk ýagdaýyny öňünden bilmelidir. Şonuň üçin 5-nji synpda aýdym-saz dersini okadýan mugallymyň örän ünsli bolmagy zerurdyr. Sapakda okuwçylara aýdym aýtmagyň dürli usullary öwredilende mugallym her bir okuwçynyň sesinde bolup geçýän üýtgeşmelere, okuwçylaryň sesleriniň dogry ýaňlanyşyna gözegçilik etmelidir. Şeýle hem mugallym sapakda öwrenmäge hödürlenilýän saz eserleriniň gurluşyny seljermelidir, ýagny mugallym sapakda

öwreniljek aýdymyň göwrümini, onuň beýikligini, ses aralyklaryny öňünden anyklamalydyr. Soňra bolsa okuwçylaryň aýdymy ýerine ýetirip bilijilik mümkinçiliklerini nazara alyp, okuwçylara aýdymy sapakda öwredip başlamalydyr.

Şeýlelikde, okuwçylarda aýdym-saz dörediјiliginiň dürli görnüşleri baradaky bilimleridir başarnyklarynyň umumy derejesi olaryň aýdym-saz dersi boýunça ukyp-başarnyklarynyň ösüşini ýüze çykarýan esasy alamatlardyr.

## §16. 5-nji synpda aýdym-saz dersini okatmagyň okuw maksatnamasy

Orta mekdepleriň 5-nji synplarynda aýdym-saz dersini okatmagyň okuw maksatnamasy hem geçen synplaryň okuw maksatnamasy ýaly çärýekler boýunça geçilmeli dürli temalary özünde jemleýär. 5-nji synpda aýdym-saz dersini okatmagyň okuw maksatnamasynda çärýekler boýunça geçilmeli temalaryň yzygiderliligi aşakdakylardan ybarat :

1-nji çärýegiň temasy «Aýdym-saz we edebiýat» diýlip atlandyrylýar. Bu temany özleşdirmäge jemi 7 sagat wagt berilýär.

2-nji çärýegiň temasy «Aýdym-saz we şekillendiriş sungaty» diýlip atlandyrylýar. Bu temany özleşdirmäge jemi 8 sagat wagt berilýär.

3-nji çärýegiň temasy «Aýdym-sazyň döredýän güýji» diýlip atlandyrylýar. Bu temany özleşdirmäge jemi 10 sagat wagt berilýär.

4- nji çärýegiň temasy «Aýdym-sazyň güýji nämede?» diýlip atlandyrylýar. Bu temany özleşdirmäge jemi 9 sagat wagt berilýär.

5-nji synpda özleşdirmäge hödürlenilýän aýdymlar okuwçylaryň alan bilimleridir düşünjelerini ösdürmek maksady bilen okuw maksatnamasyna girizilipdir. Başlangyç synplarda okuwçylar saz sungatynyň görnüşleri bolan aýdym, tans, ýöriş sazlary, saz bilen sözüň arabaglanyşygy, sazyň ösüşi, saz äheňleri, täsirli saz serişdeleri, saz sowady baradaky başlangyç bilimleri özleşdirýärler. 5-nji synpda özleşdirmäge hödürlenýän temalaryň ählisi özüniň mazmuny boýunça bellibir derejede çylşyrymlaşýar.

5-nji synpyň okuw maksatnamasyna laýyklykda, bu synpyň ähli çärýeklerinde saz işleriniň «Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar», «Notalar bilen tanyşmak we nota boýunça aýtmak», «Diňlemek üçin saz eserleri», «Sesleriň görnüşleri, saz gurallary bilen tanyşmak», «Diňlemek we bilelikde ýerine ýetirmek» diýen ugurlary boýunça dürli mazmunly saz eserleri sapakda öwrenmäge hödürlenýär.

### *1-nji çärýek*

5-nji synpyň 1-nji çärýeginde okuwçylara aýdymlardaky sözleriň ähmiýeti, aýdymyň we sazyň şygyr bilen baglanyşygy, saz gurallary üçin döredilen aýdymlar we sözsüz aýdymlary öwretmek göz öňünde tutulýar. Şeýle hem bu çärýekde okuwçylar okuw maksatnamasyna laýyklykda, türkmen halk aýdymlary, kompozitorlar tarapyndan döredilen aýdymlary öwrenýärler. Olar bu çärýekde *operalary* döretmekde *librettonyň* (operanyň edebi esasynyň ýazgysy) ähmiýeti, *edebiýatyň* aýdym-saz eserleri bilen baýlaşdyrylyşy, ertekilerdäki, hekaýalardaky, halk döredijiligindäki, kinofilmlerdäki aýdymlar barada düşünje alýarlar. Okuwçylar bu çärýekde türkmen halk aýdym-sazlary baradaky rowaýatlary diňleýärler. Şeýlelikde, 1-nji çärýegiň esasy maksady okuwçylara edebi döredijiligiň ähli ugurlarynda aýdym-saz sungatynyň tutýan orny barada düşünje bermekden ybaratdyr.

Saz işleriniň «Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar» diýen ugruna laýyklykda, 1-nji çärýekde okuwçylara dürli mazmunly birnäçe aýdymlary ýerine ýetirmegiň usullary öwredilýär. Okuw maksatnamasyna laýyklykda, bu çärýekde okuwçylara kompozitorlar D. Öwezow bilen A. Şapoşnikowyň «Aýna» operasyndan «Heý, jan», Ç. Nurymowyň «Döwranyň başdan geçirenleri» kinofilmine ýazan «Döwranyň aýdymy», Ç. Täçmämmedowyň «Watanym», B. Allamyradowyň «Eziz Watan», B. Hudaýgulyýewiň «Dostluk aýdymy», O. Gurbannýazowyň «Çeşmejik», «Görogly» eposyndan «Sen ýetir» diýen aýdymlary öwrenmäge hödürlenýär. Bulardan başga-da sapakda okuwçylara öwretmek üçin halk döredijiliginiň dürli görnüşleri, halk sanawaçlary, çagalar üçin döredilen kinofilmlerden aýdymlar, kompozitor O. Berdiýew tarapyndan täzeden işlenen «Läle» diýen halk heňi, operalardan aýdymlar okuw maksatnamasyna goşulypdyr.

Okuw maksatnamasyna laýyklykda, 1-nji çärýekde saz işleriniň «Notalar bilen tanyşmak we nota boýunça aýtmak» diýen ugry boýunça okuwçylara halk döredijiliginden «Läleleri», «Hüwdüleri», «Küştdepdiden» gazallary hem-de çagalaryň ýerine ýetirýän «Ös, saçym, ös», «Ýagyş ýagara geldi» diýen sanawaçlary nota boýunça aýtmagy öwretmek göz öňünde tutulýar.

Saz işleriniň «Diňlemek üçin saz eserleri» diýen ugruna laýyklykda, 1-nji çärýekde okuwçylar kompozitor Ç. Nurymowyň «Fortepiano we simfoniki orkestr üçin konsert» diýen saz eseriniň 3-nji bölümini, kompozitor N. Muhadowyň «Täsin tebip» atly baletinden «Tans» diýen sazy, kompozitor G. Kulyýew tarapyndan orkestr üçin täzeden işlenen «Nowaýy» diýen halk sazyny, kompozitor R. Rejebowyň «Ýartygulak» operasyndan bölekleri diňleýärler. Şeýle hem olara bu çärýekde «Görogly» eposyndan «Owazy geldi», «Saýatly–Hemra» dessanyndan «Ýaşylbaş» diýen halk aýdymlary, A. Kulyýewiň «Garagum derýa» kantatasynyň 3-nji bölümini, «Hajygolak» diýen halk sazy bilen birlikde, nusgawy şahyr Gurbandurdy Zeliliniň sözlerine döredilen «Biläni» diýen halk aýdymy diňlemäge hödürlenýär.

5-nji synpyň 1-nji çärýeginde saz işleriniň «Diňlemek we bilelikde ýerine ýetirmek» diýen ugruna laýyklykda, birnäçe halk aýdymlaryny diňlemegi öwrenýärler. Bu ugur boýunça «Görogly» eposyndan «Owazy geldi», «Sen ýetir» diýen halk aýdymlaryny sapakda okuwçylara diňlemegi öwretmek maksady bilen okuw maksatnamasyna girizilipdir. 5-nji synpyň 1-nji çärýeginiň okuw maksatnamasyna girizilen bu saz eserleriniň ählisi 1-nji çärýegiň temasyna laýyklykda, okuwçylara aýdym-saz bilen edebiýatyň özara baglanyşygy barada düşünje bermegiň esasy çeşmesi bolup hyzmat edýär. Okuwçylar sapakda okuw maksatnamasynda hödürlenýän saz eserlerini ýerine ýetirmegi, diňlemegi öwrenmegiň üsti bilen saz eserleriniň mazmunyna, saz bilen sözüň arasyndaky baglanyşyga göz ýetirýärler. Bu bolsa okuwçylaryň edebiýat bilen aýdym-sazyň özara baglanyşygy barada düşünje almaklaryna kömek edýär.

### *2-nji çärýek*

5-nji synpyň 2-nji çärýeginiň temasy «Aýdym-saz we şekillendiriş sungaty» diýlip atlandyrylýar. Sapakda özleşdirilmeli temanyň

esasy maksady okuwçylara aýdym-saz eserlerindäki şekillendirijilik we saz şekilleri, şekillendiriş sungaty bilen saz sungatynyň arasyndaky özara baglanyşyk, aýdym-saz eserlerinde şekillendirijilik äheňleriniň ýüze çykarylyşy barada düşünje bermekden ybaratdyr.

Saz işleriniň «Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar» diýen ugruna laýyklykda, 2-nji çärýekde okuwçylar kompozitor D. Nuryýewiň «Gün bilen kebelek», «Aýdym», «Güller, güller», «Solmaň güller», W. Ahmedowyň «Ak pagtam», Ç. Nurymowyň «Surnaýyň sesi», A. Abdyllaýewiň «Akdyr ýollaryň, Watan», K. Garowowyň «Bize täze ýyl geldi», J. Gurbangylyjowanyň «Gyr atym» diýen aýdymlaryny sapakda öwrenýärler. Şeýle hem bu çärýegiň okuw maksatnamasyna laýyklykda, sapakda okuwçylara «Paş eder seni» diýen halk aýdymynyň hem ýerine ýetiriliş usullaryny öwretmek göz öňünde tutulýar.

2-nji çärýegiň okuw maksatnamasyna laýyklykda, saz işleriniň «Notalar bilen tanyşmak we nota boýunça aýtmak» diýen ugry boýunça okuwçylar A. Abdyllaýewiň «Akdyr ýollaryň, Watan» diýen aýdymynyň 1-nji, 2-nji bentleriniň notalarynyň nota düşeklerinde yzygider ýerleşişi, notalaryň dowamlylygy bilen tanyşdyrylýar. Bu bolsa okuwçylaryň nota boýunça aýdym aýtmagyň düzgünlerini özleşdirmeklerine ýardam edýär.

2-nji çärýekde saz işleriniň «Diňlemek üçin saz eserleri» diýen ugruna laýyklykda, okuwçylar sapakda belli türkmen kompozitorlary N. Halmämmedow, A. Kulyýew, N. Muhadow tarapyndan döredilen simfoniýalaryndan, simfoniki şekillerinden parçalary, balet sazlaryndan hem-de opera sazlaryndan bölekleri diňleýärler. Bu çärýegiň okuw maksatnamasynda N. Halmämmedowyň «Türkmenistan» diýen simfoniki şekillerinden parçany we «Dutar parçasy» atly bölegi, kompozitorlar A. Kulyýew bilen Ýu. Meýtusyň «Abadan» operasyndan «Söweş parçasy» diýen bölegi, N. Muhadowyň «Täsin tebip» diýen baletinden «Buluçlaryň tansy» atly sazy sapakda diňlemäge hödürlenýär. Okuw maksatnamasyna girizilen saz eserleriniň ählisi mazmun taýdan şekillendirijilik äheňlerine baý bolan uly göwrümli saz eserleridir.

5-nji synpyň ikinji çärýeginiň okuw maksatnamasynda «Diňlemek we bilelikde ýerine ýetirmek üçin aýdymlar» diýen ugruna

laýyklykda, N. Halmämmedowyň «Ene hüwdüsi», «Iki agaç», «Türkmen sährasy» diýen aýdymlaryny diňlemegi öwrenýärler. Şeýle hem okuw maksatnamasyna laýyklykda, okuwçylara ýokarda görkezilen aýdymlary topar bolup ýerine ýetirmegiň düzgünlerini öwretmek göz öňünde tutulýar.

2-nji çärýegiň okuw maksatnamasyna girizilen bu saz eserleriniň ählisinde mähriban Watanymyzyň ajaýyp keşbi, gahryman türkmen ýigitleriniň gaýratly sypatlary dürli öwüşginli saz öwrümleriniň üsti bilen giňişleýin şekillendirilýär. Bu bolsa okuwçylaryň aýdym-saz sungaty bilen şekillendiriş sungatynyň arasyndaky özara baglanyşygyna, saz eserlerindäki çeper keşpleriň saz çeperçilik serişdeleri arkaly şekillendirilişine düşünmeklerine kömek edýär.

### *3-nji çärýek*

5-nji synpyň okuw maksatnamasynda 3-nji çärýegiň temasynyň esasy maksady aýdym-sazyň adam duýgularyna edýän täsiri, türkmen dessanlarynda we rowaýatlarda aýdym-sazyň täsin gudratynyň şekillendirilişi we onuň güýjüniň beýan edilişi bilen okuwçylary tanyşdyrmakdan ybaratdyr. Saz işleriniň «Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar» diýen ugruna laýyklykda, 3-nji çärýekde okuwçylar dürli mazmunly saz eserlerini aýtmagy öwrenýärler. Bu çärýekde okuwçylara R. Rejebowyň «Ýatlalyň», «Ýaşyl tugum», A. Kulyýewiň «Illeriň bar owadan», Ç. Nurymowyň «Alkyş aýdýas Watana», «Biz Watanyň lälesi», W. Ahmedowyň «Ene jan», N. Halmämmedowyň «Ýazlarym», K. Garowowyň «Türkmen ýaýlasy», J. Gurbangylyjowanyň «Parahatçylyk aýdymy» diýen aýdymlaryny öwretmek göz öňünde tutulýar. Şeýle hem okuw maksatnamasyna laýyklykda, okuwçylara mugallymyň saýlamagynda türkmen dessanlaryndan aýdymlary ýerine ýetirmegi öwretmek göz öňünde tutulýar. 3-nji çärýegiň okuw maksatnamasyna laýyklykda, sapakda okuwçylara türkmen dessanlaryndan dürli mazmunly aýdymlary diňlemeklik hödürlenýär.

3-nji çärýekde saz işleriniň «Diňlemek üçin saz eserleri» diýen ugruna laýyklykda, okuwçylaryň diňlemekleri üçin «Görogly» dessanyndan «Gyrat saňa», «Saýatly–Hemra» dessanyndan «Durnanyň», «Leýli we Mejnun» dessanyndan «Çykdym güller», «Zöhre–Tahyr»

dessanyndan «Bilbil gördüm» diýen aýdymlary hem-de «Nejebog-lan» dessanyndan bir aýdym okuw maksatnamasyna girizilipdir. Bulardan başga hem bu çärýegiň okuw maksatnamasynda «Hajy golak» diýen halk sazy (rowaýaty bilen bilelikde), kompozitor N. Halmämmedowyň «Şükür bagşy» kinofilmine ýazan sazlaryndan bölekleri sapakda okuwçylara diňlemegi öwretmek maksat edinilýär.

Okuwçylar sapakda türkmen edebiýatynda esasy orny eýeleýän halk dessanlary, aýdym-saz sungaty bilen baglanyşykly dürli mazmunly rowaýatlary diňleýärler. Ol rowaýatlarda saz sungatynyň keramatly güýji, gudraty beýan edilýär. Sapakda dessanlardan aýdymlary, halk sazlaryny okuwçylara diňlemegi öwretmek okuwçylaryň dessanlarda, rowaýatlarda wasp edilýän hyýaly gahrymanlaryň keşpleri bilen tanyşmaklaryna ýol açýar. Okuwçylar sapakda saz diňlänlerinde diňe bir hyýaly gahrymanlar barada düşünje almak bilen çäklenmän, eýsem olar Şükür bagşy, Amangeldi Gönübek, Kel bagşy ýaly durmuşda ýaşap geçen hakyky gahryman sazandalaryň durmuşy barada hem düşünje alýarlar.

### *4-nji çärýek*

Okuw maksatnamasynda 4-nji çärýegiň temasy «Aýdym-sazyň güýji nämede?» diýlip atlandyrylýar. Bu temanyň esasy maksady sapakda okuwçylara saz eserlerinde durmuşda bolup geçýän hadysalaryň hakyky beýan edilýändigini, ýagny saz sungatynyň hakykaty bolşy ýaly dolulygyna açyp görkezýändigini düşündirmekden ybaratdyr. Mundan başga hem okuwçylar bu temanyň üsti bilen saz eserleriniň mazmun taýdan köp ugurlylygyna göz ýetirýärler. Biziň bilşimiz ýaly, durmuşda bolup geçýän her bir hadysa çeper döredijiligiň ähli ugurlary bilen birlikde saz sungatynda hem inçelik bilen beýan edilýär. Şeýlelikde, okuwçylar bu temanyň üsti bilen saz eserleriniň mazmunynyň dürli ugurlary (degişme, gahrymançylyk, tebigat gözelligi, ynsan duýgusy) barada düşünje alýarlar.

4-nji çärýekde okuwçylar dürli mazmunly aýdymlary ýerine ýetirmegi, aýdymlaryň mazmunyny kesgitlemegi, aýdymlarda ýüze çykarylýan çeper keşpleriň häsiýetini seljermegi öwrenýärler. Saz işleriniň «Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar» diýen ugruna laýyklykda, sapakda okuwçylara öwretmek maksady bilen, türkmen kompozi-

torlary tarapyndan döredilen dürli mazmunly aýdymlar bu çärýegiň okuw maksatnamasyna girizilipdir. 4-nji çärýekde okuwçylar kompozitorlar D. Nuryýewiň «Akja garjagaz», «Aýdym», «Bilbil näme saýraýar?», R. Allaýarowyň «Ýaz aýdymy», «Salam, sapaly tomus», N. Muhadowyň «Parahatlyk guşy», D. Hydyrowyň «Arkadag», «Täze ýyl agşamlary» diýen aýdymlaryny ýerine ýetirmegiň usullaryny öwrenýärler.

Şeýle hem bu çärýekde okuwçylaryň ýylyň dowamynda öwrenen aýdymlaryny täzeden gaýtalamak maksady bilen, öň öwrenilen aýdymlaryň birnäçesi okuw maksatnamasyna girizilipdir. Okuwçylaryň ýylyň dowamynda öwrenen aýdymlaryny täzeden gaýtalamagy okuw maksatnamasynda «Sapak-konserte taýýarlyk» diýlip atlandyrylýar.

5-nji synpyň okuw maksatnamasy boýunça 4-nji çärýekde saz işleriniň «Notalar bilen tanyşmak we nota boýunça aýtmak» ugruna laýyklykda, mugallymyň saýlamagynda okuwçylar sapakda dürli aýdymdyr sazlaryň nota ýazgysyny ýerine ýetirýärler. Bu çärýekde okuwçylar özlerine öňden tanyş bolan dürli saz eserleriniň nota ýazgysyny aýtmagy öwrenýärler.

4-nji çärýegiň okuw maksatnamasyna laýyklykda, dürli mazmunly birnäçe saz eserleri sapakda diňlemeklik üçin hödürlenilýär. Saz işleriniň «Diňlemek üçin saz eserleri» diýen ugruna laýyklykda, «Atly ýöriş» atly gopuzda çalynýan halk sazy, halypa sazanda Mylly Täçmyradowyň çalan «Bilbil gördüm», «Baga seýle» diýen sazlary bu çärýegiň okuw maksatnamasynyň esasyny düzýär. Şeýle hem 4-nji çärýegiň okuw maksatnamasyna laýyklykda, okuwçylara türkmen operalaryndan aýdymdyr sazlardan bölekleri diňletmek maksady bilen, kompozitor N. Muhadowyň «Keýmir kör» operasyndan «Warryk batyryň degişme aýdymy» atly saz eseri, kompozitorlar A. Kulyýew bilen Ýu. Meýtusyň «Abadan» operasyndan «Söweş parçasy» atly bölegi, kompozitor N. Halmämmedowyň «Gahrymanlar barada ballada» diýen aýdymy okuw maksatnamasyna girizilipdir. Bulardan başga hem 4-nji çärýegiň okuw maksatnamasyna laýyklykda, sapakda okuwçylara «Göroglynyň at oýnadyşy», «Humarala» diýen halk sazlary diňledilýär. Sapakda bu saz eserlerini diňlemek arkaly okuwçylar

aýdym-sazlarda durmuş hakykatynyň dürli saz bezegleri arkaly nähili beýan edilýändigine göz ýetirýärler. Görşümiz ýaly, 4-nji çärýegiň okuw maksatnamasynda sapakda okuwçylaryň ýerine ýetirmekleri, diňlemekleri üçin hödürlenýän saz eserleriniň her biri özüniň temasy we mazmuny boýunça biri-birlerinden düýpli tapawutlanýar. Meselem, «Warryk batyryň degişme aýdymy» atly saz eseri mazmun taýdan degişme äheňine ýugrulan saz eseri bolsa, «Söweş parçasy» atly saz bölegi we «Gahrymanlar barada ballada» diýen aýdym türkmen gerçekleriniň gahrymançylygyny wasp edýän saz eserleridir. Sapakda diňlemäge hödürlenýän «Bilbil gördüm», «Baga seýle», «Atly ýöriş» atly saz eserlerinde bolsa türkmen tebigatynyň gözelligi, dünýä belli türkmen bedewleriniň ajaýyp keşbi dürli saz öwrümleri arkaly inçelik bilen wasp edilýär. Bu bolsa okuwçylaryň aýdym-saz eserleriniň köp ugurlylygy barada düşünje almaklaryna ýardam edýär.

5-nji synpyň okuw maksatnamasynyň yzygiderliligine laýyklykda, çärýekler boýunça saýlanyp alnan saz eserleriniň ählisi mazmuny hem-de göwrümi boýunça özleriniň terbiýeçilik ähmiýetine eýe bolan saz eserleridir.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň umumy orta bilim berýän mekdeplerinde aýdym-saz dersini okatmak, onuň hilini we mazmunyny dünýä ülňülerine laýyklykda kämilleşdirmek häzirki döwrüň wajyp talaplarynyň biridir.

### Ýumuşlar

1. Aýdym-saz dersini maksadalaýyk okatmakda okuw maksatnamasynyň ähmiýetini aýdyňlaşdyryň.
2. Aýdym-saz terbiýesini bermekde okuw maksatnamasynyň esasy maksadyny, ähmiýetini we wezipesini häsiýetlendiriň.
3. Okuw maksatnamasyna laýyklykda özleşdirmeklige hödürlenýän saz işleriniň umumy häsiýet aýratynlygyny açyp görkeziň.
4. Okuw maksatnamasyna laýyklykda dürli görnüşli saz işleriniň temalar boýunça yzygider bölünişiniň mazmun taýdan aýratynlygyny kesgitläň.
5. Okuw maksatnamasyna laýyklykda çärýeklik temalaryň okuw sagatlaryna laýyklykda bölmegiň maksadyny aýdyňlaşdyryň.
6. Sapakda alnyp barylmaly dürli görnüşli saz işleriniň okuw maksatnamasyna laýyklykda bölünüşiniň yzygiderliligini seljeriň.

7. Okuw maksatnamasyna laýyklykda mekdep okuwçylarynyň saz işlerine bolan ukyp-başarnyklarynyň umumy ösüş derejesini kesgitläň.

8. Häzirki zaman türkmen kompozitorlarynyň çagalar üçin döreden saz eserler toplumynyň okuw maksatnamasyndaky ornuny seljeriň we olaryň terbiýeçilik ähmiýetini bahalandyryň.

9. Türkmen we daşary ýurt kompozitorlarynyň ömri we döredijiliginiň okuw maksatnamasyna laýyklykda öwrenilişine baha beriň.

8. Sargyt № 2171

# III BAP. SAPAKDA ALNYP BARYLÝAN SAZ IŞLERINIŇ GÖRNÜŞLERI

## §1. Sapakda aýdym aýtmagy öwretmegiň terbiýeçilik ähmiýeti

Ençeme asyrlaryň dowamynda adamlar aýdym aýtmak sungatynyň gizlin syrlary, onuň durmuşdaky tutýan orny, ony ýerine ýetirmegiň usullary barada oýlanypdyrlar. Saz gurallarynyň gelip çykyşyny öwreniji alym S. Gazarýan özüniň «В мире музыкальных инструментов» atly kitabynda saz seslerini adaty seslerden tapawutlandyryp, ony yzygider ýerleşdirmekde dünýäde ilkinji bolup, uly işleri amala aşyran dünýä belli beýik alymyň Pifagordygyny belläp geçýär. Beýik grek alymy Pifagor ilki bilen fizika ylmynyň kanunlaryna laýyklykda, jisimleriň yrgyldysynyň esasynda saz seslerini saýlap alyp, her bir saz sesiniň belentligini, pesligini kesgitleýär. Soňra bolsa saz sesleriniň her birini özüniň beýikligine, pesligine görä yzygider ýerleşdirip başlaýar. Şularyň netijesinde bolsa Pifagor ilkinji saz gurallaryny döretmegiň üstünde işläp başlaýar.

Dünýä belli birnäçe alymlar, jemgyýetçilik işgärleri aýdym aýtmak sungaty hem-de onuň jemgyýetdäki tutýan orny barada gyzyklanyp, bu jadyly sungat hakyndaky özleriniň dürli pikirlerini, garaýyşlaryny ýazyp, bize miras galdyrypdyrlar. Gündogaryň beýik alymlary Muhammet al-Faraby, Abu Aly ibn Sina, Omar Haýýam, Abdyrahman Jamy, Biruny ýaly başga-da ençeme beýik alymlar aýdym-sazyň durmuşdaky tutýan ornuny, onuň terbiýeçilik ähmiýetini özleriniň ylmy işlerinde aýratyn belläp geçýärler.

Biziň şu günlerimizde hem birnäçe belli saz öwreniji alymlar, pedagoglar, psihologlar, lukmanlar aýdym-saz sungatynyň gelip çykyş taryhy, ony terbiýeçilik işlerinde ulanmagyň ähmiýeti, aýdym-sazyň adamlary dürli dertlerden gutarmakdaky orny barada özleriniň ylmy işlerinde, makalalarynda aýratyn nygtaýarlar.

Aýdym aýtmak sungaty – sungatyň iň kämil görnüşi bolmak bi-

len, ol diňe bir uly adamlary däl, eýsem kiçijik diňleýjileri – çagalary hem özüne bendi edýär. Ýagny aýdym aýtmak, aýdym diňlemek ähli ynsany özüne çekýär.

Umumy orta bilim berýän mekdeplerde okuwçylar aýdym sapagynda saz işleriniň dürli ugurlaryny öwrenmek bilen birlikde, aýdym aýtmagy hem öwrenýärler. Bu bolsa olaryň aýdym aýtmak sungatynyň özboluşly medeniýetini öwrenmeklerine kömek edýär we şol bir wagtyň özünde okuwçylaryň saz sungaty baradaky düşünjeleriniň kämilleşmegine ýardam edýär. Aýdym-saz sapagynda okuwçylar dürli mazmunly aýdymlary ýerine ýetirmegi öwrenmegiň üsti bilen biziň daşymyzy gurşap alan hakykata çeper görnüşde aýdyň göz ýetirip başlaýarlar.

Sapakda okuwçylara aýdym aýtmagy öwretmek okuwçylaryň sazlaşykly ösüşleriniň ähli ugurlary bilen bilelikde, olaryň aňyýet taýdan ösüşlerini işjeňleşdirýär we ony kämilleşdirýär. Ýagny okuwçylar sapakda aýdym aýtmagy öwrenýän pursatlary olar saz seslerine dogry düşunmek barada oýlanýarlar. Olar seslerini deň goşup aýdym aýtmaga synanyşýar, öz aýdym aýdyşlary bilen ýoldaşlarynyň aýdym aýdyşlaryny deňeşdirip görýärler. Bu bolsa okuwçylaryň aýdym aýtmak sungatyna baha bermek ukyplarynyň ýüze çykmagyna kömek edýär. Şeýle hem olar sapakda mugallymyň kömegi bilen dürli häsiýetli saz frazalaryny tapawutlandyrmaga synanyşýarlar. Bu işleriň ählisi okuwçylaryň aň-düşünjeleriniň ösmegine ýardam edýär.

Aýdym sapagynda okuwçylaryň dürli häsiýetli aýdymlary aýtmagy öwrenmekleri olaryň ruhy taýdan kämil ösüşlerini kemala getirmek bilen birlikde, beden taýdan sagdyn ösmeklerine hem täsir edýär. Okuwçylar sapakda aýdym aýtmagy öwrenýän pursatlary aýdymyň sözlerini dogry, arassa, täsirli aýtmagy hem öwrenmegiň üsti bilen, olarda dogry, arassa sözleýiş endikleri ösüp kemala gelýär. Okuwçylar sapakda aýdym aýtmagy öwrenýän wagtlary olaryň dem alyş organlarynyň ösüşi kämilleşýär we olaryň damaklarynda ýerleşýän ses sapajyklary berkeýär. Mundan başga hem okuwçylar sapakda aýdym aýtmagy öwrenenlerinde, olaryň aýdymlary dogry ýerine ýetirmeklige bolan ukyp-başarnyklary ösüp kemala gelýär. Okuwçylaryň aýdym aýtmagy öwrenýän pursatlary olaryň saza bolan emosional seslenmeleri, sazyň ritmlerini duýmaga bolan ukyp-başarnyklary ýüze çykýar.

Aýdym-saz sapagynda okuwçylara köpçülik bolup aýdym aýtmagy öwretmek saz terbiýesi ulgamynda terbiýeçilik ähmiýetli esasy ugurlaryň biri hasap edilýär. Sapakda okuwçylar köpçülik bolup aýdym aýtmagy öwrenýän wagtlary aýdymyň sözlerini, heňini öwrenenlerinde biri-birleri bilen olar barada maslahatlaşýarlar, ýalňyşýan ýerlerinde biri-birlerine kömek edýärler. Bu bolsa okuwçylaryň öwrenýän aýdymlarynyň mazmunyny özlerine oňat kabul etmeklerine ýardam edýär. Okuwçylaryň sapakda öwrenýän her bir aýdymy täsirli, oňat ýerine ýetirmek barada özara maslahatlaşmaklary olaryň umumy işiň bähbidi üçin «biri-biriňe kömek bermeli, biri-biriňi goldamaly» diýen düşünjeleriniň ýüze çykmagyny işjeňleşdirýär. Sapakda köpçülik bolup aýdym aýtmagy öwrenmek we dürli mazmunly aýdymlary köpçülik bolup ýerine ýetirmek okuwçylar üçin gyzykly we täsirli terbiýeçilik ugurlaryň biri hasap edilýär.

Sapakda okuwçylara öwredilýän aýdymlaryň her biri özüniň mazmuny we häsiýeti boýunça kämil saz eserleri bolmak bilen, olar okuwçylarda saz eserlerini öwrenmäge bolan islegi, gyzyklanmany ýüze çykarmalydyr. Bu bolsa okuwçylaryň sapakda öwrenilýän her bir aýdymy uly gyzyklanma, uly höwes bilen öwrenmeklerine itergi berýär. Sapakda öwrenilýän aýdymlaryň okuwçylar üçin täsirli bolmagy okuwçylaryň aýdymlaryň sözlerini düşnükli aýtmaklaryna, aýdýan aýdymlarynyň manysyna düşünmeklerine kömek edýär. Okuwçylara öwredilýän aýdymlar özleriniň düzülişi boýunça çylşyrymly bolmaly däldir. Okuwçylara öwretmek üçin saýlanyp alynýan aýdymlaryň mazmunynyň döwrebap bolmagy okuw maksatnamasynyň esasy talaplarynyň biridir.

Sapakda öwrenilýän aýdymlaryň ählisiniň çeperçilik taýdan kämil bolmagy, aýdymlaryň mazmunynyň täsirli hem-de özüne çekiji häsiýetli bolmagy okuwçylaryň saz eserlerinde beýan edilýän çeper keşplere dogry düşünmeklerine itergi berýär. Bu bolsa olaryň aýdym aýtmagyň dürli usullaryna bolan ukyp-başarnyklarynyň ýüze çykmagyna, öwrenilýän aýdymlaryň manysyny duýup, ony duýgular arkaly ýerine ýetirmeklerine kömek edýär.

Aýdym-saz sapagynda aýdym aýtmagy öwretmegiň öňünde durýan esasy maksat aşakdakylardan ybarat:

- okuwçylaryň aýdym aýtmaga bolan ukyplaryny ýüze çykar-

mak, olaryň aýdymlary täsirli ýerine ýetirmäge bolan başarnyklaryny kemala getirmek;

- okuwçylara saza goşup aýdym aýtmagy we sazsyz aýdym aýtmagy öwretmek;
- okuwçylaryň saz eşidiş ukyplaryny ösdürmek, saz sesleriniň belentligini, dowamlylygyny, heňleriň hereket ediş ugurlaryny tapawutlandyryp bilmek ukyplaryny kemala getirmek. Olara aýdym aýdan wagtlary seslerini dogry eşitmek arkaly öz sesleriniň ýaňlanyşyna gözegçilik etmegi öwretmek, aýdylýan aýdymlarynyň dogry we nädogry ýerlerini seljerip bilmek ukyplaryny ýüze çykarmak;
- okuwçylaryň sesleriniň hakyky owadan ýaňlanyşyny kemala getirmek, olaryň sesleriniň göwrümini giňeltmek, seslerini berkitmek, aýdym aýtmaga ukypsyz okuwçylaryň ukyp-başarnyklarynyň ýüze çykmagyna kömek etmek;
- okuwçylaryň özbaşdak ýerine ýetirýän saz işlerinde olaryň döredijilik başarnyklaryny ösdürmek.

Aýdym-saz sapagynda okuwçylara aýdymy arassa, dogry aýtmagy öwretmegiň maksady geljekde okuwçylaryň çeper döredijilige bolan gatnaşyklarynyň kämilleşmegine kömek etmekden ybaratdyr. Bu bolsa mekdep okuwçylarynyň saz sungatyna bolan höweslerini, isleglerini kemala getirmek bilen birlikde, olaryň umumy saz medeniýetiniň düýbüni tutmaga ýardam edýär.

Ýokarda bellenip geçilen ugurlary dogry çözmek üçin ilki bilen okuwçylara aýdym aýtmagyň dogry berjaý edilmeli düzgünlerini öwretmekden başlamak hökmanydyr. Aýdym aýtmagyň berjaý edilmeli düzgünleri aşakdakylardan ybaratdyr:

### 1. Ýekelikde aýdym aýtmagyň berjaý edilmeli düzgünleri

1. Aýdymy oturyp aýdanyňda elleriňi dyzyň üstüne goýup, göwräňi dik saklap oturmaly.
2. Aýdymy dik durup aýdanyňda elleriňi aşak goýberip, göwräňi dik saklap dogry durmaly.
3. Aýdym aýdyp başlamazdan öňürti, eginleriňi galdyrman asuda dem almaly.
4. Aýdym aýdyp durkaň, sözleriň, bogunlaryň arasynda dem almaly däl.

5. Aýdym aýdyp durkaň, çekimli sesleriň süýndürilip uzyn aýdylýandygyny, çekimsiz sesleriň bolsa gysga, düşnükli aýdylýandygyny ýatdan çykarmaly däl.

6. Aýdym aýdýan wagtyň sesiňi ýeňil we owadan çykarmaga çalyşmaly.

7. Aýdym aýdýan wagtyň aýdymy täsirli aýtmaga çalyşmaly.

8. Aýdymy mugallymyň görkezmesi boýunça başlamaly we mugallymyň görkezmesi boýunça hem gutarmaly.

## 2. Aýdym aýdylanda wokal-hor serişdelerini dogry berjaý etmegiň düzgünleri

1. Aýdym aýdylanda dogry dem alyş usullaryny berjaý etmeli we aýdymyň sözlerini ýoýman, dogry hem-de düşnükli aýtmaly.

2. Aýdym aýdylýan wagty diliňi, dodaklaryňy we aşaky äňiňi dogry hereketlendirmeli.

3. Aýdym aýdylanda sesiň belentligini we güýjüni sazlaşykly baglanyşdyrmaga çalyşmaly.

4. Aýdym aýdylanda sesiňi saza dogry goşmagy we saz bilen deň başlap, deň gutarmagy ýatdan çykarmaly däl.

## 3. Hor bolup (köpçülik bolup) aýdym aýtmagyň berjaý edilmeli düzgünleri

1. Aýdym aýtmaga başlanyňda, aýdymyň ilkinji sesini anyk we arassa aýtmaga çalyşmaly.

2. Aýdym aýdýan wagtyň dogry oturmagyň we dogry durmagyň düzgünlerini berjaý etmegi ýatdan çykarmaly däl.

3. Aýdym aýdýan wagtyň çekimli sesleri çekip, gysga sesleri bolsa anyk aýtmagy unutmaly däl.

4. Aýdym aýdýan wagtyň dogry dem almagyň düzgünlerini berjaý etmegi ýatdan çykarmaly däl.

5. Aýdym aýdýan wagtyň öz-özüňi diňlemegi unutmaly däl.

6. Aýdym aýdýan wagtyň ýoldaşlaryňy diňlemegi unutmaly däl.

7. Aýdym aýdýan wagtyň sesiňi ýoldaşlaryňkydan tapawutlandyrmaly däl.

8. Aýdym aýdýan wagtyň sesiňi ýoldaşlaryň sesine dogry goşmagy unutmaly däl.

9. Aýdym aýdýan wagtyň mugallyma üns bermeli, mugallymyň elleriniň hereketlerini yzarlamaly we görkezmelerini berjaý etmegi unutmaly däl.

## 4. Okuwçylaryň seslerini dogry kemala getirmegiň berjaý edilmeli düzgünleri

1. Okuwçylaryň sesleriniň dogry ýerinde goýulmagyny (aýdym aýdylýan mahaly okuwçylaryň sesleriniň güýçli we ýeňil ýaňlanyşyny emele getirmegi) ýatdan çykarmaly däl.

2. Okuwçylaryň sesleriniň üstünde işlenilende, entek olaryň bedenleriniň doly ösüp kemala gelmedikligini we çalt ýadaýanlygyny göz öňünde tutmaly.

3. Kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynyň uzak wagtlap aýdym aýdyp bilmeýändiklerini, olaryň sesleriniň çalt ýadaýandygyny göz öňünde tutmaly.

4. Okuwçylaryň aýdym aýdýan wagtlary bokurdaklaryna agram salman sesleri ýeňil, owadan, owazly çykarmaklarynyň üstünde işlemeli.

5. Okuwçylar aýdym aýdanlarynda, olaryň dem alyş usullaryny dogry berjaý etmekleriniň üstünde işlemeli.

6. Aýdym aýdylýan mahaly okuwçylaryň aýdym aýtmagyň düzgünini bozmaklarynyň öňüni almaly.

Aýdym-saz sapagynda okuwçylar aýdym aýtmagyň dürli ugurlaryny öwrenmek bilen birlikde, sapakda wokal-hor serişdeleriniň düzgünleriniň dogry berjaý edilmeli ugurlaryny hem öwrenýärler. Okuwçylaryň sapakda öwrenýän aýdymlary özleriniň gurluşy boýunça ýuwaş-ýawaşdan çylşyrymlaşmagynyň netijesinde aýdym aýtmagyň ýerine ýetiriliş düzgünleri hem kynlaşýar. Meselem, ilkibaşda okuwçylara sapakda öwrenmek üçin hödürlenilýän aýdymlar özleriniň ýerine ýetiriş tärleri boýunça okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna hem-de olaryň ýerine ýetirip bilijilik ukyplaryna baglylykda ol diýen çylşyrymly bolmaýar. Emma wagtyň geçmegi bilen sapakda öwrenmäge hödürlenýän aýdymlar özleriniň heň gurluşy, sesleriň beýikligi, pesligi we aralyklary boýunça öňki öwrenilen aýdymlardan bellibir derejede çylşyrymlaşýar. Bu bolsa mugallymdan sapakda öwrenmäge hödürlenýän her bir aýdymy pedagogikanyň talaplaryna

laýyklykda oýlanyşykly saýlap almagy, aýdymyň mazmunyna, onuň gurluş aýratynlygyna üns bermegi talap edýär.

Saz işleriniň ähli ugurlaryna laýyklykda, sapakda aýdym aýtmagy öwrenmegiň üsti bilen hem terbiýeçilik işlerini amala aşyrmak göz öňünde tutulýar. Meselem, okuwçylar sapagyň dowamynda dürli mazmunly aýdymlary öwrenýärler, olaryň görnüşleri bilen tanyşýarlar. Bu bolsa okuwçylaryň ruhy dünýäsiniň tämiz duýgular bilen baýlaşmagyna ýardam edýär. Sapakda okuwçylaryň aýdymlary maksadalaýyk öwrenmekleriniň netijesinde, olaryň estetiki duýgularydyr garaýyşlary ýüze çykyp başlaýar. Bu işleriň ählisi öz gezeginde okuwçylaryň umumy häsiýetlerinde daşky dünýä bolan hoşniýetli gatnaşyklaryny oýarýar.

Sapakda okuwçylara aýdym aýtmagyň dürli usullaryny öwretmek bilen birlikde olara aýdym aýtmagyň durmuşdaky tutýan orny barada düşünje bermek göz öňünde tutulýar. Okuwçylaryň sapakda aýdym aýtmagy öwrenýän pursatlary, öwrenilýän aýdymlaryň sözleriniň mazmun taýdan kämilligi, täsirli bolmagy olary ählitaraplaýyn ösdürmegiň hem-de terbiýe bermegiň esasy serişdesi bolup hyzmat edýär.

Aýdym-saz sapagynda okuwçylaryň aýdym-saz sungaty hakyndaky düşünjelerini kemala getirmek üçin ilki bilen olaryň wokal-hor ýerine ýetirijilik sungatynyň dürli ugurlary baradaky düşünjelerini kämilleşdirmek zerurdyr . Hor (köpçülik) bolup aýdym aýtmak sungaty saz döredijiliginiň gadymy görnüşleriniň biri bolmak bilen, her bir halkyň gadymy ýerine ýetirijilik däpleriniň biridir. Ýerine ýetirijilik sungatynyň bu görnüşi geçmişde biziň halkymyzyň halk saz döredijiligine giňden ornaşan läleriň dürli görnüşlerinde, küştdepdileriň gazallarynda özüne mynasyp orun tapypdyr. Aýdym-saz sapagynda köpçülik bolup aýdym aýtmagy öwretmek okuwçylara estetiki terbiýe bermegiň möhüm serişdeleriniň biridir.

## §2. Sapakda ýerine ýetirmek üçin hödürlenilýän aýdymlar

Sapakda ýerine ýetirmek üçin hödürlenilýän aýdymlar toplumynyň mazmunynyň ýokary çeperçilik häsiýete eýe bolma-

gy okuwçylaryň aýdymlary dogry we arassa ýerine ýetirmekleri üçin esasy oňaýly ugurlaryň biri hasap edilýär. Sapakda öwrenilýän aýdymlar umumy orta bilim berýän mekdeplerde okuwçylara saz terbiýesini bermegiň esasy serişdesi diýlip, okuw-usuly gollanmalarda aýratyn bellenilýär.

Okuw maksatnamasyna laýyklykda, sapakda okuwçylaryň ýerine ýetirmekleri üçin aýdymlar saýlanyp alnanda aşakdaky ugurlar göz öňünde tutulmalydyr:

1. Öwrenilýän aýdymlaryň terbiýeçilik meselelerini amala aşyrmakdaky ähmiýeti.

2. Öwrenilýän aýdymlaryň okuwçylaryň göz öňüne getirijilik duýgularyny kemala getirmekdäki tutýan orny.

3. Aýdym öwrenmekde täze usullaryň özleşdirilmegi.

4. Öwrenmäge hödürlenilýän aýdymlarda duş gelýän kynçylyklar.

5. Öwrenilýän aýdymlaryň okuwçylaryň isleglerine görä saýlanyp alynmagy.

6. Sapakda öwrenilýän aýdymlaryň okuwçylaryň gyzyklanmalaryna gabat gelmegi.

Sapakda okuwçylara aýdym aýtmagy öwretmekde ýene-de bir terbiýe berijilik ähmiýetli ugur hem çaga aýdymlarynyň esasy bolup hyzmat edýän ýönekeýden sada, täsirli sazyň dilidir. Okuwçylaryň öwrenmekleri üçin hödürlenilýän her bir aýdym özüniň düzülişi boýunça okuwçylaryň seslerine gabat gelmelidir. Bu olaryň aýdymy çalt öwrenmeklerine ýardam edýär. Aýdym-saz sapagynda aýdymlar her bir synpyň okuwçylarynyň ýaş aýratynlyklaryna görä, olaryň ýerine ýetirip bilijilik mümkinçilikleri göz öňünde tutulyp, kesgitlenen yzygiderlilik esasynda saýlanyp alynmaly. Ýöne muňa garamazdan, bu yzygiderlilik şertli düşünjedir. Sebäbi aýdymlar öwrenilende, olaryň düzülişine baglylykda dürli kynçylyklaryň ýüze çykmagy mümkin. Meselem, sapakda öwrenilýän aýdymlaryň heň düzümlerindäki ses aralyklarynyň gurluşynyň çylşyrymlaşmagy bilen bagly dürli kynçylyklar gabat gelýär. Kynçylyklary ýeňip geçmek üçin sapakda okuwçylar bilen ses gönükmeleriniň we saz ritmleriniň üstünde goşmaça işlemek zerurlygy ýüze çykýar. Bu bolsa okuwçylaryň şol kynçylyklary ýeňip geçmeklerine kömek edýär.

Sapakda öwreniljek aýdymlary ilki bilen mugallymyň özi ähli-taraplaýyn gözden geçirmelidir. Mugallym ilki bilen aýdymyň terbiýeçilik ähmiýetini, sözlerini, aýdymyň heňini we sazyny, gurluşyny derňew etmeli. Şondan soň ol aýdymy okuwçylara öwredip başlamaly. Sapakda öwrenmäge hödürlenýän aýdymy derňew etmek aşakdaky ugurlar esasynda alnyp barylýar:

**1. Aýdymyň terbiýeçilik ähmiýeti:** sazyň beýan edijilik häsiýetini we mazmunyny kesgitlemek.

**2. Aýdymyň sözleri:** aýdymyň sözleriniň çeperçilik taýdan hilini we onuň beýan edilişindäki täsirliligini bahalandyrmak.

**3. Aýdymyň sazy:** aýdymyň sazynyň çeperçilik taýdan kämilligini, gymmatyny, okuwçylaryň akyl ýetirip bilmekleri üçin aýdymyň saz diliniň düşnükliligini seljermek.

**4. Aýdymyň gurluşy:** aýdymyň bölümlerini kesgitlemek, (bir bölümlimi, iki bölümlimi) aýdymy başlamagyň, gutarmagyň, aýdymyň arasyndaky gaýtalanýan bentleriň gurluşyny öwrenmek.

Sapakda öwreniljek aýdym bilen öňünden tanyşmagy mugallymyň aýdymyň mazmunyna doly düşünmegine ýardam edýär. Bu bolsa mugallymyň okuwçylara aýdymy täsirli ýerine ýetirmegi öwretmek barada oýlanmagyna kömek edýär. Mundan başga hem mugallym aýdymy haýsy usullar arkaly öwretmegiň, sesiň we aýdymyň sözleriniň üstünde nähili işlemegiň, aýdym aýdylýan mahaly dogry dem almagyň, aýdymy täsirli äheňler arkaly ýerine ýetirmegiň ugurlaryny kesgitleýär. Şeýle hem, sapakda öwreniljek aýdymyň özboluşly mazmunyny haýsy usullar arkaly ýüze çykaryp boljakdygyny göz öňünde tutýar.

Şeýlelikde, okuw maksatnamasynyň talaplaryna laýyklykda, sapakda öwrenmek üçin hödürlenýän aýdymlary saýlap almak pedagogikanyň kanunlaryna laýyklykda, didaktikanyň ýörelgelerinden ugur alnyp amala aşyrylýar.

## §3. Sapakda aýdym aýtmagy öwretmegiň usuly

Aýdym-saz sapagynda okuwçylara aýdym aýtmagy öwretmek çylşyrymly ugurlaryň biri bolmak bilen, ol öňden kesgitlenen pedago-

gikanyň düzgünlerine we talaplaryna baglylykda alnyp barylýar. Aýdym-saz sapagynda okuwçylara aýdym aýtmagy öwretmek üçin ilki bilen täze öwreniljek aýdymlaryň üstünde işlemekden başlamak maksadalaýyk hasap edilýär. Aýdym-saz sapagynda okuwçylar bilen täze öwreniljek aýdymlaryň üstünde işlemek aýdym-saz sapagynyň esasy ugry bolmak bilen, aşakdaky üç ugra bölünip alnyp barylýar:

1. Sapakda täze öwreniljek aýdym bilen tanyşmak (aýdymyň ady, sazyny ýazan kompozitor, sözlerini düzen şahyr barada düşündirmek).
2. Okuwçylary täze öwreniljek aýdymyň mazmuny bilen tanyşdyrmak.
3. Sapakda öwrenilýän aýdymyň üstünde işläp başlamak.

Sapakda täze öwreniljek aýdymy bellibir pursatlara bölüp öwretmek okuwçylarda öwreniljek aýdyma bolan gyzyklanmany, islegi ýüze çykarýar. Sapagyň başynda öwrenilýän aýdym baradaky gürrüň okuwçylar üçin örän täsirli bolmak bilen birlikde, olaryň diňe bir öwrenilýän aýdymyň sazyna, sözüne bolan gatnaşyklaryny ýüze çykarman, eýsem sapakda öwrenilýän ähli aýdymlara, olaryň umumy manysyna, mazmunyna bolan täsirleri ýüze çykarýar.

Sapakda okuwçylary täze öwreniljek aýdym bilen tanyşdyranda, mugallym ilki bilen aýdymyň ady, onuň manysy barada okuwçylara gürrüň berýär. Mugallymyň aýdym öwretmek işini şeýle usulda başlamagy sapakda indiki ýerine ýetiriljek işlere okuwçylaryň ünsüni çekmekden we olary şol işlere taýýarlamakdan ybaratdyr. Soňra mugallym okuwçylara aýdymyň sazyny ýazan kompozitoryň we sözlerini düzen şahyryň döredijiligi barada gysgaça gürrüň berýär we ol öwreniljek aýdymy ýazgyda okuwçylara diňledýär. Şu pursatda mugallym okuwçylara öwrenilýän aýdym bilen bagly birnäçe soraglary hem berip biler. Meselem, «Okuwçylar, näme üçin kompozitor aýdymyň adyny «Bahar» diýip atlandyrypdyr?» ýa-da «Okuwçylar, aýdymyň sazyny kim ýazypdyr?», «Okuwçylar, aýdym näme hakynda gürrüň berýär?» diýen ýaly soraglary berip biler. Sapakda okuwçylara berilýän soraglar gysgadan düşnükli bolmalydyr. Bu bolsa okuwçylarda öwrenilýän aýdym baradaky indiki soraglaryň we gyzyklanmalaryň ýüze çykmagyna itergi berýär. Meselem, okuwçylar sapakda «Aşgabat» diýen aýdymy öwrenýärler.

# Aşgabat

Sazy *Aşyr Abdyllaýewiňki*
Goşgusy *Tirkeş Sadykowyňky*




Aýdymyň mazmunynyň täsirli bolmagy üçin mugallym mähriban Watanymyzyň paýtagty – ak şäherimiz Aşgabat baradaky dürli şekilli suratlary peýdalanmalydyr. Şeýle hem ol sapakda okuwçylara Aşgabat şäherimiziň geçmişi, şu günki ösüşleri we geljegi barada gürrüň berip, aýdymyň mazmunyna olaryň ünsüni çekmelidir. Soňra mugallym öwrenilýän aýdymyň mazmunyna okuwçylaryň akyl ýetirip, oňa düşünendikleri baradaky pikirlerini bilmek maksady bilen, olara birnäçe soraglary berýär. Meselem, «Okuwçylar, aýdymda haýsy şäher wasp edilýär?», «Okuwçylar, Türkmenistan döwletimiziň paýtagtynyň ady näme?», «Siziň haýsyňyz Aşgabat şäherine baryp gördüňiz?» we ş. m. Mugallym okuwçylaryň her biriniň berlen soraglara jogaplaryny diňläp, olaryň aýdymyň mazmunyna düşünendikleri ýa-da düşünmändikleri baradaky pikirlerini bilmäge çalyşýar. Şondan soňra mugallym okuwçylara aýdymy täzeden diňledýär hem-de aýdymyň sazynyň tizligi, häsiýeti, ritmleri, sazyň ýokarky sesi, aşaky pes sesi barada olara giňişleýin düşünje berýär. Şonuň netijesinde bolsa okuwçylaryň aýdymyň sazy baradaky özbaşdak ýönekeýje pikirleri ýüze çykyp başlaýar we olaryň aňynyň, pikirlenişiniň ösüp kemala gelmegine, kämilleşmegine itergi berýär. Mugallymyň ulanýan her bir usuly okuwçylaryň aýdym aýdyş endiklerini ösdürmäge gönükdirilmelidir. Sapakda täze aýdymy okuwçylara öwredip başlamak mugallymdan uly zähmeti talap edýär. Sebäbi synpdaky iki-üç sany okuwçynyň aýdymy dogry aýdyp bilmezlikleri bütin synpyň okuwçylarynyň ýerine ýetirijilik hiliniň peselmegine getirýär.

Mugallym sapakda okuwçylara täze aýdymy öwredip başlamazdan öňürti, aýdymyň sözlerini we heňini dogry aýtmaga olary taýýarlamalydyr. Taýýarlyk işlerinde ilki bilen okuwçylara täze öwreniljek aýdymy diňletmeli, olaryň täze öwreniljek aýdymyň heňi baradaky pikirlerini bir ýere jemlemeli. Soňra mugallymyň özi aýdymyň sözlerini okuwçylara aýdyp berýär hem-de synpdaky okuwçylaryň ählisi bilelikde aýdymyň sözlerini goşgy hökmünde ýerine ýetirýärler. Bu usul aýdymyň sözlerini okuwçylaryň çalt ýatlamaklaryna ýardam edýär.

Soňra okuwçylara täze aýdymy öwretmek işlerine girişilýär. Ilki bilen okuwçylaryň ählisi bilelikde aýdymyň sözlerini saza goşup, iki-üç gezek goşgy görnüşinde ýerine ýetirýärler. Bu usulyň esasy maksady öwrenilýän aýdymyň sazynyň we sözleriniň sazlaşykly ýaňlanyşyny okuwçylara eşitdirmekden, öwrenilýän aýdymyň sazyny we sözüni täsirli ýerine ýetirmäge bolan isleglerini oýarmakdan ybaratdyr. Bu usul amala aşyrylandan soňra, okuwçylara aýdymyň sözlerini sazsyz aýdym edip aýtmak öwredilip başlanýar. Sapakda aýdym aýtmagy öwretmegiň usulyýetinde hut şu usuly saýlap almak maksadalaýyk hasap edilýär. Sebäbi okuwçylar aýdymyň sözlerini sazsyz ýerine ýetirýän pursatlary aýdymyň heňini dogry tapyp, oňa hem seslerini dogry goşmaga, aýdymy sazsyz täsirli ýerine ýetirmäge çalyşýarlar.

Okuwçylara aýdym aýtmagyň düzgünlerini, tärlerini we usullaryny öwretmek işlerini amala aşyrmak uzak wagtyň dowamynda alnyp barylýar. Sapakda käbir aýdymy öwrenmek okuwçylar üçin ýeňil bolýar, başga bir aýdymy öwrenmekde bolsa käbir kynçylyklar ýüze çykýar. Aýdymlary öwrenmekde ýüze çykýan kynçylyklar, esasan, aýdymlaryň käbiriniň heň öwrümleriniň gurluşlarynyň kompozitorlar tarapyndan çylşyrymly düzülmegi sebäp bolýar. Sapakda şeýle aýdymlar öwredilende, okuwçylar ol aýdymlary örän kynlyk bilen özlerine kabul edýärler. Emma muňa garamazdan, okuwçylaryň şeýle aýdymlary öwrenmekleri we ählisiniň bilelikde aýdymy ýerine ýetirmegi, olaryň topar bolup durmuşda duş gelýän kynçylyklary ýeňip geçmäge bolan ynamlarynyň düýbüni tutýar. Bu bolsa öz gezeginde sapakda öwrenilýän aýdymyň terbiýeçilik ähmiýetini ýüze çykarýar.

Sapakda okuwçylara aýdym öwredilende ýene-de bir göz öňünde tutulmaly usullaryň biri hem okuwçylaryň sesleriniň göwrümlerini giňeltmekden, aýdymlaryň heňlerini dogry eşidip, ony dogry kabul edip bilmeklerini ösdürmekden hem-de olara aýdym aýtmagyň dürli ýollaryny öwretmekden ybaratdyr.

Sapakda okuwçylara aýdym aýtmak öwredilende ulanylýan usullaryň her biri sapakda öwrenilýän aýdymlaryň heňlerini okuwçylaryň dogry aýdyp bilmek ukyplaryny, okuwçylaryň saz eşidiş başarnyklaryny ýüze çykarmalydyr. Şeýlelikde, bu usul hem okuwçylaryň öz aýdym aýdyşlaryna özleriniň eşidiş başarnyklaryna laýyklykda, öz seslerine özleriniň gözegçilik edip bilmek ukyplaryny kemala getirmekden ybaratdyr.

Ýokarda aýdylanlary amala aşyrmak üçin sapagyň dowamynda aşakdaky usullar giňden peýdalanylyp bilner:

- okuwçylary aýdym aýdyp başlamaga taýýarlamak üçin aýdymyň ilkinji sesini mugallymyň özi okuwçylara aýdyp görkezmeli, soňra ol sesi okuwçylaryň özlerine aýtdyrmaly;
- sapakda aýdym öwredilýän wagtynda, aýdymyň haýsy hem bolsa bir sesiniň üstünde saklanyp, ýagny ony okuwçylara köpräk gaýtalap aýtdyryp, sesleriň ýaňlanyş hilini okuwçylara diňletmeli;
- aýdymy öwrenip başlamazdan öňürti okuwçylar bilen dürli beýiklikdäki ses ösdüriji gönükmeleri ýerine ýetirmeli. Bu usulda, esasan, öwreniljek aýdymda duş gelýän çylşyrymly ses aralyklaryny birnäçe gezek gaýtalamak göz öňünde tutulýar. Bu usul okuwçylaryň sesleriniň arassa, takyk ýaňlanyşyny emele getirmäge kömek edýär;
- okuwçylara has beýik tonda ýazylan aýdymlary dogry aýtmagy öwretmek;
- aýdymyň heňiniň hereket ediş ugruny (aşakdan ýokary, ýokardan aşak), aýdymyň iň belent we iň pes seslerini okuwçylara ýatlatmak, okuwçylaryň saz eşidiş düşünjelerini kemala getirmek;
- şekilli görnüşler arkaly (guşlaryň jürküldisi, aýynyň sesi arkaly) okuwçylaryň belent, pes sesler baradaky eşidiş düşünjelerini çuňlaşdyrmak;
- sapakda okuwçylara aýdymy dogry ýerine ýetirmegiň tärleri öwredilende el hereketlerini peýdalanmak (aýdymyň seslerini ýokaryk, aşak aýtmagy el herketleri bilen görkezmek).

Şeýle hem sapakda okuwçylara sazsyz ýerine ýetirilýän aýdymlary öwretmegiň örän uly ähmiýeti bardyr. Okuwçylara sazsyz ýerine ýetirilýän aýdymlar öwredilende, ol okuwçylaryň wokal äheňlerine we olaryň aýdymlary özbaşdak ýerine ýetirmäge bolan gyzyklanmalaryny we isleglerini ýüze çykarýar.

Mundan başga hem sapakda okuwçylara hor bolup aýdym aýtmak öwredilende, sesleriň sazlaşykly ýaňlanyşyny emele getirmekde olaryň öňünde kynçylyklar ýüze çykan ýagdaýynda aşakdaky usullardan peýdalanmak mümkindir:

- synpdaky oňat aýdym aýdyp bilýän okuwçylary sesleriniň göwrümine laýyklykda, uly we çylşyrymly bolmadyk aýdymlary ýekelikde aýratyn aýtmaga çekmek;
- käbir aýdymlary sazsyz, mugallymyň sesine goşup aýtmagy öwretmek (okuwçylar aýdymy mugallym bilen bilelikde ýerine ýetirýärler);
- okuwçylaryň bilýän aýdymlaryny saza goşup aýtdyrmak;
- aýdymyň heňinde duş gelýän kynçylyklaryň üstünde işlemek.

Sapakda okuwçylara aýdym öwredilende, olary iki topara bölüp öwretmek usulyny peýdalanmak:

1. Ýekelikde oňat aýdym aýdyp bilýän okuwçylar topary;
2. Aýdymyň gaýtalanyp aýdylýan böleklerini köpçülik bolup oňat ýerine ýetirip bilýän okuwçylar topary.

Sapakda okuwçylara aýdym öwredilende aýdymyň tonuny (ýokary) peseldip aýtmagy öwretmek bolmaýar. Käbir öwrenilýän aýdymlar özleriniň düzüliş beýiklikleri boýunça okuwçylaryň seslerine gabat gelmeýär. Beýle ýagdaýda aýdym öwrenilip başlamazdan öňürti, okuwçylara aýdymyň sazyny eşitdirmeli. Bu usul aýdymyň sazynyň ýaňlanyşynyň, beýikligniň, heňiniň okuwçylaryň gulagynda galmagyna kömek edýär. Soňra bolsa aýdymy öwrenip başlamaly. Sapakda öwrenilýän aýdymlaryň okuwçylar üçin täsirli, gyzykly bolmagy üçin okuwçylara köpçülik bolup, dürli ses gönükmelerini ýerine ýetirmegi öwretmegiň netijesinde amala aşyrylsa maksadalaýyk bolar. Şonuň üçin hem okuwçylara aýdym öwredilende, olar bilen öwrenilýän aýdymlardaky ýerine ýetirmeli ses we saz öwüşginleriniň üstünde ýörite işlemek zerurdyr. Bu pursatda, esasan, okuwçylaryň

aýdýan aýdymlarynyň manysyna dogry düşünip, aýdymlaryň nähili häsiýetde ýerine ýetirilmelidigini duýmaklaryny gazanmalydyr. Sebäbi okuwçylar aýdýan aýdymlarynyň manysyna düşünip, olaryň nähili äheňdedigini duýmalydyrlar. Meselem, okuwçylar haýsy aýdymyň şatlykly ýerine ýetirilýändigine, haýsy aýdymyň tizliginiň çalt, haýsy aýdymyň tizliginiň aramdygyna, başga bir aýdymyň rahat, süýndürilip aýdylýandygyna düşünmelidirler. Şeýle hem olar käbir aýdymlar ýerine ýetirilende oňa hüwdi äheňleriniň çaýylýandygyny duýmalydyrlar.

Sapakda aýdym öwredilende esasy göz öňünde tutulmaly ugurlaryň biri hem okuwçylaryň bütin synp bolup, birleşip aýdym aýtmaga bolan isleglerini, gyzyklanmalaryny gazanmakdyr. Ýagny okuwçylaryň her biri synpda topar bolup aýdym aýtmagy, öz sesiniň güýjüni, öwüşginini, öwrenilýän aýdymyň tizligini duýmagy öwrenmelidir. Şeýle hem sapakda olaryň her biriniň öz sesiniň dogry ýaňlanyşyny kemala getirmäge, öz sesini synpdaşlarynyň sesine goşmaga bolan başarnyklaryny ýüze çykarmalydyr.

## § 4. Sapakda okuwçylaryň sesleriniň üstünde işlemegiň usuly

Häzirki zaman saz öwreniş ylmynda aýdym aýtmagyň düzgünlerini öwrenýän ýörite wokal mekdebi bolup, ol birnäçe ýyllaryň dowamynda çaga seslerini ösdürmek, olaryň sesleriniň üstünde işlemek boýunça ençeme tejribe-synag işlerini alyp bardy. Birnäçe belli saz mugallymlarynyň, alymlaryň, pedagog-psihologlaryň bilelikde toplan synag-tejribe işleriniň netijesinde bu ugur boýunça okatmagyň dürli okuw usullary ýüze çykaryldy. Ol usullaryň öňünde durýan esasy mesele orta mekdeplerde we mekdebe çenli çagalar edaralarynda alnyp barylýan dürli aýdym-saz işlerinde çagalaryň seslerini dogry terbiýelemekden we olary dogry ösdürmekden ybaratdyr.

Biziň şu günlerimizde aýdym ýerine ýetirijilik - wokal mekdebi aýdym-saz mugallymlaryndan çagalar bilen saz okuwlary alnyp barylýan wagtynda, heniz ösüp kemala gelmedik çaga seslerine örän seresaply çemeleşmeklerini talap edýär. Şol bir wagtyň özünde bu

wokal ýerine ýetirijilik mekdebi aýdym-saz mugallymlaryna çaga sesleriniň üstünde işlemegiň we olary ösdürmegiň usuly aýratynlyklaryny öwredýär.

Häzirki zaman saz ylmynda dürli alymlaryň belleýşi ýaly, kiçi ýaşly çagalaryň sesleri özleriniň bellibir hil häsiýetlerine eýe bolmak bilen, olar çagalaryň ýaş aýratynlyklaryna görä ösüş döwürlerine eýedirler. Kiçi ýaşly çagalaryň sesleri, esasan, 7–9 ýaş aralygynda ösüp başlaýar. Bu döwürde başlangyç synp okuwçylarynyň ählisiniň (oglanjyklaryň we gyzjagazlaryň) sesleriniň ösüşiniň häsiýeti biri-birine meňzeşdir. Kiçi ýaşly çagalaryň sesjagazlary açyk falset (bu aýal sesine meňzeş gaty inçe ses) häsiýetli bolup, ol sesler örän gowşajyk görnüşe eýedir. Çagalar aýdym aýdanlarynda olaryň sesjagazlary ses sapajyklarynyň ujunda ýaňlanýar. Munuň sebäbi kiçi ýaşly çagalaryň ses myşsalary entek doly ösüp ýetişmän, olar ýaňy döräp, ýüze çykyp başlaýar.

Şeýle hem kiçi ýaşly çagalaryň sesleriniň göwrümi hem uly däldir, ýagny çaga sesleriniň göwrümi birinji oktawanyň *do*, *re* seslerinden, 2-nji oktawanyň *do, re* sesleri aralygyna çenlidir. Kiçi ýaşly çagalaryň sesleri ýokarda agzalyp geçilen ses aralyklaryna bagly, 2–3 ses esasynda dogry işlenilen ýagdaýynda çaga sesleriniň oňat hili kemala gelýär. Soňra bu hil ýuwaş-ýuwaşdan ösüp, çaga sesleriniň bütin göwrümine ýaýraýar. Aýdym-saz sapagynda okuwçylara aýdym aýtmak öwredilende, mugallym aýdym aýdýan okuwçylaryň her birine sesleri ýeňil aýtmagy öwretmelidir. Çagalara sesleri ýeňil aýtmagy öwretmek sesleriň owadan ýaňlanyşynyň emele gelmeginiň terbiýelenmegine ýardam edýär. Şeýlelikde, bu usul aýdym sapagynda okuwçylara aýdym aýtmagy öwretmegiň esasy ugry hasap edilýär.

Okuwçylar aýdym aýdanlarynda, olarda käbir sesler gyryljyk äheňde ýaňlanýar. Beýle sesleri, esasan, 1-nji oktawanyň *si* sesinde we 2-nji oktawanyň *do* sesinde eşitmek bolýar. Şonuň üçin hem aýdym--saz mugallymy sapakda aýdym aýtmagy öwredende okuwçylaryň sesleriniň ýaňlanyşyna, olaryň sesleri dogry alyşlaryna üns bermelidir. Okuwçylar aýdym öwrenýän pursatlary gyryljyk sesler gabat gelen ýagdaýynda mugallym şol sesleriň üstünde işlemelidir. Ýagny okuwçylar aýdym aýdanlarynda olaryň sesleri arassa, çeper ýagdaýda

ýaňlanmalydyr. Sebäbi okuwçylar aýdym aýdanlarynda sesleri ýeňil, arassa aýtmagy başarsalar, onda olaryň damagy (bokurdagy) ýadamaýar. Okuwçylar sesleri dogry aýdyp bilmeseler, onda olaryň sesleri gyryljyk çykýar, damaklary çalt ýadaýar. Bu bolsa okuwçylaryň aýdym aýtmaga bolan islegini, gyzyklanmasyny peseldýär. Aýdym-saz sapagynda okuwçylaryň sesleriniň dogry ýaňlanyşyna mugallym tarapyndan doly gözegçilik edilmelidir we sapakda her bir okuwçynyň sesleri dogry, ýeňil aýtmagyny gazanmaly, olaryň ýalňyşan ýerlerini düzetmelidir. Meselem, haýsydyr bir okuwçy aýdym aýdan mahaly bokurdagyny gysyp aýdýan bolsa, onda ol okuwçynyň sesi çalt ýadaýar. Bu bolsa okuwçynyň sesiniň gyrylmagyna getirýär. Beýle ýagdaý ýüze çykanda, ol mugallym tarapyndan saklanylyp, okuwçylaryň sesiniň üstünde ýörite ses gönükmeleri arkaly işlenilip, ol hökman düzedilmelidir.

Okuwçylaryň aýdym aýdýan wagtlarynda olaryň erkinligini gazanmak örän möhüm ugurlaryň biridir. Munuň üçin sapakda okuwçylara aýdym aýtmagyň usullary öwredilýän wagty mugallym olaryň aşaky äňiniň gowşak, erkin bolmagynyň üstünde işlemeli. Bu işi amala aşyrmak üçin ýörite ses gönükmelerini saýlap almaly. Aýdymy dogry aýtmak üçin çagalaryň agyzlarynyň erkin işlemekleriniň örän uly ähmiýeti bardyr. Ençeme alymlaryň geçiren ylmy tejribelerinde köp okuwçylaryň gepleýän wagtlary aşaky äňleriniň gysylýandygy, aýdym aýdýan wagtlary bolsa onuň gowşaýandygy ýüze çykaryldy. Köplenç halatlarda şeýle ýagdaý aýdymçylaryň bokurdagynyň gysylgy halda galmagyna sebäp bolýar. Aýdym-saz sapagynda okuwçylara sesleri dogry aýtmak öwredilende, olara ***«u»*** sesini aýdanlarynda agyzlaryny dogry açmagy öwretmeli. Bu çekimlide aşaky äňiň has erkin goýberilmegi bilen çagalaryň we ululary̆ň sesleriniň ýaňlanyşynda ajaýyp tebigy ýeňillik ýüze çykýar we ol emosional häsiýete eýe bolýar.

Okuwçylar ilkinji gezek şeýle edenlerinde, olar muňa açyş hökmünde haýran galýarlar. Sebäbi olaryň sesinde erkin, üýtgeşik owazlanma emele gelýär. Ýöne muňa garamazdan, aýdymy oňat ýerine ýetirmek üçin aýdylýan wagtynda erkinlik we agzyň doly açylmagy ýeterlik däldir. Munuň üçin bellibir giňişlikde, aşaky äňiňi ýene-de erkin hereketlendirmäge çalyşmaly.

Köp alymlar gepleýiş we aýdym aýdyş funksiýalarynyň arasyndaky tapawutlaryň biri-birileri bilen ýakyn aragatnaşyklydygyny öz ylmy işlerinde belleýärler. Bu funksiýalaryň ýakynlygy aýratyn hem kiçi ýaşly okuwçylarda güýçlüdir. Käbir alymlar özleriniň ylmy işlerinde «tebigatyň özi adamyň gepleýşiniň ösüşi döwründe özüniň «falset» sesi bilen birlikde döş kapasalaryny (mehanizmlerini) hem ulanýarlar» diýip belleýärler. Şeýle hem olar çagalaryň garyşyk registrlerde gepleýändigi baradaky pikirleri öňe sürýärler. Biz öňe sürülýän pikirleriň esasynda okuwçynyň gepleýşiniň wokal (aýdym) endikleriniň ösüşinden bellibir derejede öňe geçýän çaga gepleýiş tejribelerine daýanyp sapak geçmegimiz zerurdyr. Talaba laýyk aýdym aýdyş tonunyň (sesiň beýiklik derejesiniň) gepleşige ýakyn bolan belent tonda (inçe sesde) ýeňil we ynamly kemala gelýändigini dürli tejribeleriň esasynda görmek bolýar. Aýdym-saz sapagynda okuwçylar aýdym aýdýan wagty *falset* bilen birlikde döş kapasasyny (mehanizmini) hem ulanyp, hemmesini dogry ýerine ýetirende, tembr (labyz) boýunça oňat aýdym aýdyş sesini gazanyp biler.

Bu usulyň esasy syry owazlanmagyň ýokary aýdym aýdyş ugrunyň (sesiň kellede ýaňlanmasynyň döşde ýaňlanmasy bilen bilelikde sazlaşdyrylmagynda) aşaky aýdym aýdyş tonunda ýerleşmegindedir. Muny bolsa mugallym haçanda okuwçylaryň erkin, ýeňil, damaklaryna zor salman aýdym aýtmaklaryna mümkinçilik döreden wagtynda gazanyp biler. Mugallym sapakda aýdym aýtmagy öwredýän wagtynda dürli usullaryň üsti bilen okuwçylary bu erkinligi tapmaga ugrukdyrmalydyr. Şeýlelikde, mugallym 1-nji synpdan 5-nji synpyň soňky sapagyna çenli dürli usullar arkaly bu ugruň üstünde işlemelidir.

Aýdym-saz sapagynda okuwçylara öwredilýän aýdymlaryň göwrümi uly bolmaly däldir we aýdym çagalaryň ruhy dünýäsine, diline ýakyn bolmalydyr. Sebäbi öwrenilýän aýdym göwrüm taýdan uly bolsa, onda ol okuwçylary ýadadýar we olaryň aýdym aýtmaga bolan höwesini peseldýär.

Aýdymlarda ses aralyklary uly bolsa çagalaryň sesleriniň ýadamagyna, gyrylmagyna getirýär. Okuwçylaryň öwrenýän aýdymlarynyň ses aralyklary biri-birlerine ýakyn bolsa okuwçynyň aýdymy täsirli, oňat aýtmagyna oňaýly diýlip hasap edilýär.

1-nji synpda okuwçylar «Hüwdi» diýen aýdymy öwrenýärler, aýdymyň sazynyň mylaýymlygy, sözleriniň akgynlylygy, täsirliligi, keşplere baýlygy, aýdymyň sahnalaşdyrylan görnüşde öwrenilmegine kömek edýär. Meselem, sapakda gyzjagazlar bu aýdymyň heňi esasynda özleriniň gurjajyklaryny hüwdülemäge çalyşýarlar. Aýdym aýdylýan wagtynda duýulýan rahatlyk, süýjülikli äheňler, heňiň näzikden ýumşaklygy, aýdymyň sözleriniň akgynlylygy ol aýdymyň täsirli ýerine ýetirilmegine we onuň owadan ýaňlanmagyna kömek edýär.

Okuwçylaryň aýdym aýdýan wagtlary mugallym olaryň hereketleriniň saz bilen sazlaşygyna hem üns bermegi ýatdan çykarmaly däldir. Olar dürli oýunlardyr hereketler arkaly aýdym aýtmagy öwrenenlerinde, olar öwrenýän aýdymlarynyň manysyna çalt aralaşýarlar.

**Hüwdi**

Sazy *W. Ahmedowyňky*
Goşgusy *K. Taňrygulyýewiňki*




Bu bolsa olaryň sapakda öwrenýän aýdymlaryny oýlanyşykly, maksadalaýyk özleşdirmeklerine kömek edýär. Sapakda aýdymlary oýunlaryň üsti bilen ýerine ýetirmek okuwçylaryň sesleriniň hiliniň we tembriniň dogry terbiýelenmegine ýardam edýär.

Mekdep okuwçylarynyň sesleriniň tembrleri göni bolmaýar, şonuň üçin hem okuwçylar aýdym aýdanlarynda duş gelýän çekimli sesleri dogry çekip bilmeýärler. Bu bolsa aýdymyň owadan, açyk ýaňlanmagyna zyýan edýär.

Sapakda halk aýdymlary ýa-da halk aýdymlarynyň äheňindäki aýdymlary öwrenmek okuwçylar üçin ýeňil hem-de täsirli bolýar. Bu görnüşdäki aýdymlar okuwçylaryň sesleriniň ýumşak, dury çykmagyna, birnäçe çekimli sesleriň göni hem-de owadan, labyzly ýaňlanmagyna şert döredýär.

Okuwçylaryň seslerini dogry terbiýelemek üçin mugallymyň sapakda ilkinji üns bermeli ugry hem damaga güýç bermezden, sesleriň dogry, arassa ýaňlanmagyny gazanmakdyr. Şonuň üçin mugallym sapakda wokal ýerine ýetiriliş usullaryndan peýdalanmaly, sapagyň başynda mugallym 2–3 minutyň dowamynda okuwçylar bilen ýörite wokal ses gönükmelerini ýerine ýetirmeli. Munuň üçin bolsa sesi ösdüriji wokal ses gönükmeleri dogry saýlanyp alynmalydyr. Sapakda okuwçylaryň aýdym aýdýan wagtlary, haýsy ses gowşak ýaňlanýan bolsa, olar şol sesleri aýtmakda kynçylyk çekýän bolsalar, onda mugallym şol sesleriň üstünde aýratyn işlemelidir. Okuwçylaryň seslerini dogry terbiýelemek üçin wokal ses gönükmeleri tejribesinde özleşdirilen usullar arkaly *a, o, e, lýa, lýo* ýaly sesler saza goşulyp, birnäçe gezek ýerine ýetirilmelidir. Esasan hem, sapakda *u, y* sesleriniň dürli beýiklikdäki dogry ýaňlanyşyna üns berilmeli. Wokal ses terbiýeleýiş usuly sapakda dogry peýdalanylyp, çaga sesleriniň üstünde yzygider işlenilen ýagdaýynda, onda ol usullar okuwçylaryň sesleriniň ilkinji dogry tonlaryny tapmaga kömek edýär.

Mugallym sapakda okuwçylaryň aýdym aýdýan mahaly olaryň ýokarky çekimli seslere dogry düşmeklerini, sesleriň dogry ýaňlanyşyny tapmagy gazanyp bilse, onda ol dürli pedagogiki usullar arkaly beýleki sesleriň hem ýaňlanyşyny şol esasda terbiýelemäge çalyşmaly.

Aýdym aýdylýan mahaly ony ýerine ýetirmegiň esasy usullarynyň biri hem aýdymçynyň dem alyş usulyny dogry berjaý etmäge bolan başarnygyny kemala getirmekdir. Aýdym aýdylýan wagty dogry dem alyş usuly tebigy erkinlikde ýüze çykmalydyr. Aýdymçy üçin burundan dem almagyň nähili uly ähmiýetiniň bardygyny aýdym-saz mugallymy ýadyndan çykarmaly däldir. Ýöne okuwçylar aýdym aýdýan mahaly muny gazanmak kyn işdir. Olar aýdym aýdýan wagtlary dem almagyň toplumlaýyn usulyndan peýdalansalar (agyz bilen burundan bilelikde), onda aýdym aýdýan pursadynda aýdymçynyň

dem alýandygy duýulman galýar. Bu bolsa wokal ýerine ýetirijilik usulynda aýdymy dogry, talabalaýyk ýerine ýetirmek diýlip hasap edilýär. Aýdym-saz sapagynda okuwçylara aýdym aýtmagy öwretmegiň üsti bilen mekdep okuwçylaryna terbiýe bermegiň esasy ugurlaryna we ähmiýetine aýry-aýrylykda seredip geçeliň:

1. Aýdym-saz sapagynda mekdep okuwçylaryna dogry aýdym aýtmagyň ýollaryny öwretmek şol bir wagtyň özünde ösüp barýan ýaş nesle saz terbiýesini bermekdir. Aýdym-saz sapagynda aýdymyň sözleriniň many-mazmun taýdan täsirliligi okuwçylary ählitaraplaýyn ösdürmegiň we olara terbiýe bermegiň esasy serişdesidir. Okuwçylar sapakda aýdym öwrenýän pursatlary olaryň üns berijiligi, pikirlenmesi, dogry sözleýşi ösýär, olaryň özlerine erk etmäge bolan endikleri terbiýelenýär.

2. Sapakda öwrenilýän aýdymlaryň synpdaky okuwçylaryň ukyp-başarnyklaryna laýyk gelmegi.

Aýdym-saz sapagynda okuwçylaryň aýdym-saz sungaty baradaky düşünjelerini ösdürmegiň, wokal-ýerine ýetirijilik başarnyklaryny kämilleşdirmegiň esasyny ýüze çykarýar. Aýdym-saz sapagynda okuwçylaryň ýerine ýetirmekleri üçin saýlanyp alynýan saz eserler toplumy ýörite bilim we terbiýe berijilik serişdelerini özünde jemleýär. Bu bolsa öz gezeginde okuwçylaryň aň ýetirijilik ukyp-başarnyklarynyň ýüze çykmagyna hem kömek edýär.

3. Sapakda pedagogikanyň talaplaryna laýyklykda aýdym aýtmagy öwretmek.

Bu usul okuw ýylynyň başynda her bir synpyň okuwçylary üçin çärýekler boýunça ýönekeýden çylşyrymla geçmeklik ýörelgesi esasynda dürli ýumuşlary tabşyrmagyň, olary ýerine ýetirmegiň ugurlaryny özünde jemleýär. Bu ýörelge okuwçylaryň sapakda alýan bilim-düşünjelerini maksadalaýyk özleşdirmeklerine kömek edýär. Bu bolsa okuwçylaryň aýdym-saz sapagyna bolan höweslerini ýüze çykarýar, olaryň saz işlerini dogry ýerine ýetirmäge bolan ynamlaryny artdyrýar. Haçanda bu ýörelge dogry alnyp barylmasa, onda okuwçylaryň aýdym-saz sapagyna bolan höwesi pese gaçýar, sapakda aýdym aýtmagy öwrenmek ugry boýunça bilim-düşünjeleri yzygider ýagdaýda doly özleşdirip bilmeýärler. Aýdym-saz sapagynda okuwçylara aýdym aýtmagy öwretmekde gabat gelýän ilkinji

kynçylyklaryň biri hem sapakda öwrenilýän aýdymyň heňlerindäki dürli saz keşpleriň we aýdymyň heň ugurlarynyň yzygider üýtgäp durmagydyr. Ýöne muňa garamazdan, aýdym-saz sapagynda öwrenilýän aýdymlar okuwçylaryň umumy saz ösüşleriniň, aýdym aýtmak ugry boýunça ussatlyklarynyň kämilleşmegine kömek edýär.

4. Sapakda okuwçylaryň ýerine ýetirijilik başarnyklaryna gözegçilik etmek.

Sapakda okuwçylar bilen aýdym aýtmagyň usullary öwrenilende, olaryň aýdymy ýerine ýetirişlerine diňe bir gapdalda seredip, aýdym aýdyşlaryny synlamak arkaly tertip-düzgünine gözegçilik etmeli diýlip düşünilse, nädogry bolar.

Aýdym-saz sapagynda okuwçylara aýdym öwredilýän wagty olaryň aýdymy ýerine ýetirişlerine sözleýşiň, sesli düşündirmegiň, hereketleriň (el hereketleri, ýüz-gözüň hereketleri) üsti bilen gözegçilik etmek usullaryndan peýdalanmak bu ýörelgäniň esasy ugurlarynyň biri hasap edilýär. Ýagny sapakda okuwçylaryň aýdym aýdýan wagtlary saz seslerine dogry düşüşlerine, sesleri dogry alyşlaryna, aýdymyň sözlerini takyk, düşnükli edip saza goşup aýdyşlaryna gözegçilik edilmelidir. Şeýle hem bu pursatda olaryň görüş we kabul ediş duýgulary arkaly özlerine gözegçilik etmegini öwretmek maksadalaýyk ugurlaryň biri hasap edilýär.

Sapakda okuwçylara aýdym aýtmagyň dogry ugurlary öwredilende, mugallym elleriniň hereketleri arkaly sesleriň beýikligini, pesligini, dowamlylygyny olara görkezýär. Ýüz-gözleriniň hereketleri bilen aýdymyň mazmunyny ýüze çykarýan çeper keşpleriň häsiýetlerine okuwçylaryň ünsüni çekýär we hereketler arkaly okuwçylary aýdymy täsirli ýerine ýetirmäge ugrukdyrýar. Şol bir wagtyň özünde bolsa mugallym okuwçylaryň görkezmeleri özlerine nähili kabul edýändiklerine gözegçilik etmelidir.

Sapakda öwrenilýän aýdymlaryň üsti bilen okuwçylaryň saz işlerine bolan aňýetirijilik ukyplaryny ösdürmek okuwçylaryň aýdym-saz sungatyna bolan gyzyklanmalaryny, aýdymy dogry ýerine ýetirmäge bolan işjeňligini artdyrýar. Şeýle hem öwrenilýän her bir saz eseriniň manysyna, mazmunyna akyl ýetirijilik ukyplarynyň ösüş derejesini ýüze çykarýar hem-de ony kämilleşdirýär.

Mugallym aýdym-saz sapagynda ilki bilen pedagogikanyň dürli

usullaryny peýdalanmak arkaly, sapakda öwrenilýän her bir aýdymyň mazmunyna laýyklykda okuwçylaryň öňünde dürli saz keşplerini janlandyrýar. Bu bolsa okuwçylaryň öwrenilýän aýdymyň manysyna düşünmeklerine, akyl ýetirmeklerine kömek edýär. Mugallym okuwçylara öwrenilýän aýdymyň mazmunyna degişli dürli soraglary berip, ýumuşlary tabşyryp, olary özleşdirilýän tema bilen bagly pikirlenmäge, oýlanmaga ugrukdyrmalydyr. Ýagny mugallym okuwçylara aýdymyň sözleriniň dogry aýdylyşyny, aýdymçynyň sesiniň saza dogry goşulyşyny yzarlamaklygy tabşyrýar. Okuwçylar sapagyň dowamynda aýdymçynyň aýdymy ýerine ýetirişini yzarlaýarlar we bu barada oýlanýarlar, soňra bolsa olar aýdymyň ýerine ýetirilişi barada öz pikirini aýtmak bilen aýdymçynyň ýerine ýetirijiligini bahalandyrýarlar. Şu ýerde hem okuwçylaryň aňýetirijilik ukyplary kemala gelip, ösüp başlaýar. Aýdym-saz sapagynda okuwçylaryň seslerini dogry terbiýelemek usuly okuwçylaryň sesleriniň hiliniň üstünde işlemekdir. Okuwçylaryň sesleriniň göwrümi köp halatlarda bir oktawanyň aralygynda ýaňlanýar. Meselem, 2-nji synpyň 2-nji çärýeginde sapakda okuwçylara kompozitor Ç. Nurymowyň «Şadyýan aýdym» diýen aýdymy öwredilýär. Sebäbi bu aýdymyň heň gurluşy bellibir çylşyrymlylyga eýedir. Ýagny bu aýdymyň 1-nji taktynyň başynda 1-nji ses bilen 2-nji sesiň aralygy *kwinta* ses aralygyna (üç ýarym tona) deňdir. Bu iki ses aralygyna aýdym aýdylyp başlananda birden gygyrmak birbada okuwçylara kyn düşýär.

Biziň bilşimiz ýaly, kiçi ýaşly mekdep okuwçylary aýdym aýdanlarynda bokurdaklaryny gysyp, çekinjeňlik bilen aýdym aýdýarlar. Bu ýagdaýda olaryň ses tembrleri göni bolmaýar, sesler oňat ýaňlanmaýar. Bu kynçylygy ýeňip geçmek üçin mugallym sapakda dürli ses gönükmeleri arkaly aýdymyň heňiniň üstünde işlemelidir. Aýdymyň heň gurluşynda galan sesleriň aralyklarynyň yzygiderli düzülişi ýokarda bellenen kynçylygy ýeňip geçmäge şert döredýär. Okuwçylar sapakda bu aýdymy höwes bilen ýerine ýetirýärler.

Sapakda okuwçylara dogry aýdym aýtmagy öwretmek üçin ilki bilen mugallymyň özüniň oňat sesiniň bolmagy, oňat aýdym aýtmagy başarmagy, aýdym aýtmagyň düzgünlerini bilmegi hökmanydyr. Ýagny mugallymyň özi aýdym-saz ugrundan kämil baş çykarmalydyr.

Mugallym mydama özüniň eşidiş ussatlygyny ösdürmegiň üstünde yzygider işlemelidir. Şeýle hem ol ýokary derejede ýerine ýetirilen aýdymlaryň ýazgylaryny diňlemelidir.

Çaga sesleriniň ýaňlanyşynyň esasy hil ugry olaryň sesiniň ýitiliginden, ýeňil ýaňlanyşyndan, ýumşaklygyndan, täsirliliginden, açyk tembrliliginden we sesiň uly bolmadyk güýjünden ybaratdyr. Sapakda okuwçylaryň sesleriniň üstünde işlenilende sesi ösdüriji gönükmeleri dogry saýlap almak wajypdyr. Ses ösdüriji gönükmeleriň biri hem güýçli ses bilen birden aýdyp başlap, soňra bolsa sesi ýuwaş-ýuwaşdan peseltmek ýa-da pessejik ses bilen aýdyp başlap, ýuwaş-ýuwaşdan güýçlendirip aýtmak usulydyr. Saz eserleri ýerine ýetirilende sesleri güýçlendirmegi, olary ýuwaş-ýuwaşdan peseltmegi görkezýän ýörite belgiler bolup, ol belgiler saz ýazuwynda giňden peýdalanylýar. Şeýle belgiler saz ýazuwynda nota düşekleriniň başynda, aralygynda, soňunda goýulýar. Has dogrusy, ol belgiler saz eseriniň mazmunyna, häsiýetine bagly saz sesleriniň birden güýçlenip, ýuwaş-ýuwaşdan peselmegine we saz sesleriniň ýuwaş-ýuwaşdan güýçlenmegine goýulýar. Ol belgiler saz ýazuwynda aşakdaky görnüşde ulanylýar:

> - sesiň güýçli başlanyp, ýuwaş-ýuwaşdan peseldilmegini aňladýar;

< - sesiň ýuwaşlyk bilen başlanyp, ýuwaş-ýuwaşdan güýçlendirilmegini aňladýar.

Sapakda okuwçylara ses ösdüriji gönükmeleri aýtmagy öwretmek olaryň aýdym aýdýan pursatlary sesleriniň kellede ýaňlanyşynyň, aýdymyň äheňleriniň arassa dury ýaňlanyşynyň emele gelmegini işjeňleşdirýär. Şeýle hem bu usul okuwçylaryň sapakda öwrenýän aýdymlarynyň sözlerini dogry, düşnükli aýtmaklaryna hem kömek edýär.

Aýdym-saz sapagynda köp ulanylýan ses ösdüriji gönükmeleriň biri hem **stakkato** esasynda işlenilýän ses ösdüriji gönükmelerdir. Stakkato esasynda ses ösdüriji gönükmeler ýerine ýetirilende aýdymyň sözleriniň her bogny özüniň ýerleşýän notasyna baglylykda, aýry-aýrylykda saza goşulyp ýerine ýetirilýär. Stakkato esasynda okuwçylar gönükmeleri ýerine ýetirenlerinde, olar aýdýan aýdymlarynyň häsiýetini duýmagy, aýdymy täsirli ýerine ýetirmegi öwrenýärler.

Sapakda okuwçylara aýdym aýtmagyň ugurlary öwredilende, olara sesleri ösdüriji gönükmeler bilen birlikde, aýdym aýdylýan wagty dogry dem almagyň hem ýörite öňden işlenilen gönükmeleri hem öwredilmelidir. Dem almagyň gönükmeleri, esasan, demiňi içiňe çekmekden, soňra bolsa demiňi ýuwaşlyk bilen goýbermekden başlanýar. Şeýle-de aýdym aýdylanda dem alyş usulyny terbiýelemekde ulanylýan gönükmeleriň biri hem demiňi içiňe çekip saklamagy, soň ýene-de dem almagy we soňra **«y»** sesini ýumşak hüjüm bilen (mylaýym ses bilen) ilki stakkato, soňra bolsa legato görnüşinde aýtmagy okuwçylara öwretmekden ybaratdyr.

Aýdym aýdylýan wagty demiňi dogry peýdalanmak üçin ulanylýan peýdaly usullaryň biri hem *hüjüm* diýlip atlandyrylýan, garyn boşlugyndaky dem alyş usuly arkaly sesi ýokaryk itekläp ugrukdyrmakdyr. Dem alyş usuly arkaly sese dogry hüjüm edilende, güýçli arassa ses, owaz ýüze çykyp başlaýar. Hüjümi öwrenmegiň mekdebi bolsa stakkato esasynda, ýagny aýdymyň sözlerini bogun-bogun edip aýtmakdan başlanýar we ol hem öz gezeginde okuwçylaryň aýdym aýdanlarynda dogry dem almaklaryny ösdürýär. Şeýle hem bu usul okuwçylara aýdym aýdylýan mahaly dem alyşdan dogry peýdalanmagyň tärlerini öwredýär. Okuwçylar aýdymyň sözlerini stakkato esasynda aýdanlarynda, aýdymyň sözleriniň her bognuny saz seslerine goşup, dem alyş usulyna laýyklylykda aşakdan ýokaryk güýç bilen itekläp çykarýarlar. Bu bolsa okuwçylaryň aýdym aýdanlarynda dem alyş usulynyň dogry ugurlaryny öwrenmeklerine kömek edýär. Dem alyş usuly aýdym aýtmak sungatynda esasy üns berilmeli ugurlaryň biridir. Aýdym aýdylanda dogry dem almak usuly wagtyň geçmegi bilen aýdymçynyň ýerine ýetirijilik ussatlygyna baglylykda kämilleşýär.

Aýdym öwredilende aýdymyň sözleriniň we sazynyň bölejiklerden (motiw) we böleklerden (fraza) düzülýändigini, şol bölejikleriň we bölekleriň özara birleşip, bir bölümi emele getirýändigini mugallym okuwçylara düşündirmelidir. Aýdym ýerine ýetirilýän wagtynda her fraza tamamlananda dem almalydygyny okuwçylar bilmelidir. Biziň bilşimiz ýaly, okuwçylaryň käbiri aýdym aýdýan mahaly islän ýerinde dem alýar, bu bolsa aýdym aýtmagyň düzgünlerine gös-

-göni ters gelýär. Aýdym-saz sapagynda peýdalanmaga hödürlenilýän okuw kitaplarynda sapakda öwrenmäge degişli aýdymlarda dem alyş usulyny dogry berjaý etmekligi görkezýän ýörite belgi goýulýar. Aýdymyň her sözleminiň soňunda goýlan **«V»** belgi aýdym aýdylýan wagty dem almagy aňladýan şertli görkezijidir. Bu belgi aýdymyň bentleriniň arasyndaky her bir sözlem gutarandan soňra goýulýar. Aýdym aýdylanda sözleriň arasynda dem almagy dogry berjaý etmek aýdym aýtmak sungatynyň esasy wajyp ugurlarynyň biri hasap edilýär. Aýdym aýdylýan wagtynda sözleriň arasynda dem almagyň birnäçe görnüşleri bardyr. Olar aşakdakylardan ybarat:

1. Eginden dem almak.
2. Döşden dem almak (döş kletkalarynyň ýokarky böleginiň üsti bilen).
3. Garyn myşsalarynyň üsti bilen dem almak.

Görşümiz ýaly, aýdym aýdylanda sözleriň arasynda dem almaklygyň birnäçe görnüşleri bolup, aýdym aýdylýan wagtynda olaryň eginden dem almak görnüşinden başga ählisi ulanylýar. Okuwçylara aýdym aýtmak öwredilende olara eginden dem alyp aýdym aýtdyrylsa, ol usul aýdym aýtmagyň kadalaryna laýyk gelmeýär. Mugallym sapakda okuwçylara aýdym aýtmagy öwredýän pursadynda, olaryň aýdymyň sözleriniň arasynda dogry dem alyşlaryna, alnan demi dogry peýdalanyp bilişlerine gözegçilik edýär. Şeýle hem ol bu pursatda okuwçylara aýdym aýdylanda dem almagyň dogry düzgünlerini öwredýär.

Aýdym aýdylanda dogry dem alyş usulynyň üstünde işlemek diňe bir ýekelikde aýdym aýdylanda ulanylman, eýsem köpçülik bolup aýdym aýtmak öwredilende hem, okuwçylara dem alyş usulyny dogry berjaý etmegiň düzgünleri öwredilmelidir.

Köpçülik bolup aýdym aýdylanda okuwçylaryň ählisiniň bilelikde her frazanyň soňunda dem alyş usullarynyň düzgünlerini dogry berjaý etmekleri ýerine ýetirilýän aýdymyň owadan, täsirli, çeper ýaňlanmagyna kömek edýär. Muny berjaý etmek üçin ilki bilen ýerine ýetiriljek aýdym saýlanyp alnanda, onuň sözlerine, aýdymyň göwrümine üns berilmelidir. Ýagny aýdymyň sözleri aýdyň, düşnükli bolan ýagdaýynda we aýdymyň frazalarynyň düzülişi uly bolmasa, okuwçylar şol eseriň ýerine ýetiriliş düzgünlerini çalt öwrenýärler.

## Şarlaryň biri meniňki

Sazy *S. Tüýliýewiňki*
Goşgusy *A. Allanazarowyňky*




Şonuň üçin okuwçylara aýdymy ýerine ýetirmek öwredilýän pursadynda aýdymyň sazyny çalmak hem öwredilse, maksadalaýyk bolar. «Şarlaryň biri meniňki» diýen aýdymyň heň düzümine üns bersek, ol iki bölümden ybarat. Onuň ilkinji 6 takty 1-nji bölümi, soňky 5 takty 2-nji, ýagny gaýtalama bölümini emele getirýär. Aýdymyň heňiniň, goşgusynyň ýönekeýligi okuwçylaryň aýdymy çalt öwrenmegine, heňe goşgynyň sözlerini goşup aýtmagyna ýardam edýär.

Mugallym sapakda öwreniljek aýdymyň heňini olaryň öz deň-duşlarynyň ýerine ýetirmeginde okuwçylara ýazgyda diňletse, has-da ýerlikli bolar hem-de olarda aýdymy ýerine ýetirmeklige bolan höwesiň artmagyna kömek eder.

Aýdym iki taktly saz frazalaryndan ybarat bolup, onuň ritm görnüşi aýdymyň sözleri bilen bagly iki gezek gaýtalanýar. Okuwçylar bu aýdymy öwrenenlerinde, ilki bilen olara aýdymyň her frazasyny bölmän, bir demde ýerine ýetirmegi öwretmeklige çalyşmaly. Munuň üçin aýdym ýerine ýetirilende her frazanyň soňky sesine üns berip, okuwçylary rahat, asuda dem almaga ugrukdyrmaly. Aýdym aýdylanda dem alyş usullarynyň düzgünleriniň dogry berjaý edilmegi ösüp barýan ýaş nesliň beden taýdan sagdyn ösmegine hem örän uly goşantdyr.

5-nji synpda okuwçylara sapakda aýdym aýtmagyň düzgünlerini dogry berjaý etmegi öwretmek, aýdym aýtmagyň ugurlaryny, endiklerini ösdürmek okuwçylaryň başlangyç synplarda bu ugur boýunça alan bilimleriniň dowamy bolmalydyr. Aýdym sapagynda okuwçylara adaty gepleşik bilen aýdym aýtmagyň arasyndaky tapawut, aýdym aýdylanda sesleriň dürli dowamlylykda çekilýändigi, sözlemleriň arasynda dem alyş usullarynyň dogry berjaý edilişi barada yzygider düşündirilip durulmalydyr. Şeýle hem sapakda okuwçylara aýdymlarda her frazanyň soňunyň ýumşak gutarýandygy, birnäçe sesleriň bir demde aýdylmalydygy, ýerine ýetirilýän her bir aýdymyň manysyna görä seslere öwüşgin berilmelidigi öwredilýär. Şeýle hem aýdymlaryň açyk, aýdyň, täsirli, düşnükli aýdylmalydygy mugallym tarapyndan olara ýatladylyp durulmalydyr.

Başlangyç synplarda okuwçylara 2 sesli aýdymlary ýerine ýetirmek öwredilende, okuwçylaryň sesleriniň tembrleriniň, ses göwrümleriniň biri-birleriniňkä ýakynlygy sebäpli, olary toparlara bölmän aýdym öwredilýär. Başlangyç synplarda okuwçylara iki sesli aýdymlary aýtmak öwredilende, öwrenilýän aýdymlaryň her bir sesi aýratyn gezekleşdirilip öwredilýär. Meselem, 2-nji synpyň okuwçylaryna iki sesli aýdymlary ýerine ýetirmek öwredilende, mugallym synpyň okuwçylaryny iki topara bölüp, birinji topara aýdymyň 1-nji sesiniň aýdylyşyny öwredýär, 2-nji topara bolsa aýdymyň 2-nji sesiniň aýdylyşyny öwredýär. Emma 5-nji synpda okuwçylara iki sesli aýdymlary ýerine ýetirmek öwredilende beýle düzgüne eýerilmeýär. Sebäbi 5-nji synpyň okuwçylarynyň sesleri kämil çaga sesleri hasap edilýär. Şonuň üçin hem 5-nji synpyň okuwçylaryna iki sesli aýdymlary ýerine ýetirmegi öwretmek aýdym aýtmagyň düzgünine laýyklykda, okuwçylaryň sesleriniň ýaňlanyşyna görä saýlanyp alnyp, ol sesler özleriniň ýaňlanyşyna baglylykda toparlara bölünýärler. Şol esasda bolsa 2 sesli aýdymlar özüniň ýerine ýetiriliş ugruna laýyklykda okuwçylara öwredilýär.

5-nji synpda okuwçylara saz sowadyny bermek, ýagny okuwçylara notalar, ses aralyklary, mažor, minor perdeleri, saz açarlary we ş. m. barada düşünje bermek okuw maksatnamasynda göz öňünde tutulmaýar. Emma muňa garamazdan, okuwçylaryň başlangyç synplarda bu ugur boýunça alan düşünjelerini ösdürmek üçin 5-nji synpda alnyp barylýan saz işleriniň görnüşine laýyklykda, okuwçylara saz sowadyny bermek mugallym tarapyndan ünsden düşürilmeli däldir.

Meselem, sapakda aýdymlary nota boýunça ýerine ýetirmek öwredilende, mugallym okuwçylara öwrenilýän aýdymyň beýikligi, açar belgileri, alterasiýa belgileri, aýdymyň saz ölçegi, aýdymyň iň pes, iň ýokarky ses aralyklary, takt sany, saz eseriniň gurluş lady we ş. m. barada yzygider düşünje bermelidir. Sebäbi okuwçylar sapakda öwrenýän aýdymlaryny, diňleýän sazlaryny nota ýazgysy esasynda yzarlamagy, oňa düşünmegi başarmalydyrlar.

Şeýlelikde, aýdym-saz sapagynda okuwçylara dogry aýdym aýtmagy öwretmek usuly mekdep okuwçylaryna saz terbiýesini bermekde möhüm orunlaryň birini eýeleýär.

## §5. Okuwçylara saz diňlemegi öwretmegiň usuly aýratynlygy

Aýdym-saz sapagynda okuwçylara saz diňlemegi öwretmek iň bir çylşyrymly, inçe ugurlaryň biri bolmak bilen, ol ugur özüniň örän uly terbiýeçilik ähmiýetine eýedir. Şonuň üçin hem saz heňleriniň «Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar» we «Diňlemek üçin saz eserleri» ugurlary okuw maksatnamasyna laýyklykda, 1-nji synpyň 1-nji çärýeginiň başyndan 5-nji synpyň 4-nji çärýeginiň soňuna çenli doly özleşdirilýär. Mekdeplerde okuwçylara saz terbiýesini bermegiň usuly bilen bagly örän uly işleri amala aşyran belli rus kompozitory akademik D. B. Kabalewskiý bu barada şeýle diýip belleýär: «Biz saz medeniýetini ösdürmek islesek, onda bu işiň esasyny çagalar bagyndan goýup başlamalydyrys. Saz terbiýesiniň üsti bilen biz öz çagalarymyzy medeniýetiň ösen derejesine çykarmaga kömek ederis. Saz terbiýesini bermegiň düýbi çagalygyň irki çagalyk döwründen tutulmasa, onda ol düýpsüz gurlan jaý ýalydyr».

Saz sungaty hem sungatyň beýleki görnüşleri ýaly biziň daşymyzy gurşap alan durmuş hakykatyny aýdyňlaşdyrýar, ony bize ählitaraplaýyn açyp görkezýär. Çeper döredijiligiň ähli ugurlarynda bolşy ýaly, saz sungaty hem özüniň beýan ediş diline, çeperçilik serişdelerine eýedir. Sazyň diliniň esasy saz eseriniň mazmunyny dolulygyna açyp, öz diňleýjisine ýetirýän saz sesleriniň sazlaşykly ýaňlanýan ritm urgularyndan, saz sesleriniň tembr öwüşginlerinden, sazyň depgininden (tempinden), dinamiki belgilerinden ybaratdyr.

Saz sungaty sungatyň beýleki görnüşleri bilen deňeşdireniňde, özüniň güýçli täsir edijilik serişdelerine baýlygy bilen tapawutlanýar. Sazyň adama täsir ediji güýji her bir şahsyýetiň sazy dogry kabul edip bilijiligine, onuň mazmunyna dogry düşünmegine we oňa doly manyly akyl ýetirip bilmäge bolan taýýarlygyna baglydyr. Şuňa baglylykda, biz ösüp gelýän ýaş nesillerimize çagalar baglarynda we orta mekdeplerde saz terbiýesini bermäge düýpli çemeleşip, ony ösdürmäge üns bermelidiris. Saz terbiýesini bermegiň esasy ugurlarynyň biri hem okuwçylary sapakda diňlenilýän her bir saz eseriniň manysyna düşünmäge, onuň mazmunyna akyl ýetirmäge bolan başarnyklaryny ösdürmekden ybaratdyr.

Aýdym-saz sapagynda bu işleri amala aşyrmak örän çylşyrymly ugur hasap edilýär. Bu ugry amala aşyrmak okuwçylaryň sapakda diňleýän saz eserlerini dogry kabul etmäge, oňa düşünmäge bolan taýýarlygyny kemala getirmekden ybaratdyr. Aýdym-saz sapagynda bu çylşyrymly işi amala aşyrmak saz işleriniň ähli ugurlary bilen birlikde saz işleriniň «Diňlemek üçin saz eserleri» diýen ugry boýunça alnyp barylýar. Aýdym-saz sapagynda mugallym sungat eserleriniň ählisine mahsuslykda, sapakda diňlenilýän saz eserleriniň hem belli bir waka barada gürrüň berýändigine okuwçylaryň ünsüni çekmelidir. Bu usul arkaly okuwçylaryň sapakda diňleýän saz eserleriniň manysyna akyl ýetirip bilmäge bolan ukyp-başarnyklarynyň kemala gelmegine kömek edýär. Diňlenilýän saz eserine akyl ýetirmek, ony doly manyly kabul etmek, oňa düşünmek diýlip, okuwçylaryň sapakda diňlenilýän saz eseriniň mazmuny bilen bagly ýüze çykarylýan çeper keşpleri dogry suratlandyrmaga, oňa doly manyly baha berip bilmäge bolan ukyplary göz öňünde tutulýar. Şeýle hem bu ýerde okuwçylaryň diňlenilýän saz eserlerinde saz sesleriniň utgaşdyrylyp sazlaşykly çalnyşyny, sesleriň owazlylygyny, ýaňlanyşyň sazlaşygyny dogry kesgitläp bilijilik ukyplary hem hasaba alynýar. Sapakda okuwçylara saz eserine baha bermegi öwretmek aşakdaky ugurlar esasynda amala aşyrylmalydyr. Meselem, sapakda aýdym diňlenilende, ol aşakdaky ýaly sözler arkaly bahalandyrylýar: «Ol aýdym aýdyp başlanda 1-nji sesi gowşak aýdyp başlady, bu bolsa ol sesiň ynamsyz ýaňlanmagyna getirdi» ýa-da «Sazanda saz çalanda, ol perdelerden örän oňat ses almagy başarýar, emma heň öwrümlerinde käbir säwliklere ýol berýär»

ýa-da «Aýdymçy aýdymy örän oňat ýerine ýetirdi, ol aýdymyň sözlerini örän aýdyň, düşnükli edip aýdýar. Sesini saz seslerine dogry goşýar. Sesine ussatlyk bilen erk etmegi başarýar. Damagynda örän owadan heň öwrümlerini edip, diňleýjini özüne çekýär» diýen ýaly sözler arkaly okuwçylaryň saz eserine düşünmek, oňa dogry baha bermek baradaky düşünjeleri ýüze çykarylýar. Şeýlelikde, ýerine ýetirilýän saz eserine akyl ýetirmek, onuň manysyna dogry düşünmek her bir adamyň saz eserini dolulygyna ýa-da bölekleýin kabul edip bilmek duýgusyna bagly amala aşyrylýar.

Eýsem, biz aýdym-saz diňlemek, onuň manysyna akyl ýetirmek diýip nämä düşünýäris? Geliň, bu barada ýörite durup geçeliň. Diňlenilýän saz eseriniň mazmunyna akyl ýetirmek, oňa düşünmek we baha bermek adamyň çuňňur içki begenji, şatlygy ýa-da gam-gussany, gynanjy başdan geçirmeginiň netijesindäki çylşyrymly duýgy äheňli şahyrana pursatdyr.

Aýdym-saz sapagynda okuwçylar saz diňleýärler, ony öwrenýärler. Okuwçylaryň sapakda diňleýän saz eserleriniň heňini dogry ýerine ýetirip bilmekleri üçin mugallym sapakda ilki bilen olaryň ünsüni saz eseriniň äheňine, onuň umumy ýaňlanyşyny diňlemäge çekmelidir. Bu pursatda okuwçylar saz eseriniň gurluşyny, onuň häsiýetiniň dürli görnüşlidigini (saz eseriniň giriş bölümlerini we frazalaryny), saz çeperçilik serişdelerini (dinamikasy, tempi we beýlekileri) kesgitlemegiň ugurlaryny öwrenýärler. Şol bir wagtyň özünde bolsa olar sapakda diňleýän saz eserleriniň mazmunyny özlerine dogry kabul etmegi öwrenýärler, onuň manysyna düşünip ugraýarlar. Şeýlelikde, okuwçylar ýuwaş-ýuwaşdan sazyň «diline» akyl ýetirip başlaýarlar.

Orta mekdeplerde aýdym-saz dersini okatmagyň okuw maksatnamasynyň «Diňlemek üçin saz eserleri» ugry hem ösüp barýan ýaş nesle saz sungatynyň üsti bilen terbiýe bermegiň kesgitli meselelerini çözmegi maksat edinýär. Şeýle hem ol aýdym-saz sapagynda okuwçylara saz diňlemegi öwretmekligiň üsti bilen terbiýe bermegiň wajyp ugurlaryny aýdyňlaşdyrýar. Olar aşakdakylardan ybarat:

- aýdym-saz sapagynda saz diňlemegi öwretmegiň üsti bilen okuwçylaryň häzirki zaman aýdym-sazlary, halk aýdym-sazlary baradaky düşünjelerini kemala getirmekden, olara nusgawy aýdym-sazlaryň manysyna akyl ýetirmegi, oňa düşünmegi öwretmekden, olary sazyň çeperçilik serişdeleri bilen tanyşdyrmakdan;

- saza bolan ukyby, başarnygy gowşak okuwçylaryň sapakda aýdym-saz diňlenilýän pursadynda saz eserleriniň mazmunyna akyl ýetirmek, oňa düşünmek we kabul ediş ukyplarynyň netijesinde döreýän duýga emosional seslenmelerini kemala getirmekden;

- okuwçylara saz sungaty hakynda ilkinji maglumatlary bermekden, sapakda diňlenilýän saz eserlerini ýatlatmakdan, saz eserleriniň mazmunyny, häsiýetini, çeperçilik serişdelerini kesgitlemegi öwretmekden, saz eseriniň ýerine ýetirilişine baha bermekligi ýüze çykarmakdan ybaratdyr . Aýdym-saz mugallymy sapakda okuwçylara saz diňlemegi öwretmegiň üsti bilen olaryň saz medeniýetiniň düýbüniň tutulýandygyny ýatdan çykarmaly däldir. Şu pursatda mugallym her bir synpyň okuwçylarynyň ýaş aýratynlyklaryny, olaryň mümkinçiliklerini göz öňünde tutup, sapakda diňleniljek saz eserlerini örän oýlanyşykly saýlap almalydyr.

Başlangyç synp okuwçylary özleriniň ünsleriniň güýjüniň durnuksyzlygy sebäpli, uly bolmadyk saz eserlerini, esasan hem, aýdymlary özlerine oňat kabul edýärler. Olar aýdym diňleýän wagtlarynda aýdymyň ses öwrümlerine, täsirli heň äheňlerine, aýdymy ýerine ýetirijiniň ýüz keşbine üns berýärler. Bu ýaşdaky çagalaryň ählisine mahsuslykda, olaryň daşky keşplerinde emosiýalaryň peýda bolmagy häsiýetlidir. Meselem, okuwçylaryň saz diňleýän pursatlary geň galyp ýeriňden turmak, el çarpmak ýaly dürli hereketler olara mahsusdyr. Şeýle hem sazyň täsiri netijesinde ýüze çykan bu duýgular çalt peýda bolşy ýaly, çalt hem üýtgäp bilýär.

Aýdym-saz sapagynda 1-nji synp okuwçylary saz diňlänlerinde sazyň ýaňlanyşyny dürli duýgular arkaly özlerine çalt kabul edýärler. Olar bu pursatda mugallymyň ugrukdyrmagynda diňleýän saz eserleriniň umumy häsiýetini kesgitlemegi öwrenip başlaýarlar.

Mugallym 2-nji synp okuwçylaryna saz diňlemegi öwredende bu synpyň okuwçylarynda emosional durnuklylaşmanyň kemala gelýändigine üns bermelidir. Meselem, tans sazlary bu synpyň okuwçylarynda şatlykly, şowhunly duýgularyň döremegini ýüze çykarýar. Ýeňil, mylaýym ýaňlanýan saz eserleri olarda asuda ýagdaýlary ýüze çykarýar. Bu ýagdaý okuwçylarda diňlenýän saz eserleriniň mazmunyna bolan gyzyklanmalaryň, islegleriň we dürli soraglaryň döremegine getirýär. 2-nji synp okuwçylarynda diňlän saz eserleri bilen bagly özleriniň ýatlarynda galan käbir pursatlary suratlandyrmak ýa-

-da sapakda diňlän aýdym-sazlary barada gürrüň bermek islegi peýda bolýar.

3-nji synp okuwçylaryna sapakda saz diňlemek öwredilende, mugallym bu synpyň okuwçylarynyň ünsüniň 1-nji, 2-nji synp okuwçylarynyňka garanyňda has ösendigini göz öňünde tutmalydyr. Bu synpyň okuwçylary sapakda diňleýän her bir saz eserlerini mugallymyň ýolbaşçylygynda bölümler esasynda seljerip bilýärler. Olarda diňleýän saz eserleriniň dürli ugurlary baradaky bilesigelijilik duýgusy peýda bolýar, özleriniň oňat görýän aýdymdyr saz eserleri barada köptaraplaýyn pikir alyşmaga bolan isleg ýüze çykýar.

Okuwçylaryň saz serişdelerini (saz sesleriniň beýikligi, pesligi, *lad* tapawutlary, tonlary, esasy üç sesi) dogry eşidiş endikleriniň üstünde işlemek 4-nji, 5-nji synpyň okuw maksatnamasyna laýyklykda alnyp barylýar. Okuwçylar sapakda ýaňlanýan her bir saz eserini başdan-aýak diňläp, onuň many-mazmuny barada oýlanyp, olary özlerine dogry kabul etmegi başarmalydyrlar. Şu pursatda okuwçylara sapakda diňleýän her bir saz eseriniň häsiýetini seljermek öwredilmelidir. Okuwçylar sapakda saz diňleýän pursatlary saz eseriniň beýikligini, dinamiki belgilerini, häsiýetini kesgitläp bilmelidirler. Sapakda okuwçylara diňledilýän saz eserleri göwrüm taýdan uly bolmaly däldir.

4-nji, 5-nji synp okuwçylarynyň dürli ses beýikliklerini duýmaga bolan ukyplarynyň ösmegi netijesinde, olaryň saz eserleriniň beýikligi, görnüşleri baradaky garaýyşlary hem kämilleşip başlaýar. Olaryň sapakda diňleýän saz eserleriniň aýdymdygy ýa-da saz gurallary üçin niýetlenip döredilen saz eseridigi, saz sesleriniň heň hereket ugurlary baradaky düşünjeleri ýüze çykyp başlaýar. Okuwçylarda ses beýiklikleri baradaky düşünjeleriň ýüze çykmagy bilen olaryň saz sesleriniň dowamlylygy, güýçli, gowşak saz ülüşleri baradaky pikirleri hem ýüze çykýar. Şonuň netijesinde olaryň saz ölçegleri baradaky düşünjeleri hem kämilleşýär (2/4;3/4;4/4;(G) we ş. m.). Soňra okuwçylaryň saz eserlerindäki durnukly, durnuksyz saz sesleri baradaky düşünjeleri ýüze çykýar. Wagtyň geçmegi bilen okuwçylar saz eserlerindäki esasy üç sesiň (T3;S3;D3 we ş. m.) ýaňlanyşyny eşidip, olary duýup başlaýarlar. Şu pursatda okuwçylara saz eserlerindäki esasy üç sesiň birinji sesiniň esasy sesdigi barada düşünje berilmelidir.

Okuwçylarda sazyň häsiýetini duýmaga bolan ukyp-başarnyk bilen birlikde diňleýän saz eserleriniň çeperçilik saz keşpleriniň ösüşini hem yzarlamaklyga ukyplydyrlar. Okuwçylar diňleýän saz eserleriniň käbir aýratyn, aýdyň saz çeperçilik serişdelerini duýmak we ony öz diňleýän saz eserlerinde bellemek bilen, olar öz diňleýän saz eserleriniň mazmuny, gurluşy barada özbaşdak netijä gelmegi öwrenip ugraýarlar. Meselem, okuwçylar özleriniň diňleýän saz eserleriniň haýsysynyň haýal, haýsysynyň çalt tizlige eýedigini aýdyňlaşdyrmagy başarýarlar.

Aýdym-saz sapagynda saz işleriniň «Diňlemek üçin saz eserleri» ugry 3 sany esasy bölümi özüne birleşdirýär:

- sapakda okuwçylary aýdym-saz eserleriniň aýratynlyklary bilen tanyşdyrmak, olarda saz sungatyna bolan söýgini terbiýelemek, diňlän sazlarynyň mazmunynyň we heňiniň ýatlarynda galmagyny gazanmak hem-de okuwçylarda saz sungaty baradaky oňat garaýyşlary ýüze çykarmak;
- okuwçylara saz sungaty baradaky ilkinji maglumatlary bermek, dürli usullar arkaly olaryň saz diňlemek medeniýetini kemala getirmek;
- sapakda saz diňlenilýän pursady okuwçylaryň saz eserleriniň mazmunyny dogry kabul etmekleriniň netijesinde olaryň saz sungaty baradaky ajaýyp duýgularyny, gyzyklanmalaryny terbiýelemek.

Aýdym-saz sapagynda saz işleriniň «Diňlemek üçin saz eserleri» ugry boýunça sapak geçmek ýörite taýýarlanan we tassyk edilen okuw maksatnamasynyň esasynda alnyp barylýar. Saz işleriniň «Diňlemek üçin saz eserleri» ugry boýunça sapak geçmäge hödürlenen okuw maksatnamasynyň düzülişiniň yzygiderliligine seredip geçeliň. Bu ugruň okuw maksatnamasynyň yzygiderliligi ýönekeýden çylşyrymlaşýan saz keşplerini, dürli saz keşpli duýgulary we häsiýeti, giňişleýin durmuş hadysalaryny özünde jemleýän saz eserleriniň esasynda düzülendir. Okuw maksatnamasynyň temalary okuwçylaryň saz diňleýän pursadynda olaryň sazyň mazmunyna, manysyna akyl ýetiriş endiklerini ösdürmegi we ony kämilleşdirmegi göz öňünde tutýar. Okuw maksatnamasynyň temalarynyň yzygiderliligi okuwçylary saz dünýäsine ugrukdyrýar, olaryň emosional duýgularyny baýlaşdyrýar. Mundan başga hem okuwçylar okuw maksatnamasynda berilýän temalaryň yzygiderliligi esasynda diňlenilýän saz eserleriniň mazmunyna laýyklykda, durmuş hadysalarynyň köptarap-

laýyn suratlandyrylyşyna, olaryň dürli saz serişdeleri arkaly ýüze çykarylyşyna göz ýetirip, oňa düşünip başlaýarlar.

Mugallym sapakda okuwçylara saz diňlemegi öwredende dürli usullar arkaly olaryň ünsüni maksatnamada görkezilen işlere çekmegi başarmalydyr. Mekdep okuwçylary aýdym-saz sapagynda saz eserlerine doly görnüşde, saz eserleriniň bölümlerine, saz eserleri ýerine ýetirilende heňiň gaýtalanýan böleklerine, gutarmaklygy aňladýan heň öwrümlerine düşünip başlaýarlar. Bu döwürde mekdep okuwçylarynyň aýdym sapagynda öň öwrenen aýdymdyr sazlarynyň birnäçesiniň ýatlarynda galmagynyň netijesinde, olarda täze öwrenýän saz eserleriniň häsiýetlerini, görnüşlerini öňki öwrenen saz eserlerinden tapawutlandyrmaga bolan ukyby ýüze çykýar. Meselem, haýsy saz ýöriş äheňli, haýsy aýdym hüwdi äheňli, haýsy saz tans äheňli we ş. m.

Diňlemeklige hödürlenýän «Ýöräliň» diýen aýdymymyz, adyndan belli bolşy ýaly, ýöriş äheňli aýdymdyr. Sapakda okuwçylara aýdymy diňletmezden öňürti mugallym diňleniljek saz eseri barada gysgaça düşündiriş berýär. Ýöne mugallym bu pursatda diňleniljek aýdymyň mazmuny, häsiýeti barada gürrüň bermän, eýsem, ol diňleniljek saz eseriniň «Sazdaky üç sütüniň» bir görnüşidigine okuwçylaryň ünsüni çekýär. Soňra ol diňlenilýän saz eseriniň mazmunyny, häsiýetini we ol eseriň «üç sütüniň» haýsysyna degişlidigini bilmegi okuwçylaryň özüne tabşyrýar. Mugallym sapakda diňlenilýän saz eseri barada okuwçylara ugrukdyryjy soraglary berýär. Okuwçylara beriljek soraglar mugallym tarapyndan öňünden taýýarlanylýar.

## Ýöräliň

Sazy *W. Ahmedowyňky*
Goşgusy *K. Taňrygulyýewiňki*



Aýdym-saz sapagyny okatmagyň esasyna laýyklykda, sapakda okuwçylara dürli mazmunly saz eserlerini diňlemegi, onuň manysyna düşünmegi we oňa akyl ýetirmegi öwretmek bu ugruň öňünde durýan esasy meseleleriň biridir. Eger-de okuwçylar saz diňlänlerinde saz seslerini dogry eşidip, ony özlerine kabul edip, onuň manysyna düşünip bilmeseler, onda olar heňleri dogry çalyp hem, dogry aýdyp hem bilmez (ses belentliklerini we sesleriň ritmiki hereketlerini).

Saz diňlemek örän çylşyrymly ugur bolmak bilen, ol her bir saz eseriniň düzülişindäki mazmuny ýüze çykarýan çeperçilik serişdeler toplumynyň sazlaşygyny eşidiş duýgulary arkaly ony bahalandyryp bilmäge bolan ukyp-başarnykdyr. Bu bolsa saz eseriniň ýaňlanyşynyň bütin dowamynda çeperçilik serişdeleriniň bir-birleri bilen berk baglanyşygyna düşünmekligi özünde jemleýär. Şonuň üçin hem okuwçylara saz diňläp bilmegiň we oňa düşünmegiň ugurlaryny öwretmek aýdym-saz sapagynyň esasy ugurlarynyň biridir. Bu meseläni amala aşyrmak üçin sapakda diňlenilýän sazyň okuwçylara edýän täsirine üns bermeli.

Bu ýerde mugallym sapakda diňleniljek saz eseriniň nähili häsiýetde ýaňlanýandygyna, kompozitoryň esere nähili häsiýet berendigine, çagalaryň saz eserlerini diňleýişlerine üns bermelidir. Sapakda saz eserini diňlemek şertli häsiýete eýe bolmak bilen, ol aşakdaky 4 bölüm boýunça guralýar:

1. Sapakda diňleniljek saz eseri barada gysgaça gürrüň (giriş sözi).
2. Saz eserini diňlemek.
3. Diňlenilen saz eseri barada gürrüň geçirmek.
4. Saz eserini täzeden diňlemek.

Bu şertli bölümleriň esasy maksady okuwçylara diňleniljek saz eseriniň mazmunyny açyp görkezmek we olaryň diňleniljek saz eserine bolan isleglerini, gyzyklanmalaryny ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

1. Sapagyň başynda diňleniljek saz eseri baradaky mugallymyň giriş sözi okuwçylar üçin örän täsirli bolmalydyr. Sapakda diňleniljek saz eseri okuwçylar üçin düşnükli bolanda, bu bölüm aýrylyp hem bilner. Bu ýerde esasy maksat diňleniljek saz eseriniň mazmunyna okuwçylaryň ünsüni çekmekden ybaratdyr. Mugallym saz eserini üns berip diňlemeklige okuwçylary çekmek üçin olara dürli soraglary be-

rip biler. Meselem, ol bu pursatda okuwçylara aşakdaky ýaly soraglary berýär:

a) «Çagalar, siz häzir uly bolmadyk saz eserini diňlärsiňiz. Siz ony näme diýip atlandyrardyňyz we näme üçin?»

b) «Siz häzir aýdym diňlärsiňiz. Kompozitor ol aýdymy näme üçin «Kiçi we geçi» diýip atlandyrypdyr?»

ç) «Siz häzir sazy üns berip diňläň we oýlanyň. Saz haýsy hem bolsa bir waka barada gürrüň berýärmi ýa-da dürli wakalar barada?» we ş. m.

Giriş sözünde mugallym saz eseriniň ady we aýdymyň sözüni ýazan şahyr we sazyny ýazan kompozitor barada hem gürrüň berip biler.

2. Saz eserini diňlemek bölüminde, esasan, okuwçylaryň sabyrsyzlyk bilen garaşýan owadan ýaňlanýan sazy diňlemäge bolan islegini ödemek üçin diňleniljek saz eseri mugallym tarapyndan ussatlyk bilen ýerine ýetirilmelidir we ol okuwçylar üçin örän täsirli bolmalydyr. Mugallymyň özi saz eserini ussatlyk bilen ýerine ýetirip bilmese, onda diňleniljek saz eserini ýazgyda hem okuwçylara diňledip biler. Okuwçylar sapakda saz diňleýän pursatlary mugallym olaryň ümsüm oturyp, sazy üns berip diňlemeklerini üpjün etmelidir. Esasan hem, 1-nji synp okuwçylary üçin ýuwaş oturyp saz diňlemek örän kyndyr. Sebäbi sazyň çalt ýa-da haýal ýaňlanmagy (tempi) çagalarda dürli emosiýalary ýüze çykarýar.

3. Diňlenen saz barada gürrüň geçirmek bölüminde hem diňlenilen saz eseri baradaky gürrüň uzak we köp bolmaly däldir (sebäbi köp geplenilse, saz eseri barada aýdylýan sözleriň manysyna çagalar düşünmeýärler, olar irýärler). 1-nji synp okuwçylarynyň saz baradaky düşünjeleriniň çäkliligi sebäpli, mugallym olara saz adalgalary barada hem gysgaça düşünje berip geçýär (*temp, tembr, dinamiki belgiler* we ş. m.). Mugallym diňlenen saz eseri barada okuwçylara dürli soraglar berýär. Ýöne ol soraglara okuwçylar ýalňyş jogap beren halatlarynda hem olara «ýalňyş» diýip aýtman, eýsem ýumşak söz bilen düzediş berip geçmelidir.

4. Sazy täzeden diňlemek bölümi uly täsirliligi özünde jemlemek bilen, bu pursat çagalaryň diňlenen saz eserlerini çuňňur

özleşdirmeklerine itergi berýär. Sapakda okuwçylaryň diňlenen saz baradaky alan bilimlerini we düşünjelerini kämilleşdirmek maksady bilen mugallym sapagyň dowamynda dürli usullary, ýumuşlary, soraglary peýdalanyp biler. Meselem:

a) «Çagalar, saz nähili häsiýetde ýaňlanýar?» (şatlyklymy, gaýgylymy, oýlandyryjymy, degişme äheňlimi, dabaralymy we ş. m.). Soraglaryň ählisine okuwçylaryň özleri jogap tapmalydyrlar.

b) «Saz hemişe bir häsiýetde ýaňlanýarmy? Eger-de saz ýaňlanyp durka täze heň eşitseňiz ýa-da öň eşiden heňleriňiz täzeden ýaňlansa, onda eliňizi galdyryň».

ç) «Okuwçylar, siz şu sazy name diýip atlandyrardyňyz?»

Şeýle soraglardyr ýumuşlary mugallym sapakda näçe diýseňiz tapyp biler we ony okuwçylara berip biler.

Sapakda alnyp barylýan şeýle işleriň netijesinde okuwçylarda aýdym-saz eserleriniň mazmuny baradaky ilkinji ýönekeý gözýetimler, saz eserleriniň gurluşy (saz eserleriniň girişi, bölümleri, aýdymyň başlanyşy, gaýtalamak, gutarmak), açyk, aýdyň, täsirli saz çeperçilik serişdelerine düşünmäge bolan ukyp-başarnyk kemala gelýär.

## §6. Saz diňlemegi öwretmek üçin hödürlenýän saz eserleri

Sapakda diňlemek üçin okuwçylara hödürlenýän saz eserler toplumynyň esasy aýratynlygy aýdym-saz sapagynda okuwçylara diňlediljek saz eserleriniň temasy we mazmuny terbiýeçilik serişdelerini özünde jemlemelidir. Aýdym-saz sapagynda okuwçylara okuw maksatnamasyna laýyklykda, diňletmek üçin hödürlenýän saz eserleri saýlanyp alnanda, esasan, okuwçylaryň ýaş aýratynlyklary, olaryň sazyň mazmunyna akyl ýetirip bilijilik mümkinçilikleri göz öňünde tutulmalydyr. Mugallym okuwçylara diňlediljek her bir saz eseriniň çeperçilik ugurlaryny ählitaraplaýyn seljerip, terbiýe berijilik ähmiýetini bahalandyrmalydyr. Saz eserlerini çeperçilik taýdan bahalandyrmak haýsy hem bolsa bir saz eseriniň adama edýän täsir edijilik gymmatyny kesgitlemek we ony bahalandyrmakdyr. Şeýle hem ol adamyň sungat eserlerine duýgy arkaly çeperçilik taýdan akyl

ýetirmeklige bolan ukybynyň netijesidir. Şonuň üçin hem mugallym aýdym-saz sapagynda diňlemek üçin saz eserlerini saýlap alanda, türkmen kompozitorlarynyň Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyz, hormatly Prezidentimiz, batly gadamlar bilen öňe barýan bagtyýar zamanamyz, türkmen goşuny, zähmet, gahrymançylyk, doganlyk, ähli ýurtlaryň çagalarynyň dostlugy baradaky saz eserleri okuwçylara diňlediljek saz eserler toplumynyň esasyny düzmelidir. Muňa mysal edip, 1-nji synpyň we 3-nji synpyň 1-nji çärýeklerinde diňlemäge hödürlenilýän halk döredijiliginiň bir parçasy bolan «Küştdepdiniň» gazallarynyň sözleriniň mazmunyna seredip geçeliň. «Küştdepdiniň» gazallarynyň sözleri halk tarapyndan döredilip, ähli döwürlerde hem öz döwrüniň durmuş wakalaryny, onuň zähmetkeş adamlaryny aýdymly tanslaryň üsti bilen wasp edip gelýär. Okuw maksatnamasyna laýyklykda, sapakda diňlemäge hödürlenýän «Küştdepdiniň» gazallarynda bolsa berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň batly gadamlary tansly aýdymlaryň üsti bilen giňişleýin suratlandyrylýar.

Sapakda diňlemäge hödürlenýän saz eserleriniň okuwçylara saz-estetika taýdan terbiýe bermegiň talaplaryna doly laýyk gelmelidir. Şuňa laýyklykda aýdym-saz mugallymlary öz okadýan synplaryndaky okuwçylary sapakda diňleniljek saz eserlerini haýsy usul arkaly tanyşdyrmaly, okuwçylara diňledilýän saz eserleri olarda nähili duýgulary oýarýar, sapakda diňleniljek saz eserleriniň terbiýeçilik ähmiýeti nämeden ybarat diýen düşünjeden ugur almalydyrlar.

Okuwçylara diňledilýän saz eserlerindäki saz çeperçilik keşpleriniň we dürli saz çeperçilik serişdeleriniň ýuwaş-ýuwaşdan yzygider çylşyrymlaşmagy, ol sazyň okuwçylara täsir edijiligini has-da artdyrýar. Aýdym-saz sapagynda okuwçylara diňe bir türkmen kompozitorlarynyň çagalar üçin döreden saz eserleri diňledilmän, eýsem olara operalarda ýerine ýetirilýän aýdymlar, balet, simfoniýa sazlaryndan bölekler hem diňledilýär. Okuwçylar sapakda bu saz eserlerini diňlemegiň üsti bilen *opera, balet, simfoniýa* ýaly uly göwrümli saz eserleri barada düşünje alýarlar. Bu bolsa mekdep okuwçylarynyň saz sungatynyň dürli görnüşleri barada pikirleriniň ýüze çykmagyna, olar baradaky gözýetimleriniň giňemegine kömek edýär.

## Küştdepdiler

Aram depginde




Okuw maksatnamasyna laýyklykda, 3-nji synpyň 1-nji çärýeginde okuwçylara kompozitorlar D. Öwezow bilen A. Şapoşnikowyň «Aýna» operasyndan «Eý, daragym, batlan» diýen aýdymy diňledilýär. Okuwçylar bu aýdymy diňlemegiň üsti bilen, köpçülik bolup aýdylýan aýdymlaryň operalarda tutýan orny barada düşünje alýarlar.

## Eý, daragym, batlan

*(«Aýna» operasyndan)*

Sazy *D. Öwezow bilen A. Şapoşnikowyňky*
Goşgusy *G. Seýitliýew bilen G. Muhtarowyňky*

Marş depginde




Mugallym aýdym diňlenilýän pursadynda saz urgulary bilen sazlaşýan halyçy gyzlaryň darak urgularyna okuwçylaryň ünsüni çekýär. Okuwçylar darak sesleri bilen sazlaşyp ýaňlanýan şadyýan

gyzlaryň öz zähmetlerini wasp edip ýerine ýetirýän şadyýan aýdymyny diňleýärler. Olar sapakda bu aýdymy diňlemegiň üsti bilen gelin-gyzlarymyzyň sünnäläp dokaýan dünýä belli nepis halylarynyň opera sungatynda dürli saz öwüşginleri arkaly wasp edilişi barada düşünje alýarlar. Saz işleriniň «Diňlemek üçin saz eserleri» ugruna laýyklykda, sapakda okuwçylara saz eserlerini diňletmek, esasan, saz sungatynyň dürli ugurlary boýunça alnyp barylýar. Ýagny okuwçylar sapakda dürli mazmunly aýdym-saz eserlerini diňlemek bilen birlikde, operalardan, simfoniýalardan kinofilmlerden bölekleri, halk aýdym-sazlaryny, halk döredijiliginden parçalary hem diňleýärler.

Mugallym sapakda dürli görkezme esbaplary ulanmak arkaly okuwçylara diňledilýän sazyň mazmunyny ýüze çykarmalydyr. Bu usul olaryň sapakda diňleýän saz eserleriniň manysyna düşünmeklerine kömek edýär.

Sapakda okuwçylar saz gurallarynda çalynýan sazlary näçe köp diňleseler, diňlän sazlarynyň täsiri netijesinde saz eserlerinde beýan edilýän çeper keşpler dünýäsine aralaşýarlar. Okuwçylar sapakda saz diňlemek arkaly saz çeperçilik serişdeleriniň üsti bilen janlandyrylýan tebigy hadysalar barada düşünje alýarlar. Şol bir wagtyň özünde olar saz sesleri arkaly dürli guşlaryň, haýwanlaryň sesleri bilen tanyşýarlar. Mugallym okuwçylaryň sapakda diňlenilýän aýdymlaryň we sazlaryň mazmunyny doly mazmunly kabul etmekleri we oňa düşünmekleri üçin dürli pedagogiki usullary peýdalanyp, okuwçylaryň ünsüni saz eserindäki beýan edilýän wakalara ugrukdyrmalydyr. Munuň üçin mugallym sapakda diňlenilýän aýdymyň heňine we aýdymyň şahyrana sözler bilen baglanyşygyna okuwçylaryň ünsüni çekmäge çalyşmalydyr. Meselem, mugallym sapakda kompozitor Çary Nurymowyň «Döwranyň aýdymy» diýen eserini okuwçylara diňledýär. Sapakda mugallym ilki bilen aýdymy saz guralynda çalyp berýär ýa-da ony ýazgyda okuwçylara diňledýär. Soňra aýdymyň mazmunyny, häsiýetini, gurluşyny (aýdymyň başlanyşy, gaýtalanýan sözler we gutarmak) okuwçylara düşündirýär. Bu aýdym özüniň häsiýeti boýunça ýeňil we düşnükli. Sebäbi aýdymyň sazy örän gulaga ýakymly. Mugallym sapakda okuwçylara aýdymyň adyndan belli bolşy ýaly, şadyýan oglanjygyň haýwanjyklar bilen dostlugy barada gyzykly edip giňişleýin düşünje berýär, soňra aýdymy tä-

zeden okuwçylara diňledýär. Okuwçylar sazy ikinji gezek gaýtalap diňlänlerinden soň, olaryň göz öňünde şadyýanja Döwranjygyň keşbi janlanýar. Sapakda okuwçylara saz diňledilende mugallymyň sözleri gysgadan örän düşnükli bolmalydyr. Sebäbi ol täsirli sözleriň üsti bilen saz eserinde beýan edilýän saz keşplerini okuwçylaryň aňynda janlandyrmaga çalyşmalydyr.

Okuw maksatnamasyna laýyklykda, sapakda okuwçylara daşary ýurt kompozitorlarynyň hem dürli mazmunly birnäçe saz eserleri diňledilýär. Meselem, biz okuwçylara azerbaýjan kompozitory G. Guseýinliniň «Jüýjelerim» diýen aýdymynyň sazyny diňledýäris. Saz bir gezek diňledilenden soňra, mugallym okuwçylara şeýle sorag bilen ýüzlenýär: «Okuwçylar, saz şatlyklymy? Bu sazda biziň jüýjejiklerimiz nähili häsiýetde tans edýärler?». Mugallym şeýle soraglaryň üsti bilen saz eserinde beýan edilýän jüýjejikleriň keşbini okuwçylaryň aňyna ornaşdyrýar. Bu bolsa aýdym-saz sapagynda saz diňlemek arkaly saz eserlerinde beýan edilýän çeper keşplere okuwçylaryň ünsüni çekýär. Soňra mugallym belli rus kompozitory M. I. Glinkanyň «Ruslan we Lýudmila» operasyndan «Parslaryň hory» atly aýdymynyň sazyny diňledýär. Mugallym: «Okuwçylar, siz sazy diňleýärkäňiz, haýsy türkmen sazy ýadyňyza düşdi?» diýip, olara sorag berýär. Mugallym okuwçylaryň berýän jogaplaryny diňländen soňra, bu diňlenen sazyň heňiniň «Nar agajy» diýen türkmen halk sazyna meňzeşdigini dürli mysallar arkaly düşündirýär.

Aýdym-saz sapagynda okuwçylaryň saz diňlemek medeniýetini kemala getirmek bilen bagly alnyp barylýan saz işleriniň ählisi olaryň şol işlere bolan isleginiň ýüze çykmagyna ýardam edýär. Okuwçylaryň saz diňlemegi öwrenýän pursatlary olaryň diňe bir saz diňlemek medeniýetiniň düýbi tutulman, eýsem eşidiş endikleri kämilleşýär, saz sungaty baradaky düşünjeleri kemala gelýär. Şonuň üçin aýdym-saz sapagynda okuwçylara saz eserleri diňledilende, olaryň her biriniň saz diňlemäge bolan islegi, gyzyklanmasy mugallym tarapyndan hasaba alynmalydyr. Okuwçylaryň saz diňleýän pursatlary olaryň sazy özlerine kabul etmekleriniň ösüşine yzygider gözegçilik etmelidir.

Okuwçylara saz eserlerini diňlemegi öwretmek işi diňe bir sapakda öwredilmän, eýsem, ol okuw maksatnamasyna laýyklykda,

sapakdan daşary geçirilýän saz işlerinde hem dowam etdirilmelidir. Sapakdan daşary geçirilýän saz işlerinde mekdep okuwçylarynyň estetiki garaýyşlaryny kemala getirmek, ony baýlaşdyrmak maksady bilen, dürli mazmunly saz eserlerini saýlap alyp, kiçijik diňleýjileriň sazly çykyşlary guralmalydyr.

Sapakdan daşary geçirilýän saz işlerinde guralýan sazly çykyşlar haýsy hem bolsa bellibir kompozitoryň ömri we döredijiligi bilen bagly geçirilse (meselem, Daňatar Öwezowyň, Weli Muhadowyň, Weli Ahmedowyň, Çary Nurymowyň, Aşyr Kulyýewiň we ş. m.), onda sazly çykyşlar arkaly kompozitorlaryň köptaraply döredijiligini kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynyň öňünde giňişleýin açyp görkezmäge kömek edýär. Meselem, sapakdan daşary geçirilýän saz işlerinde «Biziň milli saz gurallarymyz» atly sazly çykyşlar guralyp, dürli saz gurallarynda saz çalnyp, okuwçylara diňledilse, olar saz gurallarynyň görnüşleri, olaryň ýaňlanyşy, ses aýratynlyklary, olarda ýerine ýetirilýän sazlar bilen tanyşýarlar. Bu bolsa okuwçylaryň saz gurallary baradaky düşünjeleriniň artmagyna ýardam edýär.

Sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň ýene-de bir görnüşi hem okuwçylaryň özbaşdak ýerine ýetirýän saz işlerinde olary dürli mazmunly saz eserlerini peýdalanmaga ugrukdyrmakdan ybaratdyr. Okuwçylaryň sazy kabul edijiligini ösdürmek üçin mugallym ýörite synp burçuny döredip, ol ýerde dürli saz eserleriniň nota ýazgysyny, saz ýazgylaryny, kompozitorlaryň, bagşy-sazandalaryň suratlaryny, ömri we döredijiligi bilen bagly okuw gollanmalaryny ýerleşdirmelidir. Şeýle hem ol burçda saz eserleriniň mazmunyny açyp görkezýän dürli suratlar arkaly saz eserleriniň gahrymanlarynyň keşpleri şekillendirilse, okuwçylaryň özleriniň saz diňlemeklerine, saz eserleri barada gürrüňler, çekişmeler guramaklaryna ýardam edýär. Bu bolsa sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň iň gerekli, wajyp ugurlarynyň biridir.

Sapakdan daşary geçirilýän sazly çykyşlar okuwçylarda iňňän täsirli duýgulary döredýär. Bu geçirilýän aýdym-saz diňlenişiginiň mazmuny saz okuw sapaklarynyň meýilnamasy bilen baglanyşdyrylsa, okuwçylar üçin has-da täsirli bolýar. Ýagny ol geçilen sapaklaryň materiallaryny özleşdirmegiň jemleýji bölümi bolmak bilen birlikde, okuwçylarda indiki ediljek işlere bolan gyzyklanmany ýüze çykarýar.

## §7. Aýdym-saz sapagynda okuwçylara saza laýyk hereket etmegi öwretmek

Umumy orta bilim berýän mekdeplerde okuwçylara saz terbiýesini bermegiň möhüm ugurlarynyň biri hem saz işleriniň «Saza laýyk ritmiki hereketler» diýen ugrudyr. Sapakda alnyp barylýan saz işleriniň bu ugry hem adyndan belli bolşy ýaly, özüniň örän uly terbiýeçilik ähmiýetine eýedir. Okuw maksatnamasyna laýyklykda, saz işleriniň bu görnüşini okuwçylara öwretmek 1-nji synpyň 1-nji çärýeginden 4-nji synpyň 3-nji çärýeginiň ahyryna çenli alnyp barylýar.

Okuwçylara saza goşup dürli hereketleri ýerine ýetirmegi öwretmek okuwçylaryň eşidiş duýgularynyň ösmegine, beden taýdan ösüşleriniň işjeňleşmegine, olaryň hereketleriniň ýeňil, çalasyn häsiýete eýe bolmagyna kömek edýär. Sapakda we sapakdan daşary geçirilýän dürli saz işlerinde okuwçylara saza laýyk ritmiki hereket etmegiň dürli ugurlaryny öwretmek sazyň täsiri netijesinde okuwçylarda özleriniň her bir hereketini dogry we anyk kesgitläp bilmeklerine bolan ukyplylygy ýüze çykýar. Bular barada belli rus pedagogy Ý. N. Wodowozowa özüniň ýazan ylmy işlerinde aýratyn belläp geçýär. Saz öwreniji alym, pedagog A. P. Usowa ösüp barýan çagalarda ilki bilen oýnuň, diliň we aýdym aýtmagyň öz aralaryndaky baglanyşygynyň peýda bolýandygyny aýratyn belläp geçýär. Ýagny geçirilen pedagogiki tejribelerde dürli oýunlaryň üsti bilen çagalarda aýdym aýtmagyň ýüze çykýandygy esaslandyrylýar. Dürli pedagogiki tejribeleriň kesgitlemegine görä, dürli görnüşli çaga oýunlary çagalaryň saz medeniýetiniň düýbüni tutmagyň ilkinji mekdebi hasap edilýär. Meselem, «küştdepdi», «çapak tansy», «işimme», «çemçe tansy» ýaly halk tarapyndan döredilen tansly aýdymlary alyp görsek, olaryň ählisinde örän owadan ritmiki şekiller jemlenipdir. Bu agzalyp geçilen ugurlaryň ählisi aýdym-saz sapagynda çagalara öwretmek maksady bilen okuw maksatnamasyna girizilipdir. Geçmişde ata-babalarymyz tarapyndan döredilen halk saz döredijiliginiň bu görnüşleri aýdym-saz sapagynda peýdalanylsa, okuwçylara milli terbiýäni bermegiň ähmiýetli ugurlarynyň biridir.

XX asyryň başlaryna saza laýyk ritmiki hereketleri ýerine ýetirmegiň üsti bilen okuwçylara terbiýe bermek dünýä tejribesinde

giňden ýaýrap başlaýar. Bu işi ýola goýmak belli fransuz sazandasy, mugallym E. Žakom Dalkrazmyň paýyna düşýär. Sazanda-mugallym okuwçylara terbiýe bermekde pedagogiki usullar esasynda peýdalanyljak ýörite türgenleşik gönükmelerini saýlap alýar. Saýlanyp alnan türgenleşik gönükmeleri okuwçylaryň saz ýadynyň, üns berijiliginiň ösmegine, olaryň täsirli, saz bilen sazlaşykly ritmiki hereketleri owadan, ýeňil ýerine ýetirmäge bolan ukyplarynyň kemala gelmegine ýardam edýär. Saza laýyk ritmiki hereketleri ýerine ýetirmegiň ähmiýetli taraplary fiziologiýa, pedagogika, psihologiýa, saz öwreniş ylymlarynyň esaslaryna laýyklykda düýpli öwrenilýär. Soňra bolsa ony terbiýeçilik işlerinde giňden peýdalanmak göz öňünde tutulýar.

Saza goşup, ritmler arkaly dürli hereketler ýerine ýetirilende, onuň adamyň bütin bedeniniň oňat işlemegine oňaýly täsir edýänligi ylmyň dürli ugurlarynda alymlar tarapyndan doly subut edildi (pedagogika, psihologiýa, lukmançylyk we saz öwreniş ylymlarynyň üsti bilen).

Bu barada akademik I. M. Seçenow saza goşup dürli hereketler (sazly oýunlar, tans, ritmlere goşulýan hereketler) ýerine ýetirilende, adamyň eşidişiniň we beden myşsalarynyň syzyş duýgularynyň özara baglanyşygynyň netijesinde ýüze çykýan oňaýly täsirleri barada özüniň ylmy derňewlerinde aýratyn belläp geçýär. Çagalara saza goşup, dürli hereketleri ýerine ýetirmek öwredilende çagalaryň eşidişi kämilleşýär. Bu döwür olaryň saz bilen beden hereketiniň özara baglanyşygyny kemala getirmäge bolan ukybynyň ýüze çykýan döwri hasap edilýär. Bu döwürde çagalaryň saza goşup, dürli hereketleri ýetine ýetirip bilmäge bolan başarnygynyň ösüşini kemala getirmek dürli pedagogiki usullar arkaly amala aşyrylýar.

Saza goşup, dürli hereketleri ýerine ýetirmegi maksadalaýyk öwretmek we ony dogry ösdürmek üçin çagalara ýaşlykdan dürli häsiýetli saz eserlerini köpräk diňletmelidir. Şol bir wagtyň özünde olara sazyň ritmlerine goşup, ýönekeýje hereketler öwredilip başlanmalydyr. Ýagny bu ýerde çagalara ritmlere goşup, dürli hereketleri ýerine ýetirmegi, saza goşup oýunlar oýnamagy, tans hereketlerini öwretmek göz öňünde tutulýar.

Häzirki zaman saz öwreniş ylmynda we çagalara saz terbiýesini bermegiň tejribesinde belli alymlar N. S. Aleksandrowa, M. A. Ru-

mer, Ý. W. Konorowa, W. A. Griner ýaly birnäçe alymlar saza laýyk hereketleri öwretmegiň üsti bilen okuwçylara terbiýe bermegiň ýörite pedagogiki usullaryny saýlap alýarlar. Alymlar tarapyndan saýlanyp alnan pedagogiki usullar aýdym-saz sapaklarynda giňden peýdalanyp başlandy.

Terbiýeçilik işlerinde peýdalanylýan saz eserleri özleriniň mazmunyna, häsiýetine baglylykda, okuwçylarda dürli emosional seslenmeleri ýüze çykarýar. Sazyň täsiri netijesinde okuwçylarda dürli duýgular peýda bolýar. Şu pursatlar hem olarda dürli hereketleriň döremegine itergi berýär. Saz bilen ritmiki hereketleriň özara baglanyşmagy bu iki görnüşiň goşulyşmagyndaky ýüze çykýan sazlaşygyň mazmunyny çäklendirmeýär. Ýagny saz eserlerinde beýan edilýän çeper keşpler, gapma-garşylykly wakalar, saz eseriniň gurluşyndaky meňzeşlikler, eseriň *lad* öwüşgini, ritmiki şekilleriň aýratynlygy, saz eseriniň tizligi, dinamiki belgileriň ählisi saza laýyk ritmiki hereketleriň üsti bilen ýüze çykarylýar. Saza laýyk ritmler bilen sazlaşykly hereket edilende saz serişdeleriniň yzygider ýagdaýda gezekleşip gelmegi çeper keşpleriň ýüze çykyşyny we onuň ösüşindäki görnüşleri aýdyňlaşdyrýar. Sazyň ritmleri bilen sazlaşykly ýerine ýetirilýän her bir hereket sazyň häsiýetine, heň hereketleriniň ugruna bagly üýtgäp durýar. Saz eserleriniň gurluşyndaky gapma-garşylyk gaýtalanma ýörelgelerine laýyklykda hereketleriň üsti bilen ýüze çykarylýar. Şu pursatda bolsa okuwçylaryň sazyň ritmine goşup ýerine ýetirýän sazlaşykly hereketlerinde hem gapma-garşylyklar we gaýtalanma häsiýetli meňzeşlikler ýüze çykýar. Ol meňzeşlikler, esasan, saz bilen sazlaşykly ýerine ýetirilýän dürli ritmiki hereketlerde, ýagny saza goşup el çarpmakda, bökmekde, saz ritmleriniň tizliginiň üýtgemegi bilen bagly sazlaşykly hereketlerde has-da köp duş gelýär.

Sazyň ritmlerine goşup, saza laýyk hereketleri ýerine ýetirmegiň ýene-de bir ähmiýetli tarapy hem çagalaryň saz eseriniň manysyna düşünmeklerine, oňa akyl ýetirmeklerine ýardam edýär. Ýagny ritmlere goşulyp ýerine ýetirilýän sazlaşykly hereketler saz eseriniň mazmunyny, häsiýetini aýdyňlaşdyrýar. Saz bilen hereketiň özara baglanyşygy çeper keşplere düşünmegiň, oňa akyl ýetirmegiň esasy serişdesi bolup hyzmat edýär. Okuwçylaryň dürli temadaky tanslary,

sazly oýunlary öwrenmekleri olaryň ýerine ýetirjilik ukyplarynyň ösüşiniň kemala gelmegine hem uly kömek edýär. Bu ýerde okuwçylar özleriniň ýerine ýetirýän owadan hereketleriniň üsti bilen saz eserlerinde beýan edilýän çeper keşpleriň köpdürlüligi barada düşünje alýarlar. Meselem, okuwçylar sapakda «At çapan» diýen tansy ýerine ýetirmegi öwrenýärler. Okuwçylar bu tansy öwrenmegiň üsti bilen türkmen atlarynyň gelip çykyş taryhy, ajaýyp ahalteke bedewleriniň dünýädäki at-abraýy barada giňişleýin düşünje alýarlar. Şeýle hem olar bu tansy öwrenmegiň üsti bilen türkmen ahalteke bedewleriniň bezeg esbaplary, at çapmagyň düzgünleri bilen tanyşýarlar.

Sapakda okuwçylara saza laýyk hereket etmegiň dürli ugurlary öwredilende mugallym tarapyndan olaryň saz bilen sazlaşykly hereketleri ýerine ýetirişlerine ünsi çekilmelidir. Bu usul okuwçylaryň eşidiş endikleriniň durnuklylaşmagyna, aň ýetirijiliginiň işjeňleşmegine itergi berýär. Okuwçylar saza laýyk hereket etmegi öwrenýän wagtlary olaryň sazyň ritm urgularynyň yzygiderliligini kesgitlemäge we olaryň üýtgeýşini dogry eşitmäge, öz edýän hereketlerindäki çeper keşpleriň özara baglanyşygyny duýmaga bolan endikleriniň ösüş derejesini kesgitleýär. Okuwçylara saza laýyk hereket etmegiň dürli ugurlary öwredilende peýdalanylýan saz eserleriniň göwrümi näçe uly, giň hem-de çylşyrymly bolsa, onda ol eserleri täsirli ýerine ýetirmek üçin hem şonça köpdürli hereketleri peýdalanmaly bolýar. Bu bolsa okuwçylaryň eşidiş endikleriniň ýokary derejede ösmegine itergi berýär. Okuwçylaryň eşidişiniň ösüş derejesi eşidişiň we hereketiň arasyndaky özara baglanyşygynyň täsiri netijesinde ýüze çykýar. Sapakda saza laýyk hereket etmegi öwrenýän wagtlary okuwçylar hereketleri saza goşup, dogry ýerine ýetirmek barada oýlanýarlar. Bu bolsa okuwçylaryň saza laýyk hereketleri ýerine ýetirenlerinde olaryň çeper keşpleri göz öňüne getirmeklerine kömek edýär. Ýagny okuwçylaryň sazly oýunlardaky dürli keşpleri täze görnüşde janlandyrmaga bolan synanyşmalary ýüze çykýar. Bu pursatda okuwçylar sazly oýunlarda hereket edýän keşpleriň hereketleri bilen bagly täze hereketler arkaly üýtgedip ýüze çykarmaga synanyşýarlar. Meselem, okuwçylar ritmlere goşup, saza laýyk hereket etmek arkaly mekir tilkijigiň, gorkak towşanjygyň, gazaply möjegiň çeper keşplerini oýunlarda we tanslarda täze görnüşlerde janlandyrmaga ymtylýarlar. Bu pursatda olar

saza laýyk dürli hereketleriň üsti bilen saz bilen bagly keşpleri dogry we täsirli döretmäge çalyşýarlar. Bu synanyşyk bolsa öz gezeginde okuwçylaryň döredijilikli göz öňüne getirip bilijilik ukyplarynyň ýüze çykmagyna itergi berýär. Şeýle hem okuwçylaryň saza laýyk hereket etmegi öwrenmekleriniň täsiri netijesinde, olaryň saz ýady we sazy eşidiş endikleriniň ösüş derejesi kämilleşýär.

Saza laýyk hereketleri ýerine ýetirmäge bolan ukyp-başarnygyň ýene-de bir ähmiýetli tarapy hem okuwçylaryň öz isleglerine, gujur--gaýratlaryna erk edip bilmäge bolan başarnyklaryny ýüze çykarýar. Okuwçylar sapak wagtynda ýa-da sapakdan daşary geçirilýän saz işlerinde öz öňlerinde maksat edip goýan döredijilik we ýerine ýetirijilik meselelerini amala aşyrmaga çalyşýarlar. Olar özleriniň ýerine ýetirijilik ukyplarynyň ilkinji ösüş döwründe saza laýyk ýerine ýetirýän her bir hereketlerini mugallymyň görkezmeleri esasynda ýerine ýetirýärler. Okuwçylaryň bu iş bilen yzygider ýagdaýda iş salyşýandyklary sebäpli, olaryň saza goşup hereket etmäge bolan ukyplarynyň kämilleşmeginiň netijesinde, olaryň öz isleglerine görä täze hereketleri oýlap tapmaga bolan ukyp-başarnygy ýüze çykyp, ösüp başlaýar. Bu bolsa okuwçylaryň özboluşly erk-isleginiň, gujur-gaýratynyň ösüş hilini kemala getirýär. Sazyň ritmine goşup, sazlaşykly hereket etmegiň täsiri netijesinde, okuwçylar dürli duýgulary başdan geçirýärler. Bu bolsa öz gezeginde okuwçylaryň ýerine ýetirijilik endikleriniň ösüşini işjeňleşdirýär. Okuwçylar sazyň ritmine goşup hereket etmegiň üsti bilen öz hereketleriniň, daş keşpleriniň owadanlaşýandygyny duýup başlaýarlar. Bu bolsa olaryň özboluşly emosional duýgularynyň baýlaşmagyna kömek edýär. Okuwçylaryň saza laýyk ritmiki hereket etmegi öwrenmekleri arkaly gözellige bolan şatlyk, söýgi alamatlary ýüze çykyp başlaýar.

## §8. Sapakda saza laýyk hereket etmegi öwretmegiň esasy talaplary

Aýdym-saz sapagynda okuwçylara saza laýyk hereket etmegi öwretmegiň okuw maksatnamasyny işläp düzmek belli alymlar we tejribeli aýdym-saz mugallymlary tarapyndan geçirilen birnäçe ylmy barlaglaryň netijelerine bagly amala aşyrylýar. Şeýle hem saza laýyk

hereket etmegiň okuw maksatnamasy mekdeplerde alnyp barylýan okuw tejribeleriniň jemlerine bagly okuwçylaryň ýaş aýratynlyklary göz öňünde tutulyp taýýarlanylýar.

Mekdep okuwçylarynyň ýaş aýratynlyklaryna bagly saz ukyplarynyň ösüş derejesiniň görkezijisi aşakdakylardan ybaratdyr:

1-nji synpyň okuwçylary saz işleriniň dürli görnüşleri baradaky bellibir düşünjelere eýedirler. Sebäbi 1-nji synpyň okuwçylarynyň köpüsi çagalar baglaryndan göni mekdebe gelýärler. Çagalar baglarynda bolsa olar tans etmek, saza goşup, dürli oýunlary oýnamak, saz diňlemek, aýdym aýtmak, saz gurallarynda saz çalmak ýaly saz işleriň başga-da birnäçe görnüşleri bilen meşgullanýarlar. Bu bolsa mekdebe çenli ýaşly çagalaryň saz işleriniň dürli görnüşleri baradaky bellibir düşünjelere eýe bolmagyna şert döredýär. Şuňa laýyklykda, çagalar baglaryndan 1-nji synpa gadam basan okuwçylar saz eserleriniň gurluşy, temasy, mazmuny, saza goşup oýun oýnamagyň, sazlaşykly hereket etmegiň ugurlary, tanslaryň görnüşleri we olary ýerine ýetirmegiň usuly barada öz pikirlerini aýdyp bilýärler. Sapakda okuwçylara saza laýyk hereket etmek üçin saýlanyp alnan saz eserleri diňledilende, olar saz eseriniň tizliginiň üýtgeýşini duýýarlar. Sazyň heňiniň ýokaryk, aşak hereket ediş ugurlaryny kesgitläp, olary yzarlap bilýärler. Ýöne bu aýdylanlar çagalar bagyna gatnaman, maşgalada terbiýelenen çagalara welin başartmaýar.

2-nji synp okuwçylary 1-nji synp okuwçylary bilen deňeşdirilende saz bilen hereketiň arasyndaky baglanyşyk barada öz pikirlerini aýtmaga çalyşýarlar. Okuwçylara ýerine ýetiriljek tansyň ýa-da sazly oýnuň sazy diňledilende, olar sazly oýunlarda, tanslarda saz bilen sazlaşykly hereketleriň yzygiderli düzülişini göz öňüne getirip, olary ýatlarynda saklap bilýärler. Bu synpyň okuwçylary sazyň ritmi bilen sazlaşykly hereketleri göz öňüne getirmek arkaly, mugallymyň ýolbaşçylygynda olary ýerine ýetirmäge hem ukyplydyrlar. 2-nji synpyň okuwçylary saza goşup, sazly oýunlary oýnanlarynda dürli keşpleri saz bilen baglanyşykly hereketler arkaly ýüze çykarmaga bolan ukyp-başarnygyň emele gelmeginiň netijesinde özbaşdak ýüze çykarmaga synanyşýarlar. Olar tans edenlerinde, sazyň ritmine goşup, dürli hereketleri ýerine ýetirenlerinde, olaryň tanslarynda dogry we owadan hereketler ýüze çykyp başlaýar. Bu ýaşdaky

okuwçylara özlerine öňden tanyş bolan hereketleri täze hereketler bilen baglanyşdyrmaga bolan özboluşly döredijilikli gözlegler hem mahsusdyr. Şeýle hem bu synpdaky okuwçylaryň sazyň ritmlerini duýmaga bolan başarnyklary, olara öňden tanyş bolan sazlaryň ritmlerine täze hereketleri goşup, ony täzeden işlemäge, olary saz bilen sazlaşykly hereketler bilen baýlaşdyrmaga bolan ukyplarynyň ösüp kemala gelmegine itergi berýär.

3-nji synpyň okuwçylary diňleýän sazlaryny özlerine çalt kabul edip bilýärler, olarda saz bilen hereketleriň arasyndaky arabaglanyşygy çalt göz öňüne getirmäge bolan ukyplylyk ýüze çykyp başlaýar. Şeýle hem bu synpyň okuwçylary sazyň ýaňlanyşynyň açyk, aýdyň, täsirli häsiýetlerini duýýarlar. Olar sazly oýunlary oýnanlarynda, sazyň ritmine goşup, sazlaşykly hereketleri ýerine ýetirenlerinde, tans edenlerinde özbaşdak hereket etmegi başarýarlar, sazyň ritmini dogry eşitmek we olary duýmak arkaly hereketleri saza goşup, täsirli ýerine ýetirip bilýärler.

4-nji synpyň okuwçylary saz bilen sazlaşykly hereketleri ýerine ýetirenlerinde hereketleriň owadan, gelşikli bolmagyna üns bermek bilen, olar hereketlerini täsirli ýerine ýetirmäge çalyşýarlar. Bu synpyň okuwçylary özlerine tabşyrylýan her bir döredijilik ýumuşlaryny ýerine ýetirmäge jogapkärçilikli çemeleşýärler. Ýagny olar kompozisiýalary ýerine ýetirenlerinde sazyň ritimleri bilen sazlaşykly hereketleri oýlap tapyp, olara dürli görnüşli hereketleri goşup, ony has-da baýlaşdyryp bilýärler.

Bu ugurda üstünlik gazanmak üçin okuw işlerini dogry we göwnejaý ýola goýmak zerurdyr. Bu bolsa hökmany suratda mugallym tarapyndan oýlanyşykly çözülmeli meseleleriň biridir.

## Okuwçylara saza laýyk hereket etmegi öwretmegiň maksady, wezipesi

Biz bu ýerde ilki bilen okuwçylara saza laýyk hereket etmegi öwretmegiň öňünde durýan esasy maksadyny aýdyňlaşdyrýarys:

- okuwçylara sazyň ritmine goşup, sazlaşykly hereket etmegi öwretmegiň üsti bilen, olara saz keşpleriniň ösüşine we saz eseriniň mazmunyna akyl ýetirmegi we oňa düşünmegi öwretmek.

- okuwçylaryň çeper-döredijilik başarnyklaryny kemala getirmek we olary ösdürmek (okuwçylaryň sazly oýunlarda, tanslarda ritme goşup hereket etmek, saz keşplerini, täze hereketleri oýlap tapmak, özbaşdak hereket etmek baradaky gözýetimlerini, pikirlerini ösdürmek).

- okuwçylaryň sazyň ritmini duýmaga bolan başarnyklaryny ösdürmek we şol duýgulary hereketlere geçirmegi öwretmek.

Okuw maksatnamasynyň talaplaryna laýyklykda, bu wezipäni amala aşyrmak üçin okuwçylara saza laýyk hereket etmegi öwretmek bilen birlikde, olara dürli hereketler arkaly saz keşplerini dogry ýüze çykarmagy öwretmelidiris.

Dürli saz serişdeleriniň sazlaşykly ýaňlanmagynyň netijesinde saz terbiýeçilik işleriniň möhüm ugurlarynyň biri bolup çeper keşpler ýüze çykýar. Saz serişdeleri diýlip, heňleriň täsirli açyk, aýdyň saz sesleriniň sazlaşykly ýaňlanyşyna, dinamiki belgileriň dogry ulanylyşyna we ş. m.-lere aýdylýar. Bu agzalan sazlaşykly saz serişdeler toplumy aýdym aýdylanda we saz bilen sazlaşykly hereketler ýerine ýetirilende aýdyň duýulýar. Sebäbi aýdym aýtmagyň esasynda heňler ýatyr. Sapakda okuwçylara aýdym öwredilende aýdymyň heňini, onuň ses beýikliklerini dogry eşitmek arkaly olary göz öňüne getirmegiň üstünde işlenmelidir. Sazyň ritmine goşup, dürli hereketleri ýerine ýetirmek diýlen düşünje giňişleýin häsiýete eýe bolmak bilen, ol okuwçylaryň saz keşpleri we saz eseriniň gurluşy baradaky düşünjelerini, sazyň dinamiki belgilerine, metr-ritmlerine bolan gatnaşyklaryny ösdürmek göz öňünde tutulýar. Şu aýdylanlara laýyklykda okuwçylara saza laýyk hereketleri ýerine ýetirmek öwredilýän wagtynda sazyň okuwçylara edýän emosional täsirleri barada-da oýlanmalydyrys. Sebäbi saz sungaty ähli sungat eserleriniň arasynda adam duýgusyna iň güýçli täsir edýän sungat hasap edilýär. Bu pursatda saza akyl ýetirmek, oňa düşünmäge bolan ukyplylyk we saz eseriniň ritm sazlaşygynyň üstünde işlemegiň esasy ugurlary ýüze çykyp, kämilleşip başlaýar.

Okuwçylara aýdym-saz sapagynda we sapakdan daşary geçirilýän dürli saz işlerinde sazyň ritmine goşup, sazlaşykly hereket etmegi öwretmegiň üsti bilen saz terbiýesini bermegiň düýbi tutulýar.

Bu pursatda saz işleriniň ähli görnüşi birleşip, okuwçylaryň hereket ediş tizlikleri, el-aýak hereketleriniň, beden myşsalarynyň işjeňligi, beden taýdan sagdynlygy kemala gelýär. Şu pursatda okuwçylaryň ählitaraplaýyn sazlaşykly ösüşi ýüze çykýar.

Şeýlelikde, saza laýyk ritmiki hereket etmegi öwretmegiň okuw maksatnamasy iki sany bölümi özüne birleşdirýär:

1. Okuwçylaryň sazyň ritmi bilen sazlaşykly hereket etmek endiklerini we başarnyklaryny ösdürmek;

2. Okuwçylaryň sazyň ritmi bilen sazlaşykly täsirli, açyk aýdyň hereket etmäge bolan endiklerini we başarnyklaryny kemala getirmek.

## §9. Saza laýyk hereket etmegi öwretmegiň usuly aýratynlygy

Başlangyç synp okuwçylary özleriniň irki çagalyk döwürlerinden saz eserleriniň häsiýetini, mazmunyny duýup başlaýarlar. Meselem, sazyň mazmunyna, häsiýetine görä, olarda özbaşdak dürli hereketler ýüze çykyp ugraýar. Biz bular barada ýokarda hem belläp geçipdik. Şeýlelikde, çagalar ilki bilen saz eserlerindäki saz serişdeleriniň umumy jemlerine bagly ýüze çykýan mazmuna laýyklykda, sazyň ýaňlanyşyny diňlemek we sazyň edýän täsiri arkaly olara akyl ýetirip ugraýarlar. Soňra bolsa ol serişdeleri bölekleýin duýup, olary hereketler arkaly ýüze çykaryp başlaýarlar.

Biz şu ýerde okuw maksatnamasynyň käbir aýratynlyklarynyň üstünde durup geçeliň. Okuwçylara sazyň ritmlerine goşup, sazlaşykly hereketleri dogry ýerine ýetirmek öwredilende, ösdüriji serişdeleriň üstünde işlemegi amala aşyrmakdan başlanýar. Bu ýerde bolsa ilki bilen sapakda peýdalanyljak ýönekeý usullary saýlap almak bu ugur boýunça taýýarlanan okuw maksatnamanyň esasy talaplarynyň biridir. Meselem, 1-nji synp okuwçylary sazyň güýçli ýaňlanyşy ýa-da ýuwaş ýaňlanyşy bilen bagly dürli duýgulary başdan geçirýärler. 3-nji synpyň okuwçylary bolsa sazyň ýuwaş-ýuwaşdan güýçlenýändigine we soňra bolsa ýuwaş-ýuwaşdan peselýändigine akyl ýetirip ugraýarlar.

*1-nji çyzgy*

**Okuwçylaryň saza laýyk ritmiki hereketleri ýerine ýetirmek endikleriniň we başarnyklarynyň ösüşi**

| **Esasy endikler we başarnyklar** | **Okuwçylaryň synplary we ýaş aýratynlyklary** | | |
|---|---|---|---|
| | **1-nji synp** | **2-nji synp** | **3-4-nji synplar** |
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| 1. Saz eserleriniň umumy häsiýetleri | Dürli hereketler arkaly saz eserleriniň açyk, aýdyň häsiýetini ýüze çykarmaklygy öwretmek | Registrlere baglylykda (ýokary, orta, pes) saz eseriniň gapma-garşylykly häsiýetlerine laýyklykda ritm bilen sazlaşykly hereketleri öwretmek | Saz eseriniň häsiýetine we saz keşplerine laýyklykda erkin we täsirli hereket etmegi öwretmek |
| 2. Saz eserleriniň dinamiki belgileri | Saz eseriniň ýaňlanyş güýjüne görä hereketleri üýtgetmegi öwretmek | saz eserleriniň ýaňlanyşyna laýyklykda (güýçli, aralyk, ýuwaş, gaty, örän ýuwaş) hereket etmegi öwretmek | Saz eseriniň ýaňlanyşyna baglylykda (sazyň güýçli we gowşak ýaňlanyşyna laýyklykda) ritm bilen sazlaşykly hereket etmegi öwretmek |
| 3. Saz eseriniň tizliginiň üýtgemegi | saz eseriniň tizligine bagly (ýuwaş, çalt) hereket etmegi öwretmek | saz eseriniň ýaňlanyşyna laýyklykda aram tizlikde çalt tizlige geçmegi öwretmek | sazyň tizligine görä hereketleri çaltlandyrmagy we haýallandyrmagy öwretmek |
| 4. Saz eseriniň metr-ritm hasaby | Saz eseriniň metr urgularyna laýyklykda ýönekeý ritmiki şekilleri hereketler arkaly ýerine ýetirmegi öwretmek | Saz metrleriniň güýçli we güýçsüz basymlaryny sazly hereketlerde hem-de oýunlarda, tanslarda çylşyrymly bolmadyk ritimlere goşup, hereket etmekde urgular arkaly bellemegi (el çarpmak, aýak urgulary) öwretmek | Sazyň metrleriniň metr urgularyny we basymlaryny ritmli şekiller arkaly hereketler bilen ýüze çykarmagy öwretmek |

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| 5. Saz eserleriniň görnüşi (formasy) | 2 bölümli saz eserlerinde hereketleri deň guramagy öwretmek | 2 we 3 bölümli saz eserlerinde hem-de saz frazalarynda hereketleri saz bilen sazlaşykly çalyşmagy öwretmek | Sazyň frazalaryndan we saz eserleriniň girişinden soňra sazyň ritmi bilen sazlaşykly hereketleri özbaşdak ýerine ýetirmeklige başlamaga laýyklykda hereketleri saz bilen sazlaşykly çalyşmagy öwretmek |

Bu bolsa aýdym-saz sapagynda saz diňlemegiň netijesinde okuwçylaryň çeperçilik keşplerine akyl ýetirmeklerine bolan endikleriniň ýüze çykmagyna kömek edýär. Sazyň ritmine goşup, sazlaşykly hereketleri ýerine ýetirmegi öwretmek üçin, ilki bilen, okuwçylara saza goşup, dürli oýunlary oýnamagyň, dürli tanslary ýerine ýetirmegiň, dürli saz gönükmelerini (heňlerden bölekleri) hereketler arkaly ýerine ýetirmegi özleşdirmegi ösdürmegiň üsti bilen amala aşyrylýar. Bu pursatda okuwçylara, esasan, sazyň nähili häsiýetlidigine, onuň mazmunyna akyl ýetirmegi öwretmeli. Şeýle hem öwrenilýän we özleşdirilýän her bir saz eseriniň haýsy serişdeleri özlerine birleşdirýändigine üns berilmelidigini okuwçylara düşündirmeli.

Okuw maksatnamasyna laýyklykda, 1-nji synpyň 1-nji çärýeginde sapakda okuwçylara «Bibijan» diýen halk aýdymynyň sazyna tans hereketlerini ýerine ýetirmegi öwredýäris. Bu aýdymyň sazy özüniň mylaýymlygy bilen her bir diňleýjini özüne çekýär. «Bibijan» diýen halk aýdymyny okuwçylar uly höwes bilen ýerine ýetirýärler. Şonuň üçin hem bu aýdymyň sazyna tans hereketlerini ýerine ýetirmek okuwçylara kyn düşmeýär. «Bibijan» diýen aýdymyň sazy aram tizlikde ýaňlanýar. Biz tans öwredip başlanymyzda, ilki bilen tans edilende sazyň tizligine, saz sesleriniň beýgelişine, peselişine, sazyň heň hereketine görä hereketleriň üýtgeýändigine okuwçylaryň ünsüni çekýäris.

Biz şu ýerde ýene-de bir mysala ýüzlensek has-da ýerlikli bolar. Ýagny sapakda kompozitor N. Muhadowyň «Garaşsyz döwran» diýen aýdymynyň sazyna tans hereketlerini goşmagy we okuwçylara tans etmegi öwredenimizde, biziň esasy üns bermeli ugrumyz sazyň

häsiýet aýratynlygydyr (tans sazynyň tizliginiň çaltlanmagy we haýallamagy we ş. m. ).

Şeýlelikde, okuwçylara sazyň ritmine goşup, sazlaşykly hereket etmek öwredilende, hereketler arkaly çeper keşpleriň ýüze çykyşynyň ösüşi, dürli saz serişdeleriniň täsirliligi we aýdyňlygy okuwçylaryň saza goşup hereket etmegi çalt we ýeňil özleşdirmeklerine kömek edýär.

**Täsirli, açyk, aýdyň hereket etmek endikleri we başarnyklary**

Sazyň mazmunyna laýyklykda, sazyň ritmi bilen täsirli, açyk, aýdyň, sazlaşykly hereketleri ýerine ýetirmek üçin saza goşup şol ugra degişli hereket etmeklige degişli zehin, ukyplylyk okuwçylaryň özlerinde jemlenen bolmalydyr. Bu ugra degişli hereketleri bedenterbiýe sapaklarynda ýerine ýetirilýän hereketlerden saz bilen sazlaşykly gönükmelerde, sahnalaşdyrylan sazly oýunlarda we tanslarda ýerine ýetirilýän hereketlerden saýlap alyp, sapakda peýdalanmak maksadalaýyk bolar. Meselem, bedenterbiýe sapagynda ylgamak, ýöremek, bökmek ýaly hereketler esasy hasap edilýär. Şeýle hem bedenterbiýe sapagynda gimnastikanyň gönükmeleri bolan eginleriňi ýokaryk, aşak aýlap hereketlendirmek, aýagyňy we bütin göwräňi hereketlendirmek hem giňden ýerine ýetirilýär. Sapakda bu hereketler ýerine ýetirilende baýdajyklary, pökgüleri we dürli reňkli lentajyklary peýdalanmak hereketleriň ösmegine örän oňat kömek edýär. Bulardan başga hem bedenterbiýe sapagynyň esasy görnüşleri bolan hatara düzülmek, tegelek halka görnüşinde aýlawlary ýerine ýetirmek ýaly ugurlar bilen birlikde tanslar we köpçülik bolup ýerine ýetirilýän aýdymlar peýdalanylyp bilner.

**Sahnalaşdyrylan sazly oýunlar.** Bu ugurda, esasan, aýdymlaryň we sazlaryň mazmuny sahnalaşdyrylýan sazly oýunlar, dürli hereketler esasynda ýerine ýetirilýär. Ýagny okuwçylar aýdymlaryň we sazlaryň manysyna görä özlerine öňden tanyş bolan dürli gahrymanlaryň keşplerini sazyň ritmleri bilen sazlaşdyryp, hereketler arkaly ýerine ýetirýärler we olary janlandyrýarlar. Sahnalaşdyrylýan sazly oýunlarda okuwçylar ýüz-gözlerini, el-aýaklaryny we göwrelerini hereketlendirmek bilen, döredijilikli hereketleri tapmak we olary saza goşup, dogry ýerine ýetirmek barada oýlanýarlar. Sahnalaşdyrylýan sazly oýunlardaky bu hereketler keşpli, äheňli, many-mazmunly hereketler diýlip atlandyrylýar.

**Tans etmek.** Aýdym-saz sapagynda we sapakdan daşary geçirilýän saz işlerinde okuwçylara tans etmegi öwretmek örän ähmiýetli terbiýeçilik işleriniň biridir. Okuwçylara tans etmek öwredilende olaryň özlerine öňden tanyş bolan halk tanslarynyň hereketlerini saýlap almak we ol hereketleri işde peýdalanmak örän ýerliklidir. Sebäbi okuwçylar bu tanslara teleýaýlymda, toýlarda we dürli sazly çykyşlarda tomaşa edýärler. Olar halk tanslarynda ýerine ýetirilýän hereketleri çaltz özleşdirýärler we olary uly höwes bilen ýerine ýetirýärler. Mundan başga hem kiçi ýaşly mekdep okuwçylaryna tans etmek öwredilende, çagalara mahsus bolan el-aýaklaryňy, biliňi aýlamak, duran ýeriňde bökmek, el çarpmak, tegelek halkalary emele getirmek we saza goşup aýlanmak ýaly hereketler giňden peýdalanylýar. Şeýle hem okuwçylara tans etmek öwredilende, bedenterbiýe sapaklarynda we sahnalaşdyrylýan sazly oýunlarda ýerine ýetirilýän dürli hereketleri peýdalanmak maksadalaýyk hasap edilýär.

Aýdym-saz sapagynda okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna görä, sazyň ritmine goşup, saza laýyk täsirli, açyk, aýdyň hereket etmekde olaryň hereket ediş endikleriniň we başarnyklarynyň ösüş derejesiniň görkezijisi 2-nji çyzgyda giňişleýin berilýär:

*2-nji çyzgy*

**Okuwçylaryň täsirli, açyk, aýdyň hereket etmek endikleriniň we başarnyklarynyň ösüş derejesi**

| Esasy endikler we başarnyklar | Okuwçylaryň synplary we ýaş aýratynlyklary | | |
|---|---|---|---|
| | 1-nji synp | 2-nji synp | 3-4-nji synplar |
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| I. Bedenterbiýe 1) hereketleriň esasy görnüşleri | Saza goşup, arkaýyn, şähdaçyk ýöremek, ýeňilje ylgamak, uly bolmadyk ädim bilen öňe ýöremek, öňürdikläp (ýortup) göni hereket etmek | Ritm bilen sazlaşykly ýeňilje ýöremek, aýaklaryňy ýokaryk galdyryp, çalt ýöremek, ol aýagyňdan beýleki aýagyňa bökmek | Dabaraly äheňde emaý bilen ýeňiljek, örän çalt we giň ädimläp ýöremek, ritm bilen sazlaşdyryp, ol aýagyňdan beýleki aýagyňa bökmek, hereketleriň häsiýetini üýtgetmek (ýeňiljek, çalt) |

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| 2) gimnastiki gönükmeler | Baýdajyklar we ýaglyjaklar bilen hereketleri ýerine ýetirmek (ýokaryk, aşak, sag tarapa we çep tarapa), aýaklaryňy ýeňillik bilen maýyşgak hereketlendirmek, ýeňiljek oturyp--turmak | Predmetler bilen we predmetsiz dürli häsiýetli hereketleri ýerine ýetirmek, aýaklaryňy maýyşgak hereketlendirmek | Predmetler bilen, predmetsiz hereketleri ýerine ýetirmek (emaý bilen birsydyrgyn, dogumly) |
| 3) täzeden hatara durmak (düzülmek) | Iki bolup aýlaw esasynda ýöremek, köpçülik bolup aýdym aýdyp, oýun oýnamak esasynda hereket etmek | Özbaşdak göni halkany emele getirmek, iki bolup ýöremek we aralygy deň saklamak, tegelek halka bolup aýlanylanda halkany giňeltmek we daraltmak, hatar bolup aýlanylanda halkany giňeltmek we daraltmak, hatar bolup durlan wagty, bir wagtyň özünde dürli tarapa dargamak | Giň meýdançada hatar bolup deň ýöremegi, dürli oýunlar oýnamagy kesgitläp bilmek |
| II. Sahnalaşdyrylan sazly oýunlar. çeper keşpler esasynda manyly hereketler | Sazly oýunlardaky keşplere dürli häsiýetli äheňleri bermäge synanyşmak | Özbaşdak hereket etmek, saz keşplerine dürli häsiýetleri bermek, açyk, aýdyň, täsirli hereketleri gözlemek, hereketler ýerine ýetirilende biri-birine meňzetmezlik | Dürli keşpli oýunlarda, açyk, aýdyň, täsirli hereketleri ýüze çykarmak, aýdymlary oýunlar esasynda sahnalaşdyrmak, oýunlarda keşpli hereketleriň täze görnüşlerini tapmak, oýlanmak |

Okuwçylara sazyň ritmlerine goşup, sazlaşykly hereketleri ýerine ýetirmek öwredilende, ýokarda agzalan ugurlara laýyklykda saýlanyp alnan dürli hereketler özleriniň kesgitli bellibir maksadyna eýe bolmak bilen, her bir hereket saz eseriniň mazmunyny hem-de häsiýetini ýüze çykarýar. Bu agzalan ugurlaryň ählisiniň ýerine ýetirilişindäki esasy talaplar biri-biri bilen meňzeşdir. Meselem, bedenterbiýe sapagynda hereket etmegiň bir görnüşi bolan ýöremek (ýekelikde, iki, üç, köpçülik bolup, aýak goşup ýöremek) öwredilende, okuwçylaryň göwrelerini dogry saklaýyşlary, aýaklaryny deň hereketlendirmegi dogry kesgitläp bilmekleri bu ugruň esasy talaplarydyr. Bu talaplar sazyň ritmine goşup, sazlaşykly hereket etmegiň hem esasy ýörelgesi hasap edilýär. Ýagny okuwçylara özleriniň her bir ýerine ýetirýän hereketlerini sazyň ritmi bilen sazlaşdyrmaklygy kesgitläp bilmek öwredilmelidir. Bedenterbiýe sapaklaryndaky hereketler sazsyz ýerine ýetirilýän bolsa, saz sapaklarynda her bir hereket sazyň ritmi bilen sazlaşdyrylyp ýerine ýetirilýär.

Başlangyç synp okuwçylary 1-nji we 2-nji çyzgylarda görkezilen dürli hereketleri sazyň ritmine goşup, sazlaşykly hereket etmegi özleşdirmek bilen birlikde, olar hereketleri täsirli we aýdyň ýerine ýetirip bilmelidirler. Ol çyzgylarda sazyň ritmine goşup hereket etmek endikleriniň we başarnyklarynyň synpdan-synpa çylşyrymlaşmagy, onuň talaplary, görnüşleri, ugurlary örän aýdyň görkezilipdir.

Okuwçylaryň saza goşup, täsirli, açyk, aýdyň hereket etmek endikleri we başarnyklary san taýdan hem (hereketleriň görnüşleri we göwrümi), hil taýdan hem (çeper keşpler esasynda hereket etmek, sazly oýunlardaky dürli çeper keşpleriň görnüşleri, saza goşup ýöremegiň we ylgamagyň häsiýetleri we ş. m. ) synpdan-synpa çylşyrymlaşýar.

## §10. Saza laýyk hereket etmegi öwretmekde peýdalanylýan usullar

Aýdym-saz sapagynda we sapakdan daşary geçirilýän saz işlerinde okuwçylara sazyň ritmine goşup, sazlaşykly hereket etmegiň we aýdym aýtmaklygy öwretmegiň usulyýeti özboluşly umumylyga we meňzeşlige eýedir.

Ol umumylyk we meňzeşlik aşakdakylardan ybarat:

*Birinjiden*, sazyň ritmi bilen sazlaşykly hereket etmegi we aýdym aýtmagy öwretmegiň usulyýetleriniň ikisinde hem birmeňzeş usullar peýdalanylýar:

- **açyk, aýdyň eşidiş usuly** - mugallymyň täsirli ýerine ýetirmeginde öwrenilýän saz eserini diňlemek;
- **aýdyň hereket etmek usuly** - dürli oýunlary, tans hereketlerinden bölekleri ýerine ýetirip görkezmek;
- **sözleýiş usuly -** mugallymyň täze öwrenilýän oýunlarda, tanslarda hereketler ýerine ýetirilende keşbe girip, hereketler arkaly gürrüň bermegi, düşündirmegi;
- **gönükmeler** - hereketleri birnäçe gezek gaýtalamak, tanyş materiallaryň görnüşini üýtgetmek.

*Ikinjiden*, okuwçylara aýdym aýtmagyň hem-de ritm bilen sazlaşykly hereket etmegiň ugurlary öwredilende okuwçylaryň ýaş aýratynlygy we olaryň ýerine ýetirip bilijilik mümkinçilikleri, saz eserler toplumynyň çylşyrymlylygy hasaba alynmalydyr. Emma, bulara garamazdan, bu görnüşleriň her biri özleriniň käbir özboluşly aýratynlyklaryna hem eýedir. Sebäbi ol aýratynlyklar saz işlerini ýerine ýetirmegiň diňe bir görnüşine degişlidir. Biz häzir ol aýratynlyklaryň üstünde ýörite durup geçeliň.

Sapakda haýsy hem bolsa bir saz eseri öwrenilende, öwrenilýän saz eseriniň manysyna okuwçylaryň dolulygyna akyl ýetirmeklerini, oňa düşünmeklerini gazanmak okuw maksatnamasynyň esasy talaplarynyň biridir. Sebäbi sapakda öwrenilýän her bir saz eseri özüniň häsiýetine, kesgitli mazmunyna, uly bolmadyk göwrümine (oýunly aýdymlar, marş sazlary, dürli sazlar, çaga tanslary) eýedir. Oýunly aýdymlar, marş sazlary, tanslar öwrenilýän wagtynda her bir hereketiň sazyň ritmleri bilen sazlaşykly ýerine ýetirilmegi, mugallymdan her bir okuwçynyň ýerine ýetirýän hereketlerine inçelik bilen syn etmegi talap edilýär. Sazly oýunlaryň, tanslaryň manysyna dolulygyna düşünmek, akyl ýetirmek arkaly hereket etmek saz bilen hereketiň sazlaşygyna akyl ýetirmek, düşünmek we olary sazlaşykly baglanyşdyrmakdyr.

Aýdym-saz sapagynda okuwçylara saza laýyk hereket etmegi öwretmek örän çylşyrymly, kyn iş hasap edilýär. Sebäbi sapakda okuwçylara sazly oýunlar, tanslar, saza goşup ýöremek öwredilende

olar birnäçe toparlara bölünýärler we ol toparlaryň ählisi bilelikde dürli hereketleri ýerine ýetirmeli bolýarlar. Bu bolsa okuwçylaryň we mugallymyň öňünde birnäçe kynçylyklary ýüze çykarýar. Bu çylşyrymly işi amala aşyrmak üçin mugallym sapakda peýdalanmak üçin dürli iş usullaryny saýlap almaly bolýar. Meselem, mugallym okuwçylara saza laýyk hereket etmegi öwredýän pursady görkezmek usulyny peýdalananda okuwçylaryň ýerine ýetirmeli her bir hereketini ilki mugallymyň özi ýerine ýetirip görkezýär. Soňra okuwçylar bu hereketleri mugallym bilen bilelikde gaýtalaýarlar. Şeýle hem mugallym sapakda sözleýiş usulyny giňden peýdalanýar.

Mugallym sapakda saza laýyk her bir hereketiň sazyň ritmi bilen sazlaşdyrylyp ýerine ýetirilmelidigini söz bilen keşpli görnüşde okuwçylara düşündirýär. Sapakda düşündiriş işleri gysgadan düşnükli bolmalydyr. Sazly oýunlardaky, tanslardaky ýaýbaňlandyrylan hereketler özüniň özboluşly öwrediş usulyna we tärlerine eýedir. Sazly oýunlary, tanslary täsirli ýerine ýetirmegi amala aşyrmagyň ilkinji tanyşdyrylyşy birnäçe möhüm usullary özüne birleşdirýär. Mugallym sapakda ilki bilen öwreniljek saz eserini dolulygyna okuwçylara diňledýär, soňra saza laýyk ýerine ýetiriljek hereketler barada gysgaça düşündiriş berýär we ol okuwçylara saz eserini täzeden diňledýär. Bu işlerden soňra saz eserini hereketler bilen sazlaşdyrmagy öwredip başlaýar. Bu usul, esasan, ýönekeý, ýeňiljek sazly oýunlar, tanslar öwrenilende ulanylýar. Meselem, sapakda kompozitor Weli Ahmedowyň «Kiçi bilen geçi» diýen aýdymyny sazyň ritmi bilen sazlaşykly hereketler arkaly ýerine ýetirmek okuwçylarda uly täsir galdyrýar. Sebäbi aýdym hereketler bilen sazlaşdyrylyp, keşpler arkaly ýerine ýetirilende aýdymyň mazmuny okuwçylar üçin has-da düşnükli we täsirli bolýar. Bu bolsa okuwçylaryň aýdymy hereketli keşpler arkaly şekillendirip ýerine ýetirmeklerine kömek edýär.

Kompozitor W. Ahmedowyň «Owlaklar» diýen aýdymy özüniň adyndan belli bolşy ýaly, gülälekli meýdanda otlap ýören owlajyklar barada gürrüň berýär. Okuwçylar bu aýdymyň sazyna laýyk hereket etmegi öwrenmek bilen gül-gülälekli giň sährada bökjekleşip ýören enaýyja owlajyklaryň hereketlerini ýerine ýetirmäge synanyşýarlar. Olar bu pursatda saza goşup, dürli hereketleri ýerine ýetirmegiň ugurlaryny öwrenýärler. Şeýlelikde, olar saza laýyk hereket etmegi

öwrenmek bilen sazyň ritmlerini duýmaga bolan başarnyklary hem özleşdirýärler.

Mugallym okuwçylara oýun görnüşli hereketleri düşündirende görkezmek usulyny peýdalansa, has-da ýerlikli bolar. Mugallym ilki bilen aýdymyň sözlerine äheň berip, ony okuwçylara aýdyp berýär. Soňra okuwçylaryň ählisi bilelikde aýdymy ýerine ýetirýärler.

### Owlaklar

Sazy *Weli Ahmedowyňky*
Goşgusy *Kaýum Taňrygulyýewiňki*




Şeýle sazlaşykly tärler we usullar, ýagny sapakda saz eserini ýerine ýetirmek, oýun hereketlerini ýerine ýetirip görkezmek ýaly usullar okatmagyň täsirli ugurlarynyň biri hasap edilýär. Ýöne muňa garamazdan, mugallym okuwçylaryň özleriniň saza laýyk hereketleri özbaşdak gözläp tapmaklaryna we ýerine ýetirmeklerine bolan ugrukdyryjy usullary öz işinde peýdalanmalydyr.

Kiçi ýaşly mekdep okuwçylary saz eseriniň bellibir böleklerini ýat tutmaga ukyplydyrlar (saz keşpleriniň ösüş häsiýetleri, saz eseriniň tizliginiň, dinamiki belgileriniň üýtgemekligi). Bu bolsa okuwçylaryň saz eseriniň manysyna dolulygyna akyl ýetirmeklerine kömek edýär we olaryň saz eseriniň gurluşy baradaky düşünjelerini ýüze çykarýar. Şonuň üçin hem okuwçylara sazyň dil aýratynlygyny duýmagy we ony hereketlere geçirmegiň esasy usullaryny we tärlerini saýlap almagyň ugurlary öwredilmelidir.

Biz şu ýerde kompozitor W. Ahmedowyň «Pökgim» diýen aýdymy öwredilende ulanyljak usullaryň we tärleriň yzygiderliliginiň üstünde durup geçeliň. Bu aýdymyň sazy özüniň häsiýeti boýunça ýeňiljek we şadyýan ýaňlanýar. Okuwçylar iki-ikiden durup, öwrenilýän aýdymyň sazyna goşup, biri-birlerine pökgini oklap-gapyp başlaýarlar. Okuwçylar toplary oklaýan wagtlary hem, toplary gapýan wagtlary hem sazyň ritmleri bilen sazlaşdyryp, dürli hereketleri ýerine ýetirýärler. Oýunda ýerine ýetirilýän her bir hereket aýdymyň sazynyň akkordlaryna laýyk, onuň ritmleri bilen doly gabat gelmelidir. Şonuň üçin hem okuwçylara hereketleri saz bilen sazlaşykly dogry ýerine ýetirmegi öwretmek üçin ilki bilen maksadalaýyk taýýarlyk gönükmeleriniň üstünde işläp, ony doly özleşdirmek zerurdyr. Dürli saz gönükmeleri özleşdirilýän wagty okuwçylar saz eseriniň ýerine ýetiriliş aýratynlygyna üns bermek bilen, aýdymda ýerine ýetiriljek hereketleri göz öňüne getirip başlaýarlar.

Şeýlelikde, aýdym-saz sapaklaryny yzygiderli geçmek we sapakda dürli pedagogiki usullaryny ýerlikli peýdalanmak okuwçylaryň sazly oýunlary, tanslary oňat özleşdirmeklerine, saza laýyk hereket etmegiň endiklerini ele almaklaryna, sazyň ritmlerine goşup, hereketleri täsirli, oňat ýerine ýetirmeklerine ýardam edýär.

Sapakda okuwçylara tans etmegi öwretmegiň we aýdymlary hereketler bilen sazlaşdyryp ýerine ýetirmegiň usullary biri-biri bilen meňzeşdir. Sapakda okuwçylara aýdymlar, tanslar, sazyň ritmine goşup, sazlaşykly hereket etmek, sazly oýunlar barada täsirli gürrüň berlende, olarda şol ugurlara bolan isleg, gyzyklanma ýüze çykýar, olary ýerine ýetirmäge bolan höwes, isleg peýda bolýar.

Sapakda okuwçylara sazyň ritmi bilen sazlaşykly hereket etmegi öwretmek yzygiderlilik usuly esasynda alnyp barylýar. Özleşdirmesi çylşyrymly, kyn bolan hereket elementleri öwredilip başlananda, sapakda ilkinji taýyarlyk gönükmeleri peýdalanylýar. Sapakda ýerine ýetiriljek her bir hereket okuwçylara dogry, anyk görkezilmelidir hem-de olar gysgaça düşündirilmelidir. Mugallymyň okuwçylara görkezýän hereketleriniň dogry we sowatly bolmagy hökmanydyr. Sebäbi mugallymyň her bir görkezýän hereketi okuwçylaryň sazyň ritmine goşup, hereket edijilik hiliniň oňat bolmagyny kesgitleýär.

Sapakda peýdalanylýan usuly tärler her bir okuwçynyň ýerine ýetirijilik ukybyny işjeňleşdirmäge gönükdirilende özüniň oňat netijesini berýär. Muňa aşakdakylar girýär:

1. Okuwçylaryň her biriniň ýerine ýetirijilik endikleriniň we başarnyklarynyň ösüş derejesini barlamak, olaryň gazanýan üstünliklerine görä özlerini alyp baryşlaryna gözegçilik etmek.

2. Sapak wagtynda her bir okuwçynyň ýerine ýetirijilik ukybyna görä dürli usuly tärleri ýerlikli peýdalanmak:

- sapak wagtynda ynamsyz hereket edýän okuwçylaryň höweslerini ýokarlandyrmak, özlerine göwni ýetip, artyk hereket edýän okuwçylaryň isleglerini çäklendirmek üçin şertler döretmek;
- umumy okuwçylar toparyna berilýän görkezmeler bilen birlikde, käbir okuwçylara aýratyn görkezmeler bermek;
- okuwçylaryň aýry-aýrylykda we topar bolup ýerine ýetirýän hereketlerine özleriniň baha bermeklerini guramak.

3. okuwçylar bilen aýry-aýrylykda (indiwidual) geçilýän sapaklara zerur bolan ýagdaýynda 2–3 minutyň dowamynda goşmaça wagt goşmak.

Şeýle häsiýetdäki usuly tärleri peýdalanmak okuwçylaryň döredijilik isleglerini we ýerine ýetirijilik endiklerini ösdürýär. Bu bolsa ösüp barýan ýaş nesle bilim we terbiýe bermegiň iň wajyp ugurlarynyň biridir.

## §11. Sapakda okuwçylary saz gurallarynyň görnüşleri bilen tanyşdyrmak

Biziň häzirki günlerimizde ösüp gelýän ýaş nesli ählitaraplaýyn ösen, medeniýetli adamlar edip ýetişdirmek, bilim işgärleriniň öňünde durýan baş maksatlaryň biridir. Umumy orta bilim berýän mekdeplerde okuwçylara dünýä ülňülerine laýyk gelýän ählitaraplaýyn bilim bermek orta mekdeplerde terbiýeçilik işleriniň düýbüni tutmagyň esasy hasap edilýär.

Hormatly Prezidentimiz bilim, ylym ulgamynyň işgärleri bilen geçirýän duşuşyklarynda özümiziň ösüp gelýän ýaş nesillerimize dünýä ülňülerine laýyk gelýän bilim bermelidigimizi, geljekki Watan eýelerini ösen şahsyýetler edip ýetişdirmelidigimizi aýratyn nygtap geçýär.

Häzirki zaman pedagogika ylmynda mekdep okuwçylaryna ählitaraplaýyn bilim we terbiýe bermek esasy meseleleriň biridir. Şeýlelikde, orta mekdeplerde alnyp barylýan bilim we terbiýeçilik ugurlarynyň ählisi bilen birlikde okuwçylara saz terbiýesini bermegiň öňünde hem birnäçe çözülmeli meseleler ýüze çykýar.

Mekdep okuwçylaryna saz sungatynyň üsti bilen estetiki terbiýe bermek aýdym-saz mugallymynyň esasy borjy hasap edilýär. Aýdym-saz sapagynda mekdep okuwçylaryny saz gurallarynyň dürli görnüşleri, olaryň ýaňlanyşy bilen tanyşdyrmagyň hem terbiýeçilik ähmiýeti örän uludyr. Häzirki wagtda biziň bagtyýar zamanamyzy aýdym-sazsyz göz öňüne getirmek asla mümkin däl.

Mekdeplerde aýdym-saz sapagynda okuw maksatnamasyna laýyklykda, okuwçylara saz gurallarynyň görnüşleri barada hem düşünje bermek göz öňünde tutulýar. Sapakda okuwçylara saz gurallarynyň görnüşleri barada düşünje bermek okuwçylaryň döredijilik ukybynyň ösmegine kömek edýär.

Aýdym-saz sapagynda mugallym okuwçylary saz gurallarynyň dürli görnüşleri bilen tanyşdyrmak arkaly mekdep okuwçylarynyň saz sungaty bilen özbaşdak meşgullanmaklaryna isleg, gyzyklanma döretmeklige çalyşmalydyr.

Sapakda okuwçylara görkezilýän saz gurallarynyň her biri örän arassa ýaňlanyşyna eýe bolmak bilen, ol saz gurallarynyň labzy (tembri) çagalary özüne çekmelidir we olar okuwçylar üçin düşnükli bolmalydyr. Şeýle hem sapakda okuwçylara saz gurallarynyň her biri özüniň agramy boýunça ýeňil, gurluşy boýunça ýönekeý bolmalydyr. Sapakda okuwçylara görkeziljek saz gurallarynyň ählisi sapak başlamazdan öňürti düzülip, taýýar edilip goýulmalydyr.

Aýdym-saz mugallymy sapakda okuwçylary saz gurallarynyň görnüşleri bilen tanyşdyrýan wagty saz gurallarynyň saz toparlarynda peýdalanylyşy, olary peýdalanmagyň ähmiýeti, tanyşdyrylýan saz gurallarynda çalmagyň ýönekeý usullary we ol saz gurallarynyň gurluşy barada okuwçylara giňişleýin düşünje bermelidir. Sapakda mugallym saz gurallarynyň ýaňlanyşy, onuň saz toparlaryndaky ähmiýeti barada okuwçylara giňişleýin düşünje bermek üçin kärlerine ussat saz toparlarynyň çalan sazlarynyň ýazgysyny okuwçylara diňletmeli. Şeýle hem ol sapakda dürli saz toparlarynyň şekili çekilen görkezme

esbaplary, saz toparlarynda we ýekelikde saz çalýan sazandalaryň suratlaryny peýdalanmalydyr.

Aýdym-saz sapagynda okuwçylara saz gurallarynyň görnüşleri barada düşünje bermek üçin, ilki bilen okuwçylar saz gurallarynyň toparlara bölünişi bilen tanyşdyrylmalydyr. Ýagny saz gurallary özleriniň gurluşlary boýunça dürli toparlara bölünýärler.

Saz sapagynda mugallym okuwçylary saz toparlarynyň düzümine girýän saz gurallarynyň atlary we görnüşleri bilen hem tanyşdyrýar:

1. Kirişli saz gurallary topary: *dutar, gyjak, dombra, skripka, rubap, tar, wiolonçel, kontrabas, arfa* we ş. m.
2. Üflenip çalynýan saz gurallary topary: *naý, fleýta, gargy tüýdük, dilli tüýdük, goşa dilli tüýdük, klarnet, goboý, fagot, trombon, truba, tuba* we ş. m.
3. Klawişli saz gurallary topary: *akkordeon, baýan, pianino*, häzirki zaman saz guraly bolan r*itm-bloklar* we ş. m.
4. Kakylyp çalynýan saz gurallar topary: *deprekleriň* dürli görnüşleri, *üçburçluklar*, *ksilofon, metallafon, tarelkalar* we ş. m.

Mugallym sapakda okuwçylary ýokarda agzalan saz gurallar toparlary bilen tanyşdyrýan mahaly okuwçylaryň saz gurallaryny ellerine alyp, tarlaryna kakyp görmäge, saz gurallarynyň ses basgançaklaryna (klawişlerine) basyp görmäge şert döretmelidir. Ýagny mugallym, mümkin bolsa, sapakda okuwçylara tanyşdyrmaga niýetlenen saz gurallaryny sapaga alyp gelmelidir. Bu okuwçylaryň saz gurallary barada düýpli düşünje almaklaryna ýardam edýär.

Şeýlelikde, umumy orta bilim berýän mekdepleriň başlangyç synplarynyň ählisinde, ýagny synp okuwçylary aýdym-saz sapagynda saz gurallarynyň ähli görnüşleri bilen tanyşdyrylýar. Başlangyç synp okuwçylaryny saz gurallarynyň görnüşleri bilen tanyşdyrmak okuw maksatnamasynyň esasynda alnyp barylýar. Okuw maksatnamasynyň mazmunyna laýyklykda, okuwçylary saz gurallarynyň görnüşleri we olaryň ýaňlanyş aýratynlyklary bilen tanyşdyrmagyň öňünde durýan esasy wezipe kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynyň aýdym-saz eserleri we saz gurallary baradaky düşünjelerini ösdürmekden, saz sungatyna bolan islegi, gyzyklanmany kemala getirmekden ybaratdyr. Şeýlelikde, kiçi ýaşly mekdep okuwçylary saz sapagynda saz gurallarynyň görnüşleri bilen tanyşdyrylanda aşakdaky bilimleri we başarnyklary ele almalydyrlar:

1. Her bir mekdep okuwçysy saz gurallarynyň görnüşlerini we atlaryny bilmelidir.

2. Saz gurallarynyň ýaňlanyş aýratynlyklarynyň häsiýetine düşünmelidirler.

3. Saz gurallaryny dogry peýdalanmagyň we olary dogry saklamagyň düzgünlerini bilmelidir.

4. Saz gurallarynda ýerine ýetirmegiň usullaryny bilmelidirler.

5. Dürli saz gurallarynda beýik we pes sesleriň ýerleşýän ýerlerini bilmelidirler.

6. Klawişli saz gurallarynyň ses basgançaklarynda *do, re, mi, fa, sol, lýa, si* sesleriniň yzygiderlikde ýerleşýän ses basgançaklaryny we atlaryny doly bilmelidirler.

Başlangyç synp okuwçylary aýdym-saz sapagynda saz gurallarynda saz çalmak barada aşakdaky ugurlary öwrenmelidirler:

1. Okuwçylar dürli saz gurallarynda saz çalmagyň ýönekeý usullary barada düşünje almaly.

2. Üflenip çalynýan saz gurallarynda saz çalynýan wagty dem alyş usuly we ony dogry peýdalanmagyň ýönekeý ugurlary barada düşünje almaly.

3. Topar (ansambl) bolup saz çalmakda sazy deň başlamagyň we deň gutarmagyň ähmiýeti, olaryň düzgünleri baradaky düşünjeleri ele almaly.

4. Okuwçylar aýdym-saz sapagynda ýekelikde ýönekeý heňleri çalyp öwrenmeli.

5. Okuwçylaryň özlerine tanyş bolan aýdym-sazlary eşitmek arkaly olary dogry kesgitlemegi başarmaly.

Mekdep okuwçylarynyň saz gurallarynda saz çalmaklary üçin niýetlenen saz eserler toplumy çeperçilik taýdan kämil saz eserleri bolmak bilen, olar çagalaryň ruhy dünýäsine ýakyn, mazmuny okuwçylar üçin düşnükli bolmalydyr. Okuwçylaryň aýdym-saz sapagynda çalyp öwrenmekleri üçin hödürlenýän saz eserler toplumy häzirki zaman we nusgawy kompozitorlaryň saz eserlerinden, halk aýdym-saz eserlerinden ybarat bolup, ol saz eserleriniň mazmuny dürli häsiýeti özünde jemlemek bilen, özüniň terbiýeçilik ähmiýetine eýe bolmalydyr.

Mekdep okuwçylarynyň içki duýgularyna täsir edýän aýdym-sazlar, esasan, watansöýüjilik häsiýetli bolmalydyr. Okuwçylary wa-

tan hakyndaky, hormatly Prezidentimiz, türkmen goşuny baradaky aýdym-sazlar has-da tolgundyrýar. Olar kompozitor R. Rejebowyň «Parla, Watan baýdagy», kompozitor A. Agajykowyň «Parla, baýdagym, parla» ýaly aýdymlaryny, kompozitor N. Hojamuhammedowyň «Türkmen goşuny» ýaly gahrymançylyk häsiýetli aýdym-saz eserlerini okuwçylar uly gyzyklanma bilen diňleýärler we olary ýerine ýetirýärler. 3-nji synp okuwçylary, esasan, liriki häsiýetli saz eserlerini uly gyzyklanma bilen ýerine ýetirýärler we olary özlerine oňat kabul edýärler. Muňa mysal edip, kompozitor Nury Muhadowyň «Gyzjagaz», kompozitor H. Baýramdurdyýewiň «Leýli saç», kompozitor Aşyr Abdyllaýewiň «Garly gün» ýaly aýdymlaryny görkezmek bolar.

Şeýle hem saz gurallarynda saz çalmagyň saz eserler toplumyna (repertuarlar) kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynyň uly höwes bilen ýerine ýetirýän, diňleýän aýdym-sazlary girizilipdir. Ol aýdymlar guşlar, haýwanat dünýäsi bilen bagly döredilen aýdymlardyr. Meselem, kompozitor W. Ahmedowyň «Owlaklar», kompozitor Çary Nurymowyň «Döwranyň aýdymy», kompozitor Nury Halmämmedowyň «Durnalar», kompozitor B. Hudaýnazarowyň «Bagda bilbil saýraýar» ýaly başga-da birnäçe aýdymlary mysal edip görkezmek bolar.

Aýdym-saz sapagynda okuwçylar saz gurallarynyň görnüşleri, olaryň ýaňlanyş aýratynlyklary bilen tanyşdyrylanda, mugallym okuwçylara belli kompozitor D. B. Kabalewskiniň «Üç kit» diýip, örän ýerlikli atlandyran aýdymy, ýöriş, tans atly saz görnüşlerini (žanrlary) saz eserler toplumyna girizmek ýerlikli bolar.

Bu ýerde biziň esasy bellemeli ugrumyz okuwçylara saz sapagynda ýerine ýetirmek üçin hödürleýän saz eserlerimiziň sanyna üns bermän, eýsem, saz eserleriniň mazmunynyň dürli häsiýetlidigini göz öňünde tutmalydyrys. Meselem, ýöriş sazlary özleriniň häsiýetleri boýunça açyk, aýdyň, ýeňil, ýönekeý, şadyýan baýramçylyk häsiýetli sazlar bolup bilerler.

Okuwçylar sapakda saz gurallary toparlary we olaryň görnüşleri, toparlarda çalynýan saz gurallarynyň atlary bilen tanyşdyrylanda mugallym sapakda şol toparlaryň ýerine ýetirmeklerinde dürli mazmunly saz eserlerini okuwçylara diňletmelidir. Aýdym-saz sapagynda okuwçylara saz toparlarynyň ýerine ýetirmeklerinde diňleniljek saz

eserleri özleriniň düzülişi we heňleriniň göwrümi boýunça uly bolmaly däldir. Diňlenilýän saz eserleriniň heň öwrümleri uly bolmadyk ses aralyklary esasynda gaýtalanyp durmalydyr we ritm şekilleri ýönekeý bolmalydyr. Saz toparlarynyň ýerine ýetirmekleri üçin hödürlenilýän saz eserleriniň ýerine ýetirilişiniň täsirliligi we tizligi netijesinde, sazdaky çeper keşpleriň häsiýetleri hem üýtgeýär. Şonuň üçin hem mugallym saz eserinde çeper keşpleriň üýtgeýändigini dürli pedagogiki usullar arkaly okuwçylara düşündirmelidir. Ýagny bu ýerde saz toparlarynyň çalmagynda, saz diňlenýän pursadynda bir saz guralynyň diňe özüniň haýsy hem bolsa bir temany çalmagy, soňra saz toparyndaky ähli saz gurallarynyň goşulyşyp çalmaklary we ş. m. göz öňünde tutulýar.

Okuwçylara çaga saz gurallarynda saz çalmagy öwretmek olaryň ýerine ýetirijilik, döredijilik işleriniň esasy görnüşleriniň biridir. Sapakda saz çalmagy öwretmek üçin peýdalanylýan çaga saz gurallary okuwçylaryň sazyň ritmini, saz sesleriniň sazlaşygyny, tembrini duýmaklyga bolan ukybyny ösdürýär.

## §12. Saz gurallary toparlary we olaryň görnüşleri

Umumy orta bilim berýän mekdeplerde aýdym-saz sapagynda ýa-da sapakdan daşary geçirilýän saz işlerinde okuwçylar hökmany suratda dürli saz gurallar orkestrleri, olaryň görnüşleri, ýerine ýetirijilik häsiýetleri bilen giňişleýin tanyşdyrylmalydyr. Okuwçylar şu pursatdan başlap, saz sungaty barada giňişleýin düşünje almak bilen birlikde, olaryň saz medeniýetiniň düýbi tutulýar. Biziň bilşimiz ýaly, saz topary diýlip, birnäçe saz gurallarynyň dürli görnüşleriniň bir topara birleşip, olaryň saz eserini bilelikde ýerine ýetirmeklerine aýdylýar. Emma kiçi ýaşly mekdep okuwçylaryna orkestr barada düşünje bermek üçin ýokarda bellenen düşündiriş ýeterlik däl. Şonuň üçin hem her bir aýdym-saz sapagyny okadýan mugallym okuwçylara saz gurallar toparlary hakynda dürli usullar arkaly düýpli bilim we düşünje bermeklige çalyşmalydyr.

Eýsem, saz toparlary (orkestr) haçan, nirede döräpdir, saz toparlarynyň (orkestriň) näçe görnüşi bar? Geliň, şular barada durup geçeliň.

*Orkestr* sözi ilki bilen gadymy Gresiýada döräp, ol söz «*orchestra*», ýagny sahnanyň öňündäki ýer diýmegi aňladypdyr. Şol döwürlerde gadymy grekler orkestre goşup, gaýgyly (tragiki) hor eserlerini ýerine ýetiripdirler. Soňra saz sungatynyň ösmegi bilen orkestr sazandalaryň uly ansambly diýlip atlandyrylypdyr. Ýagny sazandalar bilelikde haýsy hem bolsa bir saz eserini ýerine ýetiripdirler. Bu ansamblllarda dürli saz gurallary özara birleşip, dürli sazlary ýerine ýetiripdirler. Uzak wagtlap orkestrleriň bellibir kesgitli düzgüni bolmandyr. Şol döwürlerde her bir barly adamlar özleriniň hususy orkestrlerine eýe bolupdyrlar. Şeýlelikde, her bir orkestriň saz gurallarynyň saýlanyp alnan düzümi, orkestrdäki sazandalaryň sany, saz toparlarynyň (orkestrleriň) hojaýynlarynyň isleglerine görä düzülipdir. Soňra ýuwaş-ýuwaşdan saz sungatynyň tejribe taýdan kämilleşmeginiň netijesinde saz toparlarynyň görnüşleri kesgitlenilip, olar kämil görnüşe eýe bolupdyrlar. Häzirki wagtda birnäçe saz toparlary bolup, şolaryň içinde iň uly, iň kämil saz toparlarynyň biri hem simfoniki saz orkestridir. Hormatly Prezidentimiziň ýurt başyna gelmegi bilen biziň Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde simfoniki orkestrimiz täzeden dikeldildi we ol «Türkmenistanyň döwlet simfoniki orkestri» diýlip atlandyryldy. Simfoniki orkestrlerde, esasan, kompozitorlar tarapyndan döredilen uly göwrümli saz eserleri bolan simfoniýalar, sýuitalar, simfoniki poemalar we fantaziýalar, şeýle hem kinofilmleriň sazlary çalynýar, ýerine ýetirilýän operalara, operettalara we orotoriýalara sazandarlyk edilýär. Mundan başga-da simfoniki orkestr haýsy hem bolsa bir saz guraly bilen özara sazlaşyp, goşulyşyp, simfoniki orkestr we saz guraly üçin döredilen saz eserini ýerine ýetirýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň «Ile döwlet geler bolsa...» atly ajaýyp kitabynda simfoniki orkestriň köp sesli sazynda her bir saz guralynyň gaýtalanmajak owazy özüniň baý öwüşgini bilen umumy sazlaşyga utgaşyp gidýändigini guwanç bilen belläp geçýär. Simfoniki orkestriň düzümine örän köpdürli saz gurallary girýär. Onuň düzümine syýhalyp çalynýan saz gurallary (skripkalar, wiolonçeller, kontrabaslar), kakylyp çalynýan saz gurallary (litawrlar, üçburçluklar, depler, barabanlar), üflenip çalynýan saz gurallary (trubalar, trombonlar, tubalar, klarnetler, kornetler, go-

boýlar we ş. m. ), şeýle hem käbir halatlarda *arfa, roýal, organ* ýaly saz gurallary girýär. Simfoniki orkestriň sazandalarynyň saz eseri ýerine ýetirilýän wagty islän ýerinde oturmaga haky ýokdur, sebäbi simfoniki orkestriň düzümine girýän her bir saz gurallar toparynyň özleriniň kesgitli bellenen ýerleri bardyr we olar hökman şol ýerde hem oturmalydyrlar. Öňler dünýäniň ähli ýerinde orkestrlerde saz gurallar toparlarynyň oturyşlary birmeňzeş bolupdyr. Ýagny çep tarapda 1-nji skripkalar oturypdyrlar. Sebäbi 1-nji skripkalar simfoniki orkestriň esasy saz gurallary bolmak bilen, olar owadan, täsirli heňleri ýerine ýetiripdirler. Şonuň üçin hem 1-nji skripkalar «esasy ýerde» oturypdyrlar. Sag tarapda bolsa 2-nji skripkalar oturypdyrlar. 2-nji skripkalaryň yzyna alt kirişli saz gurallary, ortada wiolonçeller, olaryň yzynda agaçdan ýasalan, üflenip çalynýan saz gurallary ýerleşdiripdir.

Häzirki wagtda simfoniki orkestrde saz gurallar topary drižýoryň islegine bagly dürli görnüşlerde oturýarlar. Bu, esasan, simfoniki orkestrde ýerine ýetiriljek saz eseriniň aýratynlygy bilen kesgitlenilýär. Emma muňa garamazdan, bir zat üýtgemän, öňküligine galýar. Ýagny orkestriň düzüminiň üflenip çalynýan misden bolan saz gurallar toparyna waltorna, truba, trombon, tuba, üflenip çalynýan agaç saz gurallar toparyna fleýta, goboý, klarnet, fagot, syýhalyp çalynýan kirişli saz gurallar toparyna skripka, alt, wiolonçel, kontrabas girýär. Bu toparlaryň her biri özleriniň bellenilen ýerlerinde bilelikde oturdylýar.

Simfoniki orkestrde kirişli saz gurallarynyň sany köp bolýar. 1-nji skripkalaryň sany 10-dan 18-e çenli, 2-nji skripkalaryň sany 8-den 16-a çenli, altlar 6-dan 14-e çenli, wiolonçeller hem 6-dan 12-ä çenli, kontrabaslar 4-den 8-e çenlidir. Munuň sebäbi kirişli saz gurallarynyň sesleriniň ýaňlanyşy näzik, mylaýymdyr. Biz trombonyň sesi bilen skripkanyň sesini deňeşdirenimizde, bu saz gurallary bilelikde saz çalsalar, onda trombonyň sesi skripkanyň sesini doly basýar we skripkanyň sesi eşidilmeýär. Şeýlelikde, saz sesleriniň hemmesiniň sesleriniň deň eşidilmegi üçin kirişli saz gurallarynyň sany orkestriň düzüminde köpdür. Şonuň üçin hem kirişli saz gurallar topary orkestrde dirižýora we diňleýjilere ýakyn oturýarlar.

Agaçdan ýasalan, üflenip çalynýan saz gurallar toparynyň ýagdaýy kirişli saz gurallary bilen deňeşdirenimizde, biraz ýeňildir. Se-

bäbi bu topardaky saz gurallarynyň her birinden 2 ýa-da 3 sany esasy, şeýle hem bu düzüme girýän saz gurallar toparyndan 1-i goşmaça orkestre goşulmak bilen, ol saz guraly «görünmek» üçin diýen ada eýedir. Ol simfoniki orkestriň düzümine baglylykda, 2-nji ýa-da 3-nji diýlip atlandyrylýar: fleýta-pikkolo (kiçi fleýta) goboýlaryň dürli görnüşi, iňlis tüýdüjegi (angliýskiý rožok), bas klarnet we kontrfagot ýaly saz gurallarydyr.

Orkestrde üflenip çalynýan, misden ýasalan saz gurallaryndan, köplenç, 4 sany woltornalar, 2 sany turba, 3 trambon we 1 sany tuba bolýar. Ýöne muňa garamazdan, simfoniki orkestrde misden ýasalan, üflenip çalynýan saz gurallarynyň sany has köp hem bolup bilýär.

Orkestrdäki kakylyp (urlup) çalynýan saz gurallar toparynyň düzümi bellibir, kesgitli häsiýete eýe däldir. Orkestriň düzümindäki kakylyp çalynýan saz gurallar toparynyň düzümi ýerine ýetiriljek saz eseriniň ýazylyşy bilen kesgitlenilýär. Ýagny ýerine ýetiriljek saz eseriniň nota ýazgysynda kakylyp çalynýan saz gurallarynyň haýsysy görkezilen bolsa şol hem orkestre goşulýar. Ýöne muňa garamazdan, saz toparlaryndaky litawralar saz eserleri ýerine ýetirilende hiç haçan saz toparlaryndan aýrylmaýar. Olar orkestrde mydamalykdyr.

Biziň durmuşda köp gabat gelýän saz toparlarymyzyň biri hem üflenip çalynýan saz gurallary orkestrleridir. Bu saz topary, esasan, baýramçylyklarda, gezelençlerde, açyk meýdanlarda saz çalmak üçin niýetlenilendir. Orkestriň saz gurallar toparynyň saz sesleriniň ýaňlanyşy güýçli we ýitidir. Orkestriň düzümine girýän esasy saz gurallary: misden ýasalan üflenip çalynýan saz gurallar toparyndan kornetler, trubalar, trombonlardyr, şeýle hem agaçdan ýasalyp, üflenip çalynýan saz gurallary bolup, olar fleýtalar we klarnetlerdir. Uly orkestrlerde goboýlar we fagotlar hem-de kakylyp çalynýan saz gurallar toparyndan barabanlar (deprekler), litawralar we tarelkalar hem goşulýarlar. Üflenip çalynýan saz gurallarynda ýerine ýetirmeklige niýetlenip, ýörite döredilen saz eserleri bardyr. Muňa garamazdan, bu orkestrde simfoniki saz eserleri hem ýerine ýetirilýär. Ol eserler üflenip çalynýan saz gurallar topary üçin ýörite üýtgedilýär.

Diňleýjileriň söýüp diňleýän saz toparlarynyň ýene biri hem estrada orkestridir. Bu saz topary özüniň düzümi we ölçegi boýunça köpdürlüdir. Estrada saz toparlarynyň düzümi hem simfoniki orkestriňki ýaly uly hem-de kiçi görnüşlere eýedir. Saksofon, gitara

ýaly saz gurallary bilen birlikde, birnäçe kakylyp çalynýan saz gurallary hem goşulýar.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistan döwletimizde birnäçe saz toparlary türkmen halkymyzyň ruhuna ýakyn, Diýarymyzy, hormatly Prezidentimiziň il-ýurt bähbitli alyp barýan adyl syýasatyny wasp edip, dürli aýdymdyr sazlary bilen halkymyza hezil berýärler.

Umumy orta bilim berýän mekdeplerde okuwçylara aýdym-saz sapagynda dürli saz toparlary, olaryň düzümindäki saz gurallarynyň görnüşleri barada giňişleýin düşünje berilýär. Onuň bolsa mekdep okuwçylaryna saz-estetiki terbiýe bermekde bahasyna ýetip bolmajak terbiýeçilik ähmiýeti bardyr.

## Okuwçylary saz toparlary bilen tanyşdyrmagyň terbiýeçilik ähmiýeti

Häzirki wagtda Türkmenistan döwletimiziň umumy orta bilim berýän mekdeplerinde birnäçe çagalardan düzülen saz toparlary ýurdumyzda bellenilýän dürli baýramçylyklarda, radio-telewideniýede çykyş edip, halkymyzyň söýgüsine mynasyp bolýarlar. Eýsem, ol saz toparlary öňler näme diýlip atlandyrylypdyr? Biziň köpimiz bu barada köp zatlary bilmeýäris. Başlangyç synplarda aýdym-saz sapagyny geçýän her bir mugallymyň bu barada düýpli düşünjesi bolmalydyr. Ol çagalara saz toparlary barada giňişleýin düşünje bermelidir. Biz ýokarda simfoniki orkestr, üflenip çalynýan saz gurallar orkestri, estrada orkestri barada käbir zatlara göz ýetirdik.

Biziň indiki üstünde durup geçjek saz toparlarymyz *ansambl* diýlip atlandyrylýar. Biz radioda, telewideniýede, konsertlerde ansambllaryň ýerine ýetirmeklerinde dürli mazmunly aýdym-sazlary diňleýäris. Ol ansambllar *dutarçylar* ansambly, *deprekçiler* ansambly, *skripkaçylar* ansambly, *gopuzçy gyzlar* ansambly diýlip atlandyrylýar. Bu saz ansambllary özara goşulyşyp, haýsy hem bolsa bir saz eserini bilelikde ýerine ýetirýärler.

*Ansambl* (*ensemble*) fransuz sözi bolup, ol «*bilelikde*» diýmegi aňladýar. Bu umumy düşünje bolmak bilen, saz sungatynda ansambl diýmek 2, 3, 4, 5, 6 we ş. m. saz gurallarynyň jemlenişip, bilelikde saz eserlerini ýerine ýetirmeklerine aýdylýar.

Bulardan başga-da opera sungatynda hem biz ansambllary köp diňleýäris. Ýagny opera sungatynda 2, 3, 4, 5 we ondan hem köp aýdymçylar bilelikde bellibir mazmunly saz eserini ýerine ýetirýärler. Saz öwreniş tejribesinde ansamblllarda ýerine ýetirijileriň sanyna görä, ol toparlar özleriniň atlaryna eýedirler. Meselem, 2 aýdymçynyň bilelikde aýdym aýtmagyna ýa-da 2 sazandanyň bilelikde saz çalmagyna *duet*, 3 bolup, bir saz eserini bilelikde ýerine ýetirmeklige *trio*, 4 bolup, bir saz eserini bilelikde ýerine ýetirmeklige *kwartet*, 5 bolup, bir saz eserini ýerine ýetirmeklige *kwintet* we ş. m. diýlip atlandyrylýar.

Häzirki zaman kompozitorlary dürli görnüşli saz toparlarynyň dabaralarda, sazly çykyşlarda, baýramçylyklarda ýerine ýetirmekleri üçin ýörite saz eserlerini döredýärler.

Türkmen halk saz döredijiliginde hem biziň ata-babalarymyz gargy tüýdüklerde, dilli tüýdüklerde, goşa dilli tüýdüklerde bilelikde saz çalmak üçin ýörite sazlary döredipdirler. Biziň gelin-gyzlarymyz hem özleriniň iň eý görýän saz gurallary bolan gopuzda saz çalmak üçin ýörite sazlary döredip, ol sazlary bilelikde ýerine ýetiripdirler. Şol aýdym-sazlaryň arasynda ansambl bolup ýerine ýetirmeklige niýetlenip döredilen aýdymdyr sazlaryň türkmen kompozitorlarynyň, bagşy-sazandalaryň saz döredijiliginde esasy orunda bolmaklygy her bir diňleýjini guwandyrýar.

Umumy orta bilim berýän mekdeplerde aýdym-saz sapagyny geçmek üçin niýetlenip taýýarlanan okuw maksatnamasynda hem dürli saz toparlary barada okuwçylaryň düşünje almaklary göz öňünde tutulýar. Şonuň üçin hem her bir aýdym-saz mugallymy saz sungatynyň ähli ugurlary boýunça düýpli bilimleridir düşünjeleri ele almalydyr.

## §13. Türkmen halkynyň milli saz gurallary

Türkmen halky ençeme asyrlaryň dowamynda özüniň örän baý milli mirasyny döredip, olary özünden soňky nesillere miras goýupdyrlar. Geçmişden biziň şu günlerimize gelip ýeten örän baý, çuň manyly milli miraslarymyzyň biri hem *türkmen halk saz sungatydyr*. Türkmen saz döredijiliginde esasy orunlaryň birini eýeleýän biziň halk saz gurallarymyz bolsa, türkmen halkymyzyň milli guwanjydyr. Türkmeniň

geçmiş taryhyna göz aýlasak, biziň ata-babalarymyz dürli saz gurallaryny döredipdirler. Bu barada häzirki zaman saz öwreniji türkmen alymlary özleriniň ylmy işlerinde aýratyn belläp geçýärler.

Gündogar halklarynyň arasynda saz gurallarynyň döreýiş taryhy bilen bagly şeýle rowaýat bar. Ol rowaýata görä, «Süleýman pygamberiň döwründe bir akylly adam ýaşapdyr. Ol adam uklap ýatyrka, düýşünde bazarda ýüňleri arassalaýan kemençe atly senedi görüpdir. Ol ukudan oýanandan soň bazardaky kemençe senedine dakylan kirişleri satyn alyp, ölüp galan pyşdylyň gapagyna kirişleri dakar ýaly dessäni ýasap, oňa kirişleri dakypdyr. Haçanda saz guralyna meňzeş bu senedi çalanlarynda owadan sesler ýaňlanypdyr. Netijede, rubap atly saz guraly döräpdir» diýip, türkmen halkynyň häzirki rubap saz guralynyň döreýşini gadymy grek alymy Pifagor bilen baglanyşykly beýan edilýär.

Hormatly Prezidentimiz gadymy Goňurdepeden biziň eýýamymyzdan öňki ikinji müňýyllyga degişli hasap edilýän bürünçden, kümüşden, faýansdan ýasalan bäş sany tüýdüjegiň tapylmagy türkmen saz medeniýetiniň gözbaşynyň gadymylygyna şaýatlyk edýänligini özüniň «Ile döwlet geler bolsa...» atly kitabynda aýratyn nygtap geçýär. Şeýle hem hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň bu ajaýyp kitabynda gadymy Parfiýa döwletiniň paýtagty Nusaýdan tapylan şirmaýy küýzeleriň ýüzündäki sazly sahnalardaky kämil saz gurallarynyň şekilleriniň bolmagynyň türkmen saz gurallarynyň öz gözbaşyny örän gadymdan alyp gaýdýandygyna şaýatlyk edýänligini belläp geçýär.

Käbir saz gurallarynyň gelip çykyş taryhy bilen bagly ylmy makalalarda biziň gadymy saz gurallarymyzyň diňe käbirleriniň biziň günlerimize gelip ýetendigi, käbirleriniň bolsa asyrlaryň, ýyllaryň geçmegi bilen ýuwaş-ýuwaşdan ýitip gidendigi barada bellenip geçilýär.

Türkmen halkynyň ençeme asyrlaryň dowamynda döreden saz gurallarynyň köpüsiniň beýleki goňşy kowumdaş halklaryň sungatyna siňendigi barada maglumatlar bar. Şeýle hem belli türk alymy Bahaweddin Ödeliniň «Türk kultur taryhyna giriş» atly ylmy işinde depregiň baýdagyň derejesinde goýlandygy, oňa mukaddes zat höküminde garalandygy barada ýazandygy habar berilýär.

Ýokarda bellenilen alymlar türkmen halkynyň birnäçe saz guralynyň bolandygy barada başga-da ençeme belli alymlaryň işlerine salgylanyp degerli, ýerlikli mysallara ýüzlenýärler. Häzirki döwürde türkmen halky tarapyndan söýlüp diňlenilýän dutar, gyjak, gargy tüýdük, dilli tüýdük, türkmen gelin-gyzlarynyň guwanjy bolan gopuz ýaly milli saz gurallarymyz ençeme asyrlaryň dowamynda ata-babalarymyz tarapyndan kämilleşdirilip, nesilden-nesle geçirilip, biziň günlerimize gelip ýetipdir. Biziň milli saz gurallarymyz özüniň şirin owazy bilen ençeme döwürlerden bäri türkmen halkynyň şatlygyna şatlyk goşup, olaryň begenjini, gam-gussasyny deň paýlaşypdyr. Türkmen halkynyň milli saz gurallary türkmen toýlarynyň bezegi, milli buýsanjy, milli guwanjydyr.

Geçmişde türkmen halky özüniň saz sungatyna şeýle baý bolan hem bolsa, biziň ata-babalarymyz tarapyndan döredilen 70-den gowrak saz gurallarymyzdan biziň şu günlerimize gelip ýeteni bary-ýogy 4-5 sany türkmen halk saz gurallarydyr.

Türkmen halkynyň gadymy saz gurallarynyň ençemesi biziň goňşy halklarymyz bolan azerbaýjan, türk, özbek, eýran, täjik, ermeni we beýleki ençeme Gündogar halklarynyň saz toparlarynda hem köp duş gelýär. Ol saz gurallarynyň köpüsi özleriniň ýaňlanyşy, görnüşi, gurluşy boýunça biri-birlerine örän ýakyndyr we meňzeşdir.

1935-nji ýylda şol döwrüň sazçylyk uçilişesiniň ýanynda döredilen türkmen eksperimental halk saz gurallary orkestriniň dirižýory S. Tumanýan täze döredilen orkestrde peýdalanmak maksady bilen, ilkinji türkmen üçtaryny döredýär. Üçtaryň kädisi dutaryň kädisiniň nusgasynda bolup, onuň sapy bolsa taryň sapyna meňzeş. Üçtaryň kirişleri üç sany goşa tardan ybarat bolupdyr. Şonuň üçin hem ol saz guraly üçtar diýlip atlandyrylypdyr. Üçtaryň diňe bir görnüşi bolman, eýsem, onuň bäs sany görnüşiniň döredilendigini A.Rejebow özüniň «Mukam çeşmeleri» atly kitabynda belleýär.

Türkmen gyjagyny hem orkestrde peýdalanmak maksady bilen birnäçe synaglar geçirilýär. Ýöne ol synaglar netije bermeýär. Şonuň üçin hem gyjaga derek orkestrde kemençe ulanmak maksadalaýyk hasap edilýär. Dört kirişli kemençäniň diňe bir görnüşi orkestr üçin ýeterlik bolmaýar. Sebäbi kemençäniň bir özi orkestr üçin gerek bolan

ýogyn, inçe sesleriň ählisini berip bilmeýär. Şeýlelikde, kemençäniň ýogyn ses berýän alt, wiolonçel, kontrabas nusgalary hem döredilýär.

Geçmişde biziň ata-babalarymyz tarapyndan döredilen saz gurallarymyz özleriniň görnüşleri, ýaňlanyşy boýunça 5 topara bölünýärler.

1. Türkmen halkynyň *kakylyp çalynýan saz gurallary* – jemi 21 sany.

2. Türkmen halkynyň *üflenip çalynýan saz gurallary* – jemi 16 sany.

3. Türkmen halkynyň *kirişli saz gurallary* – jemi 13 sany.

4. Türkmen halkynyň geçen asyryň *40-njy ýyllarynda* kämilleşdirilip döredilen saz gurallary jemi – 11 sany.

5. Türkmen halkynyň geçen asyryň *80-nji ýyllarynda* döredilen saz gurallary –jemi 5 sany.

Türkmen halk saz gurallarynyň görnüşleri aşakdakylardan ybarat bolup, ol saz gurallarynyň köpüsi Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe dürli görnüşli saz toparlarynda sazandalar tarapyndan ulanylýar.

Türkmen halk saz gurallary bolan dutardyr gyjak, tüýdükdir gopuz özleriniň atlary, görnüşi bilen diňe bir türkmen halkynyň arasynda däl, eýsem, olar biziň goňşy halklarymyzyň arasyna hem giňden ýaýrandyr. Ol saz gurallary biziň goňşy halklarymyzyň saz döredijiliginde özleriniň ýasalyşy boýunça hem, ýerine ýetirilişi boýunça hem, saz gurallary üçin döredilen saz eserleriniň mazmuny boýunça hem bellibir derejede biri-birleri bilen umumy meňzeşlige eýedirler. Türkmen saz sungatynyň örän gadymylygyna şaýatlyk edýän ençeme gadymy tapyndylar arheologiýa gözlegleriniň netijesinde ýüze çykaryldy. Milli saz sungatymyza degişli bu gadymy tapyndylar orta asyrlarda ýaşap geçen Ahmet as-Sarahsy, Muhammet Faraby, Ibn Sina ýaly ençeme alymlardan miras galan ylmy işlerde hem agzalyp geçilýär.

Türkmen halkynyň durmuşyna giňden ýaýran milli saz gurallarynyň biri hem *dutar* saz guralymyzdyr. Türkmen saz medeniýetinde dutar ýerine ýetirijilik usuly ençeme asyrlaryň dowamynda ösüp, kämilleşip, ýokary derejelere ýetdi. Ençeme ýüzýyllyklaryň dowamynda atlary rowaýata öwrülen ussat dutarçylaryň atlary türkmen halkynyň aňynda baky ýaşap gelýär.




## Türkmeniň kakylyp çalynýan saz gurallary

1. Ýer kösi (hum kös)
2. Kös
3. Pyýala saz guraly
4. Deprek
5. Tebil
6. Dowul
7. Nagara
8. Goşa nagara
9. Mis çan
10. Üçburçluk
11. Topuk düwme
12. Düňk jaňy
13. Üç gat jaň
14. Gerdenlik
15. Ritm daş
16. Gamyş çeň
17. Düwmeler
18. Ritm çemçeler
19. Söweş dowul
20. Oýun dowul
21. Düýe kösi






## Türkmeniň üflenip çalynýan saz gurallary

1. Gargy tüýdük
2. Naý
3. Kernaý
4. Iki burmaly kernaý
5. Söweş burusy
6. Şatlyk
7. Surnaý
8. Dilli tüýdük
9. Goşa dilli tüýdük
10. Gamyş balaman
11. Agaç balaman
12. Aw bory (tüýdük)
13. Meşikli tüýdük
14. Demir gopuz
15. Çaga jül-jülleri
16. Gamyş naý












**Türkmeniň kirişli saz gurallary**

1. Dutar
2. Tanbur
3. Saz
4. Baglama
5. Rubap
6. Gyjak
7. Bozuk
8. Ud
9. Çeň
10. Sanbur
11. Kanun






**Türkmeniň 40-njy, 80-nji ýyllarda kämilleşdirip döreden saz gurallary**

1. Alt dutar
2. Sekunda dutar
3. Prima dutar
4. Kontrabas dutar
5. Bas dutar
6. Kontrabas gyjak
7. Bas gyjak
8. Alt gyjak
9. Prima gyjak
10. Dagdan gyjak
11. Kiriş kakar bilen çalynýan pikkolo dutar
12. Prima plektrli dutar
13. Soprano plektrli dutar
14. Alt plektrli dutar
15. Plektrli dutar
16. Kiriş kakar bilen çalynýan dutar






Türkmen halk saz gurallary iki bölege bölünýär:

1. Kirişli saz gurallary
2. Üflenip çalynýan saz gurallary.

Kirişli saz gurallary: *dutar, gyjak*.

Üflenip çalynýan saz gurallary: *gargy tüýdük, dilli tüýdük, goşa dilli tüýdük, gopuz*.

**Dutar saz guraly**

Türkmen saz medeniýetinde diňe bir ýekelikde saz çalmak üçin niýetlenilip döredilen saz guraly bolman, eýsem ol halk bagşylarynyň ýanynda olara sazandarlyk etmekde hem esasy orunda durýar. Dutarsyz türkmen halk saz sungatyny göz öňüne hem getirip bolmaz.

Dutarda ýekelikde saz çalmak sungaty ençeme asyrlaryň dowamynda kämilleşip, özüniň ýerine ýetirijilik görnüşleriniň gurluşy, äheňleri we ölçeg-ritm baýlygy ýokary derejelere çykdy. Professional dutarçy sazandalaryň çalýan sazlary many-mazmun taýdan örän kämil saz eserleri bolmak bilen, olar diňe diňleýjiler üçin niýetlenip döredilen saz eserleridir. Dutar sazlary özüniň mazmun taýdan keşplere baýlygy, gurluş taýdan çeper kämilliginiň ösenligi bilen tapawutlanýar. Dutar sazlarynyň köpüsi özüniň gurluşynda bagşylaryň aýdýan aýdymlarynyň täzeden işlemekligi netijesinde döredilipdir.

Dutarçylyk sungatynda meýilnamalaýyn döredilen saz eserleri esasy orny eýeleýärler. Ol saz eserleri rowaýatlaryň, gürrüňleriň, wakalaryň esasynda döredilen saz eserleridir. «Kyrklar», «Saltyklar», «Mukamlar», «Nowaýy» ýaly çuň manyly, uly göwrümli saz eserleri türkmen dutarçylyk sungatynda ýokary derejede ösen saz eserleri hasap edilýär.

Dutar saz guraly özüniň ýasalyşy boýunça ýönekeý görnüşde bolsa hem, ony ýasamak örän kyn iş hasap edilýär. Dutar ussalary dutar ýasanlarynda onuň her bir bölegini öňden gelýän däp boýunça ölçäp, şol ölçegden çykman ýasaýarlar.

*Dutar* sözüniň manysyny halk arasynda şeýle düşündirýärler: ol pars sözünden gelip çykmak bilen *du-iki, tar-kiriş* diýmegi aňladýar. Şeýlelikde, *dutar-iki kirişli saz guraly* diýen manyny berýär. Ýöne köp ýerlerde halk arasynda dutara *tamdyra* hem diýilýär. Türkmen

halky özüniň bu arzyly saz guralyna gudratly mukaddeslik hökmünde garamak bilen, ony öýüniň töründe asyp goýýar, oňa guwanýar.

**Dutaryň ýasalyşy:** dutaryň gurluşy üç bölekden ybarat bolup, ol bölekler kädi, gapak, sap diýlip atlandyrylýar. Onuň kädisi, esasanam, tut agajyndan ýasalýar. Tut näçe garry, diametri 60–70 *sm*-den uly bolsa gowy dutar düşýär. Tut agajynyň kädi üçin niýetlenip kesilen bölegi 40–50 *sm*-den gysga bolmaly däl. Şol kesindi dört bölege bölünip, onuň içinden gowusy, iň oňady saýlanyp alynýar. Kädisini taýýarlamak üçin palta, byçgy, ýörite teşe ýaly gurallar gerek. Kädiniň daşyny ýylmanak etmek üçin çüýşe döwügi hem gerek. Kädisi köwlüp, 1 *sm* çemesi galdyrylýar. Gapagyny hem tut agajyndan ýasamaly. Sapy erik agajyndan ýasamaly. Uzynlygy 37 *sm*. Dutaryň umumy uzynlygy 87 *sm* bolmaly. Dutar ýasalyp gutarylandan soň, oňa kiriş dakyp, ony düzýärler. Soňra onuň ýaňlanyşyny barlap görýärler. Onuň kem-käs ýetmezçiliklerini düzedýärler.

Şondan soňra bagşylardyr sazandalar toýdur baýramçylyklarda dutarda aýdym aýdyp, saz çalýarlar. Adamlaryň göwünlerini açyp, olara hezil berýärler. Geliň, indi dutaryň gurluşy bilen tanyş bolalyň:




1 - kädisi, 2 - sapy, 3 - gapagy, 4 - perdeleri, 5 - kirişler, 6 - gulaklar, 7 - şeýtan perde, 8 - buýnuz, 9 - ýokarky buýnuz (şeýtan eşek), 10 - eşek.

Şeýlelikde, dutar özüniň gurluşy boýunça jemi 10 sany bölekden ybarat bolup, ol bölekler özara birleşip, türkmen dutaryny emele getirýär.

## Gyjak saz guraly

Türkmen halkynyň milli saz gurallarynyň biri hem gyjak saz guralydyr. Gyjak saz guraly hem özüniň gözbaşyny gadymy döwürlerden alyp gaýdýar. Belli sazşynas alymlaryň işlerinde gyjak saz guralynyň öz gözbaşyny «Gorkut ata» eserinde gopuz ady bilen ýatlanylýan saz guralyndan alyp gaýdýandygy bellenilýär. Bu barada hormatly Prezidentimiz özüniň «Ile döwlet geler bolsa...» atly ajaýyp kitabynda gyjagyň türkmenleriň gadymy saz guraly bolup, onda watandaşymyz Muhammet Farabynyň saz çalandygyny, hatda aýry-aýry sazlary hem düzendigi baradaky ylmy maglumatlaryň saklanyp galandygyny nygtaýar.

Birnäçe ylmy çeşmelerde gyjak saz guralynyň gopuz ady bilen özüniň taryhy ösüş döwründe gyjak, rubap, kyýak, ikidilli, kemençe, ýektar ýaly syhalyp çalynýan saz gurallarynyň döremegine nusga bolup hyzmat edendigi aýdylýar.

Gadym wagtlarda gyjak saz guralynyň kädisi suw kädiden bolupdyr we onuň iki sany kirşi bolup, ol atyň guýruk gyllaryndan ýasalyp, keman bilen syhalyp çalnypdyr. Häzirki döwürlerde gyjagyň kädisi tut agajyndan ýasalýar we onuň 3 kirşi bolýar. Şeýle hem gyjagyň orkestr üçin niýetlenen 4 kirişli görnüşi saz toparlarynda giňden ulanylýar. Gyjakda halk sazlary bilen birlikde häzirki zaman türkmen kompozitorlarynyň saz eserleri sazandalar tarapyndan ussatlyk bilen ýerine ýetirilýär.

Gyjak saz guralyny ýerine ýetiriji ussat halypalar bolupdyr. Olardan Sapar Bekiýew, Ata Ablyýew, Alladurdy Çaryýew, Çary Alladurdyýew, Garýagdy Alyýew ýaly gyjakçylaryň atlary halkymyzyň arasynda meşhurlyga eýedirler.



Türkmenistanyň halk artisti halypa dutarçy Pürli Saryýew dutar bilen deň derejede gyjak çalmagyň hem ussady bolupdyr.

## Gargy tüýdük

Üflenip çalynýan gadymy türkmen milli saz gurallarynyň biridir. Geçmişde gargy tüýdük naý tüýdük diýlip hem atlandyrylypdyr. Türkmenistan döwletimiziň çäklerinde geçirilýän arheologiýa gazuw-agtaryş işlerinde gargy tüýdüge meňzeş saz gurallarynyň ençeme görnüşleriniň tapylmagy bu saz guralynyň gadymy döwürlerde türkmen halky tarapyndan döredilendiginden habar berýär. Türkmen halkynyň arasynda bu saz guralynyň gelip çykyşy barada dürli rowaýatlar bar. Şolaryň biri hem Isgender Zülkarnaýnyň ady bilen baglanyşdyrylýar. Gargy tüýdügiň gamyşdan ýasalmagy hem onuň örän gadymy saz guralydygyndan habar berýär. Gargy tüýdük biziň ajaýyp zamanamyzda hem türkmen halkymyzyň söýüp diňleýän saz gurallarynyň biridir. Türkmen kompozitorlary bu saz guraly üçin ýörite sazlary döredýärler.

Gargy tüýdük 7 bogundan ybarat bolan gargy gamşyndan ýasalýar. Gargy tüýdügiň üstünde 5 sany deşik (perde), aşagynda bolsa 1 deşik (perde) bolup, şol deşikler arkaly hem onda saz çalynýar.

Geçmişde biziň halypa tüýdükçilerimiz gargy tüýdük üçin ýörite sazlar döredipdirler. Olardan «Aga begler», «Öwezim», «Aýjemal» ýaly sazlaryň atlaryny agzamak bolar. Gargy tüýdük, esasan, çopanlaryň arasynda meşhurlyga eýe bolan saz guralydyr.



Türkmen bagşylary gargy tüýdüge goşup, türkmen toýlarynda aýdym aýdypdyrlar. Türkmen halky olary «ýanamaçy bagşylar» diýip atlandyrypdyr. Gargy tüýdük türkmen toýlarynyň bezegi bolupdyr.

Gargy tüýdügiň Ýazmuhammet Köse, Agajan Aryk, Peýda tüýdükçi, Türkmenistanyň halk bagşysy Baky Maşakow ýaly ussatlary bolup, olar gargy tüýdükde saz ýerine ýetirijilerdir.

## Dilli tüýdük

Türkmen saz sungatynyň taryhynda iň irki dörän saz gurallarynyň biri hasap edilýär. Dilli tüýdük diňe bir türkmenlerde däl, eýsem, dünýäniň köp halklarynda dürli atlar bilen gabat gelýär.



Dilli tüýdük inçejik gamyşdan ýasalýar. Onuň 3–4 sany perde deşigi bardyr. Şeýle hem dilli tüýdügiň ýene bir görnüşi goşa dilli tüýdük hem geçmişde türkmen halkynyň arasynda uly meşhurlyga eýe bolupdyr. Dilli tüýdüge halk arasynda çopan tüýdügi hem diýilýär.

Ýöne dilli tüýdük diňe bir çopanlaryň çölde göwün açmak üçin çalan saz guraly bolman, eýsem ol türkmen toýlarynyň hem bezegi bolupdyr. Dilli tüýdügiň Ata Handurdyýew, Hojanazar Berdiýew ýaly ussat sazandalary bolup, olar gargy tüýdükde ýönekeý sazlardan başlap, çylşyrymly sazlary hem çalypdyrlar. Dilli tüýdük biziň şu günlerimizde ýaş ýerine ýetirijileriň arasynda uly meşhurlyga eýedir.

## Gopuz

Bu saz guraly ähli döwürlerde hem türkmen gelin-gyzlarynyň arasynda uly meşhurlyga eýe bolan milli saz guralymyzdyr. Geçmişde türkmen gelin-gyzlary ýekelikde we üýşüp gopuz çalypdyrlar. Olar gopuzy şeýle bir ussatlyk bilen çalypdyrlar, hatda olar gopuz üçin ýörite sazlar hem döredipdirler. Geçmişde türkmen gelin-gyzlary ýörite gopuz saz guraly üçin «Ogry giýew», «Kerwen gelýär», «Gelnalyjy getiren», «Mamamyň hüwdüsi» ýaly ençeme ajaýyp sazlary döredipdirler.



Gopuz saz guraly diňe bir türkmen gelin-gyzlarynyň däl, eýsem dünýäniň beýleki halklarynyň hem saz guralydyr. Sebäbi gopuz saz guraly dünýäniň köp halklarynda dürli atlar bilen dürli görnüşde gabat gelýär. Ol saz gurallarynyň ählisiniň ýaňlanyş owazy bellibir derejede biri-birleriniň ýaňlanyşyna meňzeşdir.

## §14. Okuwçylara türkmen halk aýdym-sazlary barada düşünje bermegiň ähmiýeti

Gadymy döwürlerden bäri türkmen halkynyň aýdym-saz sungatynyň taryhyna göz aýlasak, halkymyzyň asyrlaryň dowamynda birnäçe saz eserleriniň dörändigine göz ýetirýäris. Ol eserler bolsa türkmen bagşy-sazandalary tarapyndan inçelik bilen sünnälenip, biziň şu günlerimize gelip ýetipdir. Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň aýdym-saz sungatynyň halk ussatlarynyň ençeme nesilleriniň döredijiliginde sünnälenendigini özüniň «Ile döwlet geler bolsa...» atly kitabynda buýsanç bilen nygtap geçýär.

Türkmen raýatynyň her biriniň aňyna ornaşan täsin owazly saz eserleriniň üsti bilen mekdep okuwçylarynyna terbiýe bermek umumy orta bilim berýän mekdepleriň okuw meýilnamasynda mynasyp orny eýeleýär. Şonuň üçin aýdym-saz mugallymynyň okuwçylara halk aýdym-sazlary we olary ýerine ýetirýän bagşydyr sazandalar barada düşünje bermegi, okuwçylaryň diňlemäge, ýerine ýetirmäge bolan isleglerini, gyzyklanmalaryny ýüze çykarmagy hökmanydyr.

Orta mekdeplerde aýdym-saz dersini okatmagyň okuw maksatnamasyna laýyklykda, okuwçylara türkmen halk aýdym-saz sungatyna degişli eserleriň döreýşi we olaryň özboluşly ýerine ýetiriliş aýratynlyklary barada umumy düşünje bermek göz öňünde tutulýar. Okuwçylara türkmen halk aýdym-saz sungaty barada düşünje bermek 4-nji synpyň 1-nji çärýeginde özleşdirmäge hödürlenýän «Öz halkymyň aýdym-sazlary» diýen tema baglylykda amala aşyrylýar. Türkmen bagşylary tarapyndan ýerine ýetirilýän aýdymlaryň ählisi diýen ýaly nusgawy şahyrlaryň ýa-da dessanlaryň goşgulary esasynda ýerine ýetirilýär. Ýöne ol aýdymlaryň sazynyň kimiň döredendigi baradaky maglumatlaryň köpüsi asyrlaryň geçmegi bilen biziň günlerimize gelip ýetmändir. Şonuň üçin hem ol aýdymlar halk aýdymlary

diýlip atlandyrylýar. Bu aýdylanlar diňe bir aýdymlara degişli bolman, eýsem dutardyr gyjakda, gargy tüýdükdir dilli tüýdüklerde çalynýan halk sazlaryna hem degişlidir. Gadym döwürlerde bagşylar öz aýdýan aýdymlaryna özleri dutarda sazandarlyk edipdirler. Soňra wagtyň geçmegi bilen olaryň ýanyna gyjakçy we dutarçy hem goşulypdyr. Biziň halk saz gurallarymyz bolan dutardyr gyjagymyz öňler ýekelikde çalnan bolsa, häzirki döwürde olar dutardyr gyjaklardan düzülen saz toparlarynda köplük bolup çalynýar.

Durmuşy aýdym-sazsyz göz öňüne getirmek mümkin däl. Diýmek, dürli döwürlerde döredilen her bir aýdym-saz eserlerinde adamlara güýçli täsir edýän, olary özlerine bendi edýän adatdan daşary bir güýç bar. Eýsem, ol güýjüň nämedigini bilmek, saza düşünmek mümkinmi? Elbetde, mümkin. Munuň üçin bolsa ilki bilen her bir adamyň saz taýýarlygy gerekdir, ýagny saz diňlemäge bolan eşidiş ukybyny terbiýelemelidir. Diňlenilýän saz eseriniň many-mazmunyna aň ýetirijiligini, diňleýän sazynyň many-mazmunyny özüne kabul edip bilijiligini, saz eseriniň mazmunyna baha berip bilijilik ukyp başarnygyny ýüze çykarmalydyr. Has dogrusy, her bir şahsyýetiň maksadalaýyk ösen saz medeniýetini kemala getirmelidir.

Eýsem, saz sungaty öz baýlyklaryny hemmeler üçin deň açyp görkezýärmikä? Sazyň hem durmyşdaky ýaly özüniň tasin dünýäsi bar. Sazyň dünýäsi biziň durmuşymyzda hakykat bilen bagly we örän geň hem gyzykly dünýädir. Munuň üçin bolsa aýdym-saz mugallymy sapakda öwrenilýän saz eseriniň manysyny okuwçylar üçin düşnükli bolar ýaly doly açyp görkezmäge çalyşmalydyr.

Sungat eserleriniň ählisine mahsuslykda, halk aýdym-saz sungaty hem biziň daşky dünýä bolan garaýşymyzy kemala getirmäge, taryhymyzy öwrenmäge, dürli döwürlere degişli aýratynlyklara aralaşyp görmäge mümkinçilik berýär. Meselem, «Erkeklik mukamy», «Humarala», «Ýandym», «Aýralyk mukamy», «Göroglynyň at oýnadyşy» ýaly halk sazlarymyzy diňlänimizde, biziň hyýalymyzda türkmen halkynyň geçmişi bilen bagly gahrymançylykly wakalar janlanýar. Aýdym-saz sungaty «Görogly» eposynda Göroglyny we onuň ýigitlerini ruhlandyryjy güýç, duşmana gaýtawul beriji serişde bolup hyzmat edýär. «Görogly» eposynyň şahalaryny biziň bagşylarymyz öz aýdymdyr sazlarynyň bezegi hasaplaýarlar. Biz Türkmenistanyň

halk bagşysy M. Garlyýewiň ýerine ýetirmeginde «Daglar gümmür--gümmürlendi» diýen halk aýdymyny diňlänimizde, bagşynyň bu aýdymy ýerine ýetirişinde, dutar kakuwynda özboluşly aýratyn ussatlyk duýýarys. Bagşy bu aýdymy ýerine ýetirýän wagty diňleýjiniň göz öňünde sap-sap bolup duran gaýduwsyz, atly, galkanly goç ýigitleriň, duşmana berk gaýtawul berip bilýän söweşijileriň hakyky keşbini janlandyrýar. Şu ýerde oýlanyp görsek, dogrudan hem, aýdymdyr sazlar biziň ruhy dünýämize köp zatlary bagyş edýär.

Eýsem, saz eserleriniň diline düşünmegi, onuň dünýäsine aralaşmagy kynlaşdyrýan zatlar nämelerden ybarat? Bu barada saz öwreniji A.Ahmedow özüniň «Dutaryň owazy–halkymyň sazy» atly kitabynda saza düşünmegi kynlaşdyrýan iki sany ýagdaýy belläp geçýär. Onuň bellemegine görä, *birinjiden*, saz eserleri hernäçe labyzly, özüne çekiji bolsa-da, olar arassa adamzat dilinde diňleýjä hiç zat aýdyp bilmeýärler. Saz eserlerinde suratkeşleriň suratlaryndaky ýa--da halylaryň nagyşlaryndaky ýaly aýdyň reňkler, goşgy setirlerindäki ýaly sazlaşykly sözler ýok. Saz durmuş hadysalaryny umumylaşdyryp şekillendirýär. Ol özüniň diňleýjisine takyk zatlary habar bermeýär, ýöne ol adam duýgularyna güýçli täsir edýär. Sazyň esasy aýratynlygy adamlarda duýgy owazlaryny döretmekdir.

*Ikinjiden*, saz sungaty keşpli pikirlenmegiň, hakykaty estetik esasda öwrenmegiň, oňa giňişleýin düşünmegiň iň kämil we ýokary görnüşi hasap edilýär. Mysal üçin, biz «Goňurbaş mukamy» diýen halk sazyny diňlänimizde, bu sazy doredijiniň baýryň eteginde ösüp oturan goňurbaşlaryň şemalyň ugruna ýuwaşja ygşyldap oturyşynyň suratlandyrylandygyny duýýarys. Emma bu sazy diňleýän başga bir diňleýji goňurbaşlary derýalaryň, deňizleriň kenarlarynda ösüp otu-randygyny göz öňüne getirýändigini aýdyp, ol sazyň özünde galdyrýan täsirini beýan edýär. Bu täsirleriň hiç birine-de nädogry diýmek mümkin däl. Sebäbi olaryň aňyrsynda, ikisini hem birleşdirýän umumylyk ýatyr. Şeýlelikde, bellibir saz eseriniň hususy duýga eýerilip, dürli sazandalar tarapyndan dürli görnüşlerde ýerine ýetirilýändigi şu aýdylanlara şaýatlyk edýär. Şonuň üçin mugallym öz aýdym-saz sungaty bilen bagly aýdýan sözlerini delillendirmek üçin aýry-aýry dutarçynyň çalan sazyny yzly-yzyna diňledip, okuwçylara olaryň tapawudyny düşündirmelidir.

Saz sungatynda ýerine ýetirijilige hem özboluşly aýratyn bir sungat diýilse, ýalňyş bolmasa gerek. Sebäbi bu saz eserleri bilen berk baglanyşyklydyr. Aýdym-sazyň gadyr-gymmatyny oňat bilýän adam diňe diňleýän sazynyň ady, mazmuny bilen kesgitlenen manydan lezzet alman, eýsem sazandalaryň özboluşly ussatlyklaryndan, olaryň ýerine ýetirijilik aýratynlyklaryndan hem lezzet alyp bilýär.

Aýdym-saz sungaty köp asyrlaryň dowamynda özüniň birnäçe baýlyklaryny, ençeme beýan edijilik serişdelerini toplap, biziň şu günlerimize ýetiripdir. Şonuň üçin hem bu sungata bada-bat akyl ýetirmek, onuň asyrlaryň dowamynda toplanyp gelen baýlyklaryny bir gezek diňläp, oňa düşünmek asla mümkin däl. Şol sebäpli hem bu işi maksadalaýyk amala aşyrmak üçin orta mekdeplerde aýdym-saz sapagyny okadýan her bir mugallymyň bu ugurdan düýpli bilimi hem--de çuňňur düşünjesi bolmalydyr.

Beýleki halklarda bolşy ýaly, türkmen bagşy-sazandalarynyň hem döreden aýdym-saz eserleri diňe bir diňleýjä ruhy lezzet bermek bilen çäklenmeýär. Aýdym-saz eserleriniň ählisinde durmuş wakalary giňişleýin beýan edilýär. Bu bolsa okuwçylaryň aýdym-saz diňleýän wagty olarda adamkärçilik sypatlaryny terbiýelemäge kömek edýär we olaryň oňat hasiýetlerini ýüze çykarýar. Dutar perdelerinden çykýan owazlaryň, hatda gadymdan gelýän halk saz eserleriniň hem üýtgewsiz bir zat barada däl-de, eýsem halkyň durmuş şertlerine, döwrüň talaplaryna laýyklykda täzeden döreýändigini, onuň düýpli özgerip, has-da baýlaşyp, kämilleşip durýandygyny biz bilýäris. Ýogsa-da öňden dutar, gyjak, gargy tüýdük, dilli tüýdük, gopuz ýaly saz gurallarymyzda ýerine ýetirilip gelnen biziň türkmen halk sazlarymyzyň birnäçesi wagtyň geçmegi bilen täze öwüşginlere eýe boldular. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Ile döwlet geler bolsa...» atly kitabynda türkmen kompozitorlarynyň döredýän eserleri üçin halkymyzyň baý aýdym-saz mirasynyň gymmatly çeşme bolup hyzmat edýändigi buýsanç bilen nygtalýar. Türkmen halk aýdym-sazlary *opera, simfoniýa, oratoriýa, kantata* ýaly täze-täze uly göwrümli saz eserlerinde özleriniň şowly beýanyny tapypdylar. Mysal üçin, kompozitorlar A. Şapoşnikow bilen D. Öwezowyň «Şasenem--Garyp» operasyndaky «Tüniderýa» diýen halk sazy, «Garybym», «Ýandym», «Jan-jan» ýaly halk aýdymlary, Ý. Meýtus bilen

D. Öwezowyň «Leýli we Mežnun» operasyndaky «Torgaý guşlar» diýen halk sazy, W. Muhadowyň «Ganly saka» operasyndaky «Selbinýaz» diýen halk sazy ariýadyr ariozalara öwrülip, olar täze bir görnüşe eýe boldular. Kompozitor N. Halmämmedowyň «Türkmenistan» simfoniki şekillerinde halkymyza giňden belli bolan «Ak eşekli», «Tüniderýa», «Dön, göwnüm», «Daglar», «Näz eder», «Sataşdym» ýaly halk sazlary simfoniki orkestre geçirilip, ussatlarça kebşirlenipdir. Şol sebäpli hem biziň halk saz eserlerimiz özleriniň ikinji durmuşyna gadam goýdular. Şeýle mysallar biziň saz sungatymyzyň giň meýdanynda sanardan kän. Olaryň manysyny seljerip görmek, olardan hakyky lezzet almak üçin bolsa, dogrudan-da, diňleýjiniň estetiki terbiýesiniň ýeterlik bolmagy hökmanydyr. Beýle terbiýe bolsa öz-özünden gelmeýär. Munuň üçin her bir adama köp okamak, köp zatlary öwrenmek, tebigatyň, adam aňynyň döredýän geň-enaýy hadysalaryny görmek, olary duýmak üçin öz içki synçylygyňy terbiýeläp, ony ähliataraplaýyn ösdürmek zerurdyr. Diýmek, saza düşünmegi, ony diňlemegi, durmuşda duş gelýän täsin hadysalary, gözellikleri öwrenmegi, olara düşünmegi başarmak üçin ilki bilen adamyň azda-kände estetiki terbiýesiniň bolmagy, aňynyň çeper keşpleri yzygider janlandyrmaga bolan ukyp-başarnygy zerurdyr. Saz eserlerini diňlemek ýönekeýden çylşyrymla geçmek usulynda dowam etdirilse, ol şonça-da peýdalydyr. Saz diňlemek – bu ünsüňi, pikiriňi bir ýere jemläp, olary diňlenilýän saz eseriniň mazmunyna, manysyna gönükdirmekdir. Şeýlelikde, şu aýdylanlardan ugur alyp, orta mekdepleriň aýdym-saz mugallymlary okuwçylara saza düşünmegi, onuň many- mazmunyna akyl ýetirmegi, ony kabul etmegi, oňa baha bermegi öwretseler, onda saz dünýäsi olara özüniň gymmatly hazynasyny giňden açar.

## §15. Türkmen halk saz döredijiliginde ýerine ýetirijilik mekdepleriniň usuly aýratynlygy

Türkmen halkynyň çeperçilik ugurlarynyň ählisine mahsuslykda, onuň saz döredijiliginde hem ýörite özboluşly ýerine ýetirijilik mekdepleri bolupdyr. Ol mekdepler bagşy-sazandalar, dessançy bagşylar, toý aýdymlaryny ýerine ýetirijiler, läleleri başlaýjylar diýen ýaly däbe

öwrülen mekdepler bolup, olar halk döredijilik eserleriniň ählisini asyrlardan-asyrlara aşyryp, biziň gunlerimize ýetiripdirler. Mukamçy sazandalar, meşhur bagşylar saz çalmagyň, saz öwretmegiň, aýdym aýtmagyň dürli ýollaryny ösdürip, olary öz zehinli şägirtlerine öwredip, özboluşly döredijilik mekdeplerini döredipdirler. Şeýlelikde, türkmen halk saz döredijiliginde halypa-şägirtlik ýoly halk saz sungatymyzyň ösdürilip biziň şu günlerimize gelip ýetmeginde örän uly ähmiýete eýedir. Çünki ol mekdepler türkmen halk saz döredijiliginde özboluşly ýerine ýetirijilik usullaryny özünde jemlemek bilen, biziň türkmen halk aýdymdyr sazlarymyzy asyrlardan-asyrlara aşyryp, biziň şu günlerimize ýetiripdir.

Şeýlelikde, türkmen halk saz döredijiliginde atlary rowaýata öwrülen halypa bagşy-sazandalar özlerine şägirt tutunyp, olara aýdym aýtmagyň, saz çalmagyň gizlin syrlaryny öwredip, biziň halk aýdym-sazlarymyzy kämilleşdirip, ösdürip, olary özlerinden soňky nesillere ýetirmegiň ozboluşly mekdebini döredipdirler. Bu barada hormatly Prezidentimiz özüniň «Ile döwlet geler bolsa...» atly kitabynda halk bagşy-sazandalarynyň tebigy zehinleri bilen gadymy ata-babalarymyzyň ýokary saz-estetiki sungatyny ýürekden-ýürege geçirip, olaryň gymmatly mirasyny nesilme-nesil baýlaşdyrandyklary guwanç bilen bellenip geçilýär.

Türkmen halk aýdym-saz sungatynda aýdym-sazy ussatlarça ýerine ýetirýän bagşy-sazandalaryň ählisine «halypa» diýlip ýüzlenilmändir. Halypalar özleriniň edep-ekramy, terbiýesi, halkyň arasyndaky at-abraýy, göreldesi, ýerine ýetirijilik ussatlygy, iň esasy hem türkmen aýdym-saz sungatyna goýýan sarpasy, söýgüsi bilen özlerini «halypa» diýdirip, halka özüni ykrar etdiren ussat bagşy-sazandalara aýdylypdyr.

Türkmen halk saz döredijiliginiň ýerine ýetirijilik mekdepleri özboluşly däp-dessurlara eýe bolmak bilen, halypanyň özüne şägirt saýlap almagynyň hem özboluşly kada-kanunlary, düzgünleri, däp-dessurlary bolupdyr. Halypalara şägirt durjak her bir ýaş bagşy-sazandalar halypanyň synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda, özüne şägirtlige kabul edipdir.

Halypa özüne şägirt saýlap alanda, aşakdaky sypatlaryň şägirt durjak ýaş bagşy-sazandalarda jemlenmegi hökmany bolupdyr:

1. Şägirt durjagyň üç arkasynyň, ýagny gelip çykyşynyň arassa bolmagy;

2. Şägirt durjagyň edep-ekramynyň, terbiýesiniň kämilligi;

3. Şägirt durjagyň saz sungatyna bolan isleginiň, gyzyklanmasynyň, söýgüsiniň derejesi;

4. Şägirt durjagyň saz gurallarynda saz çalyp bilijilik ussatlygy;

5. Şägirt durjagyň aýdym aýdyşy, sesiniň owadanlygy, ýakymlylygy, mylaýymlygy;

6. Şägirt durjagyň dilewarlygy, suhangöýligi, daş keşbi we sypaty.

Şu synaglardan üstünlikli geçen ýaş bagşy-sazandalary halypa özüne şägirt edip alýar we onuň şägirt hökmünde berjaý etmeli düzgünlerini, şägirtligiň kada-kanunlaryny düşündirýär.

Edil şonuň ýaly hem ýaş bagşy-sazandalaryň ata-enesi, dogan-garyndaşlary öz çagalaryny halypa-şägirtlige berenlerinde, halypany hem ählitaraplaýyn öwrener ekenler. Halypanyň gelip çykyşyna göwünleri ýetenden soňra çagalarynyň halypa-şägirt durmagyna rugsat berýärler. Halypanyň özüne şägirt saýlanda özboluşly kada-kanunlarynyň bolşy ýaly, şägirtleriň hem özlerine halypa saýlanlarynda halypa saýlamagyň hem özboluşly ugurlary, kada-kanunlary bolupdyr we şägirt terbiýeläp ýetişdirmekde halypanyň hem öňünde durýan birnäçe borçlary bolupdyr. Olar aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Halypanyň öz şägirdine oňat edep öwretmegi, terbiýe bermegi, şägirdini ilhalar adam edip ýetişdirmegi.

2. Halypanyň öz şägirdine toýlarda, agyr märekelerde özüni nähili alyp barmagyň düzgünlerini öwretmegi.

3. Halypanyň öz şägirdine saz çalmagyň, aýdym aýtmagyň dürli ugurlaryny, usullaryny we ýollaryny öwredip bilmegi.

4. Halypanyň öz şägirdine dessan aýtmagyň dürli ýollaryny öwretmegi.

5. Halypanyň öz şägirdine türkmen halk aýdym-saz sungatynyň geçmişdäki halypalary, olaryň ýerine ýetirijilik ýollary, döreden aýdym-sazlary barada düýpli düşünje bermegi.

Türkmen halk aýdym-saz sungatynyň halypa-şägirtlik mekdebinde halypanyň öz şägirdine aýdym-saz öwretmeginiň we ony doly tamamlamagynyň bellibir çäklerindirilen möhleti bolmaýar. Sebä-

bi halypa özüniň terbiýeläp ýetişdirýän şägirdine dürli ýyllaryň dowamynda aýdym aýtmagyň, saz çalmagyň, dessan aýtmagyň inçeden çylşyrymly ýollaryny, tärlerini, syrlaryny öwretmek bilen, ony ýerine ýetirijiligiň ençeme synaglaryndan geçirýär. Halypa şägirdini öz ýany bilen toýlara alyp gidip, şägirdine toýlarda aýdym aýtdyryp, saz çaldyryp, ony ýuwaş-ýuwaşdan märekä öwrenişdirýär. Wagtyň geçmegi bilen şägirdine kiçiräk toýlary sowmagy ynanyp başlaýar. Soňra şägirdiň toý-tomaşalarda aýdym aýdyşyna, saz çalşyna, dessan aýdyşyna göwni ýetende, halypa şägirdiň ýerine ýetirijiligine baha bermegi toýa gelen agyr märekeden sorar ekeni. Şägirdiň aýdym aýdyşyna, saz çalşyna, dessan aýdyşyna märekäniň göwni ýeten ýagdaýynda, halypa öz şägirdine hut şol ýerde halat-serpaý ýapyp, oňa ak pata berýär. Şondan soň şägirt özbaşdak sazanda, bagşy we dessançy bagşy hökmünde toýlara çykyp, saz çalmaga, aýdym aýtmaga, dessan aýtmaga hukuk gazanýar. Ýagny ony ýetişen özbaşdak bagşy, sazanda, dessançy bagşy hökmünde öz halypasy we toýa ýygnanan märeke ykrar edýär.

Şeýlelikde, türkmen halk saz döredijiliginiň halypa-şägirtlik ýoly şu esasda ýüze çykyp, ösüp, kämilleşip, biziň şu günlerimize gelip ýetipdir.

Türkmen bagşy-sazandalarynyň notasyz ýüzlerçe sazlary ussatlyk bilen ýatdan çalmaklary görnükli rus saz öwrenijisi W. Uspenskiniň aýdyşy ýaly, diýseň ýatkeşligi, dury zehini, bijaý uly ussatlygy talap edýär. Geçen asyryň 20-nji ýyllarynyň ortalarynda türkmen saz sungatyny owrenmeklik üçin Türkmenistana gelen belli alym W. Uspenskiý türkmen halkynyň baý saz mirasyny düýpli öwrenip, onuň täsinligine haýran galypdyr. Ol türkmen aýdym-sazlarynyň ençemesini nota ýazgysyna geçiripdir. W. Uspeniskiý özüniň nota geçiren aýdym-sazlaryny Sankt-Peterburg şäherinde ýaşaýan belli rus saz öwrenijisi W. Belýaýewe iberipdir. W. Belýaýew hem öz gezeginde türkmen aýdym-sazynyň gurluşyny, özboluşly heň öwrümlerini ylmy esasda öwrenipdir.

Türkmen sazlaryny tüýdükdir gyjak ýaly saz gurallarynyň öz aýratynlygynyň bolşy ýaly, geçmişde bu saz gurallaryny çalmagyň hem öz ussat halypalary bolupdyr. Tüýdükdir gyjakda saz çalmagyň hersiniň özboluşly ýörite ýerine ýetirijilik mekdepleri bolupdyr. Biziň

bilşimiz ýaly, tüýdükler özleriniň görnüşleri boýunça-da, owazlanyşy boýunça-da üç hilidir. Olaryň biri gargy tüýdük, beýlekisi bolsa dilli tüýdük we goşa dilli tüýdüklerdir. Türkmen döredijilik mekdeplerinde ussatlaryň döredijilik ukyplaryna baglylykda dürli mazmunly, dürli göwrümli saz eserleri döredilipdir. Meselem, türkmen halk saz döredijiliginiň dessançylyk mekdebinde geçmişimiziň iň iri eserleri bolan «Görogly» eposynyň, «Gorkut ata» eposynyň, başga-da birnäçe dessanlaryň dolulygy bilen ýitmän, biziň şu günlerimize gelip ýetmeginde uly paýynyň bardygyny belläp geçmegimiz zerurdyr.

Dessançy bagşylardan özleriniň aýdýan her bir dessanlaryndaky sözleri ýoýman, bolşy ýaly aýtmagy talap edýändigi dessançylyk mekdebiniň bellenilmeli esasy aýratynlygydyr. Halypalar öz şägirtlerine dessan aýtmagy öwredenlerinde, ilki bilen şu şerti olaryň öňünde goýýarlar.

Dessançy-bagşyçylyk mekdebiniň ýene-de bir aýratynlygy özüne iň ýatkeş, aýdym-saza diýseň ukyply adamlary saýlap almakdan başlapdyrlar. Dessan aýdýan bagşylaryň eseri ýerine ýetirenlerinde, onuň sözlerini ýoýman aýdyşlary ýaly, onuň sazyny hem üýtgetmän çalmagy-da başarypdyrlar. Dessan aýtmagyň şertine baglylykda, aýdymy ussatlyk bilen çeper aýtmak, sazy labyzly, süýji çalmak bilen birlikde, olar diňleýjä hem emosional taýdan täsir edipdir. Şol bir wagtyň özünde olar her bir diňleýjiniň diňleýän aýdym-sazlaryndan estetiki lezzet almaklaryna öz ýerine ýetirijilik ussatlyklary bilen kömek edipdirler.

Geçmişde yz galdyran meşhur türkmen bagşy-sazandalaryň her biriniň özboluşly ýerine ýetirijilik ýoly, özüniň halypa-şägirtlik mekdebi bolupdyr. Türkmen halkynyň saz sungatynda öçmejek yz galdyran ussat bagşylardan Hally bagşy, Sary bagşy, Durdy bagşy, Oraz Salyr, kör Gojaly, Saýyly, Nobat bagşy, Magtymguly Garly, Sahy Jepbar, Mustak Aýmedow, Nurberdi Gul, Kel bagşy, Garadäli Gökleň, Amangeldi Göni, Mylly Täçmyrat, Pürli Sary, Şükür bagşy, Aly bagşy ýaly ussat bagşy-sazandalaryň öz ýerine ýetirijilik ýollary, halypaçylyk mekdepleri biziň günlerimizde hem ýaş bagşy-sazandalara nusga alarlyk mekdep bolup dowam edip gelýär.

Türkmen halk saz döredijiligindäki ýerine ýetirijilik ýollar dürli-dürli bolmak bilen, bu ýollar, mekdepler ýerine ýetirijilikde ýokary

ussatlygy talap edýär. Meselem, ahal bagşylarynyň öz ýoly, salyr--saryk bagşylarynyň öz ýoly, ýomut-gökleň bagşylarynyň öz ýoly, çowdur bagşylarynyň öz ýoly, damana bagşylarynyň öz ýoly, ärsary bagşylarynyň öz ýerine ýetiriliş ýollary bolup, olaryň her biri özleriniň ýerine ýetirilişi, labyzlylygy, öwrümleri bilen biri-birilerinden tapawutlanýar. Türkmen halk saz döredijiligindäki ýerine ýetirijiligiň köp ýollulyk ugry türkmen halk saz döredijiliginiň baýlygyndan habar berýär. Türkmen saz sungatynyň baý döredijilik aýratynlygy hem şundan ybaratdyr. Sebäbi sungat eserleriniň döredijilik ugurlaryndaky ýerine ýetirijilik ýolunyň köpdügi şol halkyň saz sungatynyň kämil, baý, ösen sungatdygyna güwa geçýär. Haçanda biz ýokarda agzalan ýollaryň haýsy hem bolsa birini saýlap, galanlaryny yza itersek, onda ol türkmen halkynyň saz sungatyny garyp görkezýär.

Türkmen halyçylyk sungatyndaky köp gölli halylar türkmen halylarynyň şöhratyny dünýä ýaýdylar. Edil şonuň ýaly, türkmen saz sungatyndaky ýerine yetirijiligiň kop ýolludygy hem türkmen saz sungatynyň baý sungatdygyna güwä geçýär.

Sazlarda bolşy ýaly, türkmen halkynyň bagşyçylyk sungatynda hem aýdym aýdylyş usuly, äheňi dürli-dürli bolup, her bir ussat bagşylaryň öz aýdym aýdyş ýoly bar we ol ýollar biri-birilerinden tapawutlanýarlar. Mysal üçin, türkmen halkynyň belli bagşysy Oraz Salyryň säkdirmesi beýleki bagşylaryň ýerine ýetiriş usulynda gabat gelmeýär. Ussat halypa Girman bagşynyň aýdym aýdanda ýerine ýetirýän jukguldysy özboluşly bir ussatlyk bolmak bilen, ol aýratyn bir mekdepdir. Änewli Durdy bagşynyň damana ýoluna ussat bolşy ýaly, saryk bagşylaryndan Nobat bagşynyň, uly Garlynyň, kiçi Garlynyň, salyr bagşylaryndan Muhy bagşynyň, Anna bagşynyň, Ketde bagşynyň, Täşli bagşynyň, Rejep bagşynyň we beýlekileriň, ahal-teke ýolundan Hally bagşynyň, Sary bagşynyň, Sahy Jepbaryň, ýomut-gökleň ýolundan Nurberdi Gulowyň, Magtymguly Garlynyň, Nazar baganyň, ärsary ýolundan Mustak Aýmedowyň we başga-da ençeme bagşylaryň goýup giden ýerine yetirijilik ýollary türkmen bagşyçylyk sungatynyň köpugurly ýerine ýetirijiligiň özboluşly uly mekdepleridiginiň şaýadydyr.

Çowdur bagşyçylyk ýolunyň ajaýyp ussady Söýeg bagşynyň ýerine ýetirijilik ýoly diňe bir türkmen bagşylarynyň arasynda däl,

eýsem goňşy garagalpak halkynyň bagşylarynyň arasynda hem halk tarapyndan söýlüp diňlenilýän bagşyçylyk ýollarynyň biri bolup, ol türkmen halk saz sungatynyň kämil bagşyçylyk ýoly hasap edilýär. Ýagny garagalpak halkynyň bagşylary özleriniň toýlarynda, baýramçylyklarynda Söýeg bagşynyň miras goýan ýolundan dürli aýdymlary ýerine ýetirýärler. Garagalpak halkynyň bagşyçylyk ýolunda Söýeg bagşynyň ýerine ýetirijilik ýoluny «Söýeg ýoly» diýip atlandyryp, ony ýörite mekdep hökmünde öwrenýärler. Bu bolsa türkmen bagşyçylyk mekdepleriniň düýbüniň berkden tutulandygyna, onuň öz gözbaşyny asyrlardan alyp gaýdýandygyna şaýatlyk edýär. Bu barada S. Rejebowyň we M. Tuwakbaýewanyň «Çowdur ýolunyň ussatlary» atly kitabynda aýratyn bellenip geçilýär.

Gündogar saz döredijiligine giňden ornan, özüniň gözbaşyny orta asyrlardan alyp gaýdan ýene-de bir ajaýyp saz sungaty hem mukam ýerine ýerijilik ýoludyr. Mukamlary aýdym-saz edip ýerine ýetirmek Gündogar halklarynyň köpüsinde ajaýyp sungat hökmünde söýlüp diňlenilýän, öwrenilýän, kyn hem çylşyrymly ýerine ýetiriliş ýoludyr. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow VI-VII asyrlarda ýaşap geçen asly merwli Barbad Merweziniň diýseň güýçli, ýiti zehinli ussat sazanda bolandygy, onuň *ud, çeň, kanun, sitar* ýaly saz gurallaryny çalandygy, aýdymlary ussatlyk bilen ýerine ýetirip tutuş Gündogarda uly meşhurlyga eýe bolandygy barada özüniň «Ile döwlet geler bolsa...» atly kitabynda ýazýar. Şeýle hem Barbad Merweziniň ussat ýerine ýetiriji bolmak bilen, ençeme mukamlar toplumyny döreden ilkinji kompozitor bolandygyny aýratyn belläp geçýär.

Mukam sungaty biziň goňşy halklarymyz bolan azerbaýjanlarda «Mugam», özbeklerde «Mukom», täjiklerde «Makkom» ýaly atlar bilen bellidir. Biziň türkmen halk saz sungatymyzda bolsa «Mukam» diýlip atlandyrylýar. Bu özboluşly ýerine ýetirijilik mekdebi bolan mukamlar azerbaýjanlarda, araplarda, parslarda 12 bölümden ybaratdyr. Bölümleriň her biri ýerine ýetirilende olar bellibir waka barada özüniň diňleýjisine gürrüň berýär. Özbeklerde, täjiklerde mukam sazlary «şaşmakom» diýlip atlandyrylyp, olar 6 bölümden ybaratdyr, her bölüm bolsa özüniň beýan edýän wakalary bilen bagly atlandyrylypdyr. Türkmen halk saz döredijiliginde hem mukamlar

türkmen halkynyň durmuşyny, ýaşaýşyny giňişleýin suratlandyrýan uly göwrümli saz eserleridir. Türkmen halky mukamlary dutarda saz görnüşinde ýerine ýetirýär. Ýöne beýleki halklardan aýratynlykda, türkmen halk saz döredijiliginde mukamlar aýdym edilip aýdylmaýar. Mukamlar özleriniň atlaryndan belli bolşy ýaly, haýsy hem bolsa bir durmuşda bolup geçýän waka bagyşlanyp döredilýär. Eýsem, mukam sazlary diýip nämä düşünmeli? Mukam sazlary uly göwrümli, çuň manyly (monumental) saz eserleridir. Mukam 3 bölümden ybarat uly göwrümli saz eseri bolmak bilen, ol bölümleriň her biri öz içinde birnäçe kiçijik böleklere bölünýär we bölekleriň ählisi jemlenişip, bellibir wakany özüniň diňleýjisine gürrün berýär. Ýokarda belleýşimiz ýaly, her bir mukamyň ady özüniň beýan edýän wakasy bilen baglanyşykly atlandyrylýar. Meselem, «Gökdepe mukamy», «Erkeklik mukamy» atly mukamlaryň ikisi hem Gökdepe urşundaky pajygaly wakalar barada sazyň üsti bilen adamlara gürrüň berýär. «Gökdepe mukamy» türkmen sazynyň ussat halypasy Amangeldi Gönibek tarapyndan, «Erkeklik mukamy» bolsa halypa sazanda Berkeli Çokaý tarapyndan döredilýär. Şeýle hem «Kyrklar» atly mukamlar toplumy bolup, bu mukamlar toplumy kyrk sany mukamy özüne birleşdirýär. Bu mukamlaryň her biriniň adynyň yzyna *kyrk* sözi goşulýar. Meselem: «Selbiniýaz kyrk», «Keçeli kyrk», «Ýandym kyrk», «Dilim kyrk» ýaly ençeme sazlaryň adynyň yzyna kyrk sözüniň goşulmagy bu sazlaryň «Kyrklar» mukamlar toplumyndandygyna şaýatlyk edýär. Mundan başga-da «Ỳandym», «Maýagözel», «Humarala», «At çapan» ýaly ençeme mukamlar türkmen halkymyzyň iň bir söýüp diňleýän saz eserleridir. Mukam saz ýerine ýetirijilik sungaty hem özüniň asyrlardan-asyrlara aşyp, biziň günlerimize gelip ýetmeginde bu ugurdan ussat halypalaryň ençeme şägirtleri ýetişdirendigine we olara bu sungatyň inçe syrlaryny öwredendigine göz ýetirýäris. Mukam sazlarynyň ýerine ýetirijilik usulynyň biziň günlerimize gelip ýetmeginde Kel bagşy, Gulgeldi ussa, Amangeldi Gönibek, Täçmämmet Gurbanguly, Mylly Täçmyrat, Çary Täçmämmet, Ýagmyr Nurgeldi ýaly ussatlar biziň şu günlerimiziň ençeme sazandalarynyň halypalarydyr.

Türkmen saz ýerine ýetirijilik usulynyň ýene-de bir ugry hem *gargy tüýdükde* dürli sazlary ussatlyk derejesinde çalmakdyr. Geçmişde

biziň ata-babalarymyz gargy tüýdük üçin hem ajaýyp sazlary döredip, olary toýdur tomaşalarda ýerine ýetirip, halka hezil beripdirler. Gargy tüýdükde ýerine ýetirmek üçin döredilen sazlardan «Aga begler», «Öwezim», «Aýjemal», «Göç egren» ýaly başga-da birnäçe sazlary agzamak bolar. Bu ugruň hem geçmişde özüniň ussat sazandalarynyň bolandygyna halk içindäki gürrüňlerden, soňky döwürde ýazylan ylmy işlerden göz ýetirýäris. Ol ussatlar diňe bir sazlaryny döretmek we ýerine ýetirmek bilen çäklenmän, eýsem birnäçe şägirtlere gargy tüýdükde saz çalmagyň inçe syrlaryny öwredipdiler. Muňa mysal edip, Ỳazmuhammet Köse, Agajan aryk, Peýda tüýdükçi, Baky Maşak ýaly halypalaryň atlaryny agzamak bolar.

Aýdym-saz muşdaklary öň bagşynyň ýa-da haýsy hem bolsa bir sazandanyň sazyny diňleýän bolsalar, dutarda onuň kakuwyndan, dutaryň gapagyndan owaz alşyndan, gargy tüýdükden ses alşyndan, aýdýan bagşynyň sesinden, aýdymyň aýdylyş äheňinden haýsy bagşynyň ýa-da sazandanyň saz eserlerini ýerine ýetirýändigini tanaýarlar. Sebäbi her bir bagşynyň öz ses alyş usuly, sazandanyň bolsa öz kakuwy, perde basyş aýratynlygy bolýar. Bu bolsa bagşy-sazandalary (ýerine ýetirijilik usullary taýdan) biri-birilerinden tapawutlandyrýan ýerine ýetirijilik usul aýratynlyklarydyr.

Aýdym-saz sapagynda halk saz döredijiliginiň dürli ýollary, halypa bagşy-sazandalar, saz döredijiligimiziň biziň şu günlerimize gelip ýetmeginde halypalaryň bitiren hyzmatlary barada okuwçylara giňişleýin düşünje berilmelidir. Munuň üçin bolsa aýdym-saz mugallymynyň bu ugurdan düýpli bilimi, sowady bolmalydyr we ol türkmen halk saz döredijiligini düýpli bilmelidir. Aýdym-saz sapagynda okuwçylaryň aňynda milli saz sungatymyza bolan söýgini döretmek, ony öwrenmeklige bolan islegi, gyzyklanmany ýüze çykarmak milli terbiýäniň düýbüni tutmagyň esasydyr. Sebäbi her bir aýdym-saz mugallymy özüniň geçmiş saz mirasyny düýpli bilmese, onda ol biziň şu günki neslimize hem saz sowadyny doly derejede öwredip bilmez. Şonuň üçin hem orta mekdeplerde bu ugurdan işleýän aýdym-saz mugallymlarynyň türkmen halk saz döredijiligi baradaky bilimlerini özbaşdak ýokarlandyrmaklary zerurdyr. Mugallym sapakda häzirki zaman saz döredijiligi bilen birlikde, halk saz döredijiliginiň taryhy, halk saz döredijiliginiň ýerine ýetiijilik ýollary, halk saz gurallary barada düýpli düşünje bermäge çalyşmalydyr.

### Soraglar we ýumuşlar

1. Aýdym-saz sapagynda aýdym aýtmagy öwretmegiň terbiýeçilik ähmiýetini kesgitläň.

2. Sapakda okuwçylara aýdym aýtmagy öwretmegiň özboluşly düzgünlerini, onuň terbiýeçilik ähmiýetini aýdyňlaşdyryň.

3. Aýdym-saz sapagynda okuwçylaryň aýdym aýdýan pursatlary olaryň seslerini goramagyň esasy ugurlaryny ýüze çykaryň.

4. Okuw maksatnamasyna laýyklykda «Saz diňlemek» ugrunyň, saz işleriniň bir görnüşi hökmünde goşulmagynyň maksady nämeden ybarat?

5. Okuw maksatnamasyna laýyklykda okuwçylara saz diňlemegi öwretmegiň usuly aýratynlyklarynyň yzygider çylşyrymlaşmagyny seljeriň.

6. Sapakda alnyp barylýan saz işleriniň «Saz diňlemek» ugruna laýyklykda okuwçylara diňletmek üçin saz eserlerini saýlap almagyň terbiýeçilik ähmiýetini gürrüň beriň.

7. Saza laýyk ritmlere goşup hereket etmegi öwretmegiň terbiýeçilik ähmiýeti barada gürrüň beriň.

8. Saz bilen saza laýyk ritmlere goşup hereket etmegiň özara sazlaşygyny seljeriň.

9. Halk saz döredijiligi bilen bagly ýerine ýetirilýän tansly sazlara (*küştdepdiler, yhhymmyl, çapak tansy, monjugatdylar* we ş.m.) goşup hereket etmegi öwretmegiň özboluşly usuly aýratynlygyny häsiýetlendiriň.

10. Aýdym-saz sapagynda saz gurallarynyň görnüşleri bilen tanyşdyrmagyň maksadyny aýdyňlaşdyryň.

11. Çagalar üçin niýetlenilip döredilen saz gurallarynyň sesleriniň ýaňlanyş aýratynylygyna seljerme beriň.

12. Türkmen milli saz gurallarynyň görnüşleri barada gürrüň beriň.

13. Türkmen milli saz gurallarynyň ýaňlanyş aýratynlyklyklary nämeden ybarat?

# IV BAP. MEKDEPLERDE SAZ IŞLERINI MEÝILNAMALAŞDYRMAK WE ONY HASABA ALMAK

## §1. Saz işlerini meýilnamalaşdyrmagyň ähmiýeti

Umumy orta bilim berýän mekdepde alnyp barylýan okuw we terbiýeçilik işleriniň ähli ugurlarynda bolşy ýaly, aýdym-saz dersiniň okadylyşy we sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň ähli görnüşleri ýörite meýilnama esasynda alnyp barylýar. Aýdym--saz dersini okatmagyň we sapakdan daşary geçrilýän saz işlerini meýilnamalaşdyrmagyň ähmiýeti aşakdakylardan ybarat:

1. Aýdym-saz sapagyny okatmaga berilýän wagty dogry bölmekden we işi dogry guramakdan;

2. Ders boýunça öwredilýän temalary okuwçylaryň yzygiderli özleşdirmeklerinden;

3. Okuwçylaryň saz işlerine bolan ukyp-başarnyklaryny ösdürmekden we kämilleşdirmekden.

Aýdym-saz dersini okatmak we sapakdan daşary geçirilýän saz işlerini meýilnamalaşdyrmak bu ugurlara berilýän wagtyň göwrümine görä hasaba alynýar we kesgitlenilýär. Meýilnamanyň bölümleri özüniň ýerine ýetirilýän wagtynyň göwrümine görä atlandyrylýar:

1. Ýyllyk meýilnama;
2. Çärýeklik meýilnama;
3. Sapagyň meýilnamasy.

Geliň, indi şu ugurlaryň her biriniň üstünde durup geçeliň. *Ýyllyk meýilnama* adyndan belli bolşy ýaly, bütin ýylyň dowamynda aýdym--saz dersini okatmagyň ähli ugurlarynyň (basgançaklarynyň) mazmunyny öz içine alýar. Ýyllyk meýilnamada okuwçylaryň her bir synpda özleşdirmeli temalary, ýerine ýetirmeli saz işleri we ýumuşlary, olaryň maksady anyk görkezilýär. Şularyň esasynda bolsa okuwçylaryň sapakda aljak bilimlerine bagly olaryň umumy ösüş derejesi kesgitlenilýär. Ýyllyk meýilnama okuwçylara bilim bermekde mugallymyň öňünde durýan esasy meseläni aýdyňlaşdyrýar we ony çözmäge

ugrukdyrýar. Ýagny her ýylda aýdym-saz dersini okatmagyň ugurlaryny, okuwçynyň ýaş aýratynlyklaryna görä mümkinçiliklerini, saz sungatynyň kanunalaýyklygyny, temalaryň özleşdirilişini we onuň yzygider çylşyrymlaşmagyny kesgitleýär.

Mugallym ýyllyk okuw meýilnamasynyň esasy maksadyny kesgitländen soňra, okuw ýylynyň her çärýeginde meýilnama esasynda okatmagyň mazmunyny kesgitleýär.

*Çärýeklik meýilnama* haýsy usullar esasynda temanyň mazmunyny okuwçynyň aňyna ýetirmek bilen bagly meseleleri çözmegiň anyk soraglaryny özünde jemleýär. Köplenç çärýeklik meýilnamanyň mazmuny ýyllyk meýilnamada aýdyň görkezilýär.. Okuw meýilnamasynda haýsy usullar esasynda okuwçylaryň haçan okuw materiallaryny özleşdirmelidigi anyk görkezilýär. Şonuň esasynda bolsa mugallym geçiriljek sapagyň meýilnamasyny düzýär. Meselem, belli alym, kompozitor Dimitriý Borisowiç Kabalewskiniň ýolbaşçylygynda düzülen okuw maksatnamasynda çärýeklik meýilnama esasynda sapagyň mysaly temasy aýdyň görkezilipdir. Şeýlelikde, çärýeklik meýilnamanyň yzygiderligine laýyklykda sapakda haýsy temany geçjekdigini mugallymyň özi kesgitlemelidir.

Meýilnamanyň her bir döwri (etapy) özüniň bellibir maksadyna we ähmiýetine eýe bolmalydyr. Şeýlelikde bolsa, ol çärýeklik meýilnamanyň esasy iş ýüküni görkezmek bilen çärýeklik ýumuşlary ýerine ýetirmekligi üpjün edýär. Çärýeklik meýilnama düzülende her bir synpda okatmagyň iş şertleri göz öňünde tutulyp, şonuň esasynda hem meýilnama düzülmelidir. Okuwlary dogry we aýdyň, düşnükli meýilnamalaşdyrmak okuw maksatnamasynyň mazmunyndaky haýsy hem bolsa bir temanyň gözden salynmazlygyna mugallyma kömek edýär. Şonuň üçin hem mugallym okuw çärýeklerini meýilnamalaşdyranda, okuw maksatnamanyň mazmunyna, yzygiderliligine üns bermelidir.

*Okuw sapaklaryny dogry we yzygiderli meýilnamalaşdyrmak* özüniň örän uly terbiýeçilik ähmiýetine eýedir. Ýagny meýilnamada sapagyň gidişi, onda ýerine ýetiriljek işler, sapak wagtynda okuwçylara tabşyryljak ýumuşlar aýdyň görkezilýär. Şonuň üçin okuw sapagynda mugallymyň we okuwçylaryň ýerine ýetirjek her bir işi minut-

lara bölünen görnüşde bir bitewülige eýe bolmalydyr. Meselem, «Saz açarlary barada düşünje» diýen tema 15 minut berlen bolsa, onda mugallym bu temany 15 minutyň içinde geçip, başga tema geçmeli däldir. Mugalym temany meýilnamada görkezilen soňky işler bilen baglanyşdyrmaly. Ýagny mugallym skripka açary barada okuwçylara düşünje berýän bolsa, soňky minutlarda okuwçylara skripka açarynda we nota düşeklerinde saz sesleriniň yzygider ýerleşişi barada düşünje berýär. Has dogrusy, temany minutlar esasynda baglanyşdyrýar. Şu ýerde mugallym eýýäm sapagyň 20 minutyny ýokarda agzalanlary düşündirmäge sarp edýär. Galan 20 minutda mugallym okuwçylar bilen tema degişli dürli ýumuşlary ýerine ýetirýär. Mugallym temany düşündirmek üçin geçiljek temany minutlara bölende, onuň yzygiderliligini saklamaga hem üns bermelidir. Sapagyň soňunda bolsa mugallym okuwçylaryň özleşdirilen tema boýunça nähili düşünje alandyklaryny kesgitlemelidir. Şeýle hem bu ýerde «Mugallymyň özi temany doly düşündirip ýetişdimi?» diýen sorag ýüze çykýar. Sebäbi käbir halatlarda mugallym özleşdirilýän tema degişli bellibir işlere üns berip, indiki düşündirilmeli işleri ýadyndan çykarýar.

Mekdeplerde okuw sapaklaryny meýilnamalaşdyrmakdan başga-da sapakdan daşary geçirilýän her bir çäräni dogry meýilnamalaşdyrmak esasy işleriň biridir. Sapakdan daşary geçirilýän saz işlerini meýilnamalaşdyrmagyň esasy ähmiýeti her bir geçirilýän çäreleri gyssanyp, howul-hara guramakdan, ony guramaçylyksyz geçirmekden gaça durmaga kömek edýär. Işleri dogry guramak üçin ony ilki bilen dogry meýilnamalaşdyrmak zerurdyr. Sapakdan daşary geçirilýän saz işlerini meýilnamalaşdyrmak işleri oňat, dogry guramaga kömek edýär.

Sapakdan daşary geçirilýän çärelere gatnaşýan her bir okuwçy özüniň bu çärelerde näme edýändigini, ýoldaşlarynyň näme edýändigini, haýsy işi ýerine ýetirýändigini we haçan şol işleriň geçirilýändigini öňünden bilmelidirler. Bu bolsa okuwçylaryň geçiriljek çärelere işjeň gatnaşmaklaryna, özleriniň işi oňat guramakdaky orny barada pikir-isleglerini aýdyp bilmeklerine ýardam edýär.

Sapakdan daşary geçirilýän saz işleri meýilnamalaşdyrylanda onuň yzygiderliliginiň çakdanaşa uly we giň bolmagy, çärede ýeri-

ne ýetirilýän saz eserleriniň hemmesiniň täze bolmagy maksadalaýyk däldir. Ýerine ýetirmäge hödürlenilýän saz eserleriniň arasynda öňki geçirilen çärelerde ýerine ýetirilen saz eserleri bolsa, ony çagalar örän oňat kabul edýärler we diýseň gyzykly bolýar. Köpçülik bolup geçrilýän çäreler özüniň örän uly terbiýeçilik ähmiýetine eýedir. Okuwçylar bu çäreleri bilelikde guramaga, ol işleri bilelikde meýilnamalaşdyrmaga gatnaşmak bilen, olar takyklygy, başgalaryň öňünde jogapkärçiligi öwrenýärler.

## §2. Saz işlerini hasaba almagyň esasy ugurlary

Orta mekdeplerde alnyp barylýan saz işleriniň görnüşlerini we olaryň wagtyny hasaba almak işleri *özbaşdak* (indiwidual), *köpçülikleýin* (kollektiwleýin), *gündelik*, *jemleýji* ugurlar diýlip atlandyrylýar. Sapakdan daşary geçirilýän saz işlerini hasaba almagyň ugurlarynyň atlary agzalan ugurlar boýunça alnyp barylmaly işleriň esasyny kesgitleýär. Has dogrusy, ýylyň dowamynda haýsy wagtda işleriň haýsy bölüm esasynda hasaba alynmalydygyny görkezýär.

Saz işlerini hasaba almagyň *köpçülikleýin* ugry özüniň adyndan belli bolşy ýaly, saz işleriniň köpçülik bolup ýerine ýetirilýän ugurlarynyň hasabyny ýöredýär. Olar aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Köpçülik bolup aýdym aýtmak;
2. Leksiýa-konsertleri guramak;
3. Dürli bäsleşikleri geçirmek;
4. Baýramçylyk dabaralaryny geçirmek;
5. Sazly oýunlara we sazly çykyşlara köpçülikleýin tomaşa etmek.

Köpçülikleýin geçirilýän saz işlerini hasaba almakda, esasan, köpçülik bolup ýerine ýetirilýän işlere gatnaşyjylaryň sany, ýerine ýetirilmeli saz eserleriniň sanawy, gündelik geçiriljek işleriň wagty göz öňünde tutulýar. Bularyň ählisi özbaşdak ýerine ýetiriljek işleriň düýbüniň dogry tutulmagynyň esaslaryny goýmakdan ybaratdyr. Sapakdan daşary geçirilýän saz işleri hasaba alnanda oňa gatnaşýan her bir okuwçynyň ýerine ýetirip bilijilik mümkinçiliklerini hem hasaba almak maksadalaýyk hasap edilýär. Bu ugur boýunça geçirilen iş

tejribelerinden görnüşi ýaly, köpçülik bolup aýdym aýdylanda, käbir okuwçy saz seslerini ýoýup ýerine ýetirýär. Emma ol özbaşdak aýdym aýdýan mahaly sesleri arassa aýdyp bilýär. Munuň tersine, köpçülik bolup aýdym aýdylanda sesleri arassa, oňat aýtmagy başarýan okuwçy özbaşdak aýdym aýdýan mahaly sesleri dogry, arassa aýdyp bilmeýär. Şeýlelikde, okuwçylaryň ýerine ýetirijiligindäki ýokarda agzalan üstünligiň we kemçiligiň ikisiniň hem hasaba alynmagy mugallymyň bu ugur boýunça alyp barýan işiniň netijesiniň oňat bolmagyna ýol açýar.

Saz işlerini hasaba almagyň *özbaşdak* ugruna laýyklykda, aýdym-saz sapagynda we sapakdan daşary geçirilýän saz işlerinde her bir okuwçynyň saz ösüşiniň we mugallymyň işiniň netijesini ýüze çykarýar. Bu ýerde, esasan, sapakda ýa-da sapakdan daşary geçirilýän saz işlerinde okuwçylaryň her biriniň ýerine ýetirip bilijilik we saz işlerine aň ýetirijilik ukyplaryny hasaba almak göz öňünde tutulýar. Bu ugur boýunça, esasan, okuwçylaryň saz eserleriniň mazmunyna düşünişleri, ýerine ýetirýän ýa-da diňleýän saz eseriniň mazmunyny manyly gürrüň berip bilijiligi, olaryň saz işlerini ýerine ýetirip bilijilik ukyplary we ş. m. hasaba alynýar. Saz işlerini hasaba almagyň özbaşdak ugry boýunça hasaba almak haýsy okuwçynyň, mugallymyň üns merkezinde bolmalydygyny, her bir okuwçynyň saz işlerine bolan ukybynyň, başarnygynyň işjeňligini ýüze çykarmaga kömek edýär. Köpçülikleýin we özbaşdak ugurlary boýunça mekdeplerde alnyp barylýan saz işlerini dogry we maksadalaýyk hasaba almak *gündelik* we *jemleýji* ugurlary boýunça hasaba almagyň esasy bolmalydyr. Mugallymyň gündelik geçirýän okuw sapaklaryndan alnan maglumatlar onuň okuw işiniň netijesini ýüze çykarýar. Ýagny bu ýerde mugallymyň sapakda öwredýän temalaryny synpdaky okuwçylaryň ählisiniň özleşdirip bilijilik ukyplary göz öňünde tutulýar. Mekdeplerde alnyp barylýan saz işlerini gündelik hasaba almak bu ugur boýunça saz işlerini dogry meýilnamalaşdyrmaga kömek edýär. Has dogrusy, saz işlerini hasaba almak bilen ony meýilnamalaşdyrmak biri-biri bilen berk baglanyşyklydyr. Mekdeplerde alnyp barylýan saz işlerini hasaba almagyň jemleýji ugry alnyp barylýan saz işleriniň haýsy hem bolsa birini barlamagy göz öňünde tutmaýar. Ol, esasan, her çärýegiň

soňunda we okuw-terbiýeçilik işleriniň ähli döwründe (okuw ýylynyň ýarym ýyllygynda we okuw ýylynyň soňunda) bu ugur boýunça edilen işleriň netijelerni öz içine alýar. Bu ýerde göz öňünde tutulýan esasy mesele her çärýegiň soňunda geçirilen soraglaryň netijesine görä, okuwçylaryň aýdym-saz sapagynda alan bilimlerine baglylykda, olaryň bu ugur boýunça saz ösüşleri aýdyňlaşdyrylýar.

Ýokarda belläp geçilen saz işleriniň meýilnamalaşdyrylyşy, olaryň hasaba alnyşy okuw işlerinde iň bir gerekli wajyp ugurlaryň biridir. Ol mugallymyň özüniň wagtyny dogry peýdalanyp bilmegine kömek edýär. Sapaklary meýilnamalaşdyrmagyň ýene-de bir ähmiýetli tarapy hem maksatnama boýunça özleşdirmeklige hödürlenilýän temalaryň doly we yzygider ýagdaýda öwrenilmegine ýardam edýär.

Şeýlelikde, umumy orta bilim berýän mekdeplerde aýdym-saz dersini okatmak, sapakdan daşary geçirilýän saz işlerini meýilnamalaşdyrmak we olary hasaba almak orta mekdeplerde okuwçylara maksadalaýyk saz terbiýesini bermegiň möhüm ugurlarynyň biridir. Orta mekdeplerde saz işlerini dogry ýola goýmak ösüp barýan ýaş nesle gözellik terbiýesini bermegiň esasy ugurlarynyň biridir.

## §3. Sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň görnüşleri

Umumy orta bilim berýän mekdeplerde sapakdan daşary geçirilýän saz işleri mekdep okuwçylaryna ählitaraplaýyn terbiýe bermekde iň bir gerek, wajyp ugurlaryň biri hasap edilýär. Sapakdan daşary geçirilýän saz işleri her bir beýleki terbiýeçilik işlerinde bolşy ýaly, sapakdan daşary geçirilmeli işleriň birnäçe görnüşlerini özünde jemleýär.

Orta mekdeplerde sapakdan daşary geçirilýän saz işlerini 2 topara bölüp alyp barmaklyk maksadalaýyk hasap edilýär. Sapakdan daşary geçirilýän saz işleri aşakdaky görnüşlere bölünýärler:

1.Saz işlerini geçirmegiň köpçülikleýin geçirilýän görnüşi.

2.Saz işlerini geçirmegiň gurnak görnüşi.

Bu toparlaryň her biri hem sapakdan daşary saz işlerinde alnyp barylmaly işleriň birnäçe görnüşlerini özünde jemleýär.

Sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň köpçülikleýin görnüşi özünde aşakdaky ugurlary jemleýär:

- Mekdeplerde leksiýa-konsertleri guramak.
- Mekdeplerde köpçülikleýin sazly baýramçylyklary geçirmek.
- Mekdeplerde dürli bäsleşikleri guramak.
- Sazly oýunlara köpçülikleýin tomaşa etmek.

Sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň gurnak görnüşleri:

1. Ýekelikde aýdym aýtmak gurnagy;
2. Köpçülik (hor) bolup aýdym aýtmak gurnagy;
3. Dutarçylar ansambly (topary) gurnagy;
4. Wokal-saz gurallar ansambly we ş. m.

Ýokarda bellenip geçilen ugurlaryň her biri özüniň guralyşynda we alnyp barlyşynda özleriniň guramaçylyk taýdan aýratynlyklaryna eýedirler.

## § 4. Mekdeplerde köpçülikleýin geçirilýän saz işleriniň görnüşleri

Köpçülikleýin alnyp barylýan saz işleriniň adyndan belli bolşy ýaly, bu işiň öňünde durýan esasy maksat ýokarda agzalan ugurlara laýyklykda, okuwçylaryň bu ugurlara bolan ukyplaryna, isleglerine, başarnyklaryna garamazdan, olary köpçülikleýin saz işlerine çekmekden ybaratdyr. Beýle diýildigi, mekdeplerde synpdan daşary geçirilýän saz işleriniň köpçülikleýin görnüşine gatnaşýan okuwçylaryň saz ugrunda hiç bir ukyby, başarnygy bolmasa hem bolýar diýildigi däldir. Sebäbi okuwçylaryň sapakdan daşary geçirilýän köçülikleýin saz işleriniň haýsy görnüşine gatnaşýandyklaryna garamazdan, olaryň öz gatnaşjak ugurlaryna bolan islegleri we gyzyklanmalary hasaba alynmalydyr.

Sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň köçülikleýin görnüşine gatnaşýan her bir okuwçynyň gatnaşmaga isleg bildirýän ugurlaryny özleriniň saýlap almaklaryna, bu işlere ýolbaşçylyk edýän mugallym kömek etmelidir. Ýagny her bir ugur boýunça işleri ýerine ýetirmegiň maksady, wezipesi barada öňünden okuwçylara giňişleýin düşündirilýär. Bu bolsa olaryň gatnaşmaga isleg bildirýän ugurlary-

na bolan islegleriniň we gyzyklanmalarynyň ýüze çykmagyna kömek edýär. Şeýlelikde, sapakdan daşary geçirilýän köpçülikleýin saz işlerine gatnaşmak isleýän okuwçylaryň öz saýlap alan ugurlaryna bolan islegleri we gyzyklanmalary olaryň şol işlere bolan taýýarlygynyň esasyny düzýär. Umumy orta bilim berýän mekdeplerde sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň köçülikleýin görnüşi okuwçylar bilen leksiýa-konsertleri guramakdan, köpçülik bolup sazly baýramçylyklary, dürli sazly bäsleşikleri, synplar arasynda çeper höwesjeňleriň gözden geçirilişini guramakdan, okuwçylar bilen köpçülik bolup teatrlara, konsertlere gatnaşmakdan ybaratdyr.

Sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň köpçülikleýin görnüşindäki agzalyp geçilen ugurlaryň arasynda okuwçylar bilen leksiýa-konsertleri guramak we olary geçirmek bu görnüşiň esasy ugry hasap edilýär.

Köpçülikleýin leksiýa-konsertleri geçirmek ilki bilen belli rus saz mugallymy W. N. Şasskaýa tarapyndan ýola goýulýar. W. N. Şasskaýa leksiýa-konsertleri geçirmegiň ýörite mazmunyny, ony taýýarlamagyň we geçirmegiň usulyny işläp düzýär. Soňra mugallymyň özi birnäçe mekdeplerde leksiýa-konsertleri guramak we geçirip görkezmek arkaly, bu ugruň okuwçylara terbiýe bermekdäki ornuny, mümkinçiligini we onuň ähmiýetini açyp görkezýär.

Geliň, indi ýokarda agzalan görnüşleriň mazmuny we olary geçirmegiň ugurlary bilen tanyş bolalyň.

Sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň köpçülikleýin alnyp barylýan görnüşleri aşakdakylardan ybaratdyr:

**Leksiýa-konsertleri guramak we olary geçirmek** bu ugruň esasy görnüşi bolmak bilen, işiň esasy maksady okuwçylary döredijilik işgärleriniň ömri we döredijiligi bilen tanyşdyrmakdan, okuwçylaryň döredijilik ugurlaryna bolan isleglerini, gyzyklanmalaryny ýüze çykarmakdan, olaryň şol ugurlara bolan gözýetimlerini giňeltmekden we düşünjelerini çuňlaşdyrmakdan ybaratdyr.

Sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň leksiýa-konsert görnüşinde, esasan, okuwçylaryň belli döredijilik işgäri bilen duşuşyklaryny guramak we ony geçirmek göz öňünde tutulýar (belli kompozitor, aýdymçy, bagşy, sazanda, şahyr we ş. m. ). Ýagny mugallym

okuwçylar bilen maslahatlaşyp, olaryň oňat görýän kompozitoryny, aýdymçysyny ýa-da şahyryny mekdebe çagyryp, olar bilen döredijilik agşamyny geçirýär. Mugallym duşuşygyň meýilnamasyny ýazmagy okuwçylaryň özlerine tabşyrýar. Emma muňa garamazdan, onuň özi okuwçylara ýakyndan kömek berýär. Mugallym duşuşygyň dowamynda ýerine ýetiriljek işler barada okuwçylar bilen maslahatlaşyp, olaryň her biriniň ýerine ýetirmeli işlerini takyk paýlap berýär. Duşuşygy mugallymyň özi açýar. Soňra okuwçylaryň haýsy hem bolsa biri duşuşyga gatnaşýan döredijilik işgäriniň ömri we döredijiligi barada çykyş edýär. Leksiýa-konsertiň dowamynda duşuşyga gatnaşýan kompozitoryň özüne söz berilýär. Onuň döreden aýdymlarynyň, sazlarynyň ýazgysy okuwçylara diňledilýär we saz eserleriniň şekilli ýazgylary görkezilýär. Duşuşygyň dowamynda kompozitora öz döredijiligi bilen bagly birnäçe soraglar berilýär. Duşuşyk tamamlanandan soň, mugallym okuwçylar bilen duşuşygyň geçişi barada özara maslahat edýär. Duşuşygyň üstünlikli taraplary bilen birlikde, onuň ýetmezçilikleri, duşuşygyň dowamynda okuwçylar tarapyndan goýberilen kemçilikleriň üstünde durlup geçilýär. Soňra bolsa indiki ýerine ýetirilmeli işler barada maslahat edilýär.

**Mekdeplerde sazly baýramçylyklary geçirmek.** Mekdeplerde geçirilýän dürli baýramçylyklary guramaklyga gatnaşmak bu görnüşiň esasy ugurlarynyň biri hasap edilýär. Bu ugra gatnaşýan okuwçylar geçiriljek baýramçylyklaryň ssenariýasyny düzmegiň, guramaçylyk işleriniň, sahna bezeglerini ýerine ýetirmegiň işjeň agzalary bolmak bilen, olaryň özlerine tabşyrylan ýumuşlary ýerine ýetirişlerine mugallymyň özi gözegçilik edýär. Mugallym işiň gidişinde okuwçylaryň özlerine ynanylan işleri dogry ýerine ýetirişlerine gözegçilik etmek bilen, olary şol işleriň dogry guralyşyna ugrukdyrýar. Sapakdan daşary bu işi geçirmegiň esasy maksady mekdep okuwçylaryny sapakdan daşary geçirilýän saz işlerine köpçülikleýin çekmekden we şol işleriň üsti bilen olara terbiýe bermekden ybaratdyr.

**Mekdepde dürli bäsleşikleri guramak** sapakdan daşary köpçülükleýin geçirilýän saz işleriniň esasy ugry bolmak bilen, orta mekdeplerde okuwçylaryň arasynda geçirilýän bäsleşikleriň dürli görnüşlerini özüne birleşdirýär. Ol bäsleşiklere, esasan, «Iň eýjejik

gyzjagaz», «Hany bakaly, oglanlar», «Hany bakaly, gyzlar», «Merjen däneleri», «Kiçijik wäşi» ýaly başga-da ençeme bäsleşikler degişlidir. Sapakdan daşary köpçülikleýin geçirilýän saz işleriniň bu ugruna degişli işe gatnaşýan okuwçylar mekdepde geçirilýän dürli bäsleşikleri guramaga we olary geçirmäge ýakyndan kömek bermelidir. Mekdeplerde okuwçylaryň arasynda bäsleşikleri geçirmegiň esasy maksady okuwçylary etrap, şäher, welaýat, döwlet derejesinde geçirilýän bäsleşiklere taýýarlamaga kömek bermekden ybaratdyr. Sapakdan daşary geçirilýän saz işlerine gatnaşýan okuwçylaryň bäsleşikleri geçirmeklige ýakyndan kömek bermekleri olaryň şol işleri geçirmeklige bolan ukyp-başarnyklaryny ýüze çykarýar we şol işlere bolan oňat garaýyşlaryny kemala getirýär.

Bäsleşikleri geçirmeklige taýýarlyk görülýän wagtynda mugallym okuwçylaryň her biriniň ýerine ýetirip bilijilik ukyplaryny göz öňünde tutmak arkaly, olara dürli ýumuşlary tabşyrýar. Bäsleşik geçirilýän wagtynda bolsa mugallym okuwçylaryň şol işleri ýerine ýetirişlerine gözegçilik edýär.

Okuwçylar bu işleri geçirmäge we olary guramaga gatnaşmak bilen, şol çäreleri geçirýän mugallyma ählitaraplaýyn kömek berýärler. Meselem, olar bäsleşige gatnaşjak okuwçylary tapmaklyga, olary çykyş etmäge taýýarlamaklyga ýakyndan kömek berýärler. Bu bolsa okuwçylaryň bäsleşikleri geçirmäge bolan özbaşdak pikirleriniň ýüze çykmagyna itergi berýär.

**Sazly oýunlara, sazly çykyşlara köpçülikleýin tomaşa etmek.** Bu ugur hem okuwçylary ählitaraplaýyn terbiýelemekde, olaryň estetiki garaýyşlaryny kemala getirmekde sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň örän ähmiýetli ugry hasap edilýär.

Sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň bu görnüşi, esasan, teatrlarda çagalar üçin niýetlenip sahnada goýulýan oýunlara, dürli sazly çykyşlara köpçülikleýin tomaşa etmekden ybaratdyr.

Mugallym, ilki bilen, köpçülikleýin tomaşa ediljek oýunlaryň, sazly çykyşlaryň mazmunyny, onuň terbiýeçilik ähmiýetini kesgitleýär. Okuwçylar bilen sazly oýunlara, sazly çykyşlara köpçülikleýin tomaşa etmäge hödürlenilýän eserleriň mazmunynyň, häsiýetiniň okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna bagly özüniň terbiýeçilik ähmiýe-

tine eýe bolan ýagdaýynda, ol eserler okuwçylaryň tomaşa etmekleri üçin maksadalaýyk hasap edilýär. Oýun gutarandan soň, mugallym okuwçylar bilen tomaşa edilen oýunlaryň, sazly çykyşlaryň özlerinde galdyran täsirleri barada özara sorag-jogap alyşýar. Mugallym özüniň gurnaýan leksiýa-konsertleriniň dowamynda birnäçe sazly sergileri guraýar, ýaş diňleýjileriň maslahatyny, belli aýdymçylar, sazandalar bilen duşuşyp, olaryň döredijilik agşamlaryny geçirýär we dürli sorag-jogap agşamlaryny guraýar. Bu işi dogry guramak üçin ilki bilen onuň taryhyna göz aýlamak zerurdyr.

Umumy orta bilim berýän mekdeplerde sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň köpçülikleýin görnüşi geçen asyryň 20-nji ýyllarynyň aýaklarynda, 30-njy ýyllarynyň başlarynda Türkmenistan Watanymyzda geçirilip başlanýar. Ýagny bu ýerde ilki bilen bellenilmeli zatlaryň biri hem, şol ýyllarda Türkmenistanda ilkinji oba klublarynyň açylmagy, etraplarda medeniýet öýleriniň döredilmegidir. Şeýlelikde, şol döredilen klublarda, medeniýet öýlerinde çeper höwesjeňleriň gurnaklary döredilip, olara saz sungatyna bolan zehinli, ukyply ýaşlaryň birnäçesi çekilýär. Bu bolsa ýaş oglan-gyzlaryň dürli çärelere gatnaşyp, aýdym aýdyp, saz çalyp, olaryň öz ukyplaryny halka görkezip bilmeklerine mümkinçilik döredýär. Geçen asyryň 20-nji ýyllarynyň aýaklarynda, 30-njy ýyllarynyň başlarynda Türkmenistanyň Magaryf halk komissarlygynyň ýanyndaky drama studiýasy (1926 ý), Ýaş tomaşaçylar teatry (1930 ý), Aşgabat Magaryf öýüniň ýanyndaky gurjak teatry (1927 ý) ýaly başga-da birnäçe medeni aň-bilim ojaklarynyň açylmagy we olara ýaşlaryň köpçülikleýin gatnaşmaklary şol ýyllarda Türkmenistan döwletimizde köpçülikleýin çärelerini geçirmegiň düýbüniň tutulandygyndan habar berýär. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistan döwletimizde hormatly Prezidentimiziň «Türkmeniň Altyn asyry» atly bäsleşiginiň çäklerinde her ýyl «Garaşsyzlygyň merjen däneleri», «Ýaňlan, diýarym!» atly bäsleşikler geçirilýär.

## §5. Sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň gurnak görnüşleri

Sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň gurnak görnüşi okuwçylar bilen sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň esasy ugry bolmak bilen, ol hem öz gezeginde birnäçe ugurlary özüne birleşdirýär.

Gurnaklara gatnaşmaga isleg bildirýän okuwçylar özleriniň saýlap alan ugurlaryna gatnaşmaga doly haklydyrlar. Biziň bilşimiz ýaly, sapakdan daşary geçirilýän saz işlerinde dürli gurnaklar işlemek bilen islegi bar bolan okuwçylaryň ýerine ýetirijilik ussatlyklaryny ösdürmäge, olary kämilleşdirmäge mümkinçilik döredýär. Şeýlelikde, bu gurnaklara ýolbaşçylyk edýän her bir mugallym gurnaklara gatnaşmaga isleg bildirýän okuwçylaryň saz sungatynyň dürli görnüşlerine bolan başarnyklaryny, ukyplaryny öňünden doly kesgitläp, olaryň öz gatnaşýan ugurlaryndan ösüş derejelerini hasaba almalydyr. Orta mekdeplerde sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň ýekelikde aýdym aýtmak gurnagy mekdep okuwçylarynyň uly höwes bilen gatnaşýan ugurlarynyň biridir. Okuwçylar bu gurnaga gatnaşmak bilen, ýekelikde aýdym aýtmagyň dürli ugurlaryny öwrenýärler we aýdym aýtmak sungatynyň gizlin syrlaryna düşünip başlaýarlar.

Okuwçylar bu gurnaga özleri üçin amatly, okuwdan boş wagtlary gatnaşyp bilýärler. Olar gurnak ýolbaşçysy bilen özara ylalaşyp, özleriniň gurnaga haýsy günlerde, haýsy wagtlarda gelmelidiklerini öňünden kesgitleýärler. Soňra bolsa okuwçylar öz bellenen wagtlarynda bu gurnaga gatnaşmak bilen, mugallymyň ýolbaşçylygynda özleriniň ýerine ýetirmäge isleg bildirýän aýdymlarynyň üstünde işläp başlaýarlar. Okuwçylar bu gurnaga gatnaşmak bilen, mekdepde we mekdepden daşary geçirilýän köpçülikleýin çärelerde, özleriniň gurnakda öwrenen ýa-da öň bilýän aýdymlaryny ýerine ýetirmeklige mümkinçilik alýarlar.

**Ýekelikde aýdym aýtmak gurnagy** geçen asyryň 40–50-nji ýyllarynda umumy orta bilim berýän mekdeplere giňden ýaýran synpdan daşary geçirilýän saz işleriniň esasy görnüşleriniň biridir. Şol döwürlerde umumy orta bilim berýän mekdeplerde bu ugra aýratyn üns ber-

lip, mekdep durmuşyna giňden ornaşdyrylýar we ol sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň iň bir islegli ugurlarynyň biri bolmak bilen, oňa köpsanly mekdep okuwçylary gatnaşypdyrlar.

**Köpçülik bolup aýdym aýtmak gurnagy** sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň esasy ugurlarynyň biri bolmak bilen, bu gurnagyň maksady mekdep okuwçylarynyň köpçülik bolup aýdym aýtmaklyga bolan isleglerini kanagatlandyrmakdan, olaryň şol ugra bolan gyzyklanmalaryny ýüze çykarmakdan, iň esasy zat hem hor bolup aýdym aýtmagyň üsti bilen okuwçylara terbiýe bermekden ybaratdyr.

Köpçülik bolup aýdym aýtmaga isleg bildirýän okuwçylar bu gurnaga kabul edilmezden öňürti, mugallym tarapyndan olaryň ýaş aýratynlyklary kesgitlenilýär. Munuň sebäbi hor gurnaklary döredilende, okuwçylaryň ýaş aýratynlyklary göz öňünde tutulmak bilen dürli hor toparlary düzülýär. Mekdeplerde hor toparlary aşakdaky ýaly görnüşde düzülýär.

1. Kiçi ýaşly okuwçylar hory.
2. Orta ýaşly okuwçylar hory.
3. Uly ýaşly okuwçylar hory.

Kiçi ýaşly mekdep okuwçylaryndan düzülen hor gurnaklary hepdede 2–3 gezek geçirilmek bilen, onuň dowamlylygy 45 minutdan köp bolmaly däldir.

Orta we uly ýaşly mekdep okuwçylaryndan düzülen hor gurnaklary hepdede 4–5 gezek geçirilmek bilen, arakesme arkaly onuň dowamlylygy iki sagat aralygyna deňdir.

Hor gurnagynda ýerine ýetiriljek aýdymlar, esasan, bu gurnaga gatnaşýan ýaşajyk aýdymçylaryň isleglerine görä saýlanyp alynýar. Sebäbi okuwçylar bilen ýerine ýetirilýän aýdymlar özüniň terbiýeçilik ähmiýetine eýe bolmak bilen, okuwçylarda arassa, tämiz duýgulary ýüze çykarmalydyr.

Saz sapaklarynda bolşy ýaly, sapakdan daşary geçirilýän hor gurnaklarynda hem okuwçylaryň aýdymlary dogry, täsirli ýerine ýetirmekleri üçin gurnak ýolbaşçysy birnäçe işleri amala aşyrmalydyr. Ýagny ol okuwçylaryň aýdymyň heňiniň dogry, ritm taýdan sazlaşykly ýaňlanyşynyň üstünde işlemelidir.

15. Sargyt № 2171

Gurnak ýolbaşçysy okuwçylara köpçülik bolup aýdym aýtmagy öwredende, öwrenilýän aýdymlaryň heňiniň ýazgylary okuwçylara diňledip öwretmekligiň üsti bilen amala aşyrýar. Bu bolsa gurnaklarda köpçülik bolup aýdym öwrenmek bilen sapakda aýdym öwrenmegiň arasyndaky ýüze çykýan aýratynlykdyr.

Sapakdan daşary geçirilýän gurnaklaryň ählisine mahsus bolan, hor gurnagynyň hem okuwçylar üçin terbiýeçilik taýdan täsirliligi öwrenilýän aýdymlaryň köpçülik bolup öwrenilmegi we öwrenilen aýdymlaryň hem mekdeplerde geçirilýän dürli baýramçylyk çärelerinde köpçülik bolup ýerine ýetirilmegidir. Sebäbi okuwçylaryň gurnakda öwrenýän aýdymlaryny diňe bir özleri diňlemän, eýsem olaryň ata-eneleri, ýoldaşlary hem baýramçylyk çärelerine gatnaşyp, olaryň ýerine ýetirýän aýdymlarynyny diňleýärler we aýdymy ýerine ýetirişlerine ählitaraplaýyn baha beryärler. Bu bolsa okuwçylaryň öz edýän işlerinden lezzet almaklaryna we olarda iň oňat, tämiz duýgularyň ýüze çykmagyna kömek edýär.

**Dutarçylar ansambly.** Bu gurnak adyndan belli bolşy ýaly, orta mekdeplerde dutar çalmakdan baş çykarýan, dutar çalmagy oňat görýän okuwçylar toparyny synpdan daşary geçirilýän saz işlerine çekmekden ybaratdyr. Okuwçylar bu gurnaga gatnaşmak bilen, olar dutar saz guraly, dutar çalmagyň dürli ugurlary barada düşünje alýarlar.

Bu gurnaga gatnaşmaga isleg bildirýän her bir mekdep okuwçysy özüniň ýaşyna garamazdan, oňa gatnaşyp bilýär. Sebäbi bu gurnagyň esasy maksady ösüp barýan ýaş nesliň türkmen halk aýdym-saz sungaty, türkmen halk aýdym-sazlary, olaryň ýerine ýetiriliş ýollary, bagşy-sazandalaryň ömri we döredijiligi baradaky düşünjelerini ösdürmekden, olaryň saz sungaty baradaky gözýetimlerini giňeltmekden ybaratdyr.

Gurnagyň ýolbaşçysy gurnaga gatnaşýan okuwçylar bilen özara maslahatlaşyp, gurnagyň geçilmeli günlerini we onuň wagtyny kesgitleýär. Gurnagyň geçirilýän günleri we wagty oňa gatnaşýan okuwçylar üçin amatly bolmalydyr.

Ansamblda öwreniljek we ýerine ýetiriljek sazlar saýlanyp alnanda, okuwçylaryň isleglerine görä, olaryň ýerine ýetirip bilijilik

başarnyklary gurnak ýolbaşçysy tarapyndan göz öňünde tutulyp, saýlanyp alynmalydyr. Gurnak ýolbaşçysy okuwçylaryň ýerine ýetirijilik mümkinçiliklerini göz öňünde tutmak bilen, olaryň ansamblda oturjak ýerlerini kesgitläp, her bir okuwçynyň oturmaly ýerlerini görkezmelidir. Ýagny dutary gowşak, ynamsyz çalýan okuwçylary yzrakda oturtmaly, dutary oňat çalyp bilýän okuwçylary bolsa öňde oturtmaly. Sebäbi okuwçylar baýramçylyklarda ýa-da beýleki çärelerde çykyş edenlerinde ansamblda gowşak dutar çalýan okuwçylaryň ýetmezçiligini tomaşaçylar duýmaly däldirler. Okuwçylaryň saz çalýan wagtlary olara tomaşa edýän diňleýjileriň şeýle ýagdaýlary duýmaklary okuwçylaryň çykyşlarynyň hiliniň peselmegine getirýär. Bu gurnak hem beýleki gurnaklar ýaly özüniň terbiýeçilik ähmiýetine eýe bolmalydyr we ol okuwçylarda türkmen halk aýdym-sazlaryna bolan islegi, gyzyklanmany hem-de söýgini ýüze çykarmalydyr.

**Saz gurallarynda ýekelikde saz çalmak gurnagy.** Bu gurnaga okuwçylaryň ýaşyna garamazdan, olaryň öz isleglerine görä gatnaşmaga haklydyrlar. Munuň sebäbi bolsa umumy orta bilim berýän mekdeplerde saz çalmaga höwesi bolan, saz çalmaga isleg bildirýän her bir mekdep okuwçysynyň islegini amala aşyrmakdan ybaratdyr. Beýleki gurnaklarda bolşy ýaly, bu gurnakda hem mugallymyň öňünde durýan esasy wezipesi okuwçylaryň ýerine ýetirjek sazlaryny dogry saýlap almakdyr. Sebäbi gurnaga gatnaşýan okuwçylar özleriniň öwrenýän sazlaryna we dürli köpçülikleýin geçirilýän çärelerde edýän çykyşlaryna üýtgeşik waka hökmünde seredýärler. Gurnakda geçirilýän bu işler okuwçylaryň indiki etjek çykyşlaryna isleg we gyzyklanma döretmelidir. Sebäbi ýekelikde saz çalýan her bir okuwçy tomaşaçylaryň öz çykyşlaryna berjek bahasyna tolgunmak bilen garaşýarlar.

**Wokal-saz gurallary ansambly gurnagy** hem mekdep okuwçylarynyň isleg, höwes bildirýän esasy ugurlarynyň biri bolmak bilen, ol mekdep durmuşyna giňden ýaýran ugurlaryň biridir. Bu gurnaga gatnaşýan okuwçylaryň topar düzümi we olaryň çalýan sazlarynyň göwrümi çäklendirilen däldir. Okuwçylaryň bu gurnaga çekilmeginiň maksady gurnaga gatnaşyjy okuwçylaryň wokal-saz gurallary toparynyň ýerine ýetirýän sazlaryna bolan islegilerini ýüze çykmak-

dan we olary dürli mazmunly sazlaryň üsti bilen terbiýelemekden ybaratdyr. Bu gurnakda okuwçylara diňe bir häzirki zaman aýdym-sazlaryny çalmak we aýtmak öwredilmän, eýsem halk aýdym-sazlaryny ýerine ýetirmek hem öwredilýär. Wokal-saz gurallary ansambly mekdepde geçirilýän dürli baýramçylyk çärelerinde çykyş etmek bilen, olaryň ýerine ýetirýän aýdymlarynyň, sazlarynyň mazmuny biziň şu günki ajaýyp zamanamyzy, Watanymyzyň gülläp ösüşini wasp etmäge gönükdirilen bolmalydyr.

Şeýlelikde, ýokarda agzalyp geçilen sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň esasy görnüşleri bolan dürli saz gurnaklary özüniň örän uly terbiýeçilik ähmiýetine eýe bolmak bilen, ol okuwçylaryň saz sungatyna bolan isleglerini, höwesini we gyzyklanmalaryny kanagatlandyrýar hem-de okuwçylary ählitaraplaýyn ösdürýär. Bu bolsa umumy orta bilim berýän mekdeplerde sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň öz öňünde tutýan baş maksadydyr. Şol maksada ýetmek üçin mekdep ýolbaşçylarynyň, aýdym-saz mugallymlarynyň, gurnak ýolbaşçylarynyň öňünde amala aşyrylmaly ençeme çylşyrymly meseleler durýar.

## §6. Mekdeplerde geçirilýän baýramçylyk dabaralaryny guramak

Türkmen halkymyzyň geçmiş taryhyndan belli bolşy ýaly, ol dürli baýramçylyklara, toý-dabaralara, milli däp-dessurlara örän baý halkdyr. Türkmen halky her bir baýramçylygy, tomaşaly dabaralary uly şowhun bilen giňden belläpdir. Biziň bilşimiz ýaly, türkmen halkymyzyň uludan tutýan toýlarynda, baýramçylyklarynda olaryň şowhunyny, dabarasyny artdyrmak bagşylardyr sazandalaryň paýyna düşüpdir. Bagşy-sazandalar toýlarda aýdym aýdyp, saz çalyp, dessanlary ýerine ýetirip, toýlaryň, baýramçylyklaryň şowhunyny belende göterip, olary has-da dabaralandyrypdyrlar. Baýramçylyklarda biziň gelin-gyzlarymyz halk döredijiliginiň dürli görnüşlerini ýerine ýetirseler, türkmen ýigitleri at çapdyryp, göreş tutup, aýdym aýdyp, saz çalyp, toý-baýramlaryň bezegi bolupdyrlar. Geçmişde türkmenler ählihalk bolup, baýramçylyklary geçirenlerinde, toý tutanlarynda türk-

men çagajyklary hem ulular bilen bir hatarda baýramçylyklara, toýlara gatnaşypdyrlar. Türkmen çagajyklary köpçülik bolup geçirilýän dürli dabaralarda özleri üçin gelin-gyzlarymyz tarapyndan sünnälenip tikilen milli nagyşlara, keşdelere örän baý bolan geýimleri geýip, dabaralary bezäpdirler. Türkmen gyzjagazlary baýramçylyklarda gopuz çalyp, läle kaksalar, oglanjyklar aşyk oýnap, aýdym aýdyp, tüýdüklerde saz çalyp, her dürli tanslary ýerine ýetiripdirler. Şeýlelikde, her bir türkmen çagajygy geçmişde baýramçylykdyr toýlary geçirmegiň işjeň agzalary bolup hyzmat edipdirler.

Ynha, bu gün Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň her bir künjeginde hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda biziň baýramlarymyzdyr toýlarymyz giňden bellenilýär. Bu günki gün biziň geçmişimizden miras galan milli baýramlarymyz milli toý lybaslaryna beslenip, ýurdymyzyň ähli ýerinde örän giňden bellenilýär.

Bu baýramçylyklar döwletimiziň her bir şäheridir obalarynda, döwlet edaralarynda, ýörite orta we ýokary okuw mekdeplerinde, umumy orta bilim berýän mekdeplerde döwlet derejesinde giňden bellenilip geçilýär. Döwlet derejesinde geçirilýän dürli baýramçylyklarda okuwçylaryň ýerine ýetirmeklerinde ýörite aýdym-sazly çykyşlar taýýarlanylýar. Bu baýramçylyklaryň temasy, mazmuny bu işlere guramaçylyk edýän mugallym tarapyndan okuwçylara düşündirilýär we sazly çykyşlaryň maksatnamasyna baýramçylygyň mazmunyny açyp görkezýän aýdymdyr-sazlar, goşgular, degişme sahnalary saýlanyp alynýar. Baýramçylyk çärelerine ýolbaşçylyk edýän mugallym her bir ýerine ýetiriljek aýdymdyr sazlary, goşgulary diňläp, olara baha berýär. Şeýle hem baýramçylyklarda sungatyň garyşyk görnüşi bolan dekorasiýalar, sahna bezegi, okuwçylaryň sahnada ýerine ýetirjek çykyşlaryna laýyk egin-eşikleri saýlanyp alynýar. Orta mekdeplerde baýramçylyk çäreleri geçirilende oňa mekdepde okaýan ähli okuwçylar gatnaşyp, olar çäreleriň işjeň agzalary bolmalydyrlar. Baýramçylyk çärelerinde çagalar üçin niýetlenen aýdymdyr sazlar bilen birlikde, okuwçylara dürli baýramçylyk sowgatlary paýlanylmalydyr. Okuwçylara baýramçylyk sowgatlary gowşurylanda hem sowgady gowşuryjynyň we sowgady kabul edijiniň hem hereketleri sazlara goşulyp, baýramçylyk häsiýetli, şowhunly bolmalydyr.

Şeýlelikde, baýramçylyk çärelerinde ýerine ýetirilýän her bir iş okuwçylaryň emosional isleglerini has-da ýokarlandyrmalydyr we olaryň ýerine ýetirijilik işlerine bolan höwesini, gyzyklanmasyny hem-de geçirilýän çärelere bolan oňat garaýyşlaryny ösdürmelidir, ony işjeňleşdirmelidir.

Her bir baýramçylyk çäreleri geçirilende, onda ýerine ýetirilýän aýdymlaryň, goşgylaryň mazmunyna laýyklykda, baýramçylyklarda çalynjak sazlaryň hem ideýa-mazmuny bellenilýän baýramçylyklaryň mazmunyna, temasyna gabat gelip, ony baýramçylyga gatnaşýan ýaşajyk diňleýjileriň öňünde suratlandyrmalydyr hem-de geçirilýän çäreleriň mazmunyny olaryň aňyna ýetirmelidir. Meselem, biz Milli bahar baýramçylygyna bagyşlap çäre geçirsek, şol çäräniň türkmen halkynyň durmuşynda tutýan ornuny we ähmiýetini okuwçylara ýetirmek maksady bilen, bu baýramçylyga degişli ata-babalarymyzdan bize miras galan halk döredijiliginden parçalary, olara degişli aýdymdyr tanslary, goşgulary sahnada ýerine ýetirmeli. Şeýle hem Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Milli bahar baýramçylygynyň bellenilişi bilen bagly, ony wasp edýän aýdym-sazlar, goşgular, sahnajyklar, tanslar bu baýramçylyk çäresiniň esasy bolup hyzmat etmelidir.

Baýramçylyk çäreleriniň dowamynda ýaňlanýan aýdym-sazlar baýramçylyk çykyşlarynyň ählisiniň bezegi bolmak bilen, ol çäreler okuwçylarda ajaýyp täsirleri döretmelidir. Bu bolsa her bir baýramçylyk çäreleriniň terbiýeçilik taýdan täsiriniň ýüze çykmaklygyna itergi berýär.

Ýetip gelýän baýramçylyk senelerine bagyşlanylyp taýýarlanylýan sazly çykyşlaryň meýilnamalary oňa ýolbaşçylyk edýän mugallym tarapyndan örän oýlanyşykly düzülýär. Baýramçylyk çärelerini geçirmek üçin sazly çykyşlaryň meýilnamalaryna häzirki zaman kompozitorlarynyň eserleri bilen bir hatarda halk aýdym-sazlary hem saýlanyp alnyp, olar şol geçirilýän çäreleriň bezegi bolup hyzmat etmelidir. Şeýle hem bu baýramçylyk çärelerinde türkmen kompozitorlarynyň döreden baýramçylyk marşlaryny ulanmaklyk ýerlikli hasap edilýär. Okuwçylaryň marş sazlaryna aýak goşup, sahnada hereket etmekleri dabaranyň şowhunyny has-da artdyrýar.

Baýramçylyk senelerine bagyşlanyp çäreler geçirilende, dabarany açmak üçin marş sazlaryny ýerine ýetirmek örän oňat taýýarlygy talap edýär we ol özüniň öňden işlenilip taýýarlanylan usulyna eýedir. Ol usul çärä ýolbaşçylyk edýän mugallym tarapyndan öwrenilip, uly bolmadyk hor (çagalar) topary bilen işlenilmelidir. Ýöriş aýdym-sazlaryna mysal edip, W. Ahmedowyň «Ýöräliň», Ç. Nurymowyň «Marş», R. Rejebowyň «Parla, ýaşyl Baýdagym» ýaly aýdym-sazlaryny görkezmek bolar. Bu işleriň okuwçylar üçin has-da täsirli bolmagy üçin her bir synpyň mugallymynyň çärä işjeň gatnaşmaklygy maslahat berilýär. Orta mekdeplerde baýramçylyk çärelerinde ýerine ýetirmeli işleriň sanawy we peýdalanyljak saz eserleriniň toplumynyň sanawy mekdebiň aýdym-saz mugallymynyň çärýeklik meýilnamasynda örän aýdyň görkezilmelidir.

Orta mekdeplerde ýylyň dowamynda her okuw çärýeginde bellenilmeli baýramçylyk çäreleriniň görnüşleri, olaryň mazmuny, temalary mekdebiň terbiýeçilik okuw meýilnamasyna laýyklykda düzülmek bilen, onda ýerine ýetiriljek aýdymlar, sazlar, tanslar, sazly oýunlar meýilnamada yzygider we doly görkezilmelidir.

Baýramçylyk çäreleriniň ýyllyk meýilnamasy okuw-terbiýeçilik maksatnamanyň esasynda düzülmek bilen, ol baýramçylyk çärelerinde ýerine ýetiriljek saz eserleriniň üstünde işlemeklige, öwrenmeklige, olary bellibir wagtlara bölmeklige kömek edýär.

Ýylyň dowamynda, ýagny ýyllyk meýilnamada görkezilen ähli işler çärýeklik we gündelik iş meýilnamada yzygider ýerleşdirilmek bilen, olar saz sapagynyň tertibiniň mazmunyna laýyklykda yzygider düzülmelidir. Her bir ýetip gelýän baýramçylyklar okuwçylaryň oňat taýýarlanmaklary üçin saz sapaklarynda hem okuwçylar bilen geçiriljek çäreleriň mazmunyna laýyklykda temalar saýlanyp alnyp, bu okuwlar pedagogikanyň kanunalaýyklygyna bagly, okuwçylaryň ýerine ýetirijilik ukyplaryny ösdürmeklik göz öňünde tutulyp alnyp barylmalydyr.

Baýramçylyk çärelerine taýýarlyk saz işleri uly bolmadyk okuwçylar toparlary bilen hem alnyp barylýar. Bu taýýarlyk işlerinde okuwçylar geçiriljek baýramçylyk senesi bilen bagly dürli aýdymlardyr sazlary, tanslary mugallymyň ýolbaşçylygynda öwrenmelidir.

Bu okuw-terbiýeçilik işleriniň mazmuny aýdym-saz sapaklarynda öwrenilýän, özleşdirilýän okuw materiallaryna baglylykda alnyp barylmalydyr. Muňa belli bir ýaşdaky okuwçylar gatnaşýarlar. Uly bolmadyk okuwçylar topary bilen baýramçylyklara taýýarlyk işlerini alyp barmaklygyň dowamlylygy 30 – 40 minuta deň bolmalydyr. Bu okuw taýýarlyk işleri günüň ikinji ýarymynda alnyp barylýar.

Baýramçylyk çärelerine taýýarlyk bilen bagly indiwidual (okuwçylar bilen aýratynlykda aýdym-saz öwrenmek) saz okuw sapaklaryny geçmek özüniň dowamlylygy boýunça uzak bolmaly däldir. Ýagny ol bir okuw sapagynyň dowamlylygyna deň bolmak bilen (45 minut), 1 sapagyň dowamynda haýsy hem bolsa bir aýdymy ýa-da tansy, sazly oýunlary, saz gurallarynda haýsy hem bolsa bir aýdymyň heňini ýa-da saz çalmagy öwrenmek göz öňünde tutulýar. Baýramçylyk çärelerinde saz işleriniň ähli görnüşleri okuw iş gününiň tertibine laýyklykda guralmak bilen, ol baýramçylyklara okuwçylary taýýarlamaga gönükdirilmelidir.

Baýramçylyk çärelerine çenli birnäçe gün öňünden ençeme gezek gysga wagtyň dowamynda ähli synpyň okuwçylary birleşip, saz bilen bagly taýýarlyk işlerini geçirýärler. Bu geçirilýän saz taýýarlyk işleriniň (okuwlarynyň) esasy maksady baýramçylyk çärelerini geçirmäge gatnaşýan okuwçylaryň sahnada nähili özlerini alyp barmalydyklary, özleriniň ýerine ýetirjek aýdymdyr sazlarynda, sazly oýunlarda nähili geýimleri geýmelidikleri barada düşünje bermekden ybaratdyr. Baýramçylyk çäresiniň geçiriljek ýerinde sahna bezeginiň ýerine ýetirilişi baýramçylyk çäresini guraýjy mugallym tarapyndan okuwçylara düşündirilýär. Şeýle hem baýramçylyk çärelerini gurnaýan mugallymlar tarapyndan her bir synpyň okuwçylarynyň çärede ýerine ýetirmeli işleri, baýramçylyk çäresinde olaryň nähili özlerini alyp barmalydyklary düşündirilýär. Saz taýýarlyk işlerinde okuwçylaryň baýramçylyk çäresiniň dowamynda bilelikde ýerine ýetirmeli aýdymlarynyň sözleri we heňi, çäräniň dowamynda köpçülik bolup saza goşup ýerine ýetirilmeli hereketler öwredilýär. Bu işleriň ählisi okuwçylaryň baýramçylyk çärelerinde aýdymlary bellibir wagtda başlamaklyga, gutarmaklyga we saz eserlerini täsirli ýerine ýetirmeklige bolan taýýarlykdyr.

Baýramçylyk çäreleri geçirilende ýerine ýetiriljek aýdymdyr sazlary, tanslary, dürli oýunlary, degişme sahnalary taýýarlamak işinde ony taýýarlaýan we guraýan mugallymyň öňünde käbir kynçylyk döredýän meseleler ýüze çykýar. Ýagny mugallym baýramçylyk çäresinde çykyş etjek okuwçylaryň ýerine ýetirjek işlerine bolan ukybyny we başarnygyny öňünden kesgitlemegi başarmalydyr we şoňa görä hem her bir okuwçynyň ýerine ýetirijilik ukybyny we başarnygyny göz öňünde tutmak arkaly olara dürli ýumuşlary tabşyrmalydyr. Meselem, käbir okuwçynyň aýdym aýtmaga bolan islegi örän güýçli, onuň belent, ýakymly, owadan sesi hem bar, ýöne ol sahnada özüni erkin, şadyýan duýmagy başarmaýar, ol köpçülige gözi düşenden özüni ýitirýär, sazyň gidişini duýup bilmeýär, has dogrusy, ol utanýar. Şonuň üçin ony sahna çykaryp bolmaýar. Emma başga bir okuwçynyň sesi pesräk, ýöne muňa garamazdan, ol sahnada aýdym aýdanda özüni erkin alyp barýar, ähli okuwçylary özüne çekmegi başarýar hem-de aýdym aýdyp dabaranyň şowhunyny artdyryp bilýär. Bu ýagdaý bolsa dabaranyň esasy bolup hyzmat edýär.

Baýramçylyk çäreleri geçirilýän, oňa taýýarlanylýan pursatlarda saz işlerine bolan ukyplary pes okuwçylary hem bu çärelere çekmäge mugallym borçludyr. Sebäbi ol çagalarda şol işlere bolan isleg, höwes güýçli bolýar. Ýöne olaryň şol ugurlara bolan ukyp-başarnygy ýeterlik bolmaýar. Şonuň üçin hem şol çäreleri taýýarlaýan, oňa ýolbaşçylyk edýän mugallym şeýle okuwçylary şol işlerden çetleşdirmän, olara özleriniň ukyp-başarnyklaryna görä ýumuşlary tabşyrmaly. Ýöne saz ýerine ýetirijilik işlerine bolan ukyby, başarnygy gowşak okuwçylar üçin mugallymyň tabşyrýan her bir ýumuşlary gyzykly bolmalydyr hem-de ol ýumuşlar okuwçylarda indiki ediljek işlere bolan höwes, gyzyklanma döretmelidir. Bu bolsa okuwçynyň umumy ösüşiniň (gözýetiminiň giňelmeginde, dünýägaraýşynyň ösmeginde, saz-estetiki ösüşinde oňat üstünlikli taraplaryň) ýüze çykmagyna kömek edýär, ony işjeňleşdirýär.

Biziň bilşimiz ýaly, her bir çaganyň ata-enesi özüniň ösdürýän, terbiýeleýän çagasynyň edepli, ekramly, ählitaraplaýyn ösen, dünýägaraýşy giň, medeniýetli adam bolup ýetişip, durmuşda öz ornuny tapmagyny isleýär. Şonuň üçin hem olar öz çagalaryny ilkinji

gezek mekdebe ugradanlarynda, olaryň ylymly-bilimli bolmaklaryna we terbiýeli adamlar bolup ýetişmeklerine ynam baglaýarlar. Şonuň üçin hem okuwçylaryň gatnaşmagynda geçirilýän baýramçylyk dabaralaryna okuwçylaryň ene-atalary çagyrylmalydyr we olara özleriniň çagalarynyň şol dabaralarda nähili çykyş edýändiklerini görkezilmelidir. Sebäbi her bir ene-ata öz çagasynyň mekdepde alnyp barylýan köpçülik işleriniň işjeň agzasy bolmagyny isleýärler. Şonuň üçin mugallym her bir okuwçynyň mekdepde geçirilýän baýramçylyk dabaralarynyň işjeň agzalary bolmaklaryna mümkinçilik döretmelidir. Eger-de okuwçy «garagol ýa-da bezzat» diýlip, şol çärelerden çetleşdirilse, onda ol okuwçylarda psihiki gamgynlyk, göwnüçökgünlik peýda bolýar. Muňa pedagogikanyň talaplaryna laýyklykda baha berlende, ol doly manyly terbiýeçilik işleri diýlip hasap edilmeýär.

Mekdepde baýramçylyk çärelerini geçirmeklige we oňa taýýarlanmaga jogapkär mugallym bilen birlikde, saz gurnak ýolbaşçylary hem işjeň gatnaşmalydyr. Olar baýramçylyk dabaralarynyň maksadalaýyk geçmegini gazanmak üçin, taýýarlyk işlerine ýakyndan kömek bermelidir. Mekdepdäki saz işlerine ýolbaşçylyk edýän aýdym-saz mugallymy ähli synplaryň ýolbaşçylary bilen bütin ýylyň dowamynda bilelikde agzybir işläp, haýsy baýramçylyklara haýsy synpdan haýsy okuwçynyň gatnaşjakdygyny we baýramçylykda olaryň haýsy ugur boýunça çykyş etjekdiklerini öňünden meýilnamalaşdyrýarlar. Soňra ol baýramçylyklaryň öň ýanynda dabara gatnaşýan okuwçylar bilen bilelikde baýramçylyk çäresini geçirmäge hem-de ondaky ýerine ýetiriljek çykyşlara taýýarlyk işlerini guramaga kömek etmelidir. Baýramçylyk dabaralarynyň öň ýanyndaky taýýarlyk işlerinde şol senäni dabaraly geçirmek baradaky meselä degişli ýörite maslahat geçirilýär. Maslahatda baýramçylygy alypbaryjy we oňa kömekçi saýlanylýar. Baýramçylyk dabarasy wagtynda dabarany alypbaryjy we onuň kömekçisi bu işlere ýolbaşçylyk edýän aýdym-saz mugallymy bilen maslahatlaşyp, baýramçylyk dabarasynyň başlanýan wagtyndan, tä gutarýança haýsy işleriň haýsy wagtda ýerine ýetirilmelidigi barada bilelikde oýlanyşykly hereket etmelidirler. Baýramçylyk dabarasynyň taýýarlyk döwründe dabarany alypbaryjy, onuň kömekçisi, saz

ýolbaşçysy mekdebiň mugallymlaryny hem şol işlere çekip, baýramçylygy guramaçylykly geçirmek maksady bilen, olaryň her birine baýramçylyk bilen bagly ýumuşlary tabşyrmalydyr (baýramçylyk geçiriljek otagy kim bezemeli, baýramçylykda çykyş etjek okuwçylaryň öz ýerine ýetirýän işlerine görä nähili geýimleri geýmeli, tertip-düzgüne kim seretmeli, kim baýramçylykda gowşuryljak sowgatlary taýýarlamaly we ş. m).

Dabaranyň taýýarlyk döwründe saz ýolbaşçysy, baýramçylygy alypbaryjy bilen bilelikde, şol işleriň taýýarlanylyşyna gözegçilik etmelidir hem-de ol işleri taýýarlamakda kynçylyk çekýän mugallymlara kömek bermelidirler. Şeýle hem dabarany alypbaryjy, onuň kömekçisi we saz ýolbaşçysy baýramçylyk meýilnamasynyň her bir bölegi barada pugta oýlanmalydyrlar. Saz ýolbaşçysy baýramçylyk dabarasyny alypbaryjy bilen bilelikde, bu işleriň guralyşyndaky we ony alyp barmakdaky ýüze çykýan her bir kynçylyklar barada oýlanyp, olar baýramçylyk dabarasynyň umumy gidişiniň ugruny kesgitlemelidirler.

Umumy orta bilim berýän mekdeplerde her bir geçirilýän baýramçylyk dabaralarynda mekdep okuwçylarynyň darabada çykyş edýändigi göz öňünde tutulmalydyr. Şol sebäpli hem dabarany alypbaryjy, onuň kömekçisi we saz ýolbaşçysy her bir sahna çykjak okuwçynyň sahnada özlerini erkin tutup, şadyýan alyp barmalydyklary barada düşündirip, dabaranyň oňat geçmegi üçin olary taýýarlamalydyrlar. Şeýle hem olar baýramçylyk çykyşlarynyň sazyna, aýdymlaryň sözlerine üns berip, onuň mazmunyny dabaranyň öň ýanynda täzeden gözden geçirmelidirler.

Geçiriljek baýramçylyk dabarasynyň öň ýanynda baýramçylyk wagtynda ýerine ýetiriljek konsertiň maksatnamasy dabarany alypbaryjy, onuň kömekçisi we saz ýolbaşçysy bilen mekdep ýolbaşçylary we synp ýolbaşçylary tarapyndan bilelikde diňlenilip, olar bilen doly tanyşmalydyrlar hem-de olar maksatnamanyň yzygiderligi, onuň mazmuny we okuwçylara edýän terbiýeçilik täsiri barada pikir alyşmalydyrlar.

Şu işleriň esasynda mekdebiň ähli mugallymlar topary, baýramçylygyň alypbaryjysy, onuň kömekçisi we saz ýolbaşçysynyň

ýolbaşçylygynda mekdepde geçirilýän baýramçylyk dabarasynyň ýokary çeperçilik ýagdaýynda geçmekligini guramaklyga ýakyndan kömek bermelidirler. Bu işleriň ählisi baýramçylyk dabaralarynyň has-da dabaraly, şowhunly geçmegine itergi berýär. Bularyň ählisi bolsa öz gezeginde okuwçylaryň hem bu çäreleri geçirmäge ýakyndan gatnaşmaklaryna we oňa kömek bermeklerine isleg döredýär.

### Soraglar we ýumuşlar

1. Orta mekdeplerde okadylýan aýdym-saz sapagyny meýilnamalaşdyrmagyň okuw döwründäki terbiýeçilik ähmiýeti nämeden ybarat?
2. Aýdym-saz dersini meýilnamalaşdyrmagyň saz terbiýesini bermekdäki ornuny düşündiriň.
3. Aýdym-saz dersini okatmak meýilnamasynyň bölümleriniň yzygiderliligi nähili bolmaly?
4. Mugallymyň ýyllyk okuw meýilnamasynyň maksadyny düşündüriň.
5. Sapakdan daşary geçirilýän saz işlerini meýilnamalaşdyrmagyň ornuny we ähmiýetini kesgitläň.
6. Orta mekdeplerde alnyp barylýan saz işlerini hasaba almagyň bölümlerini we görnüşlerini ýadyňyza salyň.
7. Orta mekdeplerde alnyp barylýan okuw işlerini we sapakdan daşary geçirilýän saz işlerini meýilnamalaşdyrmagyň hem-de olary hasaba almagyň esasy ugurlaryny aýdyňlaşdyryň.
8. Sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň terbiýeçilik ähmiýeti barada gürrüň beriň.
9. Sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň nähili görnüşleri bar?
10. Sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň köpçülikleýin görnüşini geçirmek ilkinji bolup kim tarapyndan we nirede amala aşyryldy?
11. Sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň gurnak görnüşleriniň terbiýeçilik ähmiýeti barada aýdyp beriň.
12. Sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň gurnak görnüşlerine haýsy ugurlaryň girýändigini ýadyňyza salyň.
13. Sapakdan daşary geçirilýän saz işleri haýsy wagtda alnyp barylmaly?
14. Orta mekdeplerde dürli baýramçylyklary geçirmekde aýdym-saz sungatynyň ähmiýeti barada gürrüň beriň.
15. Baýramçylyk dabaralaryny geçirmekde okuwçylar bilen köpçülikleýin we ýekebara iş geçirmegiň usuly aýratynlygyny kesgitläň.

16. Baýramçylyk dabaralaryny geçirmeklikde peýdalanylýan saz işleriniň görnüşlerini aýdyňlaşdyryň.

17. Baýramçylyk dabaralaryny geçirmek üçin niýetlenilen otaglaryň bezeg aýratynlyklary nämelerden ybarat?

18. Baýramçylyk dabaralaryny geçirmekde mekdep müdiriniň, müdiriň orunbasarlarynyň, aýdym-saz mugallymynyň we mekdebiň mugallymlar toparynyň alyp barýan işleri barada gürrüň beriň.

# V BAP. AÝDYM-SAZ DERSINIŇ OKADYLYŞYNY SELJERMEGIŇ WE DERŇEMEGIŇ MAZMUNY

## §1. Sapagyň okadylyşyna, sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň guralyşyna ýolbaşçylyk etmek

Orta mekdepde okuwçylara saz terbiýesini bermek her bir beýleki okuw derslerinde bolşy ýaly, esasan 2 sany ugur boýunça, alnyp barylýar:

1. Saz terbiýesi boýunça okuw işleriniň guralyşy;
2. Saz terbiýesi boýunça hojalyk işleriniň guralyşy.

Saz terbiýesi boýunça okuw işlerini guramaklyk aşakdaky ugurlar esasynda alnyp barylýar:

1. Saz terbiýesini bermek boýunça okuw-terbiýeçilik işlerini meýilnamalaşdyrmak.

2. Saz-estetiki terbiýäni bermek işleriniň guramaçylyk döwri: mugallymlaryň ýygnaklarynda saz terbiýesi boýunça meseleleri ara alyp maslahatlaşmak, saz terbiýesi boýunça açyk sapaklary geçirmek, dürli iş usullarynyň sapakda peýdalanylyşyny ara alyp maslahatlaşmak we olary aýdym-saz sapaklarynyň geçirilişinde peýdalanmak.

3. Aýdym-saz mugallymlarynyň alyp barýan okuw-terbiýeçilik işlerini barlamak maksady bilen, olaryň alnyp barlyşyny derňemek we olara gözegçilik etmek.

4. Mekdepde saz terbiýeçilik işleriniň dürli ugurlary boýunça geçirilýän işlere mekdebiň umumy mugallymlar toparynyň kömek bermeklerini ýola goýmak.

Saz terbiýesi boýunça mekdebiň hojalyk işlerini guramaklyk aşakdaky ugurlar esasynda alnyp barylýar:

1. Sapakda peýdalanmak üçin saz gurallarynyň üpjünçiligine gözegçilik etmek (pianino, türkmen milli saz gurallary we ş. m.).

2. Okuw gollanmalaryny, saz eserlerini kompozitorlaryň, bagşy-sazandalaryň (görnükli saz işgärleriniň) suratlary bilen üpjün etmek.

3. Sazly çykyşlarda, baýramçylyk çärelerinde peýdalanmak we çäreleriň täsirli bolmagy üçin dürli geýimler bilen üpjün etmek.

4. Sapakdan daşary geçirilýän saz işlerinde peýdalanmak üçin gerek bolan tehniki serişdeler bilen üpjün etmek.

Mekdepde saz okuwlaryny we sapakdan daşary geçirilýän saz işlerini maksadalaýyk guramak üçin ýokarda agzalan materiallaryň ählisiniň mekdepde üpjün edilmegi hökmanydyr. Bu işleri dogry ýola goýmak we gerek bolan ähli predmetler bilen üpjün etmek bolsa mekdebiň hojalyk işleri bölüminiň borjuna girýär. «Orta mekdeplerde aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýeti» okuw maksatnamasynyň talaplaryna laýyklykda, aýdym-saz sapagynyň okadylyşyny we sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň alnyp barlyşyny barlamak, oňa gözegçilik etmek, olary derňemek işleri mekdep müdiriniň we mekdep müdiriniň okuw-terbiýeçilik işleri boýunça orunbasarynyň esasy borçlarydyr.

Bu işleri dogry ýola goýmak we olary amala aşyrmak üçin her bir synpyň okuwçylarynyň ýaş aýratynlyklary göz öňünde tutulyp, pedagogikanyň talaplaryna laýyklykda, okuw-terbiýeçilik işlerini meýilnamalaşdyrmak hökmanydyr. Şeýle hem okuwçylaryň saz-estetiki ösüş derejesine baha bermekde, sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň dürli görnüşlerini derňemekde hem-de olara gözegçilik etmekde ylmy ölçegleri dogry ulanmagy başarmak hökmanydyr.

## §2. Aýdym-saz mugallymynyň hünär taýýarlygy

Orta mekdeplerde aýdym-saz dersini okadýan mugallymlaryň şol ugurdan ýokary ýa-da ýörite orta bilimli hünärmenler bolmagy hökmanydyr. Orta mekdeplerde başlangyç synplaryň aýdym-saz sapagyny okadýan mugallymlar, esasan, mugallymçylyk institutlarynyň «Başlangyç bilimiň mugallymçylygy we psihologiýa» hünäri bölüminde we ýörite orta mugallymçylyk mekdepleriniň «Başlangyç bilimiň mugallymçylygy» hünäri bölüminde, şeýle hem ýurdumyzyň ýokary we ýörite orta sazçylyk mekdeplerinde taýýarlanylýar.

Aýdym-saz mugallymlarynyň bu ugur boýunça taýýarlygyna baglylykda, olaryň ýerine ýetirijilik ussatlyklary hem dürli-dürlüdir. Biz şu ýerde aýdym-saz mugallymlarynyň ýerine ýetirijilik ukyplarynyň üstünde durup geçeliň. Aýdym-saz sapagynda mugallymyň saz eserlerini täsirli ýerine ýetirip bilijilik ukyby mugallymyň aýdym-saz

sapagynda okuwçylaryň hakyky çeperçilik duýgularyny kemala getirmäge we olary terbiýelemäge bolan esasy iş usullarynyň biridir. Mugallymyň saz eserlerini ýerine ýetirmekdäki ussatlyk derejesiniň kämilligi aýdym-saz sapagynda okuwçylaryň ýerine ýetirilýän saz eserleriniň manysyna dogry düşünmekleriniň we ony doly manyly kabul etmekleriniň derejesini kesgitleýän esasy görkezijisidir. Aýdym-saz sapagynda öwrenilýän saz eserlerini sazy ýerine ýetiriji tarapyndan (mugallym) täsirli ýerine ýetirmek saz eserlerindäki çeper keşpleriň açyk, aýdyň ýüze çykmagyna, okuwçylaryň saz eserlerindäki çeper keşpleri duýmaklaryna, olaryň manysyna akyl ýetirmeklerine we olary dogry kabul etmeklerine kömek edýär..

Sazy täsirli ýerine ýetirmek ýerine ýetirijiniň öwrenilýän saz eseriniň nota ýazgysyny dogry okap, ony dogry çalyp bilmeginden, kompozitoryň pikirine dogry düşünmeginden, sazyň häsiýetini duýup, dürli usullary ulanyp, çeper öwüşginler arkaly saz eseriniň mazmunyny ýüze çykarmagyndan ybaratdyr.

Saz eserleri ýerine ýetirilýän wagtynda onuň manysyny we saz eserinde beýan edilýän çeper keşpleri okuwçylaryň duýup bilmeklerini üpjün etmek üçin mugallymdan saz çalmagyň hil derejesini yzygider ýokarlandyrmak talap edilýär. Sebäbi sazy ussatlyk bilen çalyp bilmek çeper keşpleriň ýüze çykmagyna, onuň döremegine kömek edýär. Şonuň üçin hem aýdym-saz mugallymy özüniň ýerine ýetirijilik ussatlygyny kämilleşdirmegiň ustünde işlemelidir. Ýagny nota ýazgylaryny çallt we dogry okap bilmegiň, öwrenilýän aýdym--sazlary bir beýiklikden başga bir beýiklige geçirmegiň, saz seslerini dogry eşidip, nota ýazgylaryna seretmän çalyp bilmegiň üstünde yzygider işlemeli.

Şeýle hem aýdym-saz mugallymynyň oňat aýdym aýdyp bilmegi üçin onuň oňat sesi bolmalydyr. Sapakda okuwçylara öwrediljek aýdymy ilki bilen mugallymyň özi aýdyp görkezse, okuwçylar üçin has-da täsirli bolýar. Mugallym sapakda okuwçylara aýdym öwredende, damakda sesleri dogry emele getirmegiň, aýdymyň sözlerini düşnükli aýtmagyň, aýdym aýdylýan wagtynda dogry dem almagyň düzgünlerini berjaý etmegiň usullaryny bilmelidir we olary okuwçylara öwretmegi başarmalydyr.

Eger-de aýdym mugallymynyň ýeterlik derejede wokal taýýarlygy bolmasa, onda ol aýdym-saz sungatyna degişli okuw gollanmalaryndan we edebiýatlardan peýdalanmalydyr. Ol wokal ugry boýunça bilimini kämilleşdirmek üçin saz sungaty ugrundan geçirilýän dürli ylmy-amaly maslahatlara, ussat mugallymlaryň sapaklaryna yzygider gatnaşyp durmalydyr. Aýdym-saz mugallymynyň ösen çeperçilik medeniýeti onuň professionallygynyň aýrylmaz bölegidir. Ýagny mugallymyň sungat eserleriniň ähli ugurlaryna bolan estetiki gyzyklanmasynyň, sözleýiş medeniýetiniň, saz eserlerine duýgulaýyn garaýşynyň ösenligi onuň çeperçilik medeniýetiniň kämildigine şaýatlyk edýär. Mugallymyň sapakdaky sözleýşiniň mylaýym, ýakymly, sadadan düşnükli bolmagy mekdep okuwçylaryna emosional taýdan täsir etmekde möhüm terbiýeçilik serişdeleriniň biridir. Bu barada belli kompozitor, akademik D. B. Kabalewskiý özüniň «Okuwçylara saz barada nähili gürrüň bermeli» diýen kitabynda aýratyn belläp geçýär. Şeýlelikde, mugallymyň sapak döwründe özüniň saz sungaty baradaky bilimini giňişleýin, düşnükli, dogry peýdalanmagy, edebi dilde erkin, arassa gepläp bilmegi sapak döwründe mugallymdan edilýän esasy talaplaryň biridir.

Aýdym-saz mugallymynyň sapakda okuwçylara saz diňlemegi we oňa düşünmegi öwredip bilmegi saz işleriniň esasy görnüşleriniň biridir. Sapakda saz diňlenilýän pursadynda mugallym diňlenilýän saz eseriniň mazmuny, sazda beýan edilýän çeper keşpler barada okuwçylara düşünje berýär. Bu pursatda mugallymyň her bir aýdýan sözi düşnükli, açyk, aýdyň häsiýete eýe bolmalydyr. Mugallym sapakda okuwçylaryň diline ýakyn sözleri ulanmaga çalyşmalydyr. Sebäbi mugallymyň sapakda aýdýan her bir sözi okuwçylaryň aňynda çeper keşpler arkaly orun almalydyr. Mugallymyň geçilýän tema bilen bagly aýdýan her bir sözi okuwçylarda saz sungatyna bolan söýgini oýarmalydyr. Mekdep okuwçylaryna saz terbiýesini bermekde pedagogik-psihologik biliminiň aýratynlyklary, okuw-terbiýeçilik işleriniň kanunalaýyklygy göz öňünde tutulmalydyr. Ol sapakda okuwçylara saz terbiýesini bermekde okatmagyň dürli usullaryny saýlap almaga we olary ýerlikli peýdalanmaga, okuwçylaryň saz işlerini ýerine ýetirmäge bolan ukyplaryny ösdürmäge kömek edýär.

16. Sargyt № 2171

Mekdep okuwçylarynyň aýdym-saz sapagynda alan bilimlerini we başarnyklaryny sapakdan daşary geçirilýän işlerde berkitmek hökmanydyr. Şonuň üçin mekdepde geçirilýän köpçülikleýin çäreleriniň dürli görnüşlerini, mümkin boldugyça saz bilen baglanyşdyrmalydyr. Aýdym-saz sapagynda mugallym pedagogikanyň didaktiki ýörelgelerine laýyklykda, okuwçylara saz boýunça terbiýe bermek, okatmak, ösdürmek ýörelgeleri bilen baglanyşdyrmaly. Mekdep okuwçylaryny sapakdan daşary geçirilýän çäreleriň üsti bilen terbiýelemegiň esasy wezipeleri we görnüşleri aşakdakylardan ybaratdyr:

**1. Sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň wezipeleri:**

1. Okuwçylaryň aýdym-saz sapagynda alan bilimlerini, başarnyklaryny berkitmek hem-de ösdürmek.

2. Dürli görnüşli saz işleriniň üsti bilen okuwçylaryň göz öňüne getirmelerini kemala getirmek.

3. Okuwçylaryň saz işlerine bolan isleglerini, gyzyklanmalaryny ýüze çykarmak we ony kämilleşdirmek.

4. Okuwçylaryň saza bolan başarnyklaryny ýüze çykarmak we ony ösdürmek.

**2. Sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň görnüşleri:**

1. Her bir okuwçy bilen aýratynlykda saz işlerini geçirmegi ýola goýmak.

2. Dürli oýunlarda, okuw sapaklarynda saz eserlerini peýdalanmak.

3. Şekilli görnüşleriň üsti bilen aýdym-saz ýazgylaryny diňlemek.

4. Mekdepde we mekdepden daşary aýdym-sazly çykyşlary guramak.

5. Okuwçylaryň özbaşdak guraýan saz işlerine ýolbaşçylyk etmek.

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, sapakdan daşary geçirilýän köpçülikleýin çäreleriň üsti bilen, mekdep okuwçylaryny ählitaraplaýyn terbiýelemegiň esasy wezipeleri we görnüşleri birnäçe ugurlary özünde jemlemek bilen, ol ugurlaryň her biri özüniň terbiýe berijilik we ösdürijilik häsiýetlerine eýedir. Bu bolsa öz gezeginde mekdep okuwçylaryna maksadalaýyk bilim we terbiýe bermegiň gerekli serişdesi bolup hyzmat edýär.

Şu işleriň amala aşyrylýan wagty mugallym her bir okuwçynyň aýratynlygyny, onuň saz işlerini ýerine ýetirmeklige bolan ukybyny we saz işlerini özleşdirip bilijilik derejesini kesgitläp bilmelidir. Mekdep okuwçylaryna saz terbiýesini bermek köpugurly iş bolmak bilen, ol «Orta mekdeplerde aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýeti» okuw maksatnamasynyň talaplaryna laýyklykda, saz sapagyny okatmaklygyň dürli ugurlaryny özünde birleşdirýär.

Aýdym-saz mugallymy aýdym-saz sapagyny okatmak bilen birlikde, mekdepde geçirilýän dürli çäreleriň, saz işleri bilen bagly ähli ugurlaryň meýilnamasyny taýýarlamak we onuň mazmuny barada hem düýpli oýlanmalydyr. Sebäbi ol diňe bir mekdepde geçiriljek çärelerde ýerine ýetiriljek aýdym-sazlary saýlap almak bilen çäklenmän, eýsem çäreleri geçirmegiň iş usullarynyň hem üstünde işlemelidir hem-de işde gerek bolan usuly gollanmalary dogry saýlap almalydyr.

Aýdym-saz sapagynda we sapakdan daşary geçirilýän saz işlerinde okuwçylara ählitaraplaýyn terbiýe bermekde mugallymyň terbiýeçilik başarnygy we ukyby aşakdakylardan ybaratdyr:

**Guramaçylyk başarnygy** - mugallymyň sapak döwründe okuwçylara bilim we terbiýe bermek işlerini dogry guramaga bolan ukyby.

**Köpçülikleýin geçirilýän çäreleri geçirmeklige bolan başarnygy** - sapakdan daşary geçirilýän saz işlerine okuwçylary köpçülikleýin çekmeklige, ata-eneler bilen mekdep mugallymlarynyň arasynda arabaglanyşygy ýola goýmaga bolan ukyby.

**Mugallymyň bilim we terbiýeçilik işlerinde saz işleriniň görnüşlerini we olary geçirmegiň iş usullaryny maksadalaýyk saýlap almaga bolan başarnygy** - sapakda we terbiýeçilik işlerinde alnyp barylýan saz işleriniň ösdürijilik we terbiýe berijilik häsiýetlerini aňmaga bolan ukyby.

Orta mekdeplerde aýdym-saz sapaklaryny okatmaga, sapakdan daşary geçirilýän saz işlerini dogry guramaga we olary geçirmäge bolan başarnygyň, ukybyň aýdym-saz mugallymynda jemlenmegi mekdep okuwçylaryna saz terbiýesini bermegiň esasyny düzýär.

Şeýle hem aýdym-saz mugallymy mekdeplerde okadylýan beýleki okuw derslerini hem, mümkin boldugyça, saz bilen baglanyşdyryp

geçmegi guramak barada oýlanyp, bu ugur boýunça mekdep mugallymlaryna ýakyndan kömek bermelidir. Meselem, okuwçylara türkmen dili ýa-da edebiýat sapagynda goşgular öwredilende, goşgynyň sözlerini saza goşup, notalar esasynda aýtmagy öwretmek, şekillendiriş sungaty sapagynda okuwçylaryň çekýän suratlarynyň mazmunyny aýdymlary diňletmek arkaly ýüze çykarmak we ony düşündirmek ýerlikli bolar. Şeýle hem tebigaty öwreniş sapagynda öwrenilýän temalar saz bilen baglanyşdyrylyp geçilse, ol okuwçylaryň temany maksadalaýyk özleşdirmeklerine oňat kömek eder.

Şeýlelikde, umumy orta bilim berýän mekdeplerde bilim we terbiýe ähli ugurlarda bolşy ýaly, mekdep okuwçylaryna saz terbiýesini bermek işi hem mekdep müdiriniň, onuň orunbasarlarynyň ýolbaşçylygynda mekdebiň aýdym-saz mugallymlary we beýleki mugallymlary tarapyndan bilelikde amala aşyrylýar.

## §3. Sapagyň okadylyşyna gözegçilik etmek we ony derňemek

Okuwçylara saz terbiýesini bermek orta mekdeplerde aýdym-saz sapagyny okatmagyň esasy ugrudyr. Mekdeplerde okadylýan beýleki okuw dersleri bilen birlikde, aýdym-saz sapagynyň okadylyşyna hem mekdep müdiri we mekdep müdiriniň okuw işleri boýunça orunbasary tarapyndan gözegçilik edilýär.

Mekdeplerde aýdym-saz sapagynyň okadylyşyny barlamak we oňa gözegçilik etmek aşakdaky ugurlar esasynda alnyp barylýar:

1. Aýdym-saz sapagyny okatmagyň okuw maksatnamasyny derňew etmek.
2. Aýdym-saz sapagyny maksadalaýyk okatmak üçin okuw otagynda döredilen şertleriň ýagdaýy.
3. Sapakda mugallymyň alyp barýan okuw işleri.
4. Sapakda okuwçylaryň ýerine ýetirýän saz işleriniň görnüşleri.

**Frontal barlaglar** okuw-terbiýeçilik işlerini ählitaraplaýyn derňew etmek maksady bilen guralyp, ol bellibir synpda aýdym-saz sapagynyň okadylyşyny okuw ýylynyň dowamynda 3 gezekden az bolmadyk ýagdaýda barlamagy göz öňünde tutýar. Frontal barlag

öz gezeginde aýdym-saz sapagyny okatmagyň guramaçylyk ugurlaryny öwrenmäge, sapakda mugallymyň dürli pedagogiki usullardan peýdalanyşyny, sapakda okuwçylaryň saz işlerini dogry ýerine ýetirişlerini, sapakda saz eserlerini öwrenmegiň mümkinçiliklerini ýüze çykarmaga hem-de olary derňew etmäge kömek edýär.

**Aýdym-saz sapagynyň okadylyşyny derňew etmek.** Orta mekdeplerde aýdym-saz sapagynyň okadylyşyny derňew etmek üçin ilki bilen sapagyň mazmunyny ýüze çykarýan okuw maksatnamasyny doly öwrenmek hem-de ony doly bilmek hökmanydyr. Sebäbi okuw maksatnamasyny we meýilnamasyny düýpli bilmezden, aýdym--saz sapagynyň okadylyşyny derňew etmek mümkin däl. Aýdym--saz sapagynyň okadylyşyny derňew etmek aşakdaky görnüşde alnyp barylýar.

Aýdym-saz sapagynyň okadylyşy derňew edilende gatnaşylan sapaklardan galan umumy täsirler, gatnaşylan ähli sapaklaryň okadylyşynyň usuly derejesi göz öňünde tutulýar. Sapagy derňew etmek aşakdaky ýaly bahalandyrylýar:

1. Aýdym-saz sapagynyň okuw maksatnamasynyň mazmuny mekdep okuwçylaryna terbiýe bermegiň we okatmagyň talabyna laýyk gelýär (ýa-da gelmeýär). Sapagyň mazmuny we onuň soraglary yzygider ýagdaýda çylşyrymlaşýar (ýa-da sapagyň mazmuny we soraglaryň düzülişi ýerlikli däl).

Ýöne muňa garamazdan, sapak meýilnamasynyň mazmunynda okuw maksatnamanyň talaplary we mazmuny, okatmagyň usullary aýdyň kesgitlenilipdir. Meselem, maksatnamanyň mazmunynda «aýdymlaryň üsti bilen okuwçylarda oňat häsiýetleri kemala getirmek we ony ösdürmek» diýlip, onuň talaplary aýdyň berlipdir, emma ol meýilnamanyň mazmunynda aýdyň kesgitlenilmändir. Şeýle hem, okuw maksatnamasynda «okuwçylara aýdym aýtmagy öwretmekde dogry dem alyş usullarynyň üstünde işlemek» diýlip takyk görkezilýär. Emma ol meýilnamanyň mazmunynda doly kesgitlenilmändir.

Aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýetiniň okuw maksatnamasynyň mazmunynda okuwçylara saz gurallarynda saz çalmagy öwretmek göz öňünde tutulypdyr. Emma ol sapagyň meýilnamasynyň mazmunynda ünsden düşürilipdir.

2. Aýdym-saz sapagynyň gün tertibinde dogry ýerleşdirilmegi mekdebiň okuw işleri boýunça orunbasary bilen maslahatlaşyp, mugallym tarapyndan meýilnamalaşdyrylýar we wagtly-wagtynda hasaba alynýar.

Mugallym sapak geçende tema degişli dürli görkezme esbaplary, aýdymyň sazyny ýazan kompozitoryň suratlaryny ýerlikli ulanýar. Sapakda ulanylýan her bir görkezme esbaby okuwçylaryň saz sungatyna bolan isleglериniň ýüze çykmagyna itergi berýär, olarda emosional duýgulary ýüze çykarýar (ýa-da tersine bahalandyrýar).

Okuw otagy pedagogikanyň talaplaryna laýyk gurnalypdyr we ol dürli görkezme esbaplary, bagşy-sazandalaryň, kompozitorlaryň suratlary, dürli saz gurallarynyň şekilleri bilen bezelipdir. Okuwçylar sapak geçmäge taýýar (ýüzleri şadyýan, ýeňiljek geýnipdirler we ş.m.).

3. Sapakda mugallymyň okuw işlerini alyp barşynyň derejesi.

Mugallymyň saz ýerine ýetirijilik ussatlygy ýokary derejede bolmak bilen, ol meýilnamadaky öwrenmäge hödürlenilýän saz eserlerini ussatlyk bilen ýerine ýetirýär. Ol sapakda okuwçylara öwredýän saz eserlerindäki her bir saz keşplerini dürli usullar arkaly okuwçylaryň aňyna ýetirmegi başarýar.

Sapagyň guralyşy talaba laýyk. Sapak guramaçylykly ýagdaýda geçildi. Okuwçylar sapakda mugallymyň tema bilen bagly her bir tabşyrýan ýumuşlaryny uly höwes bilen ýerine ýetirmäge çalyşýarlar.

Sapak, esasan, 3 sany bölüm esasynda geçirilýär:

1) ugrukdyryjy bölüm;

2) esasy bölüm;

3) jemleýji bölüm.

Sapagyň dowamynda okuwçylara fiziologik we emosional taýdan düşýän iş ýüki dogry kesgitlenen ugrukdyryjy bölümde fiziologiki agram ýokary göterilýär. Esasy bölümde bolsa emosional agramyň ýokaryk galyş derejesini işjeňleşdirmäge geçilýär.

Sapak wagtynda okuwçylara düşýän emosional agram esasy bölümde, ýagny (aýdym öwrenmäge taýýarlykda) ses gönükmeleri ýerine ýetirilende ýüze çykýar. Saza laýyk dürli ritmiki hereketler ýerine ýetirilende, sazly oýunlarda okuwçylarda dürli emosiýalaryň peýda bolmagynyň netijesinde bolsa ol has-da ösýär. Saza goşup, dürli ritmiki hereketler ýerine ýetirilende we sazly oýunlarda çeper

keşpler ýüze çykarylanda, okuwçylara fiziologik we emosional taýdan düşýän agram pese düşüp başlaýar.

Sapakda mugallym okuwçylara saz terbiýesini bermekde we okuwçylary sazyň üsti bilen ählitaraplaýyn ösdürmekde gerek bolan dürli pedagogiki usullary ýerlikli peýdalanmagy başarýar. Sapagyň dowamynda mugallym dürli saz usullaryny gezekleşdirip, dogry peýdalanyp bilýär. Şeýle hem mugallym sapagyň dowamynda mylaýym äheňde gürläp, çagalar dünýäsine ýakyn dürli mysallary ýerlikli peýdalanmaga çalyşýar.

Mugallym synpdaky okuwçylaryň her biriniň saza bolan ukybyny oňat bilýär. Ol her bir okuwçynyň saz ýerine ýetiriliş işlerindäki üstünliklerini we gowşak taraplaryny duýýar we olara özleriniň ýerine ýetirip bilijilik mümkinçiliklerini göz öňünde tutmak arkaly dürli ýumuşlary tabşyrýar. Ukyply okuwçylara çylşyrymly ýumuşlary tabşyrmak bilen, mugallym olara bolan talaby güýçlendirýär.

**Sapakda okuwçylaryň ýerine ýetirýän saz işleri** - okuwçylar sapagyň dowamynda mugallymyň özlerinden edýän talaplaryny üns bilen diňläp, özlerine tabşyrylan her bir ýumşy guramaçylykly we dogry ýerine ýetirmäge çalyşýarlar. Olar aşakdakylardan ybarat:

1. Aýdym aýdylýan wagty aýdym aýtmaklygyň düzgünlerini dogry, talabalaýyk berjaý etmek, aýdymy duýgy bilen aýtmak, aýdym aýdylýan wagty okuwçylaryň biri-birlerini diňlemegi, aýdymy deň başlap, deň gutarmak.

2. Okuwçylar tans edenlerinde tans hereketlerini sazyň mazmunyna görä täsirli ýerine ýetirmegi.

3. Aýdymy üns berip diňlemäge we mugallymyň soraglaryna dogry jogap bermäge çalyşýarlar.

**Okuwçylaryň sazyň mazmunyna aň ýetirijilik ukyplarynyň ösüş derejesi** - sapakda saz diňlenilýän wagtynda okuwçylaryň sazyň mazmunyna aň ýetirijilik ukyplary ösen (kämil) bolýar. Okuwçylar diňleýän sazlarynyň häsiýetlerini biri-birlerinden tapawutlandyrmagy başarýarlar. Meselem, «Hüwdi» diýen aýdymyň heňi okuwçylara diňledilende, olar aýdymyň heňiniň rahatlandyryjy äheňdedigini, «Bibijan» diýen aýdymyň heňiniň mylaýym äheňdedigini, «Bahar geldi» diýen aýdymy diňlänlerinde bolsa, ol aýdymyň heňiniň şatlykly äheňdedigini kesgitleýärler. Bular barada mugallymyň beren sorag-

laryna dogry jogap bermegi başardylar Şeýle hem okuwçylar özleriniň diňlän sazlarynyň ritm urgularyny, registleriň çalyşýandygyny, saz eserleriniň nähili görnüşdedigini duýmagy başarýarlar.

Okuwçylar aýdym aýdýan wagtlarynda saz seslerini dogry eşidip, olary dogry aýtmagy başarýarlar, aýdym aýdýan wagtlarynda biri-birlerini diňläp, seslerini sazlaşdyryp aýtmaga çalyşýarlar. Şeýle--de okuwçylar käbir ugurlar boýunça kynçylyk çekýärler. Meselem, aýdym aýdyp başlanlarynda okuwçylaryň 1-nji sesi dogry eşidip, oňa düşüp bilmezlikleri, käbir okuwçynyň bolsa aýdym aýdyp durka aýdymyň tonundan çykmaklary we ş. m. muňa şaýatlyk edýär.

Okuwçylar tans edenlerinde, saza goşup dürli hereketleri ýerine ýetirenlerinde olaryň hereketleri mugallym taraýndan görkezilýär. Mugallymyň görkezýän hereketlerini okuwçylar özlerine oňat kabul etmek bilen, ol hereketleri çalt, ýeňil özleşdirýärler. Meselem, saza goşup, çalt hatara durmagy, soňra bolsa çalt dargamagy ussatlyk bilen ýerine ýetirýärler. Şeýle-de bolsa okuwçylaryň döredijilik ukyplary ösmedikdir. Şol sebäpli hem mugallymyň özi okuwçylaryň ýerine ýetirmeli hereketlerini görkezmese, olar özbaşdak hereketleri saýlap almagy başarmaýarlar, hereketleriň görnüşlerini we ugurlaryny bilmeýärler.

Derňewiň dowamynda okuwçylaryň ýeterlik saz sowadyny alandyklary duýulýar. Sebäbi olar heňleriň hereket ediş ugurlaryny, ýagny heň hereketleriniň ýokaryk, aşak gaýdyş ugurlaryny duýýarlar. Olar heňlerdäki gysga we uzak saklanýan saz seslerini, saz eseriniň haýsy görnüşdedigini dogry kesgitleýärler. Kompozitorlar baradaky düşünjeleriniň ýeterlikdigi duýulýar.

Şeýle-de bolsa okuwçylar saz çalnanda saz gurallarynyň seslerini biri-birinden tapawutlandyrmakda kynçylyk çekýärler.

**Barlagyň jemleri we teklipler** - aýdym-saz sapagynyň frontal barlagynyň jemleriniň görkezen netijesi aşakdakylardan ybarat:

1. Aýdym-saz sapagy «Orta mekdeplerde aýdym-saz dersini okatmagyň okuw maskatnamasynyň» talabyna laýyklykda okadylmak bilen, okuw dersiniň okadylyş derejesi oňat.

2. Aýdym-saz mugallymy öz okadýan ugrundan ýörite hünärmen bolmak bilen, ol öz okadýan dersini oňat bilýär.

3. Sapakda okuwçylar bilen sapak geçmek pedagogikanyň häzirki zaman talaplaryna laýyklykda alnyp barylýar.

4. Okuwçylaryň sapakda ýerine ýetirýän saz işleri, olaryň aýdym-saz ugry boýunça alan bilimleri okuw maksatnamasynyň talabyna doly laýyk gelýär.

Aýdym-saz sapagyny okatmakda geljekde göz öňünde tutulmaly işler:

1. Geljekde aýdym-saz sapagyny okatmakda saz işleriniň ähli ugurlary boýunça okuwçylaryň döredijilik başarnyklaryny, ukyplaryny ösdürmeli we olary kämilleşdirmeli.

2. Aýdym-saz sapagynda okuwçylaryň saz gurallarynda dogry saz çalmagy öwrenmegini ýola goýmaly hem-de okuw tejribesine ornaşdyrmaly. Ony sapakda ýerine ýetirilýän saz işleriniň beýleki görnüşleri bilen baglanyşdyrmaly.

3. Aýdym-saz sapagy geçilende mugallymyň sapakda ýerine ýetirmeli işi, onuň maksadyna düşünmegi we okuwçylara terbiýe bermekde özünden edilýän talaplar bilen giňişleýin tanyşmagy hökmanydyr.

Ýokarda aýdylanlara garamazdan, mekdeplerde aýdym-saz sapagyny derňew etmegiň hödürlenilýän nusgasy käbir kemçiliklerden halas däldir. Bu ýerde aýdym-saz sapagyny okatmagyň maksatnamasyny has-da çuňňur derňew etmäge, okuw maksatnamasyna laýyklykda alnyp barylýan saz işleriniň görnüşlerine, sapakda ýerine ýetiriljek saz eserleriniň häsiýetine we mazmunyna aýratyn üns berilmelidir.

Aýdym-saz sapagy derňew edilende, her bir gatnaşylýan sapaga doly we dogry baha berilmelidir.

Orta mekdeplerde aýdym-saz sapagynyň okadylyşyny derňemek we barlamak işlerini meýilnamalaşdyrmak didaktikanyň ýörelgelerinden ugur alnyp amala aşyrylýar.

Biz şu ýerde umumy orta bilim berýän mekdeplerde okuw-terbiýeçilik işleriniň meýilnamalaşdyrylyşynyň käbir ýetmezçilikleriniň üstünde durup geçmekligimiz zerurdyr. Bu ýetmezçilikleri şeýle häsiýetlendirip bileris:

1. Çärýeklik meýilnama okatmagyň ýönekeý, ýüzleý ugurlaryny özünde jemleýär. Meýilnamada okuw maksatnamasynyň mazmunynda görkezilen sapakda peýdalanylmaly pedagogiki usullar, sapakda ýerine ýetirilmeli saz eserleriniň takyk sanawy, saz işleriniň

görnüşleri doly görkezilmändir. Meselem, aýdym-saz sapagy okadylanda meýilnama boýunça temalaryň mazmuny şeýle görnüşde ýüze çykarylýar: «Aýdymy täsirli, ýakymly aýtmak, heňleri arassa, dogry ýerine ýetirmek». Şeýlelikde, temalaryň atlaryny we olaryň mazmunyny ýokarky görnüşde aýdyň, düşnükli edip görkezmek beýleki geçiljek ähli sapaklara hem degişli bolup biler. Mugallym ýokarda görkezilen ugra salgylanmak bilen sapagy meýilnamalaşdyranda, sapakda ýerine ýetirilmeli işleriň ählisini meýilnamada ýerleşdirmelidir we olar doly görkezilmelidir. Has dogrusy, meýilnamada sapakda alnyp barylјak işler şeýle görnüşde ýazylmalydyr: «Aýdymy täsirli aýtmak, frazalaryň gutarýan ýerlerinde arassa ýaňlanyşy işlemek we ş.m.» Okuw maksatnamasynyň «Diňlemek üçin saz eserleri» ugruna laýyklykda, sapakda saz diňlemekligiň üsti bilen okuwçylarda saza bolan emosional duýgulary terbiýelemegi, saza bolan islegi, gyzyklanmany ýüze çykarmagy öz öňünde maksat edip goýýar.

Okuw maksatnamasynyň «Diňlemek üçin saz eserleri» ugruna laýyklykda, okuwçylara saz diňletmegiň üsti bilen terbiýe bermek meseleleri örän aýdyň görkezilipdir. Işimizde peýdalanýan okuw maksatnamamyzyň talaplaryny özleşdirmek maksady bilen, ony indiki ýerine ýetiriljek işler meýilnamalaşdyrylanda, ol işler has-da aýdyňlaşdyrylmalydyr.

2. Aýdym-saz sapagynda okuwçylara saz terbiýesini bermekde we olary okatmakda käbir kynçylyklar ýüze çykýar. Ol kynçylyklar hem, esasan, sapak wagtynda mugallymyň okatmagyň we terbiýe bermegiň dürli usullaryny dogry we ýerlikli peýdalanyp bilmegi bilen baglydyr. Bu ýagdaýlar köp halatlarda täze işe başlan ýaş mugallymlarda ýüze çykýar. Şonuň üçin hem aýdym-saz dersini okatmak boýunça iş tejribesi ýeterlikli halypa mugallymlar täze işe başlan ýaş hünärmenlere ähli taraplaýyn kömek bermelidirler. Ýagny sapakda özleşdiriljek temalary ara alyp maslahatlaşmak arkaly, işde ulanylmaly dürli pedagogiki usullar barada maslahat bermek hökmanydyr. Bu bolsa ýaş mugallymyň okuw işini dogry guramagyna, sapagyň okadylyşynyň hiliniň oňat bolmagyna kömek edýär.

3. Meýilnamada temalary öwrenmegiň yzygiderliligi saklanylmaýar. Bu bolsa sapakda temalary yzygider öwrenmek ýörelgeleriniň bozulmagyna getirýär. Sapaklary döwürlere bölüp geçmek we olary

meýilnamada doly görkezmek sapagyň okadylyşyny barlamaga we ony derňew etmäge kömek edýär. Sapaga gatnaşmak üçin, ilki bilen sapagyň gündelik meýilnamasy öwrenilýär. Soňra bolsa gatnaşyljak sapagyň geçiriljek synp otagy, sapakda ýerine ýetiriljek saz işleriniň görnüşleri we öňde durýan meseleler takyk kesgitlenilýär.

Okuw sapaklary meýilnamalaşdyrylanda, sapakda okuwçylaryň ýerine ýetirmeli döredijilik işlerini hem meýilnamada doly we yzygider ýagdaýda görkezmek talap edilýär. Meýilnamadaky döredijilik işleriniň her bir görnüşi okuwçylaryň özbaşdak usullar arkaly hereket etmekliklerini terbiýelemäge ugrukdyrylan bolmalydyr. Sebäbi, köplenç halatlarda, döredijilik işleri meýilnamalaşdyrylanda, ol iş haýsy hem bolsa bir görnüşiň arasyna goşulýar. Bu bolsa okuwçynyň özbaşdak döredijilik işleriniň ösmegine zyýan edýär.

Geliň, aşakdaky mysal getiriljek meýilnamadaky käbir ýetmezçilikler bilen tanyş bolalyň:

| Aýy | Aýdym-saz sapagynda alnyp barylýan saz işleriniň görnüşleri | Işde peýdalanylmaly eserler toplumy |
|---|---|---|
| sentýabr oktýabr | **Saz diňlemek**<br>Okuwçylara sazy üns bilen diňlemekligi öwretmek.<br>Dürli mysallar arkaly okuwçylaryň diňlenilen saz baradaky düşünjelerini baýlaşdyrmak. | 1. «Balsaýat» halk sazyndan bölek diňlemek.<br>2. N. Halmämmedowyň «Dutaryň owazy» diýen sazyndan bölekleri diňlemek.<br>3. «Durdy bagşy» diýen halk sazyndan bölek diňlemek. |
| | **Ýerine ýetirmek üçin aýdymlar:**<br>Sapakda okuwçylara aýdymlary arassa we dogry aýtmagy öwretmek | 1. B. Hudaýnazarowyň «Leýli saç» diýen aýdymyny öwrenmek.<br>2. N. Muhadowyň «Mekdebim» diýen aýdymyny öwrenmek.<br>3. A. Abdyllaýewiň «Garly gün» diýen aýdymyny öwrenmek. |
| | **Saz gurallarynyň görnüşleri bilen tanyşdyrmak.** | Okuwçylara gargy tüýdükde çalnan sazlardan bölek diňletmek we onuň manysyny düşündirmek. |

Ýokarda mysal getirilen gündelik meýilnamanyň nusgasyny derňew edenimizde meýilnamanyň düzülişinde käbir kemçilikleri ýüze çykardyk. Meselem, sapakda okuwçylara aýdym aýtmagy öwretmek işleri meýilnamalaşdyrylanda, ilki bilen ses ösdüriji

gönükmeleriň üstünde işlemek görkezilmelidir. Emma meýilnamanyň nusgasynda bolsa diňe aýdymlaryň atlary berlipdir. Ses ösdüriji gönükmeler bolsa galdyrylypdyr. Sebäbi okuwçylara aýdym aýtmagy öwretmek ilki bilen ses ösdüriji gönükmeleriň üstünde işlemekden başlanýar. Ol bolsa okuwçylaryň sesleriniň çalt ýadamazlygyna, ses sapajyklarynyň berkemegine kömek edýär. Aýdym aýtmak öwredilende ses ösdüriji gönükmeleriň üstünde işlemek aýdym aýtmak sungatynda esasy ulanylmaly usullaryň biridir. Bu usul diňe bir okuwçylaryň seslerini ösdürmän, eýsem olaryň eşidişini ösdürmekde hem ähmiýetli serişdeleriň biri hasap edilýär. Şeýle hem aýdym-saz sapagynda alnyp barylýan saz işleriniň esasy görnüşleriniň biri bolan «Sesleriň görnüşleri we saz gurallary bilen tanyşmak» ugry hem okuw maksatnamasynyň talaplaryna laýyklykda meýilnamalaşdyrylýar. Aýdym-saz sapagynda okuwçylar türkmen milli saz gurallarymyzyň görnüşleri, olaryň ýaňlanyşy bilen tanyşdyrylanda, ol okuwçylarda milli saz gurallarymyza bolan söýgini, buýsanjy ýüze çykarýar. Bu bolsa öz gezeginde ösüp barýan ýaş nesle milli terbiýäni bermegiň esasy ugurlarynyň biri hasap edilýär.

Şeýlelikde, biz özümiziň ýaş nesillerimizi ählitaraplaýyn ösen şahsyýetler edip terbiýelemek islesek, onda orta mekdeplerde geçirilýän her bir terbiýeçilik işleriniň maksadyny, mazmunyny, ähmiýetini ählitaraplaýyn seljermek arkaly, olary doly gözden geçirmelidiris.

Umumy orta bilim berýän mekdeplerde aýdym-saz dersini okadýan her bir mugallym özüniň iş meýilnamasyny düzeninde, özüniň işleýän ýeriniň aýratynlyklaryny, synpdaky okuwçylaryň sanyny, olaryň ýerine ýetirip bilijilik ukyplaryny, başarnyklaryny we mümkinçiliklerini göz öňünde tutmalydyr. Gerek bolan terbiýeçilik serişdeleriniň ählisi meýilnamanyň mazmunynda doly görkezilmelidir.

## § 4. Sapakdan daşary geçirilýän saz işlerini barlamagy guramak

Umumy orta bilim berýän mekdeplerde sapakdan daşary alnyp barylýan saz işleriniň ähli görnüşleri hem beýleki okuw sapaklary bilen birlikde, mekdep müdiri we mekdep müdiriniň terbiýeçilik işleri

baradaky orunbasary tarapyndan barlanylýar. Olar bu işleriň mekdepde oňat guralmagyna we geçirilmegine gözegçilik edýärler. Olar mekdepde köpçülikleýin çäreleri geçirmegiň taýýarlyk işlerine ýakyndan gatnaşmak bilen, çäreleriň oňat geçmegine şert döretmelidirler.

Mekdepde alnyp barylýan köpçülikleýin çäreleriň ähli görnüşleri bilen birlikde, saz işleriniň meýilnamasy hem mekdebiň mugallymlar ýygnagynda ara alnyp maslahatlaşylmaly.

Mekdeplerde dürli köpçülik çärelerini geçirmek okuwçylar bilen terbiýeçilik işlerini alyp barmagyň esasy serişdesi bolmak bilen birlikde, ol okuwçylaryň ene-atalary bilen ýakyn aragatnaşyk saklamagyň hem esasy ugurlarynyň biri bolup hyzmat edýär. Ýagny mekdeplerde alnyp barylýan köpçülikleýin çäreleri geçirmäge we olary guramaga mümkin boldugyça okuwçylaryň ata-eneleriniň gatnaşmagyny hem ýola goýmalydyr.

Ene-atalar mekdepde geçirilýän dürli baýramçylyk çärelerine ýakyndan gatnaşmak bilen, mekdebiň mugallymlary bilen birlikde, baýramçylyk çärelerinde çykyş etseler, maksadalaýyk bolar (aýdym aýtmagy, goşgy okamagy, degişme sahnajyklaryny ýerine ýetirmekligi we ş. m. ). Ata-eneler bu işleri guramaga ýakyndan kömek bermelidirler. Bu bolsa öz gezeginde okuwçylary terbiýelemekde bahasyna ýetip bolmajak terbiýeçilik serişdesidir.

Mekdepde alnyp barylýan her bir köpçülikleýin çäreleriniň jemlerine mekdebiň umumy ýygnagynda ýörite seredilmelidir we geçirilen çäreleriň guralyşynda ýüze çykan kynçylyklar, goýberilen kemçilikler, çäreleriň geçirilişiniň üstünlikli taraplary barada ýörite durlup geçilmelidir. Şeýle hem synp mugallymlary sapakda, mekdepde geçirilýän çäreler barada okuwçylar bilen gürrüň geçirmelidirler we baýramçylyklardan, sazly çykyşlardan galan oňat täsirler ýa-da haýsy çykyşlaryň okuwçylara ýaramandygy barada sorap, olary aýdyňlaşdyrmalydyrlar.

Mekdepde ýörite tagta döredilip, ol tagtada geçirilen baýramçylyklardan, sazly çykyşlardan okuwçylarda galan oňat täsirler we olara ýaramadyk çykyşlar baradaky makalalar, seslenmeler çap edilmelidir. Mundan başga hem mekdepde ýörite ata-eneler tagtasy döredilmelidir. Ol tagtada ata-eneleriň mekdepde geçirilýän çäreleri guramaga

berýän kömekleri, ata-eneleriň çärelerde eden çykyşlarynyň netijesi barada olaryň öz makalalary hem asylyp goýulmalydyr. Bu bolsa mekdep ýolbaşçylarynyň, mugallymlaryň, ene-atalaryň geljekde mekdepde geçirilýän her bir baýramçylyk çärelerine, sazly çykyşlara has hem oňat taýýarlanmaklaryna ýardam eder.

Mekdepde sapakdan daşary geçirilýän saz işleri 3 sany esasy meseläni çözmeklige kömek edýär:

1. Okuwçylaryň saz-estetiki kabul edijilik ukyplaryny ösdürmäge;

2. Okuwçylaryň çeper-döredijilik işlerine bolan isleglerini, gyzyklanmalaryny kemala getirmäge;

3. Okuwçylaryň köpçülik ýerlerinde özlerini alyp baryş medeniýetini ýüze çykarmaga.

Mekdeplerde köpçülikleýin geçirilýän dürli baýramçylyk dabaralary okuwçylaryň ünsüni özüne çekmek bilen (sazly çykyşlar, tanslar, baýramçylyk çäreleri), ol okuwçylaryň özbaşdak oýlanmaklaryny, pikirlenmeklerini we olaryň döredijilik garaýyşlaryny ýüze çykarmakda we olary ösdürmekde örän uly ähmiýetli iş hasap edilýär. Okuwçylar mekdepde geçirilýän köpçülikleýin çärelere işjeň gatnaşmak bilen, çärelerde aýdym aýdýarlar, saz çalýarlar, goşgy okaýarlar. Bu işleri oňat, täsirli geçirmek üçin her bir aýdym aýdýan, goşgy okaýan okuwçynyň öz islegine görä, onuň özüne öňden tanyş aýdymlarydyr goşgulary ýerine ýetirmek maslahat berilse, köpçülik işleriniň ýokary hilli geçmegine kömek edýär.

Mekdepde sapakdan daşary geçirilýän çäreler meýilnamalaşdyrylanda, mugallym mekdebiň müdiri, mekdep müdiriniň orunbasarlary bilen özara maslahatlaşyp, geçiriljek çäräniň mazmunyny okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryny, isleglerini we gyzyklanmalaryny göz öňünde tutmak arkaly yzygider düzmelidir.

Mekdepde sapakdan daşary köpçülikleýin geçirilýän saz işleri derňew edilende, esasan, aşakdaky ugurlara üns bermek hökmanydyr:

1. Okuwçylaryň aň-bilim derejesini ösdürmekde we olara terbiýe bermekde sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň ähmiýeti.

2. Okuwçylaryň aňyýetini ösdürmekde sapakdan daşary saz işlerini gurnaýjylaryň we olary alyp baryjylaryň peýdalanýan usullary.

3. Çärelerde çykyş etjek okuwçylaryň ýerine ýetirijilik derejeleri, çärelerde çykyş etmäge bolan islegi, gyzyklanmasy we işjeňligi,

köpçüligiň öňünde özüni alyp baryp bilijilik medeniýetiniň derejesi.

4. Çärelerde ýerine ýetirilen çykyşlaryň okuwçylarda galdyran täsirleri (oňat taraplary we ýaramaz taraplary).

5. Mekdepde sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň terbiýeçilik ähmiýeti.

Umumy orta bilim berýän mekdeplerde saz terbiýesini bermek işini barlamak we ony derňew etmek ýokarda bellenip geçilen ugurlar esasynda alnyp barlyp, ol ugurlaryň her biriniň ýerine ýetirilişine ähli-taraplaýyn üns berilmelidir.

Şeýlelikde, umumy orta bilim berýän mekdeplerde aýdym-saz dersiniň okadylyşyny hem-de sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň guralyşyny seljermek we ony derňew etmek bu işleri dogry guramagyň esasy ugrukdyryjysy bolup hyzmat edýär. Orta mekdeplerde ähli dersler bilen birlikde, mekdepde alnyp barylýan saz işlerini dogry ýola goýmak biziň geljegimiz bolan ýaş nesle maksadalaýyk bilim we terbiýe bermegiň ähmiýetli ugurlarynyň biridir.

### Soraglar we ýumuşlar

1. Orta mekdeplerde aýdym-saz dersiniň okadylyşyna pedagogika taýdan barlag işlerini amala aşyrmagyň ähmiýeti barada gürrüň beriň.

2. Saz terbiýesini bermegiň esasy ugurlaryny kesgitläň.

3. Okuwçylara saz terbiýesini bermekde pedagogika-guramaçylyk ugurlarynyň görnüşleri nämeden ybarat?

4. Okuwçylara orta mekdeplerde saz terbiýesini bermekde hojalyk işleri bölümüniň alyp barmaly işleri barada aýdyp beriň.

5. Aýdym-saz mugallymynyň hünär taýýarlygynyň hil derejesini kesgitlemegiň esasy talaplaryny ýadyňyza salyň.

6. Aýdym-saz dersiniň okadylyşyna gözegçilik etmekde ony derňemekligiň esasy ugurlary barada oýlanyň.

7. Sapakdan daşary geçirilýän saz işlerine ýolbaşçylyk etmegiň esasy ugurlaryny seljeriň.

8. Sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň terbiýeçilik ähmiýeti barada gürrüň beriň.

9. Sapakdan daşary geçirilýän saz işlerini derňew etmegiň esasy pursatlaryny ýadyňyza salyň.

10. Aýdym-saz dersini derňew etmekdäki barlaglaryň jemleri we öňe sürülýän teklipler nähili bolmaly?

## Saz eserleri barada düşündirişli sözlük

**Balet** - dünýä saz medeniýetinde görnükli orunlaryň birini eýeleýän uly göwrümli saz eserleriniň biridir. Balet – bu fransuz sözi bolup, *ballet* özüniň asyl manysyny italýan dilindäki «*balletta-tans*» sözünden alyp gaýdýar. Balet sungatyň esasy görnüşiniň biri bolmak bilen, ol saz, tans, drama, şekillendiriş sungaty ýaly görnüşleri özüne birleşdirýär. Balet saz eseri fransuz dilinde *ballet* diýlip atlandyrylsa-da, onuň asly köki italýan dilindäki «*balletto*» sözünden gelip çykmak bilen, onuň manysy *tans* diýmekdir. Balet eýýäm 3 asyrdan hem gowrak wagt bäri sahna eseri hökmünde dünýä saz medeniýetinde giňden tanalyp gelýär.

**Baletmeýster** - *baletiň ussady* diýmekdir. Häzirki wagtda bolsa ol kompozitorlar tarapyndan döredilen baletleri sahnada goýujynyň adydyr. Baletmeýster balet eserlerini sahnada goýanynda, ol eseriň mazmuny bilen baglylykda, haýsy artiste haýsy keşbiň ýaraşjakdygyny öňünden kesgitläp, oňa şol keşbi ynanýar. Ol haýsy keşbiň sahnada nähili hereket etmelidigini keşbi ýerine ýetirýän artiste görkezýär. Türkmen professional saz sungatynda ilkinji baletmeýster, balet sungatynda yz goýan belli halypa Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri Goşa Japarowdyr. Goşa Japarow kompozitor Weli Muhadow tarapyndan döredilen «Akpamyk» atly ilkinji türkmen baletini 1945-nji ýylyň 14-nji aprelinde ilkinji gezek şol döwrüň Türkmen döwlet opera we balet teatrynyň sahnasynda goýýar.

**Ballada** – fransuz sözi bolan *ballade* sözünden gelip çykmak bilen, halk tarapyndan döredilen hekaýatlary we geçen durmuş hadysalary barada gürrüň berýän sungatyň edebi-çeper görnüşidir. Ballada saz sungatynda aýratyn görnüşe eýe bolmak bilen, onda halk rowaýatlary, gürrüňleri dürli şekilleriň üsti bilen beýan edilýär.

**Hor** sözüniň asly grek sözi bolan «*Choros*» we latyn sözi bolan «*Chorus*» sözlerinden gelip çykandyr. Hor sözüniň manysy türkmen diline geçirenimizde *ýygnanyşyk, üýşmeleň* diýmekligi aňladýar.

**Hor topary** bu wokal saz eserlerini we şol toparlar üçin ýörite niýetlenip ýazylýan aýdymlary ýerine ýetirýän aýdymçylar toparydyr.

Köpçülik bolup aýdym aýdýan aýdymçylar toparynyň ählisini

hor toparlary diýip atlandyryp bolanok. Käbir halatlarda ol toparlarda aýdymçylaryň sany 10 adamdan hem köpräk bolýar. Ol toparlardaky aýdymçylaryň ählisi bilelikde bir aýdymy ýerine ýetirýärler. Olar aýdymçylar ansamblydyr.

Hor topary birnäçe ýerine ýetirijileri özüne birleşdirýär. Olar hem öz gezeginde 4 topara bölünýärler. Hor aýdymçylary hem özleriniň sesleri boýunça birnäçe topar bolýar. Meselem, çagalar hory topary hem 2 topara bölünip, olar:

1. Ýokary, *beýik - soprano* çagalar sesi;
2. Aşaky, *pes - alt* çagalar sesi.

Uly ýaşly hor toparlary bolup, olar aýallar we erkek adamlar hor toparlaryna bölünip, olar hem öz gezeginde birnäçe topara bölünýärler. Şeýle hem garyşyk hor topary bar.

Garyşyk hor topary ýokary, beýik aýal sesi - *soprana*; aşaky, pes aýal sesi - *alt*; ýokary, beýik erkek sesi - *tenor*; aşaky, pes erkek sesi - *bas ýaly* toparlardan ybaratdyr.

Kähalatlarda garyşyk hor topary köp sesli hor eserlerini ýerine ýetirýärler. Şonda garyşyk hor topary 4 topara bölünýär. Olar aşakdaky görnüşlerden ybaratdyr:

1. 1-nji *soprano* we 2-nji *soprano* sesleri;
2. 1-nji *alt* we 2-nji *alt* sesleri;
3. 1-nji *tenor* we 2-nji *tenor* sesleri;
4. 1-nji *bas* we 2-nji *bas* sesleri.

Şeýle hem hor aýdymlary opera sungatynda hem esasy orny eýeleýärler. Operalarda aýallar hory, erkekler hory, garyşyk hor we käbir operalarda bolsa çagalar hory hem çykyş edýärler.

**Hormeýster** – hor dirižýorynyň ady. Ýagny hormeýster diýlip, hor toparynyň ýolbaşçysynyň kömekçisine aýdylýar. Hormeýstr, esasan, hor topary bilen hor aýdymlaryny öwrenmegiň üstünde işleýär. Şeýle hem opera teatrlaryndaky hor toparlarynyň ýolbaşçysy hem hormeýster diýlip atlandyrylýar.

**Opera** – italýan sözi bolmak bilen, *zähmet, iş, düzme* diýmegi aňladýar. Opera bu aýdym aýtmak sungatynyň dürli görnüşleriniň (ýekelikde, iki bolup, üç bolup, dört bolup, bäş bolup, we. ş. m. hor bolup aýdym aýtmak), simfoniki sazlaryň, sahnadaky drama hereketleriniň,

balet, şekillendiriş, drižýorçylyk sungatlarynyň özara birleşmeginiň esasynda döreýän sungat eseridir.

**Operetta** – bu italýan sözi bolmak bilen, onuň manysy *kiçijik opera* diýmekdir. Operetta sazly drama eseri bolup, aýdym aýtmagyň, gepleşigiň, sahna hereketleriniň, orkestriň sazandarlyk etmeginde ýerine ýetirilýär.

Operetta sazly drama eserleri, esasan, *intermediýa* (gülküli), ýagny uly bolmadyk iki sany saz eserleriniň özara baglanyşygy esasynda ýüze çykýar. Operetta eserleri uly göwrümli drama eserleriniň arasyndaky arakesmelerde tomaşaçylara görkezilip başlanýar. Fransiýada operettalar halk köpçüliginiň söýgüsine mynasyp bolan saz eserleridir. Operettalarda, esasan, gülküli hereketleriň üsti bilen halkyň durmuşyndaky wakalar giňden beýan edilýär.

XX asyryň 60-njy ýyllarynyň aýaklarynda türkmen kompozitorlary hem birnäçe ajaýyp sazly *komediýalary* (operettalary) döretdiler. Kompozitor Durdy Nuryýewiň «Gunça», «Ýazgytsyz söýgi», kompozitor Nury Muhadowyň «Ýedi hazyna» ýaly ençeme operettalary türkmen halkynyň söýgüsine mynasyp boldular.

**Opera hory** – häzirki zaman opera sungatynyň esasy düzümleriniň biridir. Operalardaky hor aýdymlary özüniň mazmunyna baglylykda, kompozitoryň döredijilik aýratynlygy esasynda opera eserlerinde dürli orunlary eýeleýärler. Ýagny operanyň mazmuny bilen bagly sahna bezegleri, operada çykyş edýän gahrymanlaryň aýdýan sözleri, epizodlar, dürli oýunlar bilen baglylykda baş gahrymanlara çenli dürli orunlary eýeleýär.

XVII–XVIII asyrlarda çuň mazmunly *operalarda* (seriýa operalarynda) asla hor aýdymlary bolmandyr. XVIII asyrda *degişme äheňli* (buffa operalarda) operalaryň epizodlarynda ilkinji hor aýdymlary peýda bolup başlaýar. Soňra wagtyň geçmegi bilen opera sungatynyň esasy žanrlarynyň biri hökmünde hor aýdymlary bu sungata giňden ýaýrap başlaýar.

**Oratoriýa** – ol latyn sözi bolup, *dilewar*, *owadan gürlemek*, *çeper sözli, orator* diýen manyny aňladýar. Oratoriýa sözüni saz eseri hökmünde häsiýetlendirenimizde, aýdymçylar topary, hor bolup (ýekelikde, ansambl bolup aýdym aýtmak, saza goşup geplemek, reçi-

tatiw) aýdym aýtmak we simfoniýa orkestri üçin döredilen birnäçe bölümleri özünde jemleýän uly göwrümli saz eseridir. Oratoriýa saz eseri hor aýdymlarynyň böleklerinden, simfoniýa sazlarynyň parçalaryndan, dürli görnüşli aýdymlar toplumyndan we saza goşup geplemekden ybarat uly göwrümli saz eseridir.

**Sýuita** – saz sungatynyň taryhyna göz aýlasak, saz gurallary üçin döredilen ilkinji köp bölümli saz eserleri, ýagny sýuita sazlary tans sazlarynyň esasynda ýüze çykýar. Soňra adamlar saz gurallarynda çalmaklyga niýetlenip döredilen sazlara goşup tans etmeklikden ony diňlemekligiň özlerine has-da oňat lezzet berýändigine düşünip başlaýarlar. Ençeme asyrlaryň dowamynda tans etmeklige niýetlenip döredilen köp bölümli saz eserleri wagtyň geçmegi bilen diňe diňlemeklige niýetlenip döredilip başlanýar.

Belli ilkinji türkmen kompozitorlary hem birnäçe ajaýyp sýuitalary döretdiler. Olardan D. Öwezowyň üflenip çalynýan saz gurallary üçin üç bölümden ybarat sýuitasyny (1935), A. Kulyýewiň «Fortepiano üçin çagalar sýuitasyny» (1938), simfoniki orkestr üçin «Türkmenistan» atly üç bölümden ybarat sýuitasyny, W. Muhadowyň «Türkmen sýuitasy», «Liriki sýuita» (1949) atly sýuitalaryny görkezmek bolar.

**Sonata** – «*sonare*» diýen italýan sözünden gelip çykmak bilen, ol *ýaňlanýar*, *saz guralynda çalmak* diýen manylary aňladýar. *Sonata* diýen söz XVI asyrda ýüze çykýar. XVII asyrda wokal saz eserlerinden başga saz gurallary üçin döredilen saz eserleriniň ählisi sonata diýlip atlandyrylypdyr. Soňra (instrumental) saz gurallary üçin niýetlenen täze žanrlaryň ýüze çykmagy bilen bu söz diňe saz gurallary üçin döredilen saz eserleriniň ady bolup galýar. Sonata sazlaryny edebiýatyň görnüşleri bilen deňeşdirenimizde özüniň mazmuny we göwrümi boýunça edebiýatyň roman we powest görnüşlerine laýyk gelýär. Sonata sazlary, esasan, üç ýa-da dört bölümden ybarat bolan saz eseridir. Sonatanyň bölümleri özleriniiň gurluşy boýunça *ekspozisiýadan*, *taýýarlyk işinden*, jemleýji *reprizadan* ybaratdyr.

Türkmen kompozitorlary hem saz gurallary üçin ençeme ajaýyp sonatalary döretmek bilen, dünýä saz medeniýetiniň ösmegine özleriniň uly goşantlaryny goşdular. Kompozitor Çary Nurymow

1964-nji ýylda «Skripka we fortepiano üçin sonata» we «Goboý we fortepiano üçin sonatina» atly eserlerini döredýär.

**Simfonetta** – uly bolmadyk simfoniýanyň adydyr, ýagny *kiçijik simfoniýa* diýmekdir. Bu žanrda dünýäniň ençeme meşhur saz eserleri döredildi. N. Rimskiý-Korsakow, N. Maýakowskiý, S. Prokofýew ýaly meşhur rus kompozitorlary özleriniň birnäçe simfonettalaryny döretdiler. Türkmen kompozitorlary hem birnäçe simfonettalary, ýagny kiçijik simfoniýalary döretdiler. Muňa mysal edip, kompozitor B. Hudaýnazarowyň «Sol mažor üçin üç bölümden ybarat simfonetta» atly eserini görkezmek bolar.

**Simfoniýa** – grek sözünden terjime edilende *ýaňlanmak* diýmegi aňladýar. Gadymy grek saz medeniýetinde sesleriň gulaga ýakymly *sazlaşykly ýaňlanmagyna* simfoniýa diýlip düşünilipdir. Şeýlelikde, orkestrleriň çykyşlary, tansly çykyşlar hem simfoniýa sözi bilen atlandyrylypdyr. Simfoniýa saz eserleri saz źanrlarynyň arasynda esasy orunlaryň birini eýelemek bilen, olar özüniň mazmuny, gurluşy boýunça ýokary derejeli *saz eserleri* hasap edilýär.

Ilkinji türkmen kompozitorlary D. Öwezowyň, W. Muhadowyň, A. Kulyýewiň simfoniýa saz eserleri türkmen kompozitorlarynyň döredijiliginde XX asyryň birinji ýarymynyň aýaklarynda, ikinji ýarymynyň başlarynda esasy orunlara eýe boldy. 1950-nji ýyllaryň ortalarynda, 1960-njy ýyllaryň başlarynda belli türkmen kompozitorlary A. Agajykow, Ç. Nurymow, N. Halmämmedow, R. Allaýarow, D. Nuryýew ýaly kompozitorlar türkmen durmuşyna degişli birnäçe simfoniýa sazlaryny döretdiler. Muňa mysal edip, A. Agajykowyň «1-nji simfoniýasy», N. Halmämmedowyň «1-nji simfoniýasy» ýaly eserleri görkezmek bolar.

**Simfoniki poema** diýlip atlandyrylýan saz eseri kantatadyr, bu oratoriýa ýakyn saz eseri bolmak bilen, adam sesiniň simfoniýa sazlary bilen özara sazlaşykly ýaňlanyşynyň esasynda haýsy hem bolsa durmuş bilen bagly wakany diňleýjä gürrüň berýän uly göwrümli, bir bölümden ybarat saz eseridir. Kompozitor Aşyr Kulyýew 1941-nji ýylda özüniň «Skripka we fortepiano üçin poema» atly ilkinji saz eserini döredýär. Soňra kompozitor Weli Muhadow 1951-nji ýylda «Meniň Watanym» atly simfoniki orkestr üçin poemasyny döredýär.

Bu simfoniki poema şol ýylda SSSR-iň Döwlet baýragyna mynasyp boldy. Kompozitor Aşyr Kulyýew simfoniki orkestr üçin «Gutlag uwertýurasyny» hem-de «Güneşli ülke», «Magtymguly» atly iki sany poemasyny döretdi. Bu saz eserleri türkmen professional saz sungatynda döredilen uly göwrümli saz eserleridir.

**Simfoniki orkestr.** Häzirki wagtda birnäçe *saz toparlary* (orkestrler) bolup, şolaryň içinde iň uly, iň kämil saz toparlaryň (orkestrleriň) biri hem simfoniki saz orkestridir.

*Simfoniki orkestrlerde*, esasan, kompozitorlar tarapyndan döredilen uly göwrümli saz eserleri bolan simfoniýalara, sýuitalara, simfoniki poemalara we fantaziýalara, şeýle hem kinofilmleriň sazlaryna, ýerine ýetirilýän operalara, operettalara we oratoriýalara sazandarlyk edilýär. Şeýle hem simfoniki orkestr haýsy hem bolsa bir saz guraly bilen özara sazlaşyp, goşulyşyp, simfoniki orkestr we saz guraly üçin döredilen saz eserini ýerine ýetirýär.

**Simfoniki fantaziýa** şahyrana sözler bilen bagly esasy bölümi hyýaly häsiýete eýe bolan maksatnamalaýyn döredilen simfoniki saz eseridir.

**Skerso** – «*sherzo»* diýen italýan sözünden gelip çykmak bilen, ol *degişme*, *şadyýanlyk*, *wäşilik, bälçiklik* diýen manylary aňladýar. Bu saz žanry kompozitor L. W. Bethoweniň başlangyjy bilen sonata we simfoniýa sazlarynyň aralyk bölümleriniň birine öňden ýörelge bolup gelýän *menuet* sözüne derek *skerso* diýen at girizildi. XIX asyryň ortalarynda kompozitorlar sonatanyň ýa-da simfoniýalaryň bellibir bölümlerini däl-de, eýsem özbaşdak, aýratyn pýessalary hem «skerso» diýen at bilen atlandyryp başlaýarlar. Kompozitorlar diňe bir özleriniň döredýän şadyýan, degişme äheňli saz eserlerini däl-de, eýsem dartgynly häsiýete eýe bolan sazlaryny hem *skerso* diýip atlandyryp başlaýarlar. Belli kompozitor Şopeniň fortepiano üçin döreden pýessalary özüniň keşplere baýlygy, dürli mazmunlylygy bilen meşhurdyr.

**Wokal** – latyn sözünden gelip çykmak bilen, ol «wok»-*ses*, «wokalis» - *ýaňlanýan* diýen sözleri aňladýar. Professional saz sungatynda opera aýdymçylaryna, konsert aýdymçylaryna, şeýle hem konserwatoriýanyň, ýörite orta sazçylyk okuw mekdepleriniň ýeke-

likde aýdym aýtmak hünärinde okaýan talyplara wokalistler–*wokalçylar*, ýagny aýdymçylar diýlip atlandyrylýar.

Mundan başga hem biz kähalatlarda *wokalistleriň* (aýdymçylaryň) saza goşup sözsüz, saz bilen sazlaşykly ýerine ýetirýän owazlaryny, has dogrusy, adam sesi arkaly ýerine ýetirilýän ajaýyp, özüne çekiji heňini diňleýäris.

Wokalistler, esasan, ýokary we ýörite orta sazçylyk okuw mekdeplerinde ýekelikde aýdym aýtmak hünärinde okaýan talyplaryň, opera hem-de konsert aýdymçylarynyň seslerini ösdürmek we olaryň ýerine ýetirijilik usullaryny kämilleşdirmek üçin ulanylýan ses gönükmelerinde giňden peýdalanylýar.

Biz radiodyr telewideniýede diňlänimizde ýa-da tomaşa edenimizde, saz sungaty bilen baglanyşykly metbugat habarlaryny okanymyzda wokal sazlary diýen sözlere duş gelýäris.

**Wokal sazlary** – latyn sözi bolmak bilen, ol «wokalis» *ýaňlanýan*, *aýdýan* diýen sözler bilen gös-göni baglanyşyklydyr. Wokal sazlarynyň kompozitorlar tarapyndan döredilen saza goşulyp, şeýle hem sazsyz ýekelikde, ansambl we köpçülik bolup sazsyz ýerine ýetirilýän aýdymlardyr. Professional kompozitorlar tarapyndan döredilen aýdymlar, romanslar, köpçülik bolup aýdylýan aýdymlaryň dürli görnüşleri, kantatalar we oratoriýalar, şeýle hem opera aýdymlarynyň ähli görnüşi wokal sazlaryna degişlidir.

Türkmen kompozitorlary hem *wokal saz* döredijiligine degişli ençeme ajaýyp aýdymlary, romanslary, hor aýdymlaryny, kantatadyr oratoriýalary, operalary döredip, türkmen diňleýjileriniň gyzgyn söýgüsine mynasyp boldular.

**Wokaliz** – fransuz sözi bolan «*vokalises*» sözünden gelip çykmak bilen, ol aýdym aýtmak sungatynda ýörite sesi ösdüriji gönükmeleriň görnüşidir. Şeýle hem ol esasy sesden *sözsüz ýerine ýetirilýän wokal saz* eseridir. Aýdym aýtmak (wokal) sungatynda *sözsüz*, saza goşup ýerine ýetirilýän *owazlar wokaliz* diýlip atlandyrylýar. Wokaliz sözi hem latyn sözünden gelip çykmak bilen, ol *ýaňlanýan, owazlanýan*, *aýdýan* diýen manylary aňladýar. Muňa mysal edip, rus kompozitory S. Rahmaninowyň döreden «Wokaliz» atly saz eserini, şeýle hem fransuz kompozitory Moris Raweliň «Habanera» atly tans häsiýetli belli wokalizi degişlidir.

**Wokal-simfoniki poema** diýlip atlandyrylýan saz eseri kantatadyr oratoriýa ýakyn saz eseri bolmak bilen, adam sesiniň simfoniýa sazlary bilen özara sazlaşykly ýaňlanyşynyň esasynda haýsy hem bolsa durmuş bilen bagly wakany diňleýjä gürrüň berýän uly göwrümli saz eseridir. Saz sungatynda esasy orunlaryň birini eýeleýän uly göwrümli saz eserleriniň biri hem *oratoriýa* diýlip atlandyrylýan saz eseridir.

**Romans** sözi ispan sözi bolan «*romancc*» sözünden gelip çykmak bilen, ol *ýerine ýetirilýär* diýmekligi aňladýar. Romanslar ilki bilen Ispaniýada ýüze çykyp, olar dünýewi aýdymlar hökmünde halkyň arasyna giňden ýaýrap başlaýar. Buthanalarda, katolik buthanalarynda ýerine ýetirilýän dini aýdymlar latyn dilinde ýerine ýetirilýän bolsa, romanslar, esasan, ispan dilinde ýerine ýetirilipdir.

Romans atly wokal saz eserleri saza goşulyp ses bilen ýerine ýetirmeklige niýetlenen (uly göwrümli aýdymlar) pýesalar bolmak bilen, olar ilki bilen Ispaniýa, soňra bolsa bütin Ŷewropa ýaýrap başlaýar.

**Kamera sazlary** diýlip, uly bolmadyk saz toparlary üçin döredilen saz eserlerine aýdylýar. Kamera sözi latyn sözi bolup, onuň türkmen dilindäki manysy *otag, öýüň otagy* diýmekdir. XVII asyrda buthanalarda ýerine ýetirilýän dini aýdymlardan dünýewi aýdymlary tapawutlandyrmak maksady bilen, saz ýerine ýetirijilik sungatynda kabul edilen sözdür.

Häzirki döwürde hem kamera sazlary özüniň öňden galan ýörelgesine baglylykda, ýekelikde (*solo*) ýerine ýetirmek üçin ýa-da uly bolmadyk (*duet-iki, trio-üç, kwartet-dört, kwintet-bäş*) ansamblläryň ýerine ýetirmekleri üçin döredilen saz eserlerine aýdylýar. Wokal kamera sazlary diýlip, fortepiano saz guraly bilen goşulyşyp ýerine ýetirmek üçin döredilen romanslara, kähalatlarda bolsa uly bolmadyk kantatalara hem kamera sazlary diýlip aýdylýar.

**Kamerton** nemes sözi bolup, ol saz gurallarynyň sesini düzmek üçin şertli ton sesini berýän *ses düzüji guralyň* adydyr.

**Kantata** wokal-saz eseridir. «*Kantata*» italýan sözi bolan «*Canta*» sözünden gelip çykmak bilen, ol *söz aýtmak* diýmegi aňladýar. Ol XVII asyrda oratoriýa saz žanryna ýakyn *kantata* saz žanry dünýä saz

medeniýetine giňden ýaýrap başlaýar. Şol döwürlerde saza goşulyp ýerine ýetirilýän aýdymlaryň ählisi *kantata* diýlip atlandyrylypdyr.

Kantatalar türkmen kompozitorlarynyň döredijiliginde hem görnükli orny eýeleýärler. Muňa mysal edip, D. Öwezowyň «Dutaryň owazy» kantatasyny, «Watan» kantatasyny, A. Kulyýewiň «Garagum derýasy» kantatasyny, «Salam» kantatasyny, Weli Muhadowyň «Bagt hakynda kantatasyny» görkezmek bolar.

**Küştdepdi** – türkmen halk saz döredijiliginiň bir görnüşi bolup, toýdur baýramçylyklarda köpçülik bolup ýerine ýetirilýan gazally tansyň adydyr. Küştdepdi tansy özüniň gözbaşyny örän gadymyýetden alyp gaýdýar. Halk saz döredijiliginiň bu görnüşi geçmişde «*zikr*» ady bilen belli bolupdyr.

*Zikr* sözüniň *küştdepdi* diýen ady hem iki sözüň, ýagny *hus* we *dep* sözlerinden emele gelip, onuň birinji bölegi dürli haýwanlary we guşlary hem-de kakyn-silkini kowmagy aňladýan sözdür. Onuň ikinji bölegi, ýagny *dep* bölegi bolsa birinji *küşt* sözi bilen baglanyşyp, *küşdüni bermek, birini kowmak*, ýagny bu sözüň göçme manysy «*kakyny-silkini kowmak*», «*al-arwahy kowmak*», «*keseli kowmak*» diýen ýaly manylary aňladýar. Şeýlelikde, küştdepdi geçmişde ruhy taýdan näsag adamlary dertden saplamakda, dertli hassalary sagaltmakda porhanlar, tebipler tarapyndan ýerine ýetirilipdir.

Küştdepdini ýerine ýetirmegiň taryhyna göz aýlasak, onda türkmenler hem geçmişde ýörite küştdepdi aýdýan adamlar bolup, olar «*hapyz*» ýa-da «*hapyzlar*» diýlip atlandyrylypdyrlar. *Hapyz* sözi arap dilindäki «*hafyz*» sözünden gelip çykmak bilen, onuň aňladýan manysy *goraýjy, saklaýjy, gorap saklaýjy, ýat tutujy*, *Kurany ýatdan bilýän adam* diýen manylary aňladýan sözdür. Häzirki wagtda hem biziň goňşy halklarymyz bolan özbeklerde we täjiklerde halk mukamlaryny ýerine ýetirijiler «*hafyzlar*» diýlip atlandyrylýar.

Küştdepdi ýerine ýetirilende, ilki bilen *haý, küşt, küşt* diýen sözleri birnäçe gezek gaýtalanandan soňra, onuň gazallary pessaý ses arkaly aýdylyp başlanýar. Orta iki sany ýaş oglan ýa-da gyz ilki bilen haýal äheňde üç depim esasynda, soňra bolsa çaltlaşýan hereketler esasynda bir depimde küştdepdi gazallarynyň heňine aýak goşup, tans şekilli hereketleri ýerine ýetirip başlaýarlar. Küştdepdi aýdylyp dur-

ka, märeke tegelek bolup aýlanyp, ortada küşt depýänleriň hereketine goşulyp, ellerini öňe-yza hereketlendirip, *ühe-ühe, ýa Alla* diýen ýaly sözleri yzygider gaýtalap durýarlar.

Geçmişde küşt depilende, adatça, sazsyz, ýagny onuň sözleri saza goşulman aýdylypdyr. Soňra bolsa wagtyň geçmegi bilen küşt depilende, onuň gazallary saza goşulyp, saz bilen sazlaşykly has-da şowhunly äheňde ýerine ýetirilip başlanýar.

Küştdepdileriň temasy örän giňdir. Küştdepdileriň many--mazmuny Garaşsyzlyk zamanasynda has-da baýlaşdy hem-de küştdepdiniň 1971-nji ýylda çap edilip çykarylan görnüşiniň üsti doldurylyp, ol täzeden 1998-nji ýylda täzeden çap edilip, halk köpçüligine ýetirildi.

**Läle** – türkmen halk döredijiliginiň esasy görnüşleriniň biri bolup, ol türkmen gelin-gyzlary tarapyndan ýerine ýetirilýän aýdymyň adydyr. Läleler özüniň gözbaşyny örän gadymy döwürlerden alyp gaýdýar. Läleler hem halk saz döredijiliginiň beýleki ugurlaryna laýyklykda, türkmen halkynyň geçmişde başdan geçiren durmuşy (syýasy-ykdysady ýagdaýy, gelin-gyzlaryň durmuşy) bilen baglylykda, türkmen gelin-gyzlary tarapyndan döredilip, biziň şu günlerimize gelip ýetipdir.

*Läle* sözüniň asly pars sözünden gelip çykmak bilen, iki sany mana eýedir. Onuň birinji manysy *reňkli gülüň* adyny aňladýar, ikinji manysy bolsa *çigildem gülüniň* adyny aňladýar. Käbir ylmy çeşmelerde: «sopuçylyk ylmy bilen baglylykda geçmişde läläni sopular aýdypdyr» diýlip hem bellenilýär. Emma türkmen halk döredijiliginde läläni gelin-gyzlar ýerine ýetirýärler. Türkmen gelin-gyzlary tarapyndan ýerine ýetirilýän läleler şahyrana bentlerden ybarat bolan goşgy setirlerini özünde jemleýär. Läleleriň bentleri gelin-gyzlar tarapyndan döredilipdir. Olaryň temasy örän giňdir. Ýagny läleler dürli temalarda döredilýär.

Türkmen halk saz döredijiliginde läleleriň birnäçe aýdylyş usuly bolup, olaryň ýerine ýetirilişi hem biri-birine meňzemeýär. Şonuň üçin hem läleleriň görnüşleri olaryň ýerine ýetiriliş ugurlaryna laýyklykda atlandyrylýar. Meselem, läleler *damak lälesi, dodak lälesi, eňek lälesi, hymmyl lälesi, egin lälesi* ýaly birnäçe görnüşlere bölünýär.

Läleler türkmen gelin-gyzlary tarapyndan ýerine ýetirilende, milli tans sungatynyň käbir elementleri ulanylýar. Meselem, egin, aýak, el hereketleriniň ulanylmagy muňa mysal bolup biler. Läleleriň gelin--gyzlar tarapyndan üýşülip ýerine ýetirilmegi onuň hor aýdymlaryna meňzeşligine şaýatlyk edýär.

**Mukam** türkmen halk saz döredijiliginde giňden ulanylýan saz eserleriniň biridir. Mukam sözi diňe bir türkmenlerde däl, eýsem ähli Gündogar halklarynyň her biriniň dil aýratynlyklaryna laýyklykda *«makam», «mugam», «makom», «magom»* ýaly görnüşlerde giňden ulanylýar. Mukam sazlarynyň gözbaşynyň haýsy döwürlerden gaýdýanlygy mälim däl. Käbir derňewleriň netijesinde: «Mukamlar halk bagşy-sazandalary tarapyndan ençeme ýüzýyllyklaryň dowamynda döredilipdir. Mukamlaryň düzümine girýän heňleriň has gadymylary VII–VIII asyrlaryň senesi bilen bellenilýär. Mukamlar çuň mazmunly saz eserleri hökmünde orta asyrlarda doly kämilleşipdirler…» diýlip, ylmy çeşmelerde bellenilýär.

**Mukam sazlary** diýlip, gutarnykly duýgulary özünde jemleýän, çylşyrymly usullarda örän inçelik bilen beýan edilýän şahyrana duýgulara baý, çuň mazmunly saz eserlerine aýdylýar. Türkmen mukam sazlaryna inçelik bilen yzarlanýan ýiti mazmun, çeperçilik we täsirlilik serişdeleriniň iňňän baýlygy häsiýetlidir. Mukam sazlary şahyrlaryň sözlerine döredilmän, olar özbaşdak sözsüz döredilýän uly göwrümli saz eserleridir.

**Halk döredijiligi** özüniň döreýiş taryhynda gözbaşyny örän gadymy döwürlerden alyp gaýdýar. Ol özüniň birnäçe görnüşlerine eýe bolmak bilen, ol görnüşleriň her biri özleriniň ýerine ýetiriliş aýratynlyklary, döreýşi we mazmuny taýdan biri-birilerinden bellibir derejede tapawutlanýarlar.

Halk döredijiligi halk tarapyndan pähim-paýhasa ýugrulyp döredilen ençeme aýdymdyr sazlary, läleleri, küştdepdileri, monjugatdylary, hüwdüleri, dessanlary we başga-da halk tarapyndan döredilip, biziň şu günlerimize gelip ýeten ençeme görnüşleri özünde jemleýär.

**Estrada sungaty** – bu kiçi göwrümli birnäçe sungatyň, ýagny özüniň göwrümi boýunça çeper okaýyş, aýdym, saz, sirk sungatynyň dürli görnüşleriniň bir ýere jemlenip, bellibir yzygiderlilikde ýeri-

ne ýetirilmegidir. Estrada «*estrade*» fransuz sözünden gelip çykyp, onuň manysy *ulaltma, galdyrma, ulalma, galma* diýmegi aňladýar. Estrada sungaty hem sungatyň beýleki görnüşleri ýaly özüniň bellibir ideýasyna, mazmunyna we gurluş aýratynlygyna baglylykda, döwrüň möhüm meselelerini giňişleýin açyp görkezmegi hem-de oňa jogap bermegi maksat edinýär.

## ILKINJI TÜRKMEN KOMPOZITORLARY



**Daňatar Öwezow**
**(1911–1966)**
**Türkmenistanyň halk artisti,**
**Magtymguly adyndaky halkara**
**baýragynyň eýesi,**
**kompozitor we dirižýor.**



**Weli Muhadow**
**(1916–2005)**
**Türkmenistanyň halk artisti,**
**Magtymguly adyndaky halkara**
**baýragynyň eýesi,**
**kompozitor.**



**Aşyr Kulyýew**
**(1918–2000)**
**Türkmenistanyň halk artisti,**
**Magtymguly adyndaky halkara**
**baýragynyň eýesi, kompozitor.**

## MEŞHUR TÜRKMEN KOMPOZITORLARY



**Weli Ahmedow**
**(1918–2003)**
**Türkmenistanyň halk artisti, kompozitor.**



**Nury Muhadow**
**(1924–1999)**
**Türkmenistanyň halk artisti, Magtymguly adyndaky halkara baýragynyň eýesi, kompozitor, dirižýor.**



**Durdy Nuryýew**
**(1933–1992)**
**Türkmenistanyň halk artisti, kompozitor.**



**Rejep Allaýarow**
**(1936)**
**Türkmenistanyň halk artisti, kompozitor.**



**Aman Agajykow**
**(1937–2014)**
**Türkmenistanyň halk artisti,**
**Magtymguly adyndaky halkara**
**baýragynyň eýesi, kompozitor.**



**Nury Halmämmedow**
**(1938–1983)**
**Türkmenistanyň halk artisti,**
**Magtymguly adyndaky halkara**
**baýragynyň eýesi, kompozitor.**



**Çary Nurymow**
**(1941–1993)**
**Türkmenistanyň halk artisti,**
**Magtymguly adyndaky halkara**
**baýragynyň eýesi.**



**Rejep Rejebow**
**(1944)**
**Türkmenistanyň halk artisti,**
**Magtymguly adyndaky halkara**
**baýragynyň eýesi,**
**kompozitor.**



**Drżewskiý Genrih Stanislawowiç**
**(1903–1981)**
**Türkmenistanyň at gazanan**
**artisti, kompozitor.**



**Orazgylyç Gurbannyýazow**
**(1932-1999)**
**Türkmenistanyň sungatda**
**at gazanan işgäri, kompozitor.**



**Baýramdurdy Hudaýnazarow**
**(1946)**
**Türkmenistanyň halk artisti,**
**kompozitor.**



**Suhan Tüýliýew**
**(1956)**
**Türkmenistanyň sungatda**
**at gazanan işgäri, kompozitor.**

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. - Aşgabat, TDNG. 2008.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. - Aşgabat, TDNG. 2009.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Janly rowaýat. - Aşgabat, TDNG. 2011.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Älem içre at gezer. - Aşgabat, TDNG. 2011.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet guşy. - Aşgabat, TDNG. 2014.

6. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Medeniýet halkyň kalbydyr. – Aşgabat, TDNG. 2014.

7. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bilim - bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. - Aşgabat, TDNG. 2014.

8. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmen medeniýeti. - Aşgabat, TDNG. 2015.

9. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ile döwlet geler bolsa... - Aşgabat, TDNG. 2015.

10. *Jürdekow T.* Ata arzuwyny amala aşyrýan Agtyk. - Aşgabat, TDNG. 2009.

11. *Абдулин Э.Б.* Новая программа по музыке.- М.: Начальная школа.1979.

12. *Ahmedow A.* Dutaryň owazy - halkymyň sazy. - Aşgabat, 1981.

13. *Ahmedow W.* Biz aýdym aýdýarys. - Aşgabat, «Magaryf» neşirýaty, 1985.

14. *Alyýew B.* Aýdym-saz we ony okatmagyň usulyýeti. Mugallymçylyk mekdepleri üçin synag okuw kitaby. - Aşgabat, TDNG. 2010.

15. Aýdym aýdyp, saz çalyp. Mekdebe çenli çagalar edaralary, orta mekdepleriň başlangyç synplary üçin okuw gollanmasy. - Aşgabat, TDNG. 2007.

16. *Aşyrow A.* Kyrklar. - Aşgabat, «Ýurt». 1993.

17. *Апраксина О. А.* Методика музыкального воспитания в школе. – Москва, «Просвещение». 1983.

18. *Асафев. Б.В.* Методика музыкального воспитания в школе. – Москва, Ленинград. 1979., стр 87.

19. *Асафев. Б.В.* Музыкальная форма как процесс. – Л.,1963.

20. *Бабаев В.В.* Эстетическое воспитание. – Москва, «Просвещение». 1982.

21. *Баренбейн Л.А.* Основы обучения игры на фортепиано. – Москва,1986.

22. *Ветлугина Н.А.* Музыкальное развития ребенка. – Москва, 1982.

23. *Ветлугина Н.А.* Детский оркестр. – М.,Музыка, 1976.

24. *Ветлугина Н.А.* Игра на детских музыкальных инструментах. – М.,1974.

25. *Выготский Л. С.* Психология искусства. 2 изд. – Москва, 1985.

26. *Водовозова Е.Н.* Умственное и нравственное воспитание детей от первого появления сознания до школьного возраста. – М.,1989.

27. *Газарян С.* В мире музыкальных инструментов. – Москва, «Музыка», 1989.

30. *Gylyjow A.* Miras. - Aşgabat, «Türkmenistan» neşirýaty, 1994.

31. *Goçmyradow H.* Türkmen halk döredijiligi. – Aşgabat, TDNG. 2010.

32. *Гуревич. В.* Адриан Шапошников. – М., «Советский композитор», 1983.

33. *Кабалевский Д.Б.* Про трех китов и про многое другое. – М., Детская литература, 1972.

34. *Кабалевский Д.Б.* Как рассказывать детям о музыке. – М., Советский композитор, 1977.

35. *Larionow W.I., Çüriýew A.* Häzirki zaman türkmen kompozitorlary. – Aşgabat, «Türkmenistan» neşirýaty, 1991.

36. *Лукянова М.Б.* Творчество детей в танцах. – М.: «Просвещение», 1974.

37. *Meredow G.* Folklor mekdebi.// Türkmenistanyň halk magaryfy. Ylmy-metodiki žurnal. 1991. -N8-62-73 sah.

38. *Мухадов Н.* Айдымлар. - Aşgabat. 1988.

39. Музыкальный букварь. – М.,1973.

40. *Нурыев Д.* Чагалар айдымлары. - Aşgabat, «Магарыф» neşirýaty, 1982.

41. *Orazow G.* Türkmen aýdym-sazlary barada düşünje. // Türkmenistanyň halk magaryfy. Ylmy-metodiki žurnal. 1991, – N8-24-28 sah.

42. Orta mekdepleriň I-V synplary üçin aýdym-saz dersi boýunça okuw maksatnamasy. - Aşgabat, TDNG. 2007.

43. Orta mekdepleriň I-V synplary üçin aýdym-saz dersi boýunça okuw maksatnamasy. - Aşgabat, TDNG. 2013.

44. *Rejebow A.* «Mukam çeşmeleri». - Aşgabat, «Türkmenistan», neşirýaty. 1969.

45. *Tüýliýew S.* Saz teoriýasynyň esaslary. - Aşgabat. 2008.

46. *Uspenskiý W. A., Belýayew W. M.* Türkmen sazy. - Dünýä edebiýaty, 2012. №1-6.

47. *Uspenskiý W. A., Belýayew W. M.* Türkmen sazy. - Dünýä edebiýaty, 2013. №1-6.

48. *Жавороников Б., Ларионов В.* Композиторы и музыковеды Туркменистана. – Ашхабад, «Туркменистан» neşirýaty, 1982.

49. *Ригина Г. С.* Уроки музыки в начальных классах. – Москва, «Просвещение», 1979.

50. *Сеченов И.М.* Рефлексы головного мозга. - Избр.произ. – М.,1953.

51. *Усова А.П.* Русское народное творчество в детскому саду. – М.,1972.

52. *Щацкая В.Н.* Музыкально-эстетическое воспитание детей и юношества. – М., Педагогика, 1975.

53. *Теплов В.М.* Психология музыкальных способностей. – Москва, Ленинград, 1947.

54. *Теплов В.М.* Психология музыкальных способностей. – Москва, 1985.

55. *Rejebow S., Tuwakbaýewa M.* Çowdur ýolunyň ussatlary. Daşhowuz, 1992.

56. Эстетическое воспитание в детском саду // Под ред. Н. А. Ветлугиной. – М., «Просвещение», 1978.

## MAZMUNY


Giriş.................................................................................................. 7


### I bap. Saz–estetiki terbiýe. Saz esaslary


§ 1. Saz sungaty–gözellik terbiýesiniň serişdesi.................................... 11
§ 2. Orta mekdeplerde saz arkaly estetiki terbiýe bermek ....................... 14
§ 3. Aýdym-saz sapagynda okuwçylaryň saz-estetiki
garaýyşlaryny kemala getirmek ........................................................... 20
§ 4. Aýdym-saz sapagy sungat sapagydyr .............................................. 27
§ 5. Mekdep okuwçylarynyň saz ukybynyň gurluşy
we onuň ösüş derejesiniň hili................................................................ 31


### II bap. Aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýeti


§1. Orta mekdeplerde aýdym-saz dersini
okatmagyň maksady, ähmiýeti we wezipesi .......................................... 39
§ 2. Orta mekdeplerde aýdym-saz dersini
okatmagyň okuw maksatnamasy ........................................................... 44
§ 3. 1-nji synpda aýdym- saz dersini okatmagyň usulyýeti.................... 49
§ 4. 1-nji synp okuwçylarynyň ukyp-başarnyklarynyň ösüş derejesi..... 50
§ 5. 1-nji synpda aýdym-saz dersini okatmagyň okuw maksatnamasy .. 52
§ 6. 2-nji synpda aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýeti..................... 59
§ 7. 2-nji synp okuwçylaryna mahsus umumy häsiýetler ....................... 60
§ 8. 2-nji synpda aýdym-saz dersini okatmagyň okuw maksatnamasy .. 63
§ 9. 3-nji synpda aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýeti..................... 74
§10. 3-nji synpda aýdym-saz dersini okatmagyň
okuw maksatnamasy ............................................................................. 76
§11. 4-nji synpda aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýeti .................... 87
§12. 4-nji synp okuwçylaryna mahsus häsiýetler .................................. 89
§13. 4 -nji synpda aýdym-saz dersini okatmagyň
okuw maksatnamasy ............................................................................. 90

§14. 5-nji synpda aýdym-saz dersini okatmagyň usulyýeti .................. 100
§15. 5-nji synp okuwçylaryna mahsus häsiýetler ................................ 101
§16. 5-nji synpda aýdym-saz dersini okatmagyň
okuw maksatnamasy ............................................................................ 105

## III bap. Sapakda alnyp barylýan saz işleriniň görnüşleri

§1. Sapakda aýdym aýtmagy öwretmegiň terbiýeçilik ähmiýeti .......... 114
§2. Sapakda ýerine ýetirmek üçin hödürlenilýän aýdymlar.................. 120
§3. Sapakda aýdym aýtmagy öwretmegiň usuly.................................. 122
§4. Sapakda okuwçylaryň sesleriniň üstünde işlemegiň usuly ............. 128
§5. Okuwçylara saz diňlemegi öwretmegiň usuly aýratynlygy ............ 142
§6. Saz diňlemegi öwretmek üçin hödürlenýän saz eserleri ................. 151
§7. Aýdym-saz sapagynda okuwçylara saza
laýyk hereket etmegi öwretmek ........................................................ 157
§8. Sapakda saza laýyk hereket etmegi öwretmegiň esasy talaplary..... 161
§9. Saza laýyk hereket etmegi öwretmegiň usuly aýratynlygy............. 165
§10. Saza laýyk hereket etmegi öwretmekde peýdalanylýan usullar .... 171
§11. Sapakda okuwçylary saz gurallarynyň
görnüşleri bilen tanyşdyrmak............................................................ 176
§12. Saz gurallary toparlary we olaryň görnüşleri ............................... 181
§13. Türkmen halkynyň milli saz gurallary ......................................... 186
§14. Okuwçylara türkmen halk aýdym-sazlary barada
düşünje bermegiň ähmiýeti ................................................................ 199
§15. Türkmen halk saz döredijiliginde ýerine ýetirijilik
mekdepleriniň usuly aýratynlygy....................................................... 203

## IV bap. Mekdeplerde saz işlerini meýilnamalaşdyrmak we ony hasaba almak

§ 1. Saz işlerini meýilnamalaşdyrmagyň ähmiýeti ............................... 213
§ 2. Saz işlerini hasaba almagyň esasy ugurlary.................................. 216
§ 3. Sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň görnüşleri ...................... 218
§ 4. Mekdeplerde köpçülikleýin geçirilýän saz işleriniň görnüşleri ...... 219
§ 5. Sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň gurnak görnüşleri ........... 224
§ 6. Mekdeplerde geçirilýän baýramçylyk dabaralaryny guramak........ 228

## V bap. Aýdym-saz dersiniň okadylyşyny seljermegiň we derňemegiň mazmuny

§1. Sapagyň okadylyşyna, sapakdan daşary geçirilýän saz işleriniň guralyşyna ýolbaşçylyk etmek .......... 238
§2. Aýdym-saz mugallymynyň hünär taýýarlygy .......... 239
§3. Sapagyň okadylyşyna gözegçilik etmek we ony derňemek .......... 244
§4. Sapakdan daşary geçirilýän saz işlerini barlamagy guramak .......... 252
Saz eserleri barada gysgaça düşündirişli sözlük .......... 256
Ilkinji türkmen kompozitorlary .......... 268
Meşhur türkmen kompozitorlary .......... 269

Peýdalanylan edebiýatlar .......... 272

*Amanberdi Aşyrow*

# ORTA MEKDEPLERDE AÝDYM-SAZ DERSINI OKATMAGYŇ USULYÝETI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *H. Sapargulyýew* |
| Surat redaktory | *O. Çerkezowa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *J. Gaýypberdiýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *S. Tüýliýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 12.04.2018. Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$. Edebi garniturasy.
Çap listi 17,5. Şertli çap listi 17,5. Hasap-neşir listi 15,21.
Şertli-reňkli ottiski 50,13. Sargyt 2171. Sany 600.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.